**B. Basarow, E. Atdaýew, M.Annagulyýewa,**
**G.Annameredowa, G.Galandarowa, G.Ýagşymyradowa**

# PEDAGOGIKA
# I

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 378 + 37
B 29

**Basarow B. we başg.**
B 29 **Pedagogika.** I kitap. Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Mugallymçylyk mekdeplerinde okaýanlara niýetlenen bu okuw kitabynda pedagogika okatmagyň we terbiýäniň mazmuny we täri barada dürli ideýalar, düşünjeler, garaýyşlar; terbiýe we okatmak bilen bagly ylmy barlaglaryň ulgamy; okatmak boýunça hünär, amaly iş; orta hünär biliminiň düzümindäki okuw dersi hökmünde seredilýär. Okuw kitabynda häzirki zaman pedagogika ylmynyň we toplanan amaly iş tejribesiniň nukdaýnazaryndan pedagogikanyň esaslary, didaktikanyň meseleleri terbiýäniň nazaryýeti açylyp görkezilýär. Kitaba pedagogikanyň maksady, wezipeleri, şahsyýeti kemala getirmegiň meseleleri, Türkmenistanyň bilim ulgamy, pedagogiki pikiriň ösüşiniň taryhy, okatmagyň we terbiýäniň esaslary, mekdep biliminiň mazmuny barada materiallar girizildi.

Okuw kitaby orta hünär okuw mekdepleriniň talyplaryna, mugallymlaryna we ýolbaşçylaryna niýetlenilýär.

TDKP № 314, 2017 KBK 74.00 ýa 73

© B.Basarow we başg, 2017



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Ylmyň gös-göni öndüriji güýje öwrülip, bütin önümçiligiň ylmy-tehniki derejesiniň çalt depginlerde ýokary göterilýän döwründe Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bedew bady bilen öňe barýan Garaşsyz Watanymyzda bilimiň, ylmyň orny çäksiz ýokarlanýar. Milli Liderimiziň «Bilimleri we ylymlary durmuş ýörelgesine öwürmek, eziz Watanymyzyň şan-şöhratyny äleme ýaýmak merdana ata-babalarymyzyň arzuw eden berkarar döwletiniň geljekki eýeleri bolan ýaşlarymyzyň baş maksady bolmalydyr» diýen pähiminden ugur alnyp, ýurduň bilim hem ylym ulgamlarynda örän gysga döwrüň içinde ägirt uly işler amala aşyryldy.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ylym, bilim ulgamyny dünýäniň ösen derejelerine ýetirmek ugrundaky aladalarynyň netijesinde bu ulgam düýpli kämilleşdirilýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ylma, bilime teşne nesilleri dünýä ülňülerine laýyk gelýän, okatmagyň iň kämil tehnologiýasy bilen birkemsiz gurnalan binalarda dürli bilimleri özleşdirýärler.

Häzirki döwürde umumybilim berýän mekdepleriň okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmeklige gönükdirilen çäreleriň birnäçesi durmuşa geçirilýär. Mekdep biliminiň mazmuny düýpgöter üýtgedildi, täze okuw meýilnamalary, maksatnamalary, okuw kitaplarydyr gollanmalary döredildi. Orta, ýokary, orta hünär okuw mekdeplerinde, mekdebe çenli çagalar edaralarynda döwrebap kompýuter, multimedia enjamlary, okatmagyň interaktiw usullary okuw-terbiýeçilik işine giňden ornaşdyryldy. Döwrüň talaplaryna, ylmyň-tehnikanyň gazananlaryna laýyk gelýän täze dersler bilimiň mazmunyna girizildi.

Olar okatmagyň we terbiýäniň durmuş bilen arabaglanyşygyny has hem berkitmegi, ýaşlaryň özbaşdak işlemeklerine giň mümkinçilikleri döretmegi göz öňünde tutýar.

Milletiň Lideriniň okatmagyň we terbiýe bermegiň hilini hem-de netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça berýän tabşyryklaryny ýerine ýetirmekde mugallymyň paýyna düşýän jogapkärçilik hem ýokarlanýar. Ylym, bilim, terbiýe bolsa döwletimizi we jemgyýetimizi hemmetaraplaýyn ösdürmekde esasy binýat bolup hyzmat edýär. Hormatly Prezidentimiziň ylym, bilim berlişini düýpli gowulandyrmak hakyndaky Permanlarydyr Kararlaryndan ugur alyp, şeýle hem bu ulgamda amala aşyrylan özgerişliklere laýyklykda okuwçylara iň täze usullaryň we serişdeleriň üsti bilen çuň bilim hem-de döwrebap terbiýe bermegi maksat edinýän, mazmuny täze bilimleriň hasabyna baýlaşdyrylan geljekki mugallymlaryň hünär taýýarlygyny birkemsiz ele almaklaryny gazanmakda pedagogika dersine aýratyn orun degişlidir. Geljekki mugallymlaryň okatmagyň, terbiýeçilik işiniň çylşyrymly tärlerini özleşdirmeginde bu dersiň ähmiýeti örän uludyr.

Pedagogika dersi boýunça taýýarlanylan bu okuw kitaby 3 kitapdan ybarat. Okuw kitaby okuw-terbiýeçilik işiniň möhüm meselelerini öz içine alýar. Ol meseleler «Pedagogikanyň umumy meseleleri», «Pedagogik pikiriň ösüş taryhy», «Okatmagyň esaslary», «Terbiýäniň esaslary», «Mekdep işiniň dolandyrylyşy» ýaly bölümlerde beýan edilýär.

Okuw kitaby mugallymçylyk mekdepleriniň talyplary, geljekki başlangyç synp mugallymlary we bilim ulgamynyň okuw-terbiýeçilik işgärleri üçin niýetlenendir.

Orta hünär okuw mekdepleri üçin Pedagogika okuw kitabynyň 1-nji kitabynyň mazmuny Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletinde ýaş nesli hemmetaraplaýyn kemala getirmek meselelerinden ugur alnyp taýýarlanyldy.

Şu okuw kitabynda (I kitap) Pedagogikanyň umumy meseleleri bölüminiň «Pedagogikanyň predmeti, maksady, wezipeleri», «Şahsyýeti kemala getirmegiň meseleleri», «Türkmenistanyň bilim ulgamy», «Mugallymçylyk käri» atly baplarynda degişli maglumat-

lar beýan edilýär. Bu kitaba Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylda kabul edilen «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permany, «Türkmenistanda umumy orta bilim bermegiň meseleleri hakynda» Karary, «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen baglanyşykly maglumatlar girizildi. Şeýle-de kitabyň mazmunynda pedagogiki pikiriň ösüş taryhy babatynda okatmagyň we terbiýäniň döreýşi, ösüşi, Gündogaryň beýik akyldarlarynyň pedagogiki garaýyşlary, XVIII–XIX asyrlarda hem-de XX asyryň sowet düzgüni döwründäki pedagogiki pikirleriň ýagdaýy baradaky maglumatlar getirilýär. Kitapda didaktika, okuw işi we onuň kanunalaýyklygy, okatmagyň esaslary, mekdep biliminiň mazmuny aýratyn bapda beýan edilýär.

Birinji bölüm

# PEDAGOGIKANYŇ UMUMY MESELELERI

## I BAP

## Pedagogikanyň predmeti, maksady, mazmuny we wezipeleri

### 1. 1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň bilim berlişini dünýä standartlaryna laýyk getirmek baradaky tagallalary

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň bilim ulgamyny özgerdip guramakda taryh üçin örän gysga döwürde bitiren işleri asyrlara barabardyr. Milli Liderimiziň bilim ulgamynda ýöredýän parasatly syýasaty ýurdumyzyň dünýäniň bilim giňişliginde özüniň mynasyp ornuny tapmagyny şertlendirýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permana, «Türkmenistanda umumy orta bilim bermegiň meseleleri hakynda» Karara gol çekdi, «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny tassyklady. Munuň özi Garaşsyz ýurdumyzda gazanylýan durmuş-ykdysady ösüşleriň möhüm badalgasydyr. Onuň esasynda raýatlaryň bilim almaga bolan konstitusion hukuklary, bilim baradaky döwlet syýasatynyň ýörelgeleri, bilim almagyň kepillikleri bellenilýär. Bilim maksatnamalary hem-de standartlary dünýä derejesine laýyklykda esaslandyrylýar. Ýurdumyzda bilim işgärleriniň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak, bilim ulgamyny dolandyrmak, bilimiň ykdysadyýeti, mugallymçylyk işiniň hukuk ýagdaýy hem borçlary

aýdyňlaşdyrylýar. Bilim bermek işiniň özgerdilmegi halkara ölçeglerine laýyk gelýän innowasion tehnologiýalary ähli mekdeplerde has giňden ornaşdyrmak bilen baglanyşdyrylýar. Daşary ýurt bilim edaralary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek, bilim ojaklary üçin Internet ulgamynyň elýeterli bolmagyny gazanmak ýaşlaryň dünýäniň dürli künjeklerinde okamaklary ýaly köptaraply meseleler giň gerim alýar.

Bilim ulgamynyň işi Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna. Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryna. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerine, bilim babatdaky döwlet syýasatynyň ýörelgelerine, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasyna», «Bilim hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň bilim edaralary üçin terbiýeçilik işleriniň milli Maksatnamasyna, Döwlet Bilim Standartlaryna, Döwlet bilim edaralarynyň düzgünnamalaryna we Bilim ministrliginiň kadalaşdyryjy resminamalaryna, şeýle hem dünýä bilim ýörelgelerine esaslanýar.

Bu resminalar hem-de Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli tagallalary eziz Watanymyzyň bilim binýadynyň berkden-berk tutulmagy bilen baglanyşykly yzygiderlilik, täzeçilik, uzak möhletleýinlik, döwrebaplyk häsiýetlerine eýe bolan döwlet syýahatynyň sazlaşykly dowamydyr.

Jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlary bilen bir hatarda milli bilim we ylym ulgamlarynyň halkara giňişliginde özboluşly orny bar. Ýurdumyzda ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermekde diňe bir bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi bilen çäklenilmän, ýaşlaryň ruhy we beden taýdan sagdyn ösmekleri üçin geçirilýän çäreleriň hem gerimi giňeýär.

Hormatly Prezidentimiziň halkymyza peşgeş beren ajaýyp kitaplary, pedagogiki ýugrumly «Älem içre at gezer», «Döwlet guşy» romanlary, «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy», «Türkmen medeniýeti», «Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk», «Türkmenistan» we beýleki eserleri mugallymlar üçin usuly gollanma, pedagogiki ýörelgedir.

Hormatly Prezidentimiziň pedagogiki taglymatynyň döwrebaplygy we öňdebaryjylygy milli ruhly, dünýä ülňülerine gabat gelýän milli pedagogika ylmynyň pajarlap ösmegine giň mümkinçilikler açdy.

Her bir ylma degişlilikde onuň obýektini we predmetini tapawutlandyrmak kabul edilendir. Obýekt – bu barlygyň şu ylym tarapyndan derňelýän tarapy, ulgamydyr. Predmet bolsa obýektiň şu ylmyň nukdaýnazaryndan serediliş usulydyr.

Has umumy pikir jemlemede pedagogikanyň predmeti bilim beriş prosesinde gatnaşyklar ulgamynyň döreýşiniň, kemala gelşiniň we ösüşiniň kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylym hökmünde kesgitlenýär.

Anyk bitewi pedagogiki proses hökmünde ýörite sosial institutlarda (maşgalada, bilim beriş we medeni-terbiýeçilik edaralarynda) maksada gönükdirilmeli guralýan bilim beriş işi pedagogikanyň predmetidir. Şeýle ýagdaýda pedagogika – adamyň ömrüniň bütin dowamynda onuň ösüşiniň faktorlary we serişdesi hökmünde pedagogiki prosesiň (bilim berşiň) ösüşiniň mazmunyny, kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylymdyr.

Şunuň esasynda pedagogika bilim berşiň guralyşynyň amalyýetini we tehnologiýasyny, pedagogyň (pedagogiki iş) işini we okuwçylaryň işini kämilleşdirmegiň görnüşlerini we usullaryny hem-de olaryň özara täsiriniň strategiýasyny we tärlerini işläp düzýär.

Şeýlelikde pedagogika – bu çagalary we ululary terbiýelemek, okatmak we bilim bermek baradaky ylymdyr.

Pedagogika ylmy edil beýleki ylymlar ýaly umumynazary, prognostiki (öňündençaklaýjy) we amaly hyzmatlary (funksiýalary) amala aşyrýar. **Umumy nazary** funksiýa pedagogiki prosesiň kanunalaýyklyklaryny nazary seljermekden ybaratdyr. **Prognostiki** funksiýa pedagogiki hakykatyň ösüşini delillendirilen häsiýetde öňünden görmekdir (meselem, geljegiň mekdebi nähili bolar, okuwçylaryň kontingenti nähili özgerer we ş.m.). Ylmy esaslandyrylmaly prognozyň esasynda öňde duran wezipeleri ynamly meýilleşdirmeklige mümkinçilik döreýär. Prognoz terbiýe işine degişlilikde has-da

möhümdir. Pedagogikanyň **amaly** (özgerdiji) funksiýasy binýady bilimiň esasynda pedagogiki amalyýetiň kämilleşmegini, okatmak, terbiýe, bilim beriş gurluşlaryny dolandyrmagyň täze usullarynyň, serişdeleriniň, görnüşleriniň ulgamynyň işlenilip düzülmegini şertlendirýär.

Pedagogikanyň ähli wezipeleriniň bitewüligi bilim beriş-terbiýe edaralarynyň dürli görnüşlerinde pedagogiki bilim berşiň ýumuşlaryny has doly çözmäge ýardam edýär.

**Pedagogikanyň obýekti. Pedagogikanyň obýekti adamy jemgyýetdäki ýaşaýyş-durmuşa goşmagyň usuly bolan bilim berişdir.**

Käbir alymlar pedagogikanyň obýektini terbiýe hasaplasalar, beýlekileri ony bilim beriş bilen baglanyşdyrýar. Soňky ýyllarda bilermenler bu babatda, esasan, bilim berşi ileri tutup, ony adamyň, jemgyýetiň we döwletiň bähbidi üçin guralýan maksada gönükdirilmeli terbiýe we okatmak prosesi hökmünde kesgitleýärler.

Pedagogika «paýdagogos» diýen grek sözünden bolup, ol «paýdos» – çaga we «ago» – ýöretmek diýen manyny berýär. Sözme-söz terjime edilende «paýdagogos» – «çagany döredýän» ýa-da «çagany alyp barýan» terbiýeçilik sungaty diýmekdir. Gadymy Gresiýada gul eýeleriniň çagasyny mekdebe alyp barýan gullara «pedagog» diýipdirler. Bu mekdeplerde mugallym bolup sapak okadýanlaryňam arasynda sowatly, bilimli gullar hem bolupdyr.

Wagtyň geçmegi bilen «pedagog» sözünden «pedagogika» sözi emele gelip, ol çagalary terbiýelemek, okatmak, ruhy we beden taýdan ösdürmek manylaryna eýe bolýar. Şeýdip pedagogika çagalary terbiýelemek we okatmak ylmyna öwrüldi. Ol jemgyýetçilik ylymlarynyň düzüminde esasy orunlaryň birini eýeleýär.

Ilkibaşda pedagogiki pikir aýry-aýry pikir ýöretmeler we aýtgylar, özboluşly pedagogiki sargytlar görnüşinde kemala gelipdir. Özüňi alyp barşyň düzgünleri we ata-eneler hem-de çagalaryň arasyndaky gatnaşyklar olaryň esasy temasy bolupdyr.

Pedagogikanyň şeýle düşündirilişi has soňky döwürlere çenli saklanyp geldi.

Siwilizasiýanyň ösmegi bilen diňe çagalara däl, eýsem uly ýaşly adamlara-da ýörite terbiýe bermegiň zerurlygynyň ýüze çykmagy bilen häzirki zaman pedagogikasy **adamy terbiýelemek baradaky ylym** görnüşinde kesgitlenýär.

**Pedagogika ylym hökmünde adamzadyň tejribesini nesillere geçirmek we ösüp gelýän nesli durmuşa hem-de işe taýýarlamak mazmunynda kesgitlenilýär.**

**Özüniň takyk wezipesi nukdaýnazardan pedagogika okatmagyň we terbiýelemegiň mazmuny, kanunalaýyklyklary, düzgünleri, usullary we görnüşleri hakyndaky ylymdyr.**

Pedagogika meşhur çeh pedagogy Ýan Komenskiniň (1592–1670) işleri mynasybetli ylmy statusa eýe boldy. Ol özüniň esasy ideýalaryny «Beýik didaktika» atly eserinde beýan edýär. Ýöne Ýewropada «didaktika» sözi (grekçeden öwrediji, öwreniji) ilki Germaniýada girizilýär.

1613-nji ýyldan Kristof Helwigiň we Ýohim Ýungyň işlerinden başlap bu söz okatmagyň sungaty manysynda düşünilipdir. Bu günki gün didaktika (okatmagyň nazaryýeti we usuly) umumy pedagogikanyň özbaşdak şahasy hökmünde seredilýär.

Beýleki ylymlar ýaly pedagogika hem adamzat jemgyýetiniň tejribe islegine, durmuşyň öňe süren talabyna laýyklykda döräpdir hem ösüpdir. Çünki dowam edýän jemgyýetçilik önümçiligini saklamak, ýene-de ösdürmek üçin ýaş nesli durmuşa taýýarlamak, jemgyýetiň talaplaryna jogap berip biler ýaly adamlary kemala getirmek zerurlygy hiç wagt aradan aýrylmaýar. Şeýle bolansoň terbiýe nesilleriň arasyndaky baglanyşygy emele getirip, berkidip hem ösdürip durýar. Ýaş nesil kemala gelýän mahalynda özünden öňki nesliň durmuş tejribesini, döreden ylmyny-bilimini, medeni mirasyny, ruhy gymmatlyklaryny özüne kabul edip alýar, şol bir wagtyň özünde-de täze wezipeleri öňe sürýär.

**Terbiýe** bilen **pedagogiki nazaryýet** diýen düşünjeleri biri-birinden parhlandyrmak ýerlikli bolar. Bular birmeňzeş düşünjäni aňlatmaýar, olaryň döreýşi-de deň däl.

**Terbiýe** adamzat jemgyýeti döräli bäri bolup, pedagogiki teoriýa bolsa has soň ýüze çykýar. Has takygy, jemgyýetde okuw-terbiýeçi-

lik edaralaryna bolan zerurlyk dörän mahallarynda pedagogika ylym hökmünde emele gelip başlaýar. Taryhy çeşmeleriň güwä geçmegine görä, şonuň ýaly zerurlyk bolsa mundan dört-dört ýarym müň ýyl ozal gadymy Hytaýda, Hindistanda, Müsürde, Persiýada, birneme soňrak hem gadymy Gresiýada (Spartada we Afinyda) döräpdir.

Terbiýe bolmasa jemgyýetiň hereketlenmegi we maksada okgunly ösüşi mümkin däldir. Şol jähetden seredilende, terbiýäni umumy we hemişelik kategoriýa hasaplamak bolar. Beýle diýildigi, terbiýäniň adamzadyň ýaşaýşynyň geçmişiniň, şu gününiň we geljeginiň ebedilik hemrasydygyny aňladýar. Terbiýe işi Türkmenistanyň bir jemgyýetçilik gurluşyndan beýlekä geçýän döwründe-de özüniň ösüşi üçin giň mümkinçiliklere eýe bolýar. Şu ýerde terbiýäniň jemgyýetçilik-ykdysady gurluşlaryň ählisi üçin meňzeş bolan taraplarynyň, ýagny umumy alamatlarynyň bolýanlygyny hem bellemek zerurdyr. Mysal üçin, ýaşuly nesil tarapyndan toplanylan tejribäniň ýaş nesle geçirilişi, bellibir ideologiýanyň emele getirilişi; ýaş nesliň saglygy barada edilýän aladalar; bilim bermek, sowatly, edepli edip ýetişdirmek ýaly işler jemgyýetçilik ykdysady gurluşlaryň hemmesi üçin hem häsiýetli zatlardyr, ýöne şonda goýulýan maksatlar, geçirilýän işleriň mazmuny, görnüşleri, usullary çendan aýrybaşga bolup biler.

**Pedagogik nazaryýet** – bu ylym bilen ýörite meşgul bolýanlaryň ylmy gözleg-agtaryşlarynyň netijesi bolup, ol geljekki mugallymy okuw-terbiýeçilik işinde ýüze çykýan çylşyrymly pedagogik hadysalardan baş çykarma gözükdirýär, bu tutuma ýolbaşçylyk edip bilmegiň, ony dolandyrmagyň dogry ýollaryny salgy berýär. Pedagogik nazaryýet diňe bir tejribede gabat gelýän hadysalary ylmy taýdan düşündirmek bilen çäklenmän, eýsem, ol durmuşyň geljekki tapgyrlarynda gabat gelip biläýjek hadysalary düşündirmäge-de ukyplydyr. Pedagogik teoriýa amaly-tejribeçilik işde döredijilikli pikirlenmäniň esasy guralydyr.

**Pedagogikanyň usulyýeti** (metodologiýasy) – bu pedagogikanyň özi, onuň ösüşiniň kanunalaýyklygy, kategorial-düşünje ulgamy, pedagogiki taglymatyň esasy we gurluşy, pedagogiki bilimleri döretmäge çemeleşmäniň we usulyň düzgünleri hakyndaky ylymdyr.

Has umumylaşdyrylan häsiýetde aýdylanda, pedagogikanyň esasy **maksady** sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmekdir. «Sazlaşykly ösen şahsyýet» düşünjesi terbiýäniň netijesinde ylymlaryň esaslaryny özleşdiren sowatly, syýasy, ykdysady, sosial we medeni meselelerden baş çykarýan, sagdyn bedenli, hünärine ezber adamlary häsiýetlendirýär; pedagogikanyň maksady şol bir wagtda türkmen Diýaryna, onuň sabyrly, parasatly, agzybir halkyna buýsanç duýgusy bilen garaýan, ata Watanyň hatyrasyna ak ýürekli zähmet çekmegi başarýan ruhubelent, ynsaply milli hünärmenleriň taýýarlanylyp ýetişdirilmegini nazarlaýar.

**Pedagogikanyň mazmuny** okuw-terbiýeçilik işiniň möhüm meseleleriniň ulgamydyr. Muňa sowatly, ruhy taýdan baý ynsanlary terbiýeläp ýetişdirmegiň geçmişde ýola goýluşy, häzirki döwürde durmuşa geçirilýän çäreler, bilim ulgamy, mugallymyň işi, bilimiň mazmuny, okatmagyň düzgünleri (prinsipleri), görnüşleri (formalary), usullary, kämil şahsyýeti ýetişdirmegiň esasy ugurlary bolan akylly, ýokary ahlakly, zähmete ukyply, dünýäniň gözelliklerine düşünýän, sagdyn hem gujurly ynsanlary kemala getirmegiň ýollary; maşgala terbiýesiniň pedagogiki esaslary, mekdep işini dolandyrmagyň ýollary degişlidir.

**Terbiýeçilik işiniň düzümi ýa-da esasy ugurlary.** Kämil adamy terbiýeläp ýetişdirmegiň esasy şertleri bilim, terbiýe hem-de edep öwretmekdir. Sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmek maksadyna gönükdirilýän aladalar terbiýeçilik işiniň düzümini emele getirýär, onuň esasy ugurlaryny takyklaýar. Şeýle ugurlar barada «Terbiýäniň esaslary» diýen bölümde söhbet edilýänligi sebäpli, bu ýerde olar barada umumy düşünjelerde saklanmak ýerliklidir.

## Pedagogika ylmynyň wezipeleri

Türkmen halkynyň taryhyna, durmuşy meselelerine, ruhy-medeni baýlygyna, milli diline, däp-dessurlaryna aýratyn ähmiýet berilýän häzirki döwürde hertaraplaýyn sazlaşykly ösen şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek iň bir wajyp meselä öwrüldi. Şeýle ýagdaýda ýaş nesli

döwrebap kemala getirmekde gollanma bolup hyzmat edýän, bilim ulgamyny döwrüň talaplaryna laýyk edip guramagyň ylmy esasyny berýän pedagogikanyň gymmaty has-da ýokarydyr. Ol häzirki döwürde jemgyýetiň mynasyp raýatlarynyň hakyky sypatyny açyp görkezmelidir, berilýän bilimiň we terbiýäniň täze mazmunyny, görnüşlerini we usullaryny ylmy esasda seljermelidir.

**Pedagogika ylmynyň wezipeleri** köp derejede bilermenleriň durmuşyň öňde goýan talaplary bilen ýüzbe-ýüzlüginde takyklandy. Has umumylaşdyrylan pikir jemlemesinde bu ylmyň esasy wezipeleri hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

1. Ösüp gelýän nesli terbiýelemek, okatmak.

2. Terbiýäniň kanunlaryna aň ýetirmek, amalyýetçi pedagoglary okuw-terbiýeçilik işiniň nazaryýeti dogrusyndaky bilimler bilen baýlaşdyrmak.

3. Terbiýäni adamlaryň ruhy ösüşiniň faktory hökmünde öwrenmek.

4. Häzirkizaman dünýäsinde adamlara bilim bermegiň meselelerini seljermek.

5. Adamyň tebigatyny derňemek.

Pedagogikanyň wezipeleri okuw-terbiýeçilik işiniň maksadyna laýyklykda takyklananda:

1) sazlaşykly ösen şahsyýeti, jebis we agzybir topary terbiýeläp ýetişdirmegiň amatly ýollaryny tapmak;

2) okuw-terbiýeçilik işiniň döredijilikli, döwrebap usullaryny işläp düzmek, terbiýeçilere, mugallymlara, ata-enelere, terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýan beýleki adamlara tejribe üsti bilen kömek bermek;

3) öňdebaryjy pedagogik tejribäni, täzelikçi mugallymlaryň iş usullaryny öwrenmek, umumylaşdyrmak hem-de amalyýetçi-tejribeçilikdäki işgärlere elýeterli etmek;

4) mugallymlar, mekdep ýolbaşçylary, bilim ulgamynyň beýleki işgärleri üçin terbiýäniň we okatmagyň häzirkizaman talaplaryna laýyk gelýän ylmy – usuly gollanmalaryny döretmek;

2. Sargyt № 986

5) okuwçylaryň ýaş, fiziologik, psihologik aýratynlyklaryny, ukyp-başarnyklaryny, meýil-ymtylmalaryny nazarlamak bilen ylym-bilim, tälim-terbiýe bermegiň ylmy esaslaryny işläp taýýarlamak;

6) umumy orta bilim berýän we orta hünär okuw mekdepleriniň işini kämilleşdirmegiň, olarda bilim-hünär öwrenýän ýaşlaryň her biriniň ykbaly bilen gyzyklanyp, okuwçylaryň hünäre ugrukmalaryny nazarlap, garaşsyz ýurdumyza zerur we şol bir wagtda olaryň özi üçin ähmiýetli käre gözükdirmegiň ýollaryny salgy bermek.

**Pedagogikanyň esasy çeşmeleri:** mazmunyny, esasan, halk pedagogikasynda jemleýän, adamzadyň öz taryhynyň bütin dowamynda toplan terbiýe tejribesi; filosofiki, jemgyýeti öwreniş, pedagogiki we psihologiki ylymlarynyň gazananlary; şu günki dünýäniň ahlak terbiýesi ugrundaky tejribesi; ýörite maksatnamalarda amala aşyrylan pedagogiki-psihologik barlaglar; täzelikçi pedagoglaryň tejribesi.

## Terbiýäniň nazary çeşmeleri

Terbiýe tejribesi öz kökleri boýunça adamzadyň dörän döwürlerine uzaýar. Ol ilkinji adamlaryň peýda bolmagy bilen ýüze çykdy. Deslapky döwürlerde çagalar hiç hili pedagogika dahylsyz terbiýelenipdir, onuň barlygyndan habarsyz bolnupdyr. Terbiýe barada ylym geometriýa, astronomiýa, fizika we başga ylymlar bilen bir deň diýen ýaly ýüze çykýar. Ilkinji jemlemeler, tejribe esaslandyrylmalary, durmuş tejribesi entek nazaryýet däldir. Olar onuň diňe başlangyç şertleridir.

Bu mesele pedagogika ylmyna degişlilikde örän wajypdyr. Pedagogikanyň esasy meselelerini çözmekde alymlar dürli ylmy mekdepler ugurlarynda dürli-dürli pelsepewi, usulyýet-metodologiki ugrukmalara esaslanyp, dürli nazaryýetleri öňe sürüpdirler.

**1. Psihodinamiki** (psihika – jan, dinamika – güýç) ugur – şahsyýetiň esasy gurluşyny tebigy-biologiki meýilleriň düzýändigini, onuň özüni alyp barşynyň aglaba böleginiň dogabitdi instinktleriň esasynda dolandyrylýandygyny ykrar edýän taglymat ugry hasaplanýar. Taglymaty esaslandyryjy awstriýaly psiholog Z.Freýddir.

Onuň tassyklaýşyna görä, «Terbiýe – bu adamyň jemgyýetiň talabyna boýun bolmagynyň netijesidir». Awtor şahsyýetiň gurluşynda id (aňlanylmaýan endikleriň zolagy), ego (ynsan paýhasynda ýeke-täk aňlanylýan gurluş) we super-ego (ýokary men) – jemgyýetiň ahlak düzgünleriniň paýhasa ornaşdyrylan zolagydygyny nygtaýar. Psihoanalitiki taglymatda uly adamyň şahsyýetiniň gurluşynyň kemala gelşiniň we hereketlenişiniň ösýän şahsyýetiň irki çagalykdaky başdan geçirmeleri, duýgy-emosional durmuşynyň sazlaşykly ýa-da dartgynly tejribesi arkaly gutulgysyz kesgitlenýändigi nygtalýar.

**2. Bihewiorizm** (iňlisçe *behavior* – özüňi alyp baryş) taglymaty Freýdden we beýleki personologlardan tapawutlylykda, adamyň özüni alyp barşyny we kemala gelşini düşündirmek üçin «paýhasda» gizlenen psihiki gurluşlar we prosesler dogrusynda pikir etmekligi zerur däl hasaplaýar. Özüňi alyp barşy düşündirmek (şeýle hem şahsyýete düşünmek) üçin biz diňe görünýän hereketler bilen görünýän netijeleriň arasyndaky funksional gatnaşyklary seljermelidiris. Meselem, eger-de, taýýarlykly talyp gyz kollejden çykarylýan bolsa, «sebäbi ol şowsuzlykdan gorkýar», «sebäbi onuň motiwasiýasy ýok» ýaly anyk barlap bolmaýan çaklamalara derek bu wakanyň öňüsyrasy näme bolup geçendigini düýpli seljermek zerurdyr. Özüňi alyp barşyň öňüsyrasynda bolup geçen ýagdaýyň we gurşawyň arasyndaky gatnaşygy nazarda tutmazdan, şahsyýetiň iş-hereketini düşündirjek bolmaklyk netijesiz synanyşykdyr (*B. Basarow*, 2015).

2. Amerikan alymy R. Monro we onuň tarapdarlary terbiýäniň döreýşini «çagalaryň uly adamlara aňsyz öýkünmeginiň netijesidir» diýip düşündirýär.

**3. Jemgyýetçilik-sosiologik ugur** – bu ugry esaslandyryjylar adam biologik jandar, ýöne ol ýaşaýşyň dowamynda gurşawyndaky sosial toparyň täsiri astynda terbiýelenýär diýen pikirden ugur alýar.

**4. Ynsanperwer-gumanistik ugur** – bu ugruň taglymatçylarynyň nazary garaýyşlary bir tarapdan, Platonyň, Aristoteliň, Kantyň rasional filosofiýasynyň ideýalary bilen utgaşýan bolsa, ikinji bir tarapdan, pedagogika we psihologiýa degişlilikde onuň özboluşly

many öwüşgini bardyr. Gumanistiki-ynsanperwer öwüşgin adamyň ýaşaýşynyň ähli taraplaryny, şol sanda şahsy ösüşiň potensialyny, özüňi ýeňip geçmegi we özüňi amal etmegi ýüze çykarmaklyga synanyşykda ýüze çykýar (*B. Basarow*, 2015). Bu taglymatyň nazaryýetçileri A.Maslou, E.From, P.Herst, P.S.Piters, M.Uornok, Ž.Piaže, Z.Kolberg, K.Brunnerdir.

**Ekzistensial** (existensiýa) – ugrunyň nazaryýetçileriniň pikiri ekzistensializm filosofiýasynyň nazaryýetinden gelip çykýan «adam öz ykbalynyň binagäri, öz bagtynyň ussasy» diýen pähimde jemlenýär. Eksiztensiýal nukdaýnazardan adam haçanda özüniň subýektiw tejribesinde beýleki adamlaryň we özüniň jemgyýet tarapyndan kabul edilenligi baradaky duýgusyny syzýan bolsa, ol özüni goragly duýýar. Bu nazaryýetiň möhüm düşünjeleriniň biri-de ekzistensial amal edilmek bolup, onuň gazanylmagy: barlygyň kabul edilmegi we onuň talaplaryna döz gelmek (dünýä bilen gatnaşyklar), gymmatlyklara we gatnaşyklara açyk gönükdirilmeklik (durmuş-ýaşaýyş bilen gatnaşyklar), özüňe we beýlekilere sarpaly we adalatly ýüzlenmek, ýaşaýşyň manysy bilen ylalaşyklylyk (geljek bilen gatnaşyklar) ýaly şertlere bagly bolýar.

## Esasy pedagogik düşünjeler

**Terbiýe, edep, okuw, bilim, özbaşdak okuw, öz-özüňi terbiýelemek, şahsyýetiň ösüşi** – bular esasy pedagogik düşünjeler ýa-da pedagogik kategoriýalar diýlip atlandyrylýar.

Has umumy mazmunda kesgitlenende terbiýe – bu ynsanyň jemgyýetde özüni alyp barşyny kesgitleýän, adamyň tebigat bilen sazlaşykly gatnaşygyny üpjün edýän bitewi ruhy güýçdür.

**Terbiýe,** bir tarapdan, ösýän şahsyýetde onuň barlygyň dürli taraplaryna sazlaşykly gatnaşyklar ulgamyny kemala getirmek maksady bilen terbiýeçiniň terbiýelenýäni maksada gönükdirýän täsiridir. Başga bir tarapdan, terbiýe–özüňde bar bolan oňyn bilim, başarnyk, endikleriň ösüp gelýän nesle geçirilmegidir, ýaşuly nesliň ýaşlara öz durmuş tejribesini öwredip, olary durmuşa taýýarlamagydyr.

**Terbiýe** giňden ulanylýan pedagogik düşünje bolup, onuň mazmunyna edim-gylym, tälim, däp, adat, pent, öwüt-ündew, nesihat, maslahat, wesýet ýaly düşünjeler girýär. Edim-gylym – halkyň gylyk-häsiýeti, däp-dessury, kimdir biriniň sypaty, özüni alyp barşy häsiýetlendirilende ulanylýar. Tälim – bir ýa-da birnäçe ugurdan sapak bermegi, öwretmegi göz öňünde tutýar. Şägirt halypadan, okuwçy mugallymdan tälim alýar. Däp – köpçülik tarapyndan kabul edilen, nesilden-nesle geçip gelýän kada, ýörelge bolup, adamyň durmuş taýdan özüni alyp barşyny dolandyrýar. Dessur – däbiň hereketlerde amal edilýän nusgalarydyr. Hut şonuň üçin-de däp-dessur düşünjeleri aýrybaşgalykda däl-de, esasan, bilelikde ulanylýar.

**Adat** – jemgyýetçilik durmuşynyň süňňüne ornaşyp giden, däbe seredende ýerine ýetirilmegi hökmanylyk häsiýetde bolan kada-kanun, ýörelgedir. Ol adamyň gylyk-häsiýeti, endigi bilen baglylykda hem ulanylýar:

Ýagşyny wasp etmek, şahyra adat // Diňe adatam däl, hökmanlardandyr (*K. Gurbannepesow*).

**Pent** – ýaşulularyň, danalaryň, ata-eneleriň, pedagoglaryň ýaş nesle berýän sargyt, wesýetleri. Ol öwüt-ündewden kabul edilişinde hökmanylygyň aýgytlaýjylygy we sargalýan mazmunyň durnuklylygyna bil baglanmak bilen tapawutlanýar.

Wagyz-nesihat, maslahat, wesýet ýaly düşünjeler öwüt-ündewe köp derejede manydaşdyr. Olar terbiýäniň usullary bolubam hyzmat edýär.

Pedagogika ylmynda «terbiýe» giň we dar manylarda ulanylýar.

**Terbiýe giň manyda** – bu okuw-terbiýeçilik edaralarynyň işiniň ähli mazmunyny öz içine alýan, ýörite guralan, maksada gönükdirilen we dolandyrylýan, terbiýeçiniň terbiýeleýänlere ýekelikde ýa-da toparlaýyn täsiri bolup, adamda zerur sypatlary kemala getirmäge gönükdirilen jemgyýetçilik hadysasydyr.

**Terbiýe dar manyda** – bu terbiýelenýän adamda barlygyň dürli taraplaryna ýaşaýşy ykrar ediji gatnaşyklary kemala getirmäge gönükdirilen iş we onuň netijesidir.

Terbiýe taglymaty adamyň tebigata, medeniýete, gymmatlyklara, beýleki adamlara, tutuş jemgyýete we öz-özüne bolan gatnaşyklarynyň ulgamyny kemala getirmegiň kanunalaýyklyklaryny we usullaryny ýüze çykarýar we esaslandyrýar. Pedagogika dersiniň çäginde terbiýäniň dürli jähetlerine, esasy häsiýetnamalaryna, hereketlendiriji güýçlerine we terbiýe berlişiniň logikasyna, pedagog-terbiýeçiniň işiniň esaslanýan kanunalaýyklyklaryna we düzgünlerine, şeýle-de bu işde onuň ulanyp biljek serişdelerine seredilýär.

**Edep** düşünjesi ynsanyň oňyn gylyk-häsiýetlerini, belent adamkärçiligini, jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky medeniýetliligini we beýleki ahlak sypatlaryny özünde jemleýän, sypaýy, hoşgylaw, halaly-haramy, günäni-sogaby, utanç-haýany saýgarýan, ulynyň-kiçiniň sarpasyny tutmagy başarýan özüňi alyp baryş nusgasy bilen baglydyr.

Edeplilik – asyrlaryň jümmüşinde dörän, halkyň pähim-paýhasynda, üznüksiz ynsanperwerleşdirilip, nesillere miras geçirilen ahlak-etiki düzgünleriň, kanunlaryň, kadalaryň jemgyýetde ykrar we kabul edilen ulgamydyr. Ol halk pedagogikasy bilen berk baglanyşyklydyr.

**Okuw** düşünjesi, bir tarapdan, haýsydyr bir bilim, başarnyk, endigi, hünäri özleşdirmegi aňladýan bolsa, ikinji tarapdan, aýry-aýry dersler, ýörite guralýan kurslarda amala aşyrylýan sapaklar nazara alynýar. Okuw has umumy manyda ulanylýan pedagogik kategoriýadyr. Okatmak bolsa okuw düşünjesiniň bellibir derejede takyklanan görnüşidir. **Okatmak** – bu esasy maksady bilim, başarnyk, endikleri kemala getirmäge gönükdirilen, mugallymlaryň we okaýanlaryň ýörite guralýan we dolandyrylýan aragatnaşygy bolup, onuň netijesinde okuwçylaryň akyl derejesi ösýär, dünýägaraýşy giňeýär we olaryň özbaşdak okamak endikleri berkidilýär. Mugallymyň berýän maglumatlary okuwçylar tarapyndan özleşdirilýär. Okatmak ikitaraplaýyn tutumdyr. Mugallym näçe işjeň bolsa-da, okuwçy tarapyndan hem edil şonuň ýaly işjeňlik döremese, bilim-düşünjäni özleşdirmek garaşylýan netijäni ber-

meýär. Hut şonuň üçin bilim-düşünje mugallymdan okuwça maglumat geçirilmeginde döremän, ikisiniň bilelikdäki tagallasynda kemala getirilýär. Bilim (has takygy, bilim-düşünje) okatmagyň netijesidir. Dersleriň mazmunynyň doly özleşdirilmegidir. **Bilim** – düşünje okuwçynyň aňly özleşdiren bilim, başarnyk, endikleriniň ulgamlaşdyrylan önümidir.

Şonuň üçin bilimli adam – bu bellibir ugurdan ulgamlaşdyrylan bilim-düşünjeleri özleşdiren, zatlaryň we hadysalaryň döreýşine, hereketlenişine sebäp-netije baglanyşygynda akyl ýetirip bilýän adamdyr.

**Özbaşdak okuw** mugallymyň diňe ugrukdyryjy goldawynda çäklenilip, tutanýerlilik hem-de hyjuw bilen öwrenilen sowat, bilim, ylmy garaýyşdyr. Bilimi özbaşdak özleşdirýän adamlar ylmy edebiýatlary, edebi çeşmeleri, metbugat materiallaryny yhlas bilen öwrenýärler. Olar bir ýa-da birnäçe ugurdan täze pikirleri orta atmagy, bellibir derejede ylma goşant goşmagy-da başarýarlar.

**Öz-özüňi terbiýelemek** bilen meşgul bolýan adam öz hususy özüni alyp barşynda, beýlekilere gatnaşygynda bar bolan bärden gaýtmalary, haýsy asylly sypatlar bilen çalyşmalydygyna akyl ýetirýär, düzetmäge zerur bolan usuldyr serişdeleri ulanylyşa girizýär.

**Şahsyýetiň ösüşi** – bu adamyň ýaşynyň mukdar taýdan möçberlenmegi däl-de, bellibir ýaş kesimlerinde paýhasyň akyl ýetiriş, duýgy-emosional, ahlak-erk ulgamlarynda düýpli hil jähetden baýlaşmalar bilen utgaşýan özgerme, kemallanmadyr.

Şeýle ösüş daşky hem içki täsirleriň, adamyň öz hususy ynançlarynyň, garaýyşlarynyň netijesinde amala aşýar (*B. Basarow,* 2015). Bu täsirleriň iň güýçlüsi hem täsirlisi maksada gönükdirilmegi ýola goýulýan okuw-terbiýeçilik işidir. Okuw-terbiýeçilik işiniň täsirliligi döwrüň sosial, ylmy-tehniki ösüşiniň gazananlary bilen bir hatarda bu tutumyň milli döredijisi-de nazarlanylyp guralanda has-da ýokarydyr.

Seredilip geçilen pedagogiki düşünjeler biri-birleri bilen özara baglanyşykly bolup, olar biri-biriniň üstüni ýetirýär.

### Pedagogika ylmynyň pudaklary

Tälim-terbiýe, ylym-bilim bermek, edep-ekram, edim-gylym öwretmek baradaky pähimli pikirler ençeme asyrlaryň dowamynda beýik akyldarlaryň, filosoflaryň, şahyrlaryň eserlerinde, taryhy we medeni ýadygärliklerde, halk döredijiliginde ýaşap geldi. Pedagogika özbaşdak ylym hökmünde ýüze çykmak bilen, öz içinde ugurlara bölündi, pedagogikanyň pudaklary, görnüşleri emele geldi. Häzirki zaman pedagogikasy 40-dan gowrak pudagy özünde jemleýär.

Pedagogika köpugurlaýyn ylym hökmünde özüniň ösüş döwründe toplan maglumatlarynyň netijesinde köpsanly pudaklary döretdi. Bu pudaklaryň her biriniň özüne mahsus obýekti, predmeti bardyr.



**1. Umumy pedagogika** – bu ders dürli okuw mekdeplerinde okatmagyň we terbiýe bermegiň umumy kanunalaýyklyklaryny öwrenýär.

Umumy pedagogika dört esasy bölümden ybaratdyr. 1. Pedagogikanyň umumy esaslary; 2. Didaktika (okatmak nazaryýeti); 3. Terbiýe nazaryýeti; 4. Mekdebi dolandyrmak.

**2. Maşgala pedagogikasy** – çagany maşgalada terbiýelemegiň esasy ugurlary bilen iş salyşýar, ata-enäniň, beýleki uly ýaşly adamlaryň tälim-terbiýe, edep-ekram öwretmekdäki tejribesini öwrenýär. Maşgala terbiýesiniň pedagogiki esaslary baradaky ylmy-usuly gollanmalary döredýär.

**3. Halk pedagogikasy** – bilim, tälim bermek, edep öwretmek babatynda halk köpçüligi tarapyndan asyrlar boýy döredilen düzgünler, serişdeler, görnüşler hem usullar bilen iş salyşýar.

Onuň täsir edijilik güýji ähli döwürlerde-de uly bolup, ol ylmy adalgada «etnopedagogika» atlandyrylýar. Etnologiýa, etnografiýa, etnopsihologiýa hem bu ylym bilen ýakyndan baglanyşyklydyr.

## Ýaş aýratynlyklarynyň pedagogikasy

**4. Mekdebe çenli pedagogika** – mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýelemegiň hem okatmagyň meseleleri bilen iş salyşýar. Mekdebe çenli çagalar terbiýelenýän edaralaryň işiniň gurluşyny we mazmunyny esaslandyrýar.

**5. Mekdep pedagogikasy** – okuwçylary döwrebap okatmagyň we terbiýelemegiň meselelerini derňemek bilen mekdeplerde alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň mazmunyny kesgitleýär.

**6. Ýokary mekdep pedagogikasy** – onuň predmeti ýokary okuw mekdepleriniň okuw-terbiýeçilik işleriniň guralyşyny, kanunalaýyklyklaryny we ýokary bilimiň ösüş ýollaryny seljermek bilen baglydyr.

**7. Ýörite pedagogika** – tebigy ýetmezi bolan (ker, kör, kemakyl, lal) çagalary okatmak, terbiýelemek bilen iş salyşýar. Onuň şeýle şahalary bardyr:

**Surdo** – gulagy eşitmeýänligi sebäpli, lal (geplemän galan) çagalary terbiýelemegiň we bilim bermegiň aýratynlyklaryny öwrenýär.

**Tiflo** – pedagogikanyň gözi görmeýän we çala görýän çagalara terbiýe we bilim bermegi öwrenýän ugry.

**Oligofreno** – akyl taýdan ýetmezi bolan çagalary terbiýelemegiň we bilim bermegiň guralyşyny öwrenýär.

**Logopediýa** – dilüsti sözleýşinde ýetmezi bolan çagalara terbiýe we bilim bermegi öwrenýär.

Akyl-huşunda, iş-hereketinde, sözleýşinde ýetmezi bolan çagalar üçin ýörite okuw mekdepleri, okuw gollanmalary döredilip, hünärli pedagogik hünärmenler bilen üpjün edilýär.

**8. Okatmagyň usuly** (metody) – aýry-aýry dersleri okatmagyň usullaryny, düzgünlerini (prinsiplerini), serişdelerini öwrenýär. Meselem, türkmen dilini okatmagyň usuly, taryhy okatmagyň usuly we ş.m.

**9. Pedagogikanyň taryhy** – terbiýäniň we pedagogika ylmynyň döreýşi hem ösüşi bilen bagly meseleleri derňeýär.

Şulardan başga-da pedagogika ylmynyň ulgamynda hünär bilim pedagogikasy, ýokary okuw mekdepleriniň pedagogikasy, harby pedagogika, lukmançylyk (medisina) pedagogikasy, inženerçilik, önümçilik pedagogikasy, sosial pedagogika, deňeşdirme pedagogikasy, ekologik pedagogika we beýleki pudaklaryň pedagogikasy döräp hem ösüp başlady.

## Pedagogikanyň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy

Pedagogika özbaşdak, ýeterlik derejede ösen, kesgitli derňew ulgamy bolan ylym hökmünde beýleki ylymlardan aýrybaşgalykda ösüp, hereketlenip bilmeýär. Terbiýeçilik işiniň obýekti kemala gelýän we ösýän adam bolýandygy üçin pedagogika, ilkinji nobatda, adamy öwrenýän ylymlar bilen ýakyn baglanyşykda bolýar.

Adam jemgyýetiň agzasy hökmünde jemgyýetçilik ylymlary, biologiki ewolýusiýanyň önümi hökmünde biologiki ylymlar tarapyn-

dan, öz içki psihiki dünýäsi bolan, pikirlenýän gurluş hökmünde psihologik ylymlar arkaly öwrenilýär.

Jemgyýetçilik ylymlary terbiýäniň manysyny we maksadyny kesgitlemäge, adamyň ýaşaýşynyň we pikirlenmesiniň umumy kanunalaýyklyklarynyň täsirini dogry nazarlamaga kömek edýär.

Pedagogika jemgyýetçilik ylymlaryndan **filosofiýa** bilen ýakyndan baglydyr. Tebigatyň, jemgyýetiň we adamyň pikirlenmesiniň ösüşiniň umumy kanunlary baradaky ylym bolan filosofiýa pedagogikanyň usulyýet-metodologik* esasydyr. Pedagogikany derňeýänleriň gollanýan materialistik, ekzistensial, pragmatik, neopozitiw we beýleki garaýyşlary olaryň agtaryşlarynyň ugruny, bilim prosesiniň mazmun, maksat we tehnologik häsiýetnamalaryny kesgitleýär.

Pedagogika filosofiýanyň otnositel özbaşdak ugurlary bolan **etika** we **estetika** bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Olar ahlak we estetiki terbiýäniň, ylmy dünýägaraýşy kemala getirmegiň pedagogiki meselelerini çözmäge kömek edýär.

Pedagogikanyň ilatyň ol ýa-da beýleki toparlarynyň we gatlaklarynyň ösüşiniň esasy tendensiýalaryny, sosiallaşmanyň kanunalaýyklyklaryny, sosial gurşawyň adama täsirini, onuň jemgyýetdäki ornuny, şahsyýetiň dürli sosial institutlarda terbiýelenilişini öwrenýän sosiologiýa bilen hem baglanyşygy bardyr.

Pedagogiki sosiologiýa pedagogikanyň we sosiologiýanyň sepleşiginde dörän täze ylym bolup, jemgyýetiň sosial gurluşynyň özgerişindäki prosesler, adamlaryň hünär bilen meşgullygy baradaky umumy maglumatlary we netijeleri terbiýäniň mekdep, maşgala we jemgyýetçilik tarapyndan bilelikde çözmeli takyk meselelerine geçirmegi amala aşyrýar.

Pedagogika **ykdysadyýet,** has takygy, onuň bilim berşiň pedagogikasy ugry bilen hem ýakyn baglanyşykdadyr. Umumy bilim berşiň

---

* Şu ýerde «metod» – usul düşünjesiniň «usulyýet» – metodologiýa düşünjesinden tapawutly adalgalardygyna ünsi çekesimiz gelýär. Metod – tär, usul manysyny aňladyp, metodologiýa bolsa derňew alyp barýanyň saýlap alýan has umumy akyl ýetiriş ýörelgesidir. Filosofik edebiýatda kähalatlarda metodologiýa – usulyýet «pikirlenme hakynda pikirlenme» diýlip hem kesgitlenilýär (M. Mamardaşwili).

ýokary derejesiniň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň möhüm şerti bolýandygy subut edilendir.

Pedagogika biologiki ylymlar bilen ýakyn baglydyr. Olar okatmagyň we terbiýäniň tebigy-ylmy binýadyny düzýär.

Okatmagyň we terbiýäniň takyk meselelerini çözmek, zähmetiň we dynç alşyň düzgünlerini işläp düzmek üçin adamyň bedeniniň gurluşynyň we hereketlenişiniň aýratynlyklary baradaky ylym bolan **ýaş fiziologiýasynyň** hem-de mekdepdäki sapaklaryň ähli görnüşleriniň guralyşynyň gigiýeniki meselelerini öz içine alýan **mekdep gigiýenasynyň** aýratyn uly ähmiýeti bardyr.

Pedagogikanyň medisina bilen baglanyşygy pedagogika ylmynyň ýörite ugry bolan **düzediş** (korreksiýa) **pedagogikasynyň** döremegine getirip, ol ösüşinde ýetmezçilik bolan çagalara bilim bermek bilen meşgullanýar. **Düzediş pedagogikasynyň** esaslandyrýan serişdeleriniň kömegi bilen bejeriş-terapewtiki täsir gazanylýar, çagalarda bar bolan şikesleriň öwezi dolunýar we olaryň sosiallaşma prosesleri ýeňilleşýär.

**Psihologik** ylymlar bilen pedagogikanyň baglanyşygy has-da ýakyndyr. Adamyň häsiýetlerine, onuň tebigy isleglerine we mümkinçiliklerine düşünmek, psihiki işiň we şahsyýetiň ösüşiniň hereketlendiriji güýjüni, kanunlaryny nazarlamak, bilim berşi (okatmak we terbiýe) bu kanunlara, häsiýetlere, isleglere, mümkinçiliklere laýyk guramagyň zerurlygyny ähli meşhur pedagoglar nygtapdyrlar.

Pedagogika üçin psihiki hadysalaryň kanunalaýyklyklaryny maksada gönükdirilmeli okadylyşyň we terbiýäniň şertlerinde adamyň ýaşyny nazarlap öwrenýän **ýaş aýratynlygy we pedagogiki psihologiýanyň** ähmiýeti aýratyn uludyr.

Adamyň özboluşly (indiwidual) aýratynlyklaryny nazarlaýan **differensial psihologiýa** pedagogikany terbiýä şahsy-gönükdirilmeli çemeleşmek üçin zerur maglumatlar bilen ýaraglandyrýar.

Dürli toparlara goşulan şahsyýeti kemala getirmegiň aýratynlyklary bilen meşgul bolýan **sosial psihologiýa** pedagogikany terbiýäniň topardaky meselelerini derňemek we okuwçylary deň-duş

toparlarynyň üsti bilen terbiýelemegiň usullaryny esaslandyrmak üçin köp sanly gymmatly maglumatlar bilen üpjün edýär.

Pedagogikanyň we psihologiýanyň arabaglanyşygy **pedagogik psihologiýanyň we psihopedagogika** atlandyrylýan **ylmyň** ýüze çykmagyna getirdi.

Pedagogika **taryh** ylmy bilen arabaglanyşyklydyr. Görnükli pelsepeçileriň pikiriçe, «Könä ýüzlenip täze zady açyp bilýän adam mugallym bolmaga mynasypdyr». Pedagogika ylmy taryha daýanyp, onuň üsti bilen adamzat jemgyýeti döränden beýläk terbiýäniň, bilim bermegiň we okatmagyň ýüze çykyşyny, ösüşini öwrenýär.

Görnüşi ýaly, dürli ylmy-barlag ugurlary, dürli meseleleri öwrenýän ylymlar biri-birleri bilen arabaglanyşyk zolaklaryny tapýarlar. Bu arabaglanyşyklaryň netijesinde täze ylmy akymlar ýüze çykýar. Meselem, pedagogikanyň tehniki we matematiki ylymlar bilen arabaglanyşygy netijesinde kibernetika pedagogikasy, matematika pedagogikasy, kompýuter pedagogikasy ýaly täze ulgamlar döredi.

Pedagogika ylmynyň beýleki ylymlar bilen aragatnaşygynyň mazmunyny aşakdaky ugurlarda takyklamak mümkin:

– pedagogika beýleki ylymlaryň esasy nazary düşünjelerini, pikir jemlemelerini, bellibir kanunalaýyklyklaryny, öz derňew maksatnamasyna oňaýly usullaryny ulanýar;

– öz gezeginde pedagogika adamy öwrenmek boýunça alnyp barylýan umumy ylmy barlaglara özüniň düşündiriş modelleri bilen gatnaşýar.

## Pedagogikanyň ylmy-barlag usullary

Islendik ylmyň yzygider we döwrebap ösüşi onuň täze-täze maglumatlar bilen üpjün edilmegi boýunça şertlendirilýär. Öwrenilýän ders barada ylmy maglumatlaryň alnyş ýollaryna derňew ýa-da barlag usullary diýilýär. Alnan maglumatlar mukdar we hil taýdan seljerilýär, zerur derejede umumylaşdyrylýar we şol ders boýunça bilimler ulgamyna goşulýar. Ylmyň ösüşiniň tizligi köp derejede onda ulanylýan

ylmy-barlag usullarynyň maglumat berijilik ukybyna baglydyr. Pedagogiki ylmy-barlag täze-täze pedagogik düşünjeleri esaslandyrmagy, ylym-bilim öwretmegiň, tälim-terbiýe bermegiň kanunalaýyklygyna akyl ýetirmegi göz öňünde tutýar. Barlag usullary isle aýratyn bir okuwçy ýa-da tutuş topar tarapyndan öwrenilende, öňdebaryjy pedagogiki tejribe öwrenilende, şeýle-de mekdep tejribesine ornaşdyryljak bolnanda hem ulanylýar.

**Pedagogikanyň ylmy-barlag usullary**

1. Syn etmek, gözegçilik usuly
2. Söhbetdeş bolmak usuly
3. Anketa usuly
4. Eksperiment, tejribe usuly
5. Mekdep resminamalaryny öwrenmek
6. Okuwçylaryň ýazuw-grafiki işlerini öwrenmek
7. Edebi çeşmeleri öwrenmek
8. Matematiki usul

Başga bir tarapdan, okuw-terbiýeçilik işleri bilen bagly haýsydyr bir pikir alşylmalar guralanda, pedagogik okaýyşlardyr dürli derejedäki usuly maslahatlarda, ylmy-usuly makalalardyr ylmy nutuklar ýazylanda, okuw kitaplarydyr gollanmalar döredilende, umuman, pedagogik proses bilen bagly meseleler dogrusynda gürrüň edilende şeýle usullar arkaly alnan maglumatlara daýanylýar. Pedagogiki ylmy-barlag usullary mugallymyň hünär kämilligi we ussatlygy bilen berk bagly bolup, okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmekde möhüm serişdedir.

Pedagogikanyň ylmy-barlag usullary has umumy derejede eksperimental-tejribe we eksperimental däl toparlara bölünýär:

**Eksperimental usullar:** pedagogiki eksperment (barlaghana we tebigy görnüşleri), pedagogiki testirleme, gözegçilikli syn etme (adaty syn etmeden tapawutlylykda, eksperimentiň we synlamanyň

artykmaçlyklaryny özünde jemleýän), modelirleme (pedagogiki situasiýany-ýagdaýy nusgalaşdyrmak), sosiometeriýa (okuwçynyň synpdaky sosial statusyny kesgitleýän).

**Eksperimental däl usullar:** adaty syn etme, toparlaýyn hadysalary öwrenýän usullar (anketa, sorag-jogap, interwiýu, söhbetdeşlik), mukdar usullar (statistik, registrasiýa-hasaba almak we ş.m.), edebi çeşmeleri, okuwçylaryň döredijilik işlerini öwrenmek, söhbetdeşlik.

Aýdyňlaşdyrmak üçin pedagogiki ylmy-barlag usullaryň birnäçesine häsiýetnama bermek ýerliklidir.

**1. Syn etme usuly** zerur maglumatlary toplamagy, seljermegi hem-de umumylaşdyrmagy göz öňünde tutýar. Bu pedagogiki tejribäni öwrenmegiň elýeter we giňden ýaýran usulydyr. Öwrenilýän obýekti, hadysany, pedagogiki situasiýany (ýagdaýy) tebigy ýagdaýlarda kabul etmek üçin ýörite guralan işe ylmy syn etmek diýilýär. Pedagogiki ylmy-barlag işini geçirýän adam okatmagyň haýsydyr bir usulynyň peýdalylygy, okuwçynyň haýsy okuw sapagy bilen aşa gyzyklanýanlygy, nämelere ýykgyn edýänligi, aýry-aýry okuwçylaryň okuwdan beýleki wagtlarda özlerini nähili alyp barýandyklary, edepliligi, onuň çagalar we ýaşlar guramalaryndaky işjeňligi ýaly köpsanly maglumatlary syn etme usuly bilen öwrenip bilýär. Bu usul wajyplygy, giňden ýaýranlygy, elýeterligi bilen bir hatarda käbir kemçiliklerden hem halas däldir: 1) Bu usulda öwrenilýän pedagogiki hadysanyň içki tarapy köp derejede nämälim bolup galýar; 2) Bu usulda şol bir synlanylýan hadysany, ýagdaýy şol durkunda ikilenç gaýtalap bolmaýar; 3) synlanylýan hadysa täsir edýän ähli sebäp döredijileri takyk hasaba alyp bolmaýandygy üçin alynýan maglumatlar özüni döredýän çeşmä laýyklykda sebäp netije häsiýetde bolmaýar (*B. Basarow*, 2015). Şonuň üçin bu usul ylmy barlagyň barşynda başga usullar bilen bilelikde ulanylýar.

**2. Söhbetdeşlik usuly** – maksadalaýyk guralan söhbetdeşlikde adamyň pikir-garaýyşlary, duýgy-gatnaşyklary, zatlardyr hadysalary bahalandyryşy, durmuşda eýeleýän orny (pozisiýasy) ýüze çykýar. Başga usullar bilen alnyp bilinmeýän maglumatlar söhbetdeşlik

usulynyň üsti bilen alynýar. Pedagogiki söhbetdeşlik derňew usuly hökmünde öwrenijiniň öz söhbetdeşiniň içki dünýäsine maksadaokgunly aralaşmaga synanyşygy, onuň edýän hereketiniň sebäplerini ýüze çykarmaga gönükdirilenligi bilen beýlekilerden tapawutlanýar. Söhbetdeşligiň kömegi bilen öwrenilýän adamyň akyl ýetiriş, ahlak, dünýägaraýyş, syýasy we beýleki garaýyşlary, onuň ylmy işi geçirýänlere, umuman, derňewe garaýyşlary ýüze çykarylýar. Ýöne söhbetdeşlige hem bellibir birtaraplaýynlyklar häsiýetlidir. Onuň netijeleriniň takyklygy derňew geçirýäniň baş çykaryjylygyna, söhbetdeşiň pedagogyň pikir-garaýşyna düşünişine, anyk jogap bermäge taýýarlygyna we razylygyna bagly bolýar. Şonuň üçin ol beýleki usullaryň netijelerini takyklamak, düşündirmek maksady bilen kömekçi usul hökmünde ulanylýar.

Bu usulyň netijeliligini ýokarlandyrmak we oňa daýanmak mümkinçiliklerini artdyrmak bilen, käbir maslahatlary bermek mümkin:

– usul ulanylanda, hökmany suratda kadaly, dogry, pikirlenip düzülen söhbetdeşiň özboluşly taraplaryny öz içine alýan meýilnamany düzmek;

– öwrenilýän mesele barada goýlan sowallaryň köptaraplaýynlygyny we şol bir wagtda arabaglanyşyklylygyny gazanmak;

– sowallaryň mazmunyny söhbetdeşe düşnükli görnüşde esaslandyrmak ;

– söhbetdeşlik geçirilende ýagdaýa görä sowallaryň mazmunyny we goýluş äheňini ugurtapyjylykly çeýe özgertmek;

– derňewden soňra alynýan maglumatlary dolulygyna gaýtadan dikeltmek üçin häzirki zaman tehniki serişdeleri arkaly söhbetdeşligi bildirmän ýazga geçirmek mümkinçiliginden seresaply peýdalanmak. Ýöne söhbetdeşligiň gidişi söhbetdeşiň razylygy bilen açyk hem ýazylyp bilner.

**3. Sorag-jogap usuly** ulanylanda, adatça: a) goýulýan soraglara adamlar dogry jogap berýändir diýip çaklamak hem-de b) «uly sanlaryň kanuny» – anketa näçe köp adama teklip edilen bolsa, onuň takyklygy-da şonça ýokarydyr diýen ýaly düzgünlerden ugur alynýar.

Ýöne soňky barlaglar anketa usulynda alynýan maglumatlaryň takyklyk derejesiniň pes bolmagynda galýandygyny görkezýär. Bu bolsa anketany goşmaça usul ornuna süýşürýär.

Bu usul okuwçylaryň, mugallymlaryň we ata-eneleriň giň köpçüligini birbada derňewe goşmak mümkinçiligi, çykdajysynyň pesligi we toplanan maglumatlary awtomatiki işläp bolýanlygy bilen pedagoglary özüne çekýär.

Şu günüň pedagogik işinde sorag-jogabyň: a) açyk – jogabyny özbaşdak hem erkin pikir ýöretmede berip bolýan we b) ýapyk – taýýar jogaplardan birini (takygyny)saýlamak; ç) jogap berýäniň ady görkezilýän we d) atsyz (anonim); e) doly we doly däl görnüşleri ulanylýar. Ulanylýan sorag-jogaplaryň bir görnüşi «polýar» atlandyrylyp, bu anketa berilýän jogap bahalandyryşly bolýar. Olar 5 bally (0,1,2,3,4,5) ýa-da 10 bally (0,1,2,3,4,5,6,7,8,9,10) bolup bilýär. Sorag edilýän haýsy jogaby dogry hasaplasa, şoňa goýýan bahasynyň daşyny tegelekleýär.

Sorag-jogaplarda goýlan soraglara takyk jogap almak üçin sowallar göni däl-de, gytaklaýyn mazmunda goýulmaly. Şeýle edilende okuwçy anketanyň özünden nähili jogaba garaşýandygyny aňşyrman, öz göwnünde makullaýan pikirini aýdýar.

Sorag-jogaplary barlag geçirmekden baş çykarýan hünärmenler düzse we geçirse maksadalaýyk bolýar. Mugallymlar bu talapdan ugur almalydyrlar. Adamlaryň topar içindäki gatnaşyklaryny seljermek üçin ulanylýan sosiometriki usul öň aýdylyşy ýaly, okuwçynyň synp içindäki at-abraýyny (statusyny) kesgitlemek üçin ulanylýar. Synpa ekabyr okuwçy (starosta) saýlananda, synp ýolbaşçysy bu usulda alnan maglumatlara daýanyp bilýär.

Sorag-jogap usuly-da beýleki ylmy-barlag usullar bilen sazlaşykda ulanylmalydyr.

**4. Test usuly** pedagogikanyň we psihologiýanyň beýleki usullarynyň arasynda aýratyn orun tutýar. Bu usul synalýan adamda bar bolan psihiki hadysalaryň, indiwidual – özbaşdak aýratynlyklaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny ýüze çykarmaga niýetlenendir.

3. Sargyt № 986

Test aşakdaky talaplary ödemelidir: birinjiden, test hemişe ölçerip-dökülen tejribedir. Ölçerip-dökülmegiň zerurlygy synagyň esasy maksady bolan synag edilýän adamyň näderejede belli bolan ölçege laýyk gelýändigini kesgitlemek ýa-da synag edilýän dürli-dürli adamlary öz aralarynda dogry deňeşdirmekde ýüze çykýar.

Ikinjiden, her bir test synalýan adamlaryň hemmesine olarda bar bolan psihiki aýratynlyklary ýüze çykarmak üçin birmeňzeş mümkinçilik döretmelidir. Bu talabyň bozulmagy synalýan adamlary deňsizlik ýagdaýyna salýar.

Üçünjiden, test ýumşunyň çözülşiniň netijeleriniň nähili düşündirilmelidigi kesgitlenilmelidir.

Düşündirilmäge girişilende testiň, köplenç, bir gezeklik tejribedigini, onuň adamyň şol pursatdaky ýagdaýyny belläp almaga mümkinçilik berýändigini nazarlamak zerurdyr.

Test birnäçe sorag-test, ýumuş-test, düzüji (taýýarlaýyş) test görnüşlerinde bolýar.

**5. Eksperiment – tejribe** barlaghana geçirilýän ýeriniň barlaghana ýa-da pedagogiki prosesiň hereketlenýän tutumy bolýandygyna laýyklykda tebigy we barlaghana tejribeleri, şeýle-de parallel we gyýtaklaýyn eksperimentler tapawutlandyrylýar. Tebigy tejribe okuw-terbiýeçilik işiniň gidişini bozmazdan, esaslandyrylan çaklamany barlamak üçin guralan tejribedir. Bu eksperiment, esasan, okuw-terbiýeçilik işine haýsydyr bir täze usulyýet-metodologiýa boýunça özgertmeler ornaşdyryljak bolnanda ulanylýar. Meselem, XX asyryň 60-70–nji ýyllarynda D. B. Elkoniniň we W. W. Dawydowyň orta mekdeplerde matematikanyň okadylyşyny öňki induktiw usulyýetden (ýekelikden umumylyga gönükdirilen) tapawutlylykda deduktiw usulda guramak boýunça amala aşyran pedagogiki-psihologik derňewi tebigy tejribe häsiýetdedir. Tebigy tejribäniň obýekti bolup, okuw meýilnamalary, maksatnamalary, okuw kitaplary we okuw gollanmalary, okatmagyň tärleri we usullary, okuw-terbiýeçilik işiniň görnüşleri çykyş edýärler. Tebigy tejribe parallel we çatryklaýyn görnüşinde amala aşyrylýar. Şeýle tejribeler geçirilende, köplenç, iki – üç sany ugurdaş synp ýa mekdep alnyp, olaryň biri tejribe, beýlekisi

kontrol (gözegçilik) synp ýa-da mekdep bolup hyzmat edýär. Tejribe geçirilýän synpda ýa-da toparda eksperiment geçirýäniň hödürlän usulyýet – metodologik ýörelgesi boýunça esaslandyran teklipleri, usullary okadylyşda ýokary netijeliligi üpjün etse, onda bu täzeçillik amaly tejribä ornaşdyrylýar.

Eger-de tejribe aýratyn bir ýörite meseläni çözmek üçin barlanýanlara aýratyn çaklama esasynda gözegçilik etmek ýa-da ýörite enjam ulanylyş bilen bagly geçirilýän ýagdaýlarynda tejribe ýörite abzallaşdyrylan, ýörite barlaglar üçin niýetlenen ýerde geçirilýär. Şeýle tejribä barlaghana eksperimenti diýilýär. Pedagogiki barlaglarda tejribäniň bu görnüşi seýrek ulanylýar. Tebigy eksperiment anyk şertlerde geçirilýändigi üçin onuň netijeleri gymmatlydyr. Tebigy tejribäniň netijeleriniň kanunalaýyklygyny barlamak üçin ol barlaghana tejribesi bilen utgaşdyrylyp bilinýär.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda «Eksperimental pedagogika» atly akym ýüze çykýar. Bu akymyň ýüze çykmagyna A.Sikorskiniň (1879) okuwçylaryň diktantlarynda goýberýän ýalňyşlyklary, Ebbingauzyň «ýatdan çykarmagyň egremini» esaslandyrmak boýunça işleri (1885), Hollyň (1880) okuwçylaryň göz öňüne getirmelerini öwrenmek boýunça, Bine we Simonyň okuwçylaryň akyl işiniň ösüşini öwrenmek boýunça, Sterniň, Neçaýewiň, Laýyň okuwçylaryň göz öňüne getirmeleriniň görnüşlerini öwrenmek boýunça, Burdonyň, Istiň, Meýmanyň okuwçylaryň ýada ornaşdyrmagyny öwrenmek boýunça geçiren tejribeleri täsir etdi. Tejribe geçirijileriň ýerine ýetiren işleriniň köp bölegi pedagogiki nazaryýetiň altyn hazynasyna girdi.

Käbir sebäplere görä XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ortasynda pedagogik meseleleriň eksperimental gözlegleri (esasan-da, öňki sowet düzgüninde) togtadyldy. Bu derňewleriň gaýtadan ýaýbaňlanyşy XX asyryň 70-nji ýyllaryna gabat gelýär.

**6. Mekdep resminamalaryny öwrenmek.** Bu usulyň esasy çeşmeleri – synp žurnallary, ýygnaklaryň, maslahatlaryň beýanlary, kitaplar, okuw sapaklarynyň tertibi, içki mekdep düzgünnamalary, mugallymlaryň kalendar we sapak meýilnamalary, konspektler,

sapaklaryň ýazgylarydyr. Bu resminamalarda öwrenilýän mesele barada dürli maglumatlar bolýar. Olar öwrenilýän işiň dogry ýola goýluşy barada maglumat almaga kömek edýär. Bu usul hökmany ýagdaýda beýleki usullar bilen utgaşdyrylyp ulanylýar.

**7. Okuwçylaryň ýazuw-grafiki, döredijilik işleriniň netijelerini öwrenmek.** Okuwçylaryň öý işleriniň ýerine ýetirilişi, olaryň ýazan barlag işleri, düzmeleri, çeken suratlary, ýerine ýetiren tehniki şekilleri özünde köp maglumatlary saklaýar. Mundan başga-da okuwçylaryň boş wagty ýerine ýetirýän işlerini, gyzyklanmalaryny öwrenmek hem wajypdyr. Bu usulyň üsti bilen okuwçylaryň şahsy aýratynlyklaryny, işine we borjuna garaýyşlaryny, işjeňligini, tertipliligini we beýleki taraplaryny öwrenip bolar.

Bu usulyň-da ähli beýleki usullar ýaly takyk, hemmetaraplaýyn meýilnamalaşdyrylmagy, syn etme we söhbetdeşlik ýaly usullary bilen utgaşdyrylmada ulanmagy zerurdyr.

**8. Edebi çeşmeleri öwrenmek.** Pedagogiki ylmy-barlag işi degişli edebi çeşmelereden, neşir edilen materiallardan ýerlikli hem döredijilikli peýdalanmagy talap edýär. Muňa Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň, onuň Prezidentiniň, ýurdumyzyň Bilim ministrliginiň ýaş nesle döwrebap bilim hem terbiýe bermek hakyndaky görkezmeleri, maslahatlary, öňe süren teklipleri, ýurtda bilim ulgamyny üýtgedip gurmak baradaky kararlary, asyrlaryň jümmüşinde dörän pedagogik pähimler; «Kowusnama», «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly», «Wagzy-Azat», «Hadyslar» ýaly onlarça ýadygärliklerde öňe sürlen pedagogik pikirler, Gündogaryň beýik danalarynyň ylym-bilim, edep-terbiýe hakyndaky ideýalary, ylmy-metodik ýygyndylarda, pedagogik okaýyşlarda ylmy ýazgylarda, gazet-žurnallarda berilýän pedagogiki materiallar degişlidir.

**9. Matematiki usul.** Pedagogikada ulanylýan matematiki usullar, adatça, iki esasy topara bölünýär: birinjiden, eksperimentleriň, syn etmeleriň netijelerini hasaplamak, ikinjiden, okuw-terbiýeçilik işini modelirlemek, täze usulyň netijeliligi barada çaklama esaslandyrmak we oňa tassyklanma almak, okuw prosesini kompýutirleşdirmek. Birinji topara girýän usullar giňden belli we islendik diýen ýaly pedago-

giki derňewde ulanylýar. Olar statistiki usullardyr. Bu usullar toparyna şu aşakdaky takyk usullar degişlidir:

**1) Registrasiýa** (hasaba almak)– öwrenilýän hadysa barada toplanan maglumatlaryň mazmunyndaky haýsydyr bir bölekleriň sanyny kesgitlemek (meselem, ýetişýän we ýetişmeýän okuwçylar).

**2) Ranžirlemek** – alnan maglumatlarda haýsydyr bir hadysanyň işjeňlik ýa-da ähmiýetlilik ornuny kesgitlemek.

**3) Randomizasiýa** – tejribäniň başynda synag edilýänleri garaşsyz ululygyň bar ýa-da ýoklugy diýmeseň, özleriniň başga ähli aýratynlyklarynda birmeňzeş häsiýetde bolýan ýagdaýa getirmek.

Pedagogiki ylmy-barlagyň esasy usullary häsiýetlendirilende olary toplumlaýyn ulanmak talaby hemişe derňew geçirýäniň üns merkezinde bolmalydyr.

# II BAP

## Şahsyýeti kemala getirmegiň meseleleri

Adamyň tebigatyna düşünmeklik taryhyň bütin dowamynda adamzady gyzyklandyryp gelen meseledir. Adamyň şahsyýeti dogrusyndaky derňewleriň köplügine garamazdan, onuň özüni näme üçin başga hili däl-de, şeýle alyp barýanlygynyň sebäbi heniz doly anyklanan däldir. Psihologiýa, antropologiýa, fiziologiýa we ş.m. ylymlar bilen bir hatarda pedagogikanyň hem öwreniş obýekti adamdyr. Adamyň indiwid we şahsyýet düzüjileriniň arasynda şahsyýet öz mazmuny boýunça sosial, ruhy gurluşdyr. Indiwid hökmünde adam, esasan, biologiýanyň, fiziologiýanyň öwreniş dersini düzýär.

Şahsyýet hem öz gezeginde psihologiýa, edebiýat taglymaty ýaly gumanitar-ynsanperwer ylymlaryň umumy öwreniş obýekti bolup, bu ylymlaryň her biri özüne laýyklykda öwreniş jähtini saýlap alýar. Şahsyýet diýlende, ilki bilen pikire gelýän zat onuň özboluşly, gaýtalanmaz gurluş bolýanlygydyr.

Şahsyýeti ylmy taýdan öwrenmeklik XIX asyryň ahyrlaryndan, XX asyryň başlaryndan başlanýar. Şahsyýetiň ylmy öwrenilişinde bahalandyryşly kesgitleme (meselem, A – oňat, B – ýaramaz şahsyýet) kabul edilen däldir. Ylmy şahsyýetnama – personologiýa şahsyýetiň obýektiw gurluşyny açyp görkezmäge ymtylýar. Başgaça aýdanyňda, bu ýerde şahsyýetiň öwrenilişi onuň düzüjileriniň bahalandyrylmaýandygyny açyp görkezmek häsiýetinde bolýar. Şahsyýetiň ylmy öwrenilişiniň birnäçe ugurlary bardyr. Meselem, K. Rojersiň taglymatynda şahsyýetiň öz-özüneligi onuň guramaçylykly gaýtalanmaz, durnukly gurluşy bolup durýanlygy nygtalýan bolsa, J. Kelliniň şahsyýet taglymatynda ol öz gaýtalanmaz tejribesini aňlaýan we oňa üznüksiz düzediş girizýän gurluş hökmünde seredilýär. A. Banduranyň taglymatynda bolsa, şahsyýet özüniň oňyn we oňyn däl hereketleri hoşamaýlyk ýa-da temmi bilen berkidilip durulýan we onuň netijesinde bellibir häsiýetler döreýän mazmun görnüşinde seredilýär (*B. Basarow,* 2015).

Belli alymlardyr bilermenleriň öňe süren pikirleri, genetika ylmynyň gazananlary, fiziologiýanyň nesle geçijilik hem nerw ulgamynyň işi hakyndaky taglymatlary, bu ugurdaky gaýry ylmy açyşlar adam şahsyýetiniň, esasan, üç sany faktoryň – biologiki (nesle geçijilik), sosial (daşky gurşaw), terbiýe faktorlarynyň täsirinde kemala gelýändigini belleýärler.



## Nesle geçijilik we ösüş

Adamy daşky janly dünýä bilen baglanyşdyrýan hadysa biologik faktordyr. Biologik faktoryň täsiri – **nesle geçijilikdir**. Nesle geçijilik genleriň (grekçeden «gen» – «dogýan») üsti bilen amala aşyrylýar. Nesle geçijilik ata-eneden geçen kesgitli sypatlar we aýratynlyklardyr. Bedeniň miraslyk esasy **(genotipi)** adamyň ösüş prosesinde kabul edýän taraplary **(fenotipi)** bilen baglanyşýar. Tutuş bedeniň, onuň aýry-aýry ulgamlarynyň fiziologik gurluşy, kemallanma döwri, esasy morfologik we amal ediş alamatlary, jynsy, birnäçe özbaşdak aýratynlyklary (derisiniň, saçynyň, gözüniň reňki, formasy, ýüz keşbi, barmaklarynyň aýratynlyklary we ş. m.), ganyň haýsydyr bir topara degişliligi genler arkaly kesgitlenilýär. Genetikanyň, psihogenetikanyň gazananlary häzirki zaman adamsynyň organizminiň esasy häsiýetleriniň ýörite gen kodlarynda jemlenendigini we bu kodlaryň organizm baradaky ähli maglumatlary özünde saklaýandygyny we nesle geçirilýändigini subut etdi. Bu ylymlar adamyň ösüşinde nesle geçijiligiň programmasyny-maksatnamasyny açyp görkezdi. Adamyň ösüşine täsir edýän neslegeçijilik programmasy, adamlaryň umumylygy we biri-birine meňzemeýändigini kesgitleýär. Adamyň häsiýetini kesgitleýän, psihiki ösüşe täsir edýän gurluşlar onuň nerw sistemasynyň aýratynlyklarynda nesilden-nesle geçýär. Ata-enelerde ýüze çykan nerw, käbir psihiki kesellerdir bozulmalar nesillerine geçip bilýär. Gan, süýji, endokrin (içki mäzleriň işiniň bozulmasynda döreýän) keselleri hem nesilden-nesle geçýär.

Adamyň ösüşi we ýaşaýşy üçin wajyp bolan häsiýetler, esasan, onuň öz şahsy işjeňliginde ele alynýar. Onuň üçin tebigat oňa dürli mümkinçilikler döredýär. Öz-özüňi terbiýelemek adamda ýörite guralýan terbiýäniň we onuň öz hususy işjeňligi, maksat goýmalary esasynda döreýär.

Pedagogik nukdaýnazardan adamyň ösüşiniň kanunalaýyklary üç esasy meseläniň töwreginde jemlenýär. Olar **intellektual, ýörite** we **ahlak** sypatlaryň nesilden-nesle geçişi dogrusyndaky nazaryýetlerdir.

**Intellektual sypatlaryň** nesilden-nesle geçişi baradaky pikir iň bir wajyp meselä sepleşýär. Ukyplar çagalara ata-enesinden taýýar görnüşde geçýärmi ýa-da çaga haýsydyr bir işi üstünlikli ýerine ýetirmek üçin zerur mümkinçilikleri (üşükleri işi üstünlikli ýerine ýetirmek üçin zerur bolan bedeniň tebigy aýratynlyklary) nesil üsti alýarmy? Bu ugurda geçirilen dowamly barlaglar meseläni köp derejede aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik berdi. Nesilden-nesle ukyplar däl-de, diňe olary ösdürmek üçin tebigy esas bolup hyzmat edýän **üşükler** geçýär (*B. Basarow*, 2010).

Ukypdyr zehiniň nesle geçijiligi ýa-da dogluşdan soňra döreýşi bilen baglylykda birnäçe sowallar döreýär: adam öz ukyplaryny ösdürmek üçin gurşaw tarapyndan döredilen mümkinçilikleri ulanyp bilýärmi? Şeýle mümkinçilikleriň doly we dogry ulanylmagy ukypbaşarnyklaryň ösüşini şertlendirýär. Başga bir tarapdan, biologik nesle geçijilik bilen bir hatarda sosial nesle geçijiligiň bardygy hem bellenilmelidir. Eger-de şol bir öýdäki adamlaryň ählisi saz bilen meşgul bolýan bolsalar, nobatdaky nesiller hem bu däbe eýerip, saza bolan başarnyk endiklerini beýleki, adaty durmuş ýörelgesinde ýaşaýan çagalardan has ir we üstünlikli özleşdirýärler (*B. Basarow*, 2010).

**Ýörite üşükler.** Bular bellibir işi ýerine ýetirmäge gönükdirilen **tebigy esas, mümkinçiliklerdir. Ýörite üşükleri** bar bolan çagalar bu ugurdan tiz ösýärler, ýokary netijeler gazanýarlar. Eger adama mümkinçilik döredilse, onda onuň ýörite üşükleri ösüşiň has irki döwründe ukyplara öwrülýär. Ezber sazanda, suratkeş, matematik, küştçi, lingwist we beýlekiler, esasan, ýörite üşükler esasynda döreýän ukyplardyr.

**Ahlak** sypatlaryň nesilden-nesle geçişi esasy meseleleriň biridir. Pedagogikada uzak wagtyň dowamynda psihiki sypatlar nesilden-nesle geçmeýän, diňe adamyň daşky gurşaw bilen aragatnaşygynda döreýän hadysalar hasaplanylypdyr. Başgaça aýdylanda, adam gaharjaň, hoşgylaw, sahy, içgysgynç, wagşy ýa-da jenaýatkär bolup dogulmaýar, bu sypatlar dogluşdan soňky döwürde kemala getirilýär.

Ahlak sypatlar nesilden-nesle geçmeýär. Adamyň genetiki programmasynda özüňi jemgyýetde ahlak kadasyna laýyk alyp bar-

maga «jogapkär» gen ýok. Gadymy döwürde täze doglan çaganyň ruhy «arassa sahypa» ýaly diýip düşündiripdirler. Durmuş bolsa bu «arassa sahypa» öz ýazgylaryny ýazýar diýipdirler. Adamyň özüni kadaly alyp barmagynyň sebäbi daşky gurşaw we terbiýe bilen baglanyşdyrylypdyr. Genetiki programmalaryň ylmy seljerilişinde gaharjaňlygyň, hoşgylawlylygyň, gazaplylygyň, tabyn bolujylygyň we başga sosial we ahlak gönükdirilmeli genlere duş gelinmändir.

## Daşky gurşawyň şahsyýetiň ösüşine täsiri

**Daşky gurşaw** – bu adamyň ýaşaýan we ösýän anyk şertleridir. Şahsyýetiň kämilleşmegine daşky gurşawyň dürli görnüşleri täsir edýärler. Olar geografik, sosial, mekdep, maşgala şertleridir. Häzirki-zaman ylmynda şahsyýetiň ösüşine täsir edýän daşky gurşaw faktorlary hökmünde şular görkezilýär:

**1. Mikrofaktorlara** maşgala, duldegşir goňşular, jaý, deň-duşlar degişlidirler. Olaryň adama täsiri şahsyýeti dogry ýa-da oňyn däl ugra gönükdirip bilýär. Bu ýerde täsiriň güýji we mazmuny esasy orunda durýar.

**2. Mezofaktorlary** jemgyýetçilik pikiri, habar beriş serişdeler ulgamy düzýär. Adamyň okaýan kitaplary, žurnal-gazetleri, radioda diňleýän habarlary, telewizorda görýän kinofilmleri onuň şahsyýetiniň kemala gelmegine uly täsir edýär.

**3. Makrofaktorlara** halk köpçüligi, medeniýet, döwlet, jemgyýet degişlidir. Adamyň sosiallaşmagynda halkyň sosial, medeni, maddy ýagdaýlaryna, ylmyň, medeniýetiň ösüşine, döwletiň alyp barýan syýasatyna, jemgyýetiň ösüşine aýgytlaýjy orun degişlidir.

**4. Megofaktorlar** älem giňişliginde bolup geçýän hadysalaryň adama edýän täsiridir.

Käbir alymlar ady agzalan toparlary: **noosfera; sosiosfera; psihosfera** ýaly görnüşlere bölýärler: **noosfera** – älemi, planetalary, **sosiosfera** – halky, döwleti, medeniýeti, jemgyýeti, **psihosfera** – maşgalany, öýi, jaýy, goňşulary, deň-duşlary aňladýar.

Şahsyýetiň ösüşine akselerasiýa hadysasynyň täsiri-de uludyr. **Akselerasiýa** adamyň beden (fiziki)-biologiki ösüşiniň çaltlanma-

gydyr. Bu tizlenme atmosfera, iýilýän iýmitiň düzümi bilen berk baglydyr. Onuň häsiýetleri öňki nesillere seredende, häzirki ýaşlaryň uzyn boýly bolmagy, saçyň tiz agarmagy, dişleriniň düşmegi, jyns ösüşiniň çaltlanmasy we beýlekilerdir.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda ýaş nesillerimiziň bagtyýar ýaşamagy, olaryň geljekde hakyky watançylar, päk ahlakly, ylymly-bilimli şahsyýetler bolup ýetişmegi üçin ýadawsyz alada edilýär, ýaşlarymyzyň beden we ruhy taýdan sagdyn ösmegine, döwrebap bilim-terbiýe almagyna ähli zerur şertler döredilýär. Türkmenistan döwletiniň alyp barýan syýasaty, jemgyýetiň, medeniýetiň ösüşi, halkyň sosial, maddy ýagdaýy kämil şahsyýetiň kemala gelmeginde sagdyn daşky gurşawy üpjün edýär.

Çaganyň ösüşine öý-ojagy, terbiýelenýän maşgalasy uly täsirini ýetirýär. Maşgalada çaganyň ilkinji günleri, ädimleri, onuň geljekdäki ösüşi we kämilleşmegi kesgitlenilýär. Maşgala onuň gyzyklanmalaryny, talaplaryny, dünýägaraýşyny berlen tebigy üşüklerini ösdürmäge anyk şertler döredýär. Şahsyýetiň ahlak we sosial sypatlary öz gözbaşyny, esasan, maşgaladan alýar.

Mekdep okuwçylarynyň gurşawy olaryň daş-töwereginde bolup geçýän wakalar, hadysalar, ýaşaýşyň maddy we medeni şertleri, ýaşaýan we okaýan ýeri, iş salyşýan adamlary, çagalar, ýetginjekler we beýleki jemgyýetçilik guramalary, önümçilik prosesi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we beýleki gurluşlary öz içine alýar. Olar çagany gurşamak bilen onuň şahsyýetiniň ösüşine yzygider öz täsirini ýetirip durýar. Ýurdumyzyň alyp barýan syýasatyndan ugur alyp, okuwçynyň daşky gurşawdan oňyn täsir almagyny ýola goýmakda mugallyma aýgytlaýjy orun degişlidir.

## Şahsyýetiň kemala gelmeginde jemgyýetiň orny

Bu mesele has ýaýraň görnüşde şahsyýetiň ösüşinde tebigatyň (neslegeçijilik) ýa-da terbiýäniň täsiriniň aýgytlaýjylygyny anyklamak häsiýetinde hem goýulýar.

Bu sowala jogap berşine laýyklykda bilermenler öz garaýyşlary boýunça biogenetikler we sosiogenetikler atlandyrylýan toparlara bölünýärler.

**Biogenetikler** şahsyýetiň ösüşinde nesle geçijiligiň täsirini esasy orunda goýýanlardyr.

**Sosiogenetikler** şahsyýetiň ösüşinde esasy ornuň daşky gurşawa degişlidigini nygtaýanlardyr.

Adam sosiallaşmak prosesinde şahsyýete öwrülýär. Adamy, onuň ruhy-paýhas ösüşini jemgyýetsiz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Adam diňe jemgyýetde ýaşap, tebigat tarapyndan berlen mümkinçilikleriň çäginde bellibir üstünliklere ýetip biler.

Çaga dünýä inenden soň, ilkinji hepdede onda şertli refleksler döräp başlaýar we kem-kemden sözleýiş dili döreýär, kämilleşýär. Çaganyň baý tebigy binýadyna daşky gurşaw yzygider täsir edip durýar. Tebigatdan alnan mümkinçilikler sosial gurşawyň mazmunyna baglylykda dürli depginde we gönükdirilmede ösýär. Tebigatdan alnan mümkinçilikler näçe baý hem bolsa, eger-de adam sosial gurşawdan üzňelikde bolsa, ol ösüp bilmeýär. Munuň şeýledigine has irki çagalyk döwründe haýwanlaryň arasyna düşüp, soňra jemgyýete goşulan çagalaryň ýaşaýyş keşbi şaýatlyk edýär. Şeýle çagalar näçe alada edilmegine garamazdan, kadaly adamlaryň hataryna goşulyp bilmeýärler. Belli bolan maglumatlara görä, 15 çaganyň möjekler tarapyndan, 5 çaganyň aýylar, 10 çaganyň maýmynlar, 1 çaganyň geçigaplaň (leopard), 1 çaganyň bolsa goýun tarapyndan idedilip ösdürilendigi bellidir.

1920-nji ýylda hindistanly lukman Sing möjekleriň hininde iki sany adam çagasyna duşupdyr. Olar gyzlar bolup, biri 7-8 ýaşlarynda, beýlekisi bolsa ondan iki ýaş kiçi bolupdyr. Gyzlara Amala we Kamala diýip at dakypdyrlar. Çagalaryň özüni alyp barşy edil ýabany haýwanlaryň adamyň gapysynda özüni alyp barşy ýaly bolupdyr. Olar diňe gijelerine, dört aýagynda ýöräp, gündizine uklapdyrlar. Ýatanlarynda-da biri-birine berk gysylyşyp ýatypdyrlar.

Kiçi gyzjagaz hiç zady öwrenip bilmän, tiz wagtdan aradan çykýar. Ulusy bolsa 10 ýyl ýaşapdyr.

Lukman Sing 10 ýylyň dowamynda ýörite gündelik ýöredip, oňa eden ähli synlaryny ýazypdyr. Bu gyza ilki dik durmagy öwredipdirler. Alty ýyldan soň, Kamala ýöräp başlasa-da, dört aýakda ylgapdyr. Dört ýylda alty sözi özleşdiripdir. Ýedi ýyldan soň onuň söz baýlygy 45 söze ýetipdir, ýene-de üç ýyldan 100 söze ýetipdir. 10 ýylyň içinde Kamala adamlar toparyna öwrenişipdir, ýagtylykdan gorkmandyr, eli bilen iýmegi öwrenipdir, stakandan suw içip bilipdir. On ýedi ýaş töweregine ýetende, Kamalanyň ösüşi dört ýaşly çaganyň ösüşine barabar bolupdyr.

Bu babatda ýene-de bir mysala ýüzlenmek gyzyklydyr. Paragwaýda guaýkiller atly iň bir yzda galan taýpa ýaşaýar. Taýpanyň adamlary ýabany arylaryň baly bilen oňňut edip, ýarym-ýalaňaç halda gezýärler. Wellar atly fransuz etnografy şol ýerde bolanda, ýoluň gyrasynda galdyrylyp gidilen 2 ýaşly gyzjagazy öz ýurduna alyp gaýdýar hem ejesine terbiýelemäge berýär. Gyzjagaz ulalyp, 1958-nji ýylda 20 ýaşyny doldurýar. Şonda ol Ýewropanyň beýleki intelligent aýallaryndan birjik-de tapawutlanmaýar. Ol etnograf bolup ýetişýär, fransuz, ispan, portugal dillerini birkemsiz öwrenýär. Belli pedagog Ş.A.Amonaşwili muny şeýle düşündirýär: ynsanyň hakyky ösüşini üpjün etmek üçin onuň ömrüniň ilkinji sekiz-on ýylynda zerur bolan şertler gerek, sebäbi adamyň tebigatynda sözleýşi emele getirýän mehanizm herekete gelip başlanda, onuň adamzat jemgyýetinde bolmagy hökmandyr. Eger guaýkiller taýpasyndan alnyp gidilen gyzjagaz 2 ýaşynda bolman, aýdaly, 8-10 ýaşynda bolan bolsady, onda onuň terbiýesiniň netijesi kadalaýyk bolmasa-da bolmazdy. Görnüşi ýaly, şahsyýetiň kemala gelmeginde sosial gurşawa aýgytlaýjy orun degişlidir.

## Şahsyýeti kemala getirmekde terbiýäniň orny

**Terbiýe** şahsyýetiň ösüşine, kemala getirilmegine özakymlaýyn ýa-da maksada gönükdirilen häsiýetde guralýan täsirdir. Nesilegeçijiligiň we daşky gurşawyň adama täsiri terbiýe bilen anyklaşdyrylýar. Jemgyýete hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti taýýarlaýan esasy güýç **terbiýedir**. Terbiýäniň güýji onuň maksada gönükdirilenliginde, üznüksizliginde we kadalaýyk dolandyrylyşyndadyr. Terbi-

ýäniň ejizligi – tutuş jemgyýetiň ýa-da aýratyn terbiýeçiniň ösýän adama degişli bolsa-da, terbiýesine goşulman, kemala geliş döwründe ony öz akymyna goýbermekdedir. Şahsyýetiň ösüşinde terbiýäniň ornuna dürli baha berýärler. Bir topar alymlar, eger-de neslegeçijilik we daşky gurşaw ösüşe oňyn däl täsir etse, onda terbiýäniň hiç hili täsiri bolmaz diýýär. Beýleki bir topar bolsa, terbiýäni adamyň tebigatyny üýtgedýän ýeke-täk serişde hasaplaýar. Terbiýe bilen köp sypatlary ösdürip bolsa-da, adamyň durkuny düýpgöter üýtgedip bolmaz. Adamlaryň durmuşyna terbiýe ýönekeýje zatlardan başlap, uly möçberdäki goşantlary goşup biler. Olaryň möçberi şahsyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler bilen ölçenilýär.

Adamyň ösüş ýolunda döräp bilýän böwşeňlikleri doldurýan terbiýedir. Terbiýäni dogry ýola goýmagyň esasy meseleleriniň biri – çaganyň gyzyklanmasyny we zehinini kesgitlemek we olary adamyň mümkinçiliklerine we şahsy aýratynlyklaryna laýyklykda ösdürmekdir. Ýörite geçirilen barlaglaryň görkezişine görä, terbiýe çaganyň tebigy berlen mümkinçiliklerine eýerip, onda kesgitlenen sypatlaryň ösmegine täsir edýär.

Ösüşe täsir etmek bilen terbiýäniň özi-de ösüş bilen bagly bolýar, ösüşiň ýeten derejesine daýanýar. Terbiýäniň netijeliligi köp derejede adamyň terbiýeçilik täsiri kabul edip bilşine bagly bolýar. Ol öz gezeginde neslegeçijilik we daşky gurşaw şertlerine esaslanýar.

Terbiýäniň ornuna irki döwürleriň akyldarlarydyr pedagoglary-da aýratyn ähmiýet beripdirler. Halk pähimlerinde «At seýse bagly, adam – terbiýä», «Çaga eziz, edebi ondanam eziz» diýlip nygtalypdyr. «Kowusnamada» «Perzent üçin terbiýeden gowy miras ýokdur» diýilýär.

XVIII asyryň görnükli akyldary Döwletmämmet-Azady adamyň ösüp kemala gelmeginde terbiýäniň uly güýjüniň barlygyny belläpdir. Ol özüniň meşhur «Wagzy-Azat» kitabynda ýaş nesle terbiýe bermegiň 40 sany düzgünini esaslandyryp, ata-enelere, pedagoglara sagdyn gollanmany hödürläpdir. Şol pedagogiki düzgünler, kadalar sazlaşykly ösen şahsyýete mahsus bolan ahlaklylyk, belent adamkärçilik sypatlaryny özünde jemleýär.

Terbiýe meselesi halk döredijiliginiň dürli žanrlarynda-da, nusgawy şahyrlaryň eserlerinde-de, türkmen halkynyň jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlarynda-da, ýazuw ýadygärliklerinde-de öz beýanyny tapypdyr.

Çaganyň güýjüni, başarnygyny ugrukdyryp, il-günüň, jemgyýetiň bähbitleri bilen utgaşdyrýan terbiýe:

a) ýaş nesliň durmuşyny hem işini maksadalaýyk edip guraýar;

b) çaganyň sazlaşykly ösmegi üçin durmuşdan susulyp alnan materiallary ýerlikli peýdalanmagy göz öňünde tutýar;

ç) adamyň kadaly ösmegine päsgel berýän täsirleri aradan aýyrmagy maksat edinýär;

d) ösýän sosial gurşawa, adamlaryň we olaryň işlerine, ýaşaýyş-durmuşyň akymlaryna, wakalara, zatdyr hadysalara bolan garaýşyny emele getirýär.

Şahsyýetiň ösüp kemala geliş prosesinde ösüş döwürleriniň häsiýetli özboluşly (indiwidual) aýratynlyklaryny öwrenmek pedagog üçin örän möhümdir.

## Iş ösüşiň faktory hökmünde

Ösüşe neslegeçijilik, daşky gurşaw we terbiýe bilen bir wagtyň özünde şahsyýetiň ýerine ýetirýän işi-de täsir edýär. **Iş** – munuň özi aňlanylýan maksat boýunça dolandyrylýan adamyň içki (psihiki) we daşky (fiziki) aktiwligi-işjeňligidir (*B. Basarow,* 2010). Iş barada gadymdan gelýän atalar sözlerine ýüzlenmek ýerliklidir: «Sen maňa çaganyň näme edýänligini, nähili edýänligini aýtsaň, men onuň kim boljagyny aýdaryn», «Näçe der dökseň– şonça-da üstünlik geler», «Ir turan işinden dynar», «Adam öz bagtynyň ussasy», «Zähmetiňe görä– – bahaňy bererler». Ösüşiň netijesi bilen depginli işiň arabaglanyşygy sebäp-netije häsiýetdedir. Ösüşiň umumy kanunalaýyklarynyň biri-de adam bir ugurda näçe köp işlese, şonça-da onuň bu ugurdan ösüşi ýokary bolar. Elbetde, bu kanunalaýyklyk çäklidir. Ol çäkler adamyň ýaşyna, işiň guralyşyna, onuň ýerine ýetirilişiniň depginine baglydyr.

Çagalaryň we ýetginjekleriň işleriniň esasy görnüşleri oýun, okuw, zähmet bolup, olaryň her biri öz gezeginde: sýužet-ýordumly oýunlar, rolly we düzgünli oýunlar; şekillendiriş we ýasamak, öz-özüňe hyzmat ediş we öndürijilikli zähmet we ş.m. ýaly görnüşlere bölünýär. Öz ugurlary boýunça işler **bilim beriji, jemgyýetçilik, sport, döredijilik, tehniki, hünärment, gedoniki** (lezzet almaga gönükdirilen) görnüşlerde bolýar.

## Çaganyň ýaş aýratynlyklary boýunça ösüş döwürleriniň häsiýetnamasy

**Ýaş aýratynlyklary barada düşünje.** Çagalara bilim we terbiýe bermekde ýaş aýratynlyklaryny hasaba almaklyga pedagogika ylmy aýratyn ähmiýet berýär. Adam öz ösüşinde we kemala gelşinde haýsydyr bir döwre mahsus bolan aýratynlyklar hem-de kanunalaýyklyklar bilen häsiýetlendirilýän dürli döwürleri başyndan geçirýär. Bu mesel pedagogikanyň ösüşiniň irki döwürlerinde-de uly üns beripdirler. Adamyň kadaly ösüşini dolandyrmak üçin filosoflar we pedagoglar gadymdan ýaş aýratynlyklary toparlara bölmäge synanyşypdyrlar. Gadymy Gresiýada we Rimde her ýedi ýyldan çaganyň ösüş döwri bolup geçýär diýip düşündiripdirler. Meselem, gadymy grek alymy **Platon** ýaş döwürlere bölünişiniň şeýle nusgasyny esaslandyrypdyr: 3-den 6 ýaşa çenli; 7 -den 12 ýaşa çenli; 12-den 16 ýaşa çenli; 16-dan 18-e çenli; 18-den 20-ä çenli; 20-den-30-a çenli, 30-dan-35-e çenli; 35-den 50-ä çenli.

**Aristoteliň** ýaş aýratynlyklara degişli garaýyşlarynda doglandan 7 ýaşa çenli; 7-den 14 ýaşa çenli; 14-den 21ýaşa çenli döwürler tapawutlandyrylýar. Bu ýaş aýratynlyklar toparlary özünde örän baý maglumatlary jemläp, adamy durmuşa taýýarlamakda uly rol oýnapdyr.

Çeh pedagogy Ý. A. Komenskiniň, fransuz pedagogy Ž.Ž. Russonyň ylmy garaýyşlarynda ýaş aýratynlyklaryna degişli pikirlere mynasyp orun berilýär. Bu beýik pedagoglar seredilýän meselä degişli ylmy garaýyşlary öňe sürmek bilen, terbiýe meselesinde çaganyň

tebigatyny, onuň kabul ediş hem-de pikirleniş aýratynlyklarynyň hasaba alynmalydygyny nygtapdyrlar.

**Ý.A.Komenskiý** öz işinde çaganyň her alty ýyldan ösüş döwrüniň bolup geçýändigini belläpdir. Alymyň ýaş aýratynlyklar ulgamy her 6 ýyly öz içine alypdyr: doglandan – 6 ýaşa çenli; 6 ýaşdan – 12-ä çenli; 12-den 18-e çenli; 18-den – 24-e çenli.

1. Ilkinji bolup okuw-terbiýeçilik işlerinde çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak pikirini Ý.A. Komenskiý öňe sürýär. Ol tebigata laýyklyk (uýgunlylyk) ýörelgesini esaslandyrýar. Onuň bu ýörelgesiniň esasy mazmuny okatmak we terbiýelemek çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna gabat gelmelidir diýen pikirde jemlenýär. Tebigatda hemme zatlaryň öz wagtynda bolşy ýaly, terbiýelemek, okatmak hem öz wagtynda, yzygiderli amala aşyrylmalydyr. Diňe şonda biz adama zerur bolan, akyl ýetirip biljek ahlak sypatlary berip, oňa ylmy maglumatlaryny öwredip bileris. Ý.A. Komenskiý şeýle ýazýar: «Her bir öwrenilmeli maglumatlar adamyň ýaş aýratynlyklary boýunça böleklere bölünmeli, diňe bellibir ýaşda kabul edilip, özleşdirilip bilinýän maglumatlary hödürlemeli».( *Я. А. Коменский*. 1982)

**Ž.Ž. Russo** çaganyň ýaş aýratynlyklaryny dört döwre bölýär:

**1.** 0-2 ýaş aralygy. Birinji döwürde – esasy orunda çagalaryň beden terbiýesi durmaly.

**2.** 2-12 ýaş aralygy. Ikinji döwür –«aňyň uklaýan» döwri, çaga pikir ýöretmegi we logiki pikirlenmegi entek başarmaýar, onuň, esasan, «daşky duýgulary» ösdürilýär.

**3.** 12-15 ýaş aralygy. Üçünji döwür – akyl terbiýesiniň we akyl talaplarynyň döwri.

**4.**15 – kämillik ýaşyna çenli aralyk. Dördünji döwür – «tupanlar döwri», bu döwürde, esasan, ahlak terbiýesi amala aşyrylýar.

**Ž. Russo** «Emil ýa-da terbiýe hakynda» diýen işinde adamyň doglan gününden kämillik ýaşyna çenli ösüşiniň esasy döwürlerini hem-de her bir döwür üçin terbiýeçilik wezipelerini kesgitlemäge synanyşyk edipdir.

XVI–XVII asyrdan soň, ýaş aýratynlyklarynyň döwürleşdirilişine **Ý.A.Komenskiý, Stras, Býuller; Ggorlok; Lewitow; Elkonin,**

**Prşijoda, Wanek, Şwansera** dagy häsiýetnama berdiler. Şu filosoflar, pedagoglar, psihologlar adamyň ösüş döwrüni ýaş aýratynlyklary boýunça parhlandyrmaklyga, hersi özüçe, dürli nukdaýnazardan baha beripdir.

Bu babatda beýik akyldar **Magtymgulynyň** pikirleri-de üns berlikdir. Onuň «Nahana geldiň», «Joşa ýetdiň», «Ýaşynda», «Don gerek», «Jana ýetdiň», «Düşen günlerim» atly goşgularynda bir, bäş, on ýaşy öz içine alýan döwürler hem aýratynlykda häsiýetlendirilýär. Akyldaryň düşündirişine görä, çaga dünýä inen döwründen mekdep ýaşyna çenli bolan aralykda fiziologik we psihologik taýdan özgerýär, dürli oýunlar arkaly özara ýaryşyp türgenleşýär, bedenlerini berkidýär, ýagşy bilen ýamany parhlandyrmagy öwrenip başlaýar. Üç ýaşynda bolsa iň möhüm zada – söz bilmek ukybyna eýe bolýar. Dört-bäş-alty ýaşlaryndan tä ýedi-sekiz ýaşlaryna çenli aralykda bolan günleriň her birini «bahar ýaz ýaly» edip geçirýär. Şeýdibem ösýär ulalýar.

Şahyryň aýtmagyna görä, çaga ýedi-sekiz ýaşlaryndaka ösüşiň möhüm döwri başlanýar. Ol mekdebe gatnap ugraýar, bilim alýar, edep öwrenýär. Akyldaryň sözleri bilen aýtsak, onda ol «ýola girýär»:

Ýedide – mekdep gördüň // Okadyň, ýola girdiň.

Akyldar ýetginjeklik döwrüň aýratynlygyny ozaly bilen her bir ata-enäniň bilmegini, şoňa laýyklykda hereket etmegini isleýär. Gynansak-da, ata-eneleriň bir topary ogullarynyň we gyzlarynyň çagalyk döwri bilen hoşlaşyp, ýetginjeklik ýoluna gadam basyp, özüni alyp barşy, gylyk-häsiýeti boýunça özgerip başlaýandygyndan bihabar galmak bilen, kähalatlarda, çaga terbiýesinde soňundan düzedilmesi kyn säwliklere ýol berýärler.

Pedagogika ylmy adamyň ösüş döwürlerini kesgitlemek meselesine töwerekleýin çemeleşýär, onuň psihologik (akyl, erk, emosiýa, gylyk-häsiýet isleg we ş.m.), fiziki (beden, muskul, hereket organlary) taýdan hem-de umumy (psihiki, fiziki, ahlak we beýleki jähtlerden) ösüşini toplumlaýyn nazarlaýar.

Şu güne çenli çaganyň ösüşiniň ýaş aýratynlyklary boýunça döwürleşdirilişiniň 20-30-dan gowrak nusgasy teklip edildi. Şeýle-de bolsa, ýaş aýratynlyklarynyň döwürlere bölünişiniň hemmäni kana-

4. Sargyt № 986

gatlandyrýan gutarnykly nusgasy henize çenli düzülenok. Häzirki döwürde ýörgünli hasaplanýan döwürleşdiriş nusgasynyň käbirine seredeliň.

**Bellibir ýaşyň döwrüne häsiýetli bolan anatomiki-fiziologiki we psihologik aýratynlyklara ýaş aýratynlyklary diýilýär.** Ýaş aýratynlyklarynyň alamaty beden ösüşiniň üsti bilen has aýdyň görünýär. Adamyň ösüşi, agramy, dişleriň ösüşi, jyns ösüşi we başga-da biologiki prosesler bellibir ýaş döwründe ýüze çykýar. Biologiki we paýhas ösüşi biri-biri bilen berk bagly bolany üçin, bellibir ýaş döwründe psihiki ösüşde-de üýtgeşmeler ýüze çykýar. Biologiki we sosial ösüş ýaly tertipde bolmasa-da, ýaşyň ulalmagy bilen şahsyýetiň ruhy-paýhas ösüşi-de ýüze çykýar. Bular öz gezeginde adamyň ösüşinde tapgyrlaryň ýüze çykarylmagyna we ýaş aýratynlyklarynyň döwürleşdirilmegine tebigy esas bolup hyzmat edýär. Umuman aýdanyňda, şahsyýetiň ýaş taýdan ösüşinde kriteriý (esas) bolup bedeniň **anatomiki, fiziologik, psihologik, pedagogiki, fiziki** ösüşleriniň görkezijileri hyzmat edýärler.

**1. Anatomiki ösüşe** süňk-siňirleriň, myşsalaryň, nerw, beýni, ýürek-damar, jyns dokumalarynyň ösüşi degişlidir.

**2. Fiziologik ösüş** dem alyş, gan aýlanyş, içki mäzleri, nerw ulgamyny we beýleki ulgamlary öz içine alýar.

**3. Psihologik ösüşe** duýgularyň, kabul edişiň, göz öňüne getirmäniň, ünsüň, ýadyň, pikirlenmäniň, hyýala getirmeleriň, sözleýşiň, temperamentiň we gylyk-häsiýetiň aýratynlyklary degişlidir.

**4. Fiziki ösüş** boýuň, bedeniň agramynyň, döş kapasasynyň, myşsalaryň güýjüniň, hereket organlarynyň ösüşini häsiýetlendirýär.

**5. Pedagogik ösüş** akyl, ahlak, estetik, zähmet, syýasy, fiziki terbiýäniň kemala getirilýän şahsyýetde ösüşidir.

Häzirkizaman pedagogiki-psihologik ylmynda çaganyň **ýaş aýratynlyklarynyň döwürleşdirilişiniň** şeýle nusgasy giňden ýaýrandyr:

**1) bäbeklik döwri** – doglandan 1 ýaşa çenli;

**2) mekdebe çenli döwürden öňki çagalyk döwri** (irki çagalyk) – 1 ýaşdan 3 ýaşa çenli;




**3) mekdebe çenli çagalyk döwri** – 3 ýaşdan 6 ýaşa çenli;
**4) kiçi mekdep ýaşly döwri** – 6 ýaşdan 10–11 ýaşa çenli;
**5) ýetginjeklik döwri** – 11 ýaşdan 14,5–15 ýaşa çenli;
**6) uly mekdep ýaşly döwri** – 15 ýaşdan 18 ýaşa çenli.

Pedagogiki ýaş döwürleriniň esasyny beden we psihiki ösüşiň esaslary düzýär. Ýöne başga bir tarapdan ol terbiýäniň amala aşyrylýan şertlerinde onuň esasy bolup hyzmat edýärler.

Sazlaşykly terbiýe hemişe bedeniň biologiki ösüşi, onuň nerw ulgamynyň we düzümleriniň, onuň bilen bagly bolan bilesigelijiligiň ösüşiniň hakykatda bar bolan taraplaryna daýanmakda guralýar.

Eger-de adamyň ösüş tapgyrlary nazara alynmasa, bu öz gezeginde çaganyň ösüşinde, terbiýesinde we bilim alşynda ýetmezçilikleriň ýüze çykmagyna getirýär.

Käbir pedagoglar: «Eger-de, kämil usullar bar bolsa, çaganyň ýaş aýratynlyklaryny nazara almazdan onda islendik durmuş tejribesini, bilim, başarnyk, endikleri kemala getirip bolar» diýen pikire ýykgyn edýär. Bu pikiriň hakykata laýyk däldigi öz-özünden düşnüklidir. Elbetde, ýat beklemek usulynda bilim özleşdiriljek bolsa, islendik diýen ýaly mekdep ýaşlyda haýsydyr bir mazmuny paýhasa ornaşdyryp bolar. Ýöne şeýle özleşdirilen bilim-düşünjeler, terbiýe kadalary tiz

wagtdan çaganyň hakydasyndan çykar, ol durnukly dünýägaraýşa öwrülmez. Çaganyň maglumat özleşdirmek mümkinçiligi häzirki kompýuter tehnologiýasy eýýamynda ýokary hem bolsa, ol her bir ýaş kesiminde çäksiz däldir. Okuw-terbiýeçilik işiniň mazmuny we gurluşy çaganyň paýhasynyň ösüş tapgyryna laýyklananda, ol bu işde netijeliligi, üstünligi şertlendirýär.

## Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň konsepsiýasynda çaganyň ýaş aýratynlygyna laýyklykda tapgyrlara bölünilişi

**Irki ýaş (doglandan 3 ýaşa çenli)**
**Mekdebe çenli ýaş (3 – 6)**
**Kiçi mekdep ýaşy (6 – 10)**
**Orta mekdep ýaşy (10 – 16)**
**Uly mekdep ýaşy (16 – 18)**

**Ýaş aýratynlyklaryny hasaba almak** – bu pedagogikanyň esasy ýörelgesidir. Bu ýörelgä esaslanyp mugallymlar özüniň okuw ýüküni, okuwyň gidişinde ulanylýan işleriň görnüşlerini, işleri ýerine ýetirmek üçin oňaýly mümkinçilikleri döretmegiň, dynç almagyň we zähmetiň tertibini düzýärler. Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary okadylmaly dersleri, olaryň möçberini, saýlanylyşyny, her bir dersiň we onuň okuw maglumatlarynyň gurluşyny dogry çözmäge borçly edýär. Olar şol bir hatarda okuw-terbiýeçilik işlerinde ulanylýan usullaryň görnüşleriniň saýlanylmagyny kesgitleýärler.

**Bäbeklik döwrüne häsiýetnama.**

Bäbeklik döwründe çaga terbiýe bermeklik onuň şol döwürdäki fiziki ösüşiniň özboluşlylygyna daýanmak esasynda amala aşyrylýar. Bu döwürde çaganyň duýuş agzalarynyň kadaly işlemegi, sözleýşiniň ösmegi üçin amatly şertleri döretmek esasy wezipä öwrülýär.

Çaganyň predmetler, oýnawaçlar bilen iş salyşmagy, ulular bilen özara gatnaşygy çaga terbiýeleýjilik, bilim berijilik, öwredijilik täsirini ýetirýär.

Bu döwürde çaga hereket etmek, görmek, synlamak, diňlemek, ýatda saklamak başarnyklaryny ele alýar. Agzalýan döwürdäki ça-

galara öýkünmek, ulularyň hereketini gaýtalamak ýaly alamatlar mahsusdyr. Çagada predmetler arkaly pikirlenmek emele gelýär. Bäbeklik döwründe şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin zerur bolan şertler kemala gelip başlaýar.

**Irki çagalyk döwrüne häsiýetnama.** Irki çagalyk döwründe çaganyň ösüşinde we şahsyýetiniň kemala gelşinde hil taýdan öňe gidişlik ýüze çykýar. Çaganyň şahsyýetiniň ruhy taýdan kämilleşmeginiň esasy şerti **sözleýiş** bolup, ol onuň akyl ýetirişiniň hem-de aragatnaşygynyň çäginiň giňemegine getirýär.

Bu döwürde çaganyň özüni alyp barşynyň, gylyk-häsiýetiniň binýady gurluşynyň emele gelýändigi duýulýar. Çaga ata-eneler, ulular, öz ýaşytdaşlary bilen aragatnaşyklarynda oňlanylýan we oňlanylmaýan zatlara düşünip ugraýar. Çaga öz gurşawyndaky aragatnaşyklarynda, özüni alyp barşynda, işlerinde ahlak sypatlary ele alýandygy üçin bu ugurda geçirilýän işleriň dogry guralmagyny, goýulýan ahlak talaplaryň mazmunynyň talabalaýyk bolmagyny gazanmak örän ähmiýetlidir.

Bu döwürde çagada özbaşdaklygyň ilkinji alamatlary ýüze çykyp başlaýar, bu bolsa onuň erkiniň, zähmetsöýüjiliginiň kemala gelmegine esas bolup hyzmat edýär. Şahsyýetiň sypatlarynyň birnäçesi hut şu döwürde emele gelip başlaýar. Hut şuny nazarda tutup, psihologlar 3 ýaş döwrüni adamyň doglan gününden ululyga ýetýänçä ösüşiniň aralyk zolagy hasaplaýarlar.

**Mekdebe çenli çagalyk döwrüne häsiýetnama.** Mekdebe çenli çagalaryň işiniň çylşyrymlaşmagy bilen ilkinji nobatda onuň ünsi durgunlaşýar; 3-4 ýaşly çagalar bir oýny 0,5 sagatdan gowrak oýnasalar, 5-6 ýaşlylar 1,5 sagada çenli oýnap bilýärler, 6 ýaşlylar özünde ygtyýarly ünsi ösdürýärler we terbiýeleýärler. Ygtyýarly ünsüň ösmeginde sözleýşiň roly uludyr; sözleýiş ygtyýarly ünsi dolandyrýar. Mekdebe çenli ýaşly çaganyň ýady, esasan, ygtyýarsyzdyr, ol haýsydyr bir zady ýada ornaşdyrmagy ýörite maksat hökmünde goýmaýar. Üns nämä gönükdirilen bolsa, näme gyzykly we güýçli täsir galdyrsa, şolar hem oňat ýadynda galýar. Ygtyýarsyz ýat kabul ediş we pikirlenmäniň täsirinde ösýär. Ygtyýarly ýat çaganyň 5-6 ýaşlarynda rolly

oýunlary oýnamagynda ösýär, ol oýnamak üçin öz roluny, borçlaryny, hukuklaryny ýadynda saklamaly bolýar. Çaga ilki ýada ornaşdyrmak, ýatda saklamak, soňra onuň mazmunyny gaýtadan dikeltmek meselesini çözýär. Umuman, bu ýaş döwründe ygtyýarsyz ýat ygtyýarlydan agdyklyk edýär.

**Mekdebe çenli çagalykda sensor ösüş.** Mekdebe çenli döwürde çaga öz tejribesini saýhallamakda kabul edişiň we pikirlenmäniň tärlerini ele alýar, hyýaly ösýär, erkli üns we manyly ýat (diňe mazmuny ýat beklemekden tapawutlylykda) kemala gelýär. Üç ýaşdan ýedi ýaşa çenli wagtda görüş, eşidiş, deri-hereket duýgularynyň bosagalarynyň köp derejede kiçelýänligi anyklanylandyr.

Görşüň ýitiligi artýar, reňkler inçeden saýgarylýar, fonematiki we beýleki ses eşidişi ösýär, el syzyş duýgusynyň işjeň synasyna (organyna) öwrülýär. Ýöne şeýle üýtgeşmeler öz-özünden bolmaýar. Olar çaganyň zatlaryň we hadysalaryň köp taraplylygyny we gatnaşyklaryny kabul etmegiň täze hilini özleşdirmeginden gelip çykýar. Görüşde formany (görnüşi), ululygy, reňki kabul edişiň ösmeginde – applikasiýa (plastilindir palçykdan zat ýelmemek- ýasamak), surat çekmek, konstrurirlemek uly orun eýeleýär.

Syzyş kabul edişi ýasamak, el zähmetinde, fonematiki eşidiş – sesli aragatnaşykda, ses beýikligini seljeriş bolsa saz sapaklaryndan ösýär.

## Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň intellektual ösüşi

Çagalarda kabul edişiň ösmegi bilen birlikde, pikirlenme hem ösýär. Eger-de irki çagalyk döwründe pikirlenme çaganyň predmetler bilen iş salyşýan prosesinde hereketlenýän bolsa, mekdep ýaşyna çenli döwürde ol amaly-terbiýeçilik hereketi özleşdirýär.

Mekdebe çenli ýaş döwründe çaga durmuş ýumuşlaryny **aýdyň-hereket, aýdyň-keşp we söz-logiki pikirlenme** arkaly çözüp bilýär. Çaga näçe kiçi ýaşda bolsa ol tejribelik synanyşyklaryny köp ulanýar, ulaldygyça onuň aýdyň-keşp we söz-logiki pikirlenmesi işjeňleşýär.

Çaganyň pikirlenmesiniň ösmeginde onuň paýhasynyň akyl ýetiriş ulgamynyň kemala gelşi bolup geçýär. Şeýle kemala gelşiň başlangyjy çaganyň maddy zatlar bilen anyk hereketleri amala aşyrmagydyr. Pikirlenmäniň ýokary derejesi bolan söz-logiki görnüşinde akyl hereketi hususy içki sözleýşe (içiňden gürlemekden tapawutlylykda) daýanmakda geçýär. Mekdebe çenli ýaşly çagalarda bolsa, pikirlenme diňe bir alamatlar boýunça däl-de, keşpler bilen geçýär we şol keşpler käbir ýagdaýda bellibir predmetleri şekillendirse, başga bir ýagdaýda köp ýa-da az umumylaşdyrylan we mazmuna salnan bolýar. Ž. Piaženiň tejribeleri mekdebe çenli ýaşly çaganyň akyl ýumşuny çözmegi üçin kabul edişiň keşbiniň aýgytlaýjy, göz öňüne getirmäniň täsiriniň bolsa pesdigini görkezdi.

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň kiçi ýaşlylarynda amaly ýumuş çözülende bellibir hereket söz bilen utgaşýar. Söz çaganyň pikir hereketini gönükdirýär, onuň umumylaşdyrylmagyna, ýokary many tärlerini özleşdirmegine getirýär.

Pikirlenmäniň ösmeginde öwretmekligiň uly ähmiýeti bardyr. Akyl terbiýesiniň bu döwürdäki möhüm wezipesi – pikirlenmäniň aýdyň-keşp görnüşini ösdürmekdir, çünki mekdebe çenli döwür şeýle ösüş üçin has duýgur (senzitiw) we çaganyň geljegi üçin möhüm orun eýeleýär we döredijilik işiniň esasy bolup durýar. Mekdebe çenli döwür çaganyň **erksiz ünsüniň** we **ýadynyň** ösen döwrüdir. Ünsüni näme özüne çekse, ol şony hem ýatda saklaýar. Şeýle zat ýörite maksat esasynda däl-de, öz-özünden ýatda galýar. Görýän zatlary, eşidýän zatlaryndan gowy ýatda galýar. Mekdebe çenli döwrüň ahyrlarynda ünsi erkli gönükdirmek ösýär. Akyl ýetiriş hereketi sözleýşiň ösüşine esaslanýar. Söz çagalaryň özleşdirýän sensor etalonlaryny bellik edýär, pikirleniş prosesine girýär, logiki akyl öwürmegi amala aşyrýar. Söz göz öňüne getirmegiň işini gönükdirýär, ýatda saklamaklyga kömek berýär. Sözüň üsti bilen çaga tutuş adamzadyň jemlenen tejribesini hem-de psihiki işiň tejribesini özleşdirýär. Ýöne mekdebe çenli döwrüň başynda çaganyň sözi ýagdaýa bagly bolýar: ol bellibir ýagdaýdan daşarda düşnüksiz

bolýar. Soň-soňlar çaganyň sözi baýlaşýar, hususy içki sözleýiş kemala gelýär, sözleýiş kontekstleýin – many ýerligine baglylyk häsiýete eýe bolýar.

## Kiçi mekdep ýaşly döwrüne häsiýetnama

**Alty ýaşly okuwçylara umumy häsiýetnama**

Alty ýaşdan mekdebe gadam basýan körpe nesillere bilim we terbiýe bermek, olaryň okuw işini dogry guramak ýokary derejedäki taýýarlygy talap edýär. Bu babatda ýurdumyzda köp işler amala aşyrylýar. Şu ýaşdaky çagalaryň özboluşly ösüş aýratynlyklary barada käbir maglumatlar bilen tanyşmak zerurdyr.

Belli pedagog Ş.A.Amonaşwili alty ýaşly çagalary «çagalar döwletiniň aýratyn bir halky» diýip atlandyrýar. Bilermeniň belleýşine görä, mugallymlar, terbiýeçiler okuw-terbiýeçilik işinde şol «aýratyn halk» bilen işlemegiň birnäçe taraplaryny göz öňünde tutmaly. Ol şeýle çagalar bilen alnyp barylýan işlerde ýüze çykýan meseleleri düýpli öwrenmegi, partada beýleki çagalardan, hususan-da, ýedi ýaşlylardan tapawutly çagalaryň oturandygyny nazarlap, olar bilen başgaça işlemegi, bu işde öz pedagogik ornuňy kesgitläp, şoňa laýyklykda hem zerur bolan bilim we terbiýe bermegiň ýollaryny saýlamagy maslahat berýär. Bilermen-pedagog alty ýaşly çagalar bilen guralýan okuw-terbiýeçilik işlerinde olar bilen dogry aragatnaşygy ýola goýmaklygy iň wajyp mesele hasaplaýar. Ýokarda agzalýan meseleleri çözmek, okuw işini alty ýaşlylar bilen pedagogiki talaplara laýyk guramak, tutuş pedagogik toparyň, hususan-da, alty ýaşlylar bilen işleýän mugallymyň paýyna düşýär.

Eýsem, alty ýaşly okuwçylara bilim we terbiýe berýän **mugallymda haýsy sypatlar jemlenmeli?** Bu babatda Ş.A.Amonaşwili şulary görkezýär:

**1. Mugallymlaryň kalby mähirden doly bolup,** olar okuwa gelen körpejeleri öz bolşuna görä kabul etmegi başarmaly. Mugallym şol çagalaryň tertiplisini we garagolyny, ukyplysyny we gowşagyny, işjeňini we ýaltasyny deň söýmeli. Okuwça mähir, söýgi bilen garamaklyk pedagogik işiň esasy hereketlendirijisi bolmalydyr. Mugal-

lymda şeýle sypatyň bolmagy çagalara gödek çemeleşmegiň, mertebesini peseltmegiň, olarda gorky duýgusynyň döremeginiň öňüni alýar. Mähirli, hoşniýetli, çagany çyn ýürekden söýýän mugallymyň ýüzi, köplenç, nurly bolup, okuwçylarda söýgi-hormat döredýär.

**2. Mugallym çagalara düşünmegi başarmalydyr.** Çaga heniz kiçi bolsa-da, onuň öňünde şol çaga üçin uly aladalar dur. Çagalara düşünmeklik – özüňi olaryň ornunda goýup, duýgularyny hasaba almak, iş-aladalaryny çynlakaý kabul etmek hem-de olaryň pikirlerini diňlemegi başarmakdyr. Olaryň aladalaryna dözümsizlik bilen däl-de, hormat, duýgudaşlyk bilen garamak zerurdyr. Çaga düşünmek, ony öz buýrukdyr talabymyza tabyn etmek däl-de, olaryň şu günki durmuşyna daýanyp, ertirki durmuşynyň şinelerini ösdürmekdir. Çagalara düşünmek kiçijik adama bilim-terbiýe bermegiň ýokary ussatlygyny ele almakdyr.

**3. Mugallym ruhubelent (optimist) bolmaly.** Pedagogiki işde ýüze çykýan şowsuzlyklar mugallymy ruhdan düşürmeli däl. Käbir mugallymlardan «Men bu okuwçy bilen näme etjegimi bilemok», «Bu okuwçydan hiç zat çykmaz» diýen ýaly sözleri eşitmek bolýar. Optimist mugallym hemişe geljege ynamly garaýar. Ruhubelentlik mugallymdan hemişe döredijilikli işlemegi we gözlegde bolmagy talap edýär.

Çaganyň bilimli bolmagyny mugallymsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Eger-de çaga mugallymyny söýen bolsa, onda çagada bilimler dünýäsine höwesiň döränligidir. Eger-de körpeje mugallymyny söýmese, ondan gorkýan bolsa, onda şol çagada okuwa bolan höwes ýitýär. Çagalaryň söýgüsini gazanmak her bir mugallymyň baş aladalarynyň biri bolmalydyr, çünki öz mugallymyny söýmek, oňa ynanmak arkaly çaga bilimler dünýäsine aralaşýar hem-de jemgyýetiň ahlak kadalaryny ele alýar. Şonuň üçin mugallymlaryň ulanýan usullarydyr tärleriniň, guraýan okuw-terbiýeçilik işleriniň hemmesi çagalara bolan mähir-söýgi, ynsanperwerlik bilen aralaşdyrylan bolmalydyr.

Mugallymlar öz işini çagalaryň ösüşinde bu döwürde ýüze çykýan üýtgeşmeleri nazarlamakda alyp, gurap bilseler, olaryň gowy ne-

tijeleri gazanjakdygy şübhesizdir. Şeýle üýtgeşmeleriň ilkinjisi bolsa çaganyň **oýun işinden okuw işine geçmegidir.** Çaganyň mekdebe gelmegi bilen onuň öňünde birnäçe talaplar ýüze çykýar. Bu döwürde çaganyň beýnisiniň funksional hem-de morfologik ösüşinde wajyp özgermeler peýda bolýar. Alymlar alty ýaşlynyň kelle beýnisiniň bellibir derejede çylşyrymly maglumatlary kabul etmäge, şunuň bilen baglylykda okuw işine girişmäge taýýardygyny belleýärler. Bu ýaşdaky çagalaryň bedeni kämil ösüşde bolýan hem bolsa, onuň oňurgasynyň heniz doly berkemändigini, eger-de partada dogry oturtmaklyk gazanylmasa dürli gyşarmalara getirip bilýändigi ünsden düşürilmeli däldir. Şu ýaşdaky çaganyň barmaklarynyň myşsalarynyň doly ösmedikligi sebäpli, ol el bilen edilýän hereketlerini dogry sazlap bilmekde kynçylyk çekýär, mugallymlar şu ýagdaýy olara hat ýazmagy, surat çekmegi öwredende göz öňünde tutmalydyrlar.

Bu ýaşdaky çagalaryň **psihiki ösüşinde** ilkinji göze ilýän zat, olaryň özüni alyp barşynyň bellibir derejede ygtyýarly, erke tabyn ýagdaýa geçýänligidir. **Kabul ediş** kem-kemden analitik häsiýete eýe bolup başlaýar. Bu döwürde çagalar özüniň bilesigelijiligi bilen tapawutlanýarlar. Alty ýaşyndaky çaga käbir ýagdaýlarda predmetleri, wakalary kabul etmekde kynçylyk çekýär. Meselem, ol wagty aňladýan düşünjeleri we wagt aralyklaryny kabul etmekde hem-de olary tapawutlandyrmakda kynçylyk çekip, olary yzygiderli aýdyp bilmeýär. Ol hepdäniň günlerini özi üçin öňki tejribesinde ähmiýetli bolan wagtdyr günler bilen gatyşdyryp sanaýar: «ýekşenbe», «duşenbe», «ertir», «düýn», «maý», «Täze ýyl» we ş.m.

Alty ýaşly çaganyň **ünsi** ýeterlik durnukly däl, ol ygtyýarsyz ýagdaýda ünsüni başga zada sowmaga meýilli bolýar, ünsüni 1–2 predmete gönükdirip bilýär. Bu ýaşdaky okuwçynyň ünssüzligini onuň ýüzüniň hereketinden aýdyň görmek bolýar.

Çaganyň **ýatkeşligi** barada aýdylanda, bu döwürde onuň mehaniki ýadynyň ýokary derejede ösenligini bellemek gerek. Ol köp gezek gaýtalamagyň netijesinde öwrenen zadyny sözme-söz gaýtadan dikeldip bilýär, bu ýagdaý çaga goşgulary, ertekileri ýeňil özleşdirmäge ýardam edýär.

Alty ýaş çaganyň **sözleýşiniň** işjeň ösýän döwrüdir. Olaryň köpüsi aýdyň, takyk sözläp bilýärler. Ýöne käbir çagalar sözleýişde sesleri nädogry aýdýar. Bu ýaşdaky çagalaryň söz baýlygy ortaça 3000-3500 söze barabar hasap edilýär. Dialogik sözleýiş (sorag-jogap görnüşde) monologik sözleýişden agdyklyk edýän hem bolsa, monologik sözleýiş hem kem-kemden ösýär.

Bu döwrüň aýratynlyklarynyň biri-de şol ýaşdaky çagalarda **egosentrik sözleýşiň** barlygydyr. Çaga oýun oýnanda, surat çekende, haýsydyr bir zatlary ýasanda, gurnanda özüni öz-özi bilen gürleşýän ýaly alyp barýar, özüne gürrüň berýär, öz-özüne ýüzlenýär. Bu hadysany ilkinji bolup açan Ž. Piaže çaganyň bu sözleýşini haýwanlardan galan rudiment (galyndy) hasaplaýar. Belli psiholog L.S.Wygotskiý egosentrik sözleýşiň çaganyň manysyz **biderek** samramasy däl-de, onuň pikirlenmesine özboluşly daýanç serişde bolýandygyny ýörite tejribe-eksperimentlerde subut edýär (*B. Basarow*, 2011). Çaganyň samyrdysy entek kemala gelmedik içki sözleýşiň ornuny tutup, edil ululardaky dil belgileri ýaly onuň pikirlenmesiniň «maddy bardasy» bolup hyzmat edýär. Mekdebe çenli döwrüň ahyrynda egosentrik sözleýşiň bir bölegi daşky sözleýşe, beýlekisi bolsa içki sözleýşe öwrülip gidýär. Käbir mugallymlardyr terbiýeçileriň, ata-eneleriň «Näme öz-özüň bilen gürleşip otyrsyň? Geplemän oýna!» diýen ýaly sözlerini eşitmek bolýar. Pedagoglar we psihologlar ata-eneler bilen guralýan duşuşyklarda şeýle ýagdaýda olaryň mamla däldiklerini duýdurmalydyr.

Bu ýaşdaky çagalaryň **pikirlenmesiniň** aýratynlyklaryny bilmek mugallymlar üçin zerurdyr. Alty ýaşly çagalarda aýdyň-obraz (keşp) pikirlenmesi has ösen bolýar. Şeýle pikirlenmäniň bolmagy olara surat çekmek, ýelimlemek, plastilin bilen işlemek ýaly ýönekeýje döredijilik işlerini ýerine ýetirmäge ýardam edýär. Käbir ýagdaýlarda bolsa bu ýaşdaky çagalar üçin aýdyň-hereket pikirlenmesi hem zerur bolýar, olar tejribe ýumuşlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işlerde kynçylyklara duçar bolanlarynda olar öz pikirlenmesini edýän hereketlerine utgaşyklykda amala aşyrmaly bolýarlar. Bu döwürde çagalaryň deňeşdirmek, umumylaşdyrmak, abstragirlemek ýaly pi-

kirlenme prosesleriniň kämil däldigini bilmek mugallymlar üçin möhümdir. Meselem, hyýaryň, käşiriň, käsäniň, pomidoryň şekilleriniň haýsysynyň artykmaçlygyny bilmeklik tabşyrylanda, alty ýaşly çaga kynçylyk çekýär. Agzalýan ýaşdaky çaganyň pikirlenmesinde şeýle hadysalary bilmek başlangyç synp mugallymy üçin ähmiýetlidir, bu ýaşdaky çagalar birmeňzeş zatlary haýsydyr bir meňzeşlik sypaty boýunça tapawutlandyrýarlar. Meselem, çaga kagyzdan ýasalan görnüşi, ululygy, reňki boýunça tapawutlanýan üç görnüşli şekiller hödürlenende, ol birmeňzeş reňkli, birmeňzeş görnüşli, birmeňzeş ululykly şekilleri ( diňe gyzyl, diňe togalak, diňe uly) aňsatlyk bilen saýlaýan bolsa, şolaryň içinden ýaşyl reňkli kiçi, uly togalak şekilleri saýlamak tabşyrylanda bolsa çaga kynçylyk çekýär, köplenç ýalňyşýar. «Sag», «çep» ýaly düşünjeler öwredilende-de alty ýaşly körpejeleriň şeýle kynçylyklara duçar bolýanlygyny görmek bolýar. Olar özleriniň çep ýa-da sag elini görkezip bilýärler, ýöne başga biriniň çep, sag elini görkezmeklik tabşyrylanda bolsa, ony kesgitläp bilmeýärler. Okuw-terbiýeçilik işini alty ýaşly okuwçylaryň şol ýaşa mahsus aýratynlyklaryny nazarlap guramak arkaly gowy netijeleri gazanyp bolýanlygyna iş tejribesi şaýatlyk edýär, munuň şeýledigini alymlar hem belleýärler.

Çaganyň alty ýaşa gadam basmagy bilen onda **şahsyýetiň sypatlary** hem ýüze çykyp başlaýar, has dogrusy, bu döwür çaganyň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginiň başlangyç döwri hasaplanylýar. Onuň özüni alyp barşynda diňe özüne degişli, bähbitli bolan motiwler bilen bir hatarda, jemgyýetçilik, köpçülikleýin ähmiýetli motiwleriň hem ýüze çykýandygyny bellemek gerek. Indi alty ýaşly çaga «isleýärin», «zerur, gerek» diýen motiwleri anyk tapawutlandyrmagy başarýar. Ilkibaşda «isleýärin» diýen motiw agalyk ediji bolsa-da, ýöne gysga wagtyň içinde özüňi alyp barmagyň kabul edilen talaplaryna laýyklykda özüniň ýüzugra isleglerini basyp ýatyrmaga başlaýar. Şonuň esasynda bolsa onda ahlak sypatlar kämilleşip başlaýar (jogapkärlilik, borçlulyk). Meselem, 4-5 ýaşly çaga «Näme üçin birek-birek bilen uruşmaly däl» diýlen sorag berlende, ol «Göze zyýan ýeter», «Ejem rugsat berenok» ýaly jogaplary berýän bolsa,

alty ýaşly çaga «Kiçileriň we ejizleriň göwnüne degmeli däl» diýip jogap berýär.

Bu döwürde çaganyň öz eden işine we hereketine **baha berip bilmekliginiň** hem kämilleşýänligini görmek bolýar. Ýöne alty ýaşly çaga özüne baha berýän hem bolsa, ol şonda-da ulularyň pikirlerine daýanýar. Öz-özüne baha bermegiň başlangyç döwründe agzalýan ýaşdaky çaga eden işiniň netijesine baha berýär. «Men suraty ýaramaz çekdim», «Serediň, men jaýy gowy gurdum» diýen ýaly pikirleri görmek bolýar. Ýöne şu ýerde alty ýaşly çaganyň özüni alyp barşyna baha berşinde, onuň kynçylyk çekýändigini, obýektiw baha bermeýändigini bellemek gerek.

**Köpçülikleýin işlerde** çagalaryň kämilleşýänligi duýulýar. Olar özara gürleşmegi, köpçülikleýin işleri gowy görýärler. Şeýle-de bolsa, olarda başgalaryň pikirini diňlemek, beýlekileriň hatyrasyna öz gyzyklanmalaryny yza süýşürmek, toparyň höweslerini nazara almak ýaly duýgulary heniz doly ösmedik bolýar.

Bu ýaşdaky çagalaryň erki barada aýdylanda, olarda erkiň ygtyýarsyz görnüşiniň has ösendigi bellenilmelidir. Olar özüni saklamakda, islenilmeýän hereketleri togtatmakda we özüne gözegçilik etmekde kynçylyk çekýärler. Bu döwürde özüni aňly-düşünjeli alyp barmagyň, özüňe gözegçilik etmegiň başlangyç binýady goýulýar.

## 2-4-nji synp okuwçylaryna häsiýetnama

Bu döwürde çaganyň akyl işi täze derejä geçip, okuw işi esasy orna geçýär.

Işiň ähli görnüşleri (oýun, okuw, zähmet) onuň şahsyýetiniň ösüşine täsir edýär. Onuň okuw we beýleki işiniň görnüşlerinde köp sanly işewür häsiýetleriniň başlangyjy döreýär. Islegini ýerine ýetirmek motiwi mekdebe çenli ýaşda kemala gelip başlasa-da, ol kiçi mekdep ýaşly döwürde berkleşýär. Ýöne bu dessine bolup geçmeýär. Ol III – IV synpda ýüze çykyp, çaganyň şahsyýetiniň durnukly häsiýetine öwrülýär.

Bu ýaşdaky çagalaryň esasy aýratynlygy – olaryň ululara, esasan-da, mugallymlaryna bolan çäksiz ynamy, olara boýun bolmagy-

dyr. Bu ýagdaý çaganyň özüni bahalandyrmagyna göni täsir edýär. Özüňi bahalandyrma mekdebe çenli ýaşly çagalaryňkydan tapawutlykda takyk, ýokarlandyrylan we peseldilen görnüşlerde bolýar.

Seredilýän çagalarda ýüze çykýan möhüm ýagdaýlaryň ýene-de biri, olarda özüňi alyp barşyň erkli dolandyrylyşynyň ýola goýulmagy bolup, ol üstünlik gazanmaga we goýlan maksada ýetmäge ýardam edýär. Bu, aýratyn-da, çagalaryň durnukly gyzyklanýan we gowy görýän zatlary bilen meşgullanmalarynda ýüze çykýar. Bu ýagdaýda işiň motiwine tabyn bolmagy üpjün edýän şertler: maksada gönükdirilmeklik, ýüzugra döreýän meýliňi erkli dolandyrmak, gaýry zatlara ünsüňi sowmakdan saklamaklykdyr.

Adamyň üstünlige ýetmegi **üstünlige ymtylmak** we **şowsuzlykdan gaçmak** isleg-meýli bilen baglanyşykly bolýar.

Eger-de ulular çaganyň edýän işini az höweslendirip, ýetmezçiligine ur-tut temmi bermäge ýykgyn edýän bolsalar, onda çagada şowsuzlyklardan gaçmaga bolan meýil kemala gelýär we berkleşýär. Ikilik ýa-da çagany kanagatlandyrmaýan beýleki bahalaryň ony ruhdan düşürmezligi üçin Ş.A.Amonoşwili başlangyç synplarda baha ulanmazlyk ýörelgäni ulanmagy maslahat berýär. Okuwçynyň ýumşy ýerine ýetirip ýa-da ýetirmändigi bellige alynýar. Bu maslahatyň ynsanperwerlik gory bar hem bolsa, okuwçynyň ýumşuň aralyk çözlüşiniň derejeleýin bahalandyrylyşyna bolan isleginiň kanagatlandyrylmasy ünsden düşürilmeli däldir.

Üstünlik duýgusynyň döremegine mundan başga-da öz-özüňi bahalandyrma we üstünlige ymtylmanyň derejesi täsir edýär.

Üstünlige ymtylma derejesi çaganyň diňe okuw ýa-da beýleki işlerindäki üstünligine bagly bolman, çaganyň öz deň-duşlarynyň, topar içindäki eýeleýän ornuna hem baglydyr. Abraýy uly çaganyň özüni bahalandyryşy takyk, üstünlige ymtylma derejesi ýokary (ýöne hamhyýal derejede däl). Üstünlige bolan islegi berkleşdirýän ýene bir ýagdaý – çaganyň öz ukyplylygyny we mümkinçiligini aňlamagy, olary tapawutlandyryp bilmegi hem-de bularyň esasynda özüniň üstünlik gazanjagyna ynamynyň döremegidir. Başlangyç okuw döwri çaganyň möhüm **şahsy häsiýetiniň** döreýän we berk-

leşýän döwri bolup, ol dürli işiň görnüşlerinde onuň üstünligini kesgitleýär.

Üstünlige ymtylyşyň täsir etmeginde bu ýaşda şahsyýetiň ýene-de **zähmete söýgi we ösbaşdaklyk** sypatlary kämilleşýär. Zähmetsöýerlik birnäçe üstünlikleriň gaýtalanmagynyň, onuň gazanylyşyna zerur yhlas-alada edilmeginiň we ulularyň höweslendirmeleriniň esasynda döreýär. Çaga zähmetden lezzet alanda, zähmete söýgi döreýär.

Çaganyň özbaşdaklygynyň serişdelerini we tärlerini kesgitlemek bolar. Çaga hökmany suratda işi özüniň ýerine ýetirmegini buýurmaly, gazanmaly, her bir işini höweslendirmeli we kabul etmeli. Çaganyň okuwynyň ilkinji günlerinden başlap işi özbaşdak ýerine ýetirmegini ýola goýmaly. Çaga tabşyrylan jogapkärli ýumuş ýerine ýetirileni üçin öwgüsini ýetirmek beýleki çagalaryň, ulularyň arasynda liderligiň ýüze çykmagyna ýagdaý döreýär. Bu ýagdaýda toparlaýyn okatmak, zähmet terbiýesini bermek oňaýly şert bolup biler.

Çaganyň mekdebe barmagy bilen daşyny gurşap alan adamlar bilen özara gatnaşygynda peýdaly özgerişler bolup geçýär. Esasanam, olarda sözüsti **aragatnaşygyna** sarp edilýän wagt artýar. Sözüsti aragatnaşygynyň düzümi üýtgeýär, onuň mazmunynda oýun bilen bagly bolmadyk, ulular bilen işewür söz aragatnaşykda bolmak temalar işjeňleşip ugraýar. Mekdebe gadam basmagynyň öňüsyrasynda çagada özüni aňlamagyň täze derejesi, refleksiýa atlandyrylýan «içki» ýagdaýy döreýär. Bu ýagdaý çagada özüne, gurşap alan adamlara, hadysalara, we işlere aňly-düşünjeli gatnaşygy – işleri we sözleri bilen anyk aňladyp biljek gatnaşygy döredýär.

Içki aňlanylyş ýagdaýynyň döremegi çaga üçin aýgytly ýagdaý bolýar.

Akyl ýetiriş duýgy ýagdaýyndan erkli dolandyrmak ýagdaýyna geçip ugraýar. III–IV synp çagalary ilkinji ýüzugra emosiýalaryny, isleglerini saklamaga çalyşýarlar. **Erkli häsiýetler** 3-nji synpdan ýüze çykýar.

Mekdebe çenli ýaşda ýüze çykyp ugran psihologik sypatlar 4 ýyl başlangyç okuw döwründe ösýär, berkleşýär we ýetginjeklik

döwründe birnäçe möhüm häsiýetler kemala gelýär. Çaganyň bilimi, zähmeti giňeýär we çuňlaşýar, endikleri we başarnyklary kämilleşýär. Bu ýagdaý III–IV synpa çenli has ösüp, çagalarda **umumy we ýörite ukyplar** ýüze çykyp ugraýar.

Ukyplarynyň ösmegi netijesinde kiçi mekdep ýaşynyň soňunda çagalaryň arasyndaky şahsy (undiwidual) aýratynlyk hasaba alynýar. Bu ýaşda okuw, zähmet, oýun işinde, üstünlige ýetmekde höweslendiriji esaslandyrma aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şeýle esaslandyrmanyň ösüşiniň güýçlenmegi has peýdaly bolup, ol çagada durmuşda örän peýdaly we şahsyýetiniň durnukly sypatlary – üstünlige ýetmek isleginiň, şowsuzlykdan gaça durmak meýlini togtadýan üstünlik islegi-meýliniň, çaganyň beýleki ukyplarynyň ösmegine getirýär.

Ulular bilen aragatnaşyk çaganyň dürli psihiki ösüşlerine oňyn täsir edýär we ol ýagdaýlary çagada sosial islegleri ösdürmek üçin ulanmak bolýar. Kiçi mekdep ýaşynyň soňunda öz deň-duşlary bilen gatnaşygy aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolýar.

Kiçi ýaşly mekdep **okuwçylarynyň fiziki ösüşi** gyradeň häsiýetde dowam edýär. Ýöne olaryň **ünslüligi** onçakly durnukly bolmaýar. Şu nukdaýnazardan mugallymyň öz sapagyny, mümkin boldugyça, gyzykly hem täsirli edip geçirmegi zerurdyr. Şol döwürde çagalaryň eşidiş ýatkeşligine garanda **görüş-obraz ýatkeşligi** has işjeň ösen, **pikirlenme** işi hem takyk bolýar. Şeýle bolansoň çagalaryň tebigaty okuw-görkezme esbaplarynyň dürli görnüşlerinden peýdalanylmagy işjeň talap edýär. Psihologiýa ylmynyň tassyklamagyna görä, çagalyk döwründe okatmak çaganyň onuň ösüşinden öňde bolup, şol ösüşi yzyna eýerdip bilýän okuw iň maksadalaýyk hasaplanylýar.

## Ýetginjeklik döwri we onuň häsiýetnamasy

Ýetginjeklik döwrüniň araçägi okuwçynyň V–X synplarynda okaýan ýa-da **11–12** ýaşdan **14–15** ýaşa çenli döwrüdir. Ýetginjeklik çaganyň ösüş döwründäki aýratyn orny onuň «geçiş», «kyn», «kritiki» atlarynda aňladylýar. Bu döwürde psihiki işiň ösüşiniň esasy aýratynlygy **çagalykdan ululyga geçmekdir.** Çaganyň ähli ugurlar-

daky hil taýdan täze döreýişler, kemala gelmekligiň alamatlary, öz aňynda ýoldaşlary bilen gatnaşyklarynda we ş.m. ýüze çykýar.

Ýetginjegiň şahsyýetiniň ösüşiniň esasy mazmuny onuň takyk nusgalary we gymmatlyklary özleşdirmek üçin edýän sosial işjeňligi bilen baglydyr. Ýetginjegiň ula öwrülmeginde biri-birine garşylykly iki ýagdaý utgaşýar:

**1. Kemala gelşi togtadyjy ýagdaý – ulularyň olary düýpli iş-aladalardan (öýde we ş.m.) boşatmagy.**

**2. Kemala gelşi çaltlandyryjy ýagdaý – ýetginjegiň informasiýanyň iňňän köp çeşmeleri we möçberi bilen ýüzbe-ýüz bolmagy, akselerasiýa, käbir özbaşdaklyklara eýe bolmagy.**

Bu iki ýagdaý dürli hil we möçber derejelerde birleşip, ösüşi kesgitleýän dürli şertleri emele getirýärler. Meselem, VII synpda çaga sypatlaryny entek ýitirmedikler hem, intellektual taýdan ösen, işjeň islegleri bolan ýetginjekler hem bar. Ýetginjeklik döwründe şahsyýetiň ahlak we sosial sypatlarynyň umumy esaslary goýlup, esasy ugry kesgitlenilýär. Ýetginjek özüniň arzuw-hyýallaryny, özbaşdaklygyny gazanmak isleglerinden ýüz döndermek islemeýär. Onuň ulular bilen aragatnaşyklaryndaky ýüze çykan dartgynlyklar, ulularyň ýetginjege bolan garaýşynyň düýpgöter özgermeginiň netijesinde çözülip bilinýär.

Bu ýaşdaky okuwçy ululary (ata-eneler we mugallymlar) özüne adalatsyz garaýan ýa-da özüne düşünmeýän ýaly kabul edýär. Eger-de şeýle ýagdaý uzak wagt dowam etse, bu ulularyň çaganyň gözüniň öňündäki at-abraýynyň pese gaçmagyna getirip biler.

Bu ýaşda ýetginjegiň biologiki ösüşinde hem, bir tarapdan, bedeni patologiki bozulmalara we ikinji tarapdan, jyns kämilligine eltýän düýpli özgermeler bolýar.

Bedeniň özgerip guralmagy, esasan, içki mäzleriň işiniň işjeňleşmegi bilen baglydyr. Olaryň gormonlary içki sekresiýanyň we dokumalaryň ösüşini sazlaýar. Olaryň bilelikdäki işi bedendäki köp dürli üýtgeşmelere – boýuň ösmegine, jyns taýdan kämilleşmegine getirýär.

5. Sargyt № 986

## Ýetginjeklik döwrüniň käbir psihologik aýratynlyklary:

– özbaşdaklyga ymtylyş, özüňi uly saýmak, göreldä eýermeklik. Ýetginjegiň bu aýratynlyklaryny nazarlamaýan terbiýe garaşylýan netijäni alyp bilmeýär. Ululary̆ň, ata-eneleriň, mugallymlaryň hatalary ýetginjekleri özlerinden daşlaşdyryp, olaryň aralarynda barlyşyksyz gatnaşyklaryň döremegine getirýär;

– ulular bilen aragatnaşygynda ýüze çykýan gapma-garşylyklar ýetginjekde olaryň goýýan talaplaryna garşy durmak pikirini döredýär;

– ýetginjekde oňlanylmaýan hereket-gatnaşyklara gahrymançylyk hökmündäki garaýyşdyr gatnaşygy döredýär;

– ata-baba mirasyna, halkyň gahrymançylykly taryhyna, sebit, dünýä medeniýetine, siwilizasiýasyna, ylmy- tehniki progrese höweslilik;

– akyl-paýhasyň kämilleşip başlamagy, pikirlenmäniň sowa-abstrakt görnüşe geçip ugramagy, hadysadyr wakalaryň özara baglanyşygyna, sebäp-netije kanunalaýyklyklaryna düşünip başlamak;

– käre-hünäre, işe garaýşyň onuň şahsy we jemgyýetçilik ähmiýetini aňşyrmak tarapa üýtgäp ugramagy, belli kärlere we şol kärdäki adamlaryň zähmetine bolan gyzyklanma. Zähmetiň bähbitli tarapyna, peýdaly netijesine göz ýetirilip, oňa içki ymtylyşyň ýüze çykmagy, tutanýerlilik, erjellik ýaly sypatlaryň emele gelip başlamagy;

– ýetginjegiň özdiýenli hem-de lebzine ygrarly, dogruçyl hem adalatly mugallyma oňyn garaýyşda bolup, oňa meňzejek bolmagy. Bu ýagdaý mugallymyň hemme babatda göreldeli bolmagyny talap edýär. Şonda Lukman Hekimiň «Kime pent we nesihat etseň, ilki bilen oňa özüň amal et», Magtymgulynyň «Owwal, Magtymguly, özüň düzetgil // Özüňni sen özgelere göz etgin» diýen pähimleri mugallym üçin baş ugrukdyryjydyr.

## Uly ýaşly mekdep okuwçylaryna umumy häsiýetnama

Uly mekdep ýaşly döwre umumy orta bilim basgançagynda, 11-12-nji synplarda okaýan,17-18 ýaşly okuwçylar degişlidir.

Bu ýaşdaky okuwçylarda akyl hem fiziki taýdan kämilleşmek, durmuşda öz ornuny tapmaga bolan ymtylyş, ruhubelentlik häsiýetleri berkeýär. Olaryň akyl ýetiriş ukyby täze basgançaga galýar, gözýetimi giňeýär, ýatkeşligi ýokarlanýar. Olar öz pikirlerini erkin hem yzygiderli, anyk hem sazlaşykly beýan etmegi halaýarlar. Ylmy bilim-düşünjeleri bellibir ulgamda özleşdirmegi, abstrakt düşünjelerden peýdalanmagy başarýarlar. Olarda tebigat dünýäsi, adamzat jemgyýeti, ata Watany, ene topragy, onuň garaşsyzlygy, halkynyň abadançylygy, geçmişi we geljegi baradaky garaýyşlary emele gelýär. Ahlak, intellektual, gözellik duýgulary ösýär, dostluk, ýoldaşlyk hakyndaky düşünjeleri aýdyňlaşýar, gylyk-häsiýeti durnuklaşýar, edepliligi, medeni derejesi ýokarlanýar. Şular ýaly häsiýetli aýratynlyklary nazara almak bilen mekdep okuwçylaryny durmuşa taýýarlamak, umumybilim berýän orta mekdepleriň uçurymlarynyň durmuş ýollaryny anyklamak, olaryň arasyndan ylmyň – bilimiň, kesp-käriň dürli ugurlary boýunça guýmagursak zehinli, başarjaň okuwçylardan saýlama toparlary döretmek, olaryň höwes-ymtylmalaryny, başarnyklaryny ösdürmek şu günki günüň talabydyr. Ýurdumyzda aýratyn zehinli çagalar mekdebiniň döredilmegi hem-de şu ugurdan beýleki çäreleriň durmuşa geçirilmegi şol talaba iş bilen jogap bermegiň subutnamasydyr. Umumy orta bilim basgançagynda okuwçylary ugurlar boýunça okatmak, durmuşa taýýarlygyny, bellibir hünäre ugrukmagyny üpjün etmek takyk ylymlar (matematika, fizika dersleri); tebigy ylymlar (himiýa, biologiýa dersleri); ynsanperwerlik, durmuş bilimleri ylymlar (taryh, jemgyýet öwreniş, dil-edebiýat dersleri) arkaly amala aşyrylýar.

Uly ýaşly mekdep okuwçylarynda özüni alyp barşyň aňly motiwasiýasy güýçlenýär. Şahsyýetiň toparda öz ornuny tapmagy, söhbetdeşligiň häsiýeti, topar agzalarynyň biri-biri bilen gatnaşygy esasy ähmiýete eýe bolýar.

## Okuwçylaryň özbolusly (indiwidual) aýratynlyklary

**Şahsy ösüş** – özboluşly, bitewi proses bolup, ol şahsyýetiň fiziologik, psihologik hem sosial taýdan ösüşiniň jemlenmesidir. Her

bir ynsan çagasynyň häsiýetli aýratynlygy bolup, ol aýratynlyklar onuň beden gurluşynyň, kelle beýnisiniň, nerw ulgamynyň ösüşine baglylykda ýüze çykyp başlaýar. Her bir şahsyýetiň özüne mahsus bolan, ony beýleki adamlardan tapawutlandyrýan haýsydyr bir aýratynlygy bolýar, şol aýratynlyk hem köplenç, «indiwiduallyk» sözi arkaly aňladylýar, ýöne käbir adamlaryň indiwiduallygy has aýdyň, ýiti ýüze çykyp, käbir adamlaryňky bolsa çala göze ilýär, ol paýhasyň intellektual, emosional-duýgy, erk ulgamlarynda, şeýle-de özüňi alyp barşyň aýratynlygynda ýüze çykýar (*B. Basarow*, 2010).

Şol bir synpda okaýan hemme okuwçyda akyl ýetiriş başarnyklary meňzeş, deň derejede bolmaýar. Olaryň biri okuw sapaklaryny özbaşdak özleşdirip bilýän bolsa, beýleki biri özleşdirjek bolanda, mugallymyň ýa başga biriniň kömegine mätäç bolýar. Bir okuwçy mugallymyň berýän gürrüňini üns berip diňlese, beýleki biriniň ünsi başga ýerde bolýar. Biri köpçülik işine işjeň gatnaşsa, biri ondan çetde durýar. Bir okuwçy edepli bolsa, beýlekisi maşgalada, mekdepde, köpçülik ýerlerinde özüni medeniýetli alyp barmagy başarmaýar. Edil şonuň ýaly hem, aýry-aýry okuwçylar haýsydyr bir okuw dersini öwrenmäge ukypsyz bolýar, käbirleri onuň tersine, ýiti tebigy zehinini ukyp-başarnyklara öwrenmegi başarýar.

Käbir okuwçynyň görşi, eşidişi aýratyn ünsi talap edýär. Ýene biri öz adyna aýdylýan tankydy belligi örän ýokuş görýär. Takygy, şol bir ýaşdaky okuwçylar öz ýaşytdaşlary bilen bir synpda okaýandyklaryna, şol bir mazmunly okuw materiallaryny öwrenýändiklerine garamazdan, olaryň hersi özboluşly bir dünýä, indiwiduallyk.

Bu tebigy ýagdaýdyr. Ol okuwçylaryň özboluşly aýratynlygyny düýpli öwrenmegi hem-de okuw-terbiýeçilik işinde şondan ugur almagy talap edýär. Hut şu babatda makullarlykly netijelere eýe bolýan pedagoglar az däl. Aýratyn hyjuw bilen zähmet çekýän ussat pedagoglar okatmagyň tapawutlandyrylan usulyndan peýdalanyp, gowşagrak okaýanlary güýçlüleriň hataryna goşmagyň aladasynda, dürli iş usullaryndan peýdalanýarlar. Özbaşdak ýerine ýetirilýän ýumuşlaryň häsiýetini okuwçylaryň mümkinçiliklerine laýyk alyp barmagy, soragnamalardan we beýleki serişdelerden ýerlikli peýdalanmagy, sa-

paklaryna gowşak ýetişýänleri ökderäklere berkidip, birek-birege kömek bermegi ýola goýmagy başarýarlar. Aýry-aýry okuwçylary ders gurnaklaryna, fakultatiwlere gatnaşdyrýarlar.

Ýaş nesliň her birine jemgyýetde mynasyp orunlaryny tapmaga ýardam etmek her bir pedagogyň maksat – matlabydyr.

Şu ýerde ýüzugra, fiziologiýa we psihologiýa ylymlarynyň gelen netijelerine salgylanyp, ir sagat 9-dan 13-e çenli okuwçylaryň işjeňliginiň ýokary bolýandygy, ýöne hut şol bir sapagyň-da ýürege düşgünç geçirilýändigi sebäpli okuwçylary ýadawlykdan surnukdyrýandygy hem bellenilmelidir. Bu ýagdaý diňe bir başlangyç synp okuwçylaryna ýa-da soňky synplarda okaýanlara däl, orta hünär bilimi we ýokary hünär bilimi edaralarynyň talyplary üçin hem häsiýetlidir. Şoňa görä sapakda, leksiýada, okuw işleriniň beýleki görnüşlerinde iş usulyny şol ýagdaýlara laýyk edip alyp barmagyň zerurlygy häli-şindi ýüze çykyp durýar. Eýsem, okuwçylaryň özboluşly aýratynlygy nähili aýyl-saýyl edilýär?

Bu barada pedagogikanyň degişli bölümlerinde giňden beýan ediljekdigi sebäpli şu ýerde şol usullaryň atlaryny agzap geçmek ýerlikli bolar: yzygiderli hem maksada gönükdirilip geçirilýän pedagogik gözegçilik; toparlaýyn ýa-da ikiçäk bolup ýürekdeşlikde guralýan söhbetdeşlik; özbaşdak tabşyrylýan ýumuşlaryň netijesini barlamak we seljermek; sapakdan daşary berilýän tabşyryklaryň näderejede ýerine ýetirilýändigini öwrenmek; ata-eneler bilen pikir alşyp, maslahatlaşyp durmak; her bir okuwçynyň ders gurnaklarynda, fakultatiw okuwlarynda bitirýän işlerini hasaba almak; okuwçylaryň mertebesini belent tutup, şahsyýetine sarpa goýmak; sapakda, okuwdan beýleki wagtlarda özlerini alyp baryşlaryna, köpçülik işlerine, zähmetiň dürli görnüşleri bilen gyzyklanyşlaryna syn etmek; pikirlenme işine, görüş hem eşidiş ukybyna, saglyk ýagdaýyna üns bermek we ş.m. Pedagog şahsyýetiň kemala geliş aýratynlyklaryny töwerekleýin öwrenip, her okuwçynyň özboluşly aýratynlygyny nazara alyp, okuw-terbiýeçilik işini şu günki günüň talaplaryna laýyk edip ýola goýmagy başarsa, onuň sarpasy belent, abraýy ýokary bolar.

# III BAP

## Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň bilim ulgamy

Hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda gol çeken «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permany, «Bilim hakynda» şol ýylyň 4-nji martynda gol çeken «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» Karary, şeýle-de Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda milli Liderimiziň şol çeken «Türkmenistanda bilim işgärleriniň iş haklarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini köpeltmek hakynda» Permanynyň esasynda ýurdumyzyň bilim ulgamynda düýpli özgertmeler bolup geçdi. Hormatly Prezidentimiz bu döwletli başlangyjy bilen az wagtyň dowamynda asyrlyk işleri bitirip boljakdygy baradaky düýpli hakykaty adamlaryň aňyna hem kalbyna ornaşdyrdy. Bu wajyp meseläniň oňyn çözgüdini tapmakda hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzyň iň baýry ýokary okuw mekdebi bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçirip, onda «Türkmenistanyň ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» we «Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda» möhüm Kararlaryň kabul edilmegi örän ähmiýetli boldy.

«Biz bilimiň örän gymmatlydygyna, biziň ýurdumyzda bilimli we medeniýetli adam bolmagyň ähli halkyň hormatyna mynasyp bolmagy aňladýandygyna çuň düşünýäris. Şonuň üçin biz türkmen jemgyýetinde sowatly, bilimli, intellektual adamlara düýbünden başgaça garaýşy kemala getirmelidiris», diýip, hormatly Prezidentimiz şol mejlisde eden çykyşynda belläp geçdi.

Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygaryny durmuşa ornaşdyrmak üçin sowatly, bilimli, dünýä ylymlaryndan we tehnologiýalaryndan baş çykarýan täze ýolbaşçylary taýýarlamak maksady bilen 2008-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda çykaran Permany esasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Döwlet

gullugy akademiýasynyň döredilmegi hem bu ugurda edilýän işleriň wajypdygyny görkezýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 1-nji martynda kabul eden «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permany, «Türkmenistanda umumy orta bilim bermegiň meseleleri hakyndaky» Karary, 2013-nji ýylyň 4-nji maýynda kabul edilen **«Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny** we bilim ulgamynyň işini kadalaşdyryjy birnäçe resminamalar döwletiň bilim hem ylym ulgamlaryny dünýä derejesine çykarmagyň aýdyň, anyk ýollaryny salgy berýär.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen ýurdumyzyň bilim ulgamynda amala aşyrylýan çäreler bu ulgamdaky işleri hil taýdan täze basgançaga galdyrýar. Ýurdumyzdaky ýokary we orta bilim ojaklarynda, çagalar baglarynda ornaşdyrylan kompýuterler, multimedia usulynyň interaktiw tagtalary ýurduň Baştutany tarapyndan ýaş nesliň isleginiň atalyk mähir bilen kanagatlandyrylýandygynyň ajaýyp subutnamasydyr. Milli bilimiň ähli derejedäki edaralarynyň bütindünýä internet habarlar toruna sapylmagy hem özüniň oňaýly täsirini ýetirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly syýasatynyň netijesinde türkmen ýaşlarynyň müňlerçesi ýurdumyzyň, daşary ýurtlaryň baýry ýokary okuw mekdeplerinde okamaga mümkinçilik aldylar.

«Orta we ýokary okuw mekdepleriniň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, çagalar-sagaldyş merkezleriniň täze, döwrebap binalarynyň onlarçasy gurlup ulanmaga berildi. Bu işler häzirki wagtda giň gerim bilen ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda yzygiderli dowam etdirilýär» diýip, hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda belledi. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda dünýä ülňüleriniň tehnologiýasy bilen üpjün edilen täze bilim edaralarynyň 700-e golaýyny göz öňünde tutýan maksatnamasy ösüp gelýän ýaş nesillerimiziň dünýäniň iň kämil bilimlerini özleşdirmekliginiň, milli öwüşginde döwrebap terbiýelenmekleriniň hatyrasyna döwlet derejesinde alnyp barylýan möhüm wezipeleriň biridigini aýdyň görkezýär.

Türkmenistan dünýäde ylym-bilimiň pajarlap ösýän merkezleriniň birine öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistany ylym-bilimiň ýurduna öwürdi. Arkadag Liderimiz bilim, ylym ulgamyny ösdürmek üçin mundan beýläk-de serişde gaýgyrylmajakdygyny her çykyşynda nygtaýar.

Döwletiň bilime goýberýän serişdeleriniň we oňa berilýän ünsüň mundan beýläk-de gowy netijeler berjekdigine garaşylýar. «Türkmenistan bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegini hem-de bularyň dünýä derejesine çykarylmagyny öz syýasatynyň möhüm ugry hökmünde kesgitledi» diýip, hormatly Prezidentimiz aýdýar.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň örän giň möçberli bilim reformalary ylym, ylym-bilimi dünýä derejesine çykarmakda, ösüp gelýän ýaş nesilde milli we umumadamzat gymmatlyklaryny, raýat düşünjelerini kemala getirmegiň özeni serişdesidir. «Biz dünýä ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklarynyň iň çylşyrymly meselelerinden baş çykarmaga ukyply, ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamalydyrys» diýip, hormatly Prezidentimiz bilim işgärleriniň öňünde uly wezipe goýdy. Prezidentimiziň bu talabyny ýerine ýetirmek üçin bilim işgärleriniň hemmesi arman-ýadaman zähmet çekmelidir. Ýaşlara çagalar bagyndan başlap bilimli, hünärli bolmaklygyň, Watana hyzmat etmekligiň parzdygyny düşündirmek mugallymyň paýyna düşýär. Bilimsiz adam durmuşda özüniň ornuny tapmaz. Adamzady ösüşlere ýetirýän, durmuşyny gülledýän, jemgyýeti özgerdýän bilim hem ylymdyr. Ata Watanymyzy täze basgançaklara çykarjak ýaşlardyr, onuň üçin türkmen ýaşlary öz ömrüni bilim, ylym bilen baglanyşdyrmalydyr. Biziň ýaşlarymyz bilimli hünärmenler bolup ýetişip, bagtyny ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda zähmet çekmekden tapmalydyrlar.

«Her bir adam öz nesline, onuň ertirki ykbalyna biparh garap bilmez. Öz perzendiniň geljegi hakda aladalanmak ynsana mahsus häsiýetleriň biridir. Türkmenistany bagtly çagalaryň iň arzyly isleginiň hasyl bolan ýurdy diýip atlandyrmak bolar» diýip, hormatly Prezidentimiz nygtaýar. Türkmen öz çagasyny turuwbaşdan

edepli-ekramly, akylly-başly, ilhalar edip ýetişdirmegiň aladasy bilen ýaşaýar. Bu meselede pähimli ata-babalarymyzyň, mähirli ene-mamalarymyzyň öwüt-ündewleri türkmen ýaşlary üçin mekdep-lik ýol-ýörelgedir. Bu durmuşda ýaşlaryň ýalňyşmazlygy üçinem, hiç haçan azaşmazlygy üçin hem ýaşuly nesliň öwüt-ündewi gerekdir. Bilimli, terbiýeli adama ynam bildirilip, hormat goýulýar, kyn pursat-larda oňa bil baglanýar.

«Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny 2013-nji ýylyň 4-nji maýynda kabul edildi. Kanun bilim babatda jemgyýetçilik gat-naşyklaryň hukuk esaslaryny düzgünleşdirýär, döwlet syýasatynyň bilim ulgamyndaky binýatlyk ýörelgelerini, şeýle hem, bilim ul-gamynyň maksatlaryny, wezipelerini, hyzmatlaryny we onuň işini dolandyrmagyň tertibini kesgitleýär. Kanun 11 bapdan ybaratdyr.

Ýurduň «Bilim hakynda» Kanuny bilim ulgamynyň ykdysady, sosial, syýasy, medeni ýagdaýlaryna laýyklykda düzülýär. Ýaş nes-li okatmagyň we terbiýelemegiň ähli tapgyrlarynda, okuw mekdep-leriniň dürli görnüşlerinde okuw-terbiýeçilik işleriniň millilik esasda ýola goýulmagy, okatmagyň döwrebap usullaryndan peýdalanylmagy, ýaşlaryň ösüşiniň dünýä çelgileri bilen sazlaşdyrylmagy munuň aýdyň şaýadydyr.

Türkmenistanda bilim ulgamy «Bilim hakynda» Kanunda görke-zilen hukuklar esasynda amala aşyrylýar, ol döwre laýyk ösýär we kämilleşýär.

## «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bilim ulgamyny guramagyň ýörelgeleri:

Döwlet syýasaty bilim babatda şeýle ýörelgelere esaslanýar:

**1. Öz ukyplaryny we zehinini doly ulanyp bilmeginde her bir adamyň hukuklarynyň deňligi.** Ýurdumyzda her bir raýatyň öz ukybyny hem zehinini doly ulanyp bilmegi üçin zerur mümkinçilikle-ri şertlendirýär.Ýurdumyzda ýaşaýan halklar bilim almaga deň dere-jede hukukly bolup, çagalaryny ýurtda döwlet we aragatnaşyk dili hökmünde hereket edýän islän dillerinde okadyp bilýär.

**2. Bilimiň ynsanperwer häsiýeti, umumadamzat gymmatlyklarynyň, adamyň janynyň we saglygynyň, şahsyýetiň erkin ösmeginiň ileri tutulmagy.**

Türkmenistan döwletiniň turuwbaşdan dürs we çeýe syýasat ýöredip başlamagy, dünýä halklarynyň arasynda rowaçlanmagy bilim ulgamyny täze şertlere laýyklykda ýola goýmaga okuw-terbiýeçilik işiniň mazmunyny, gurluşyny düýpli üýtgedip guramaga mümkinçilik döretdi. Islendik döwletiň geljegi ýaş nesliň näderejede sowatly, sagdyn, edepli, hünärment bolup ýetişmegine, alan bilim-täliminiň, öwrenen kesp-käriniň sazlaşykly utgaşmagyna baglydyr. Bu esas bilimiň mazmunyny döwrüň talaplaryna laýyk täzelemegi, sapakdan daşary geçirilýän terbiýeçilik çärelerde onuň milli düzüjisini esaslandyrmagy, türkmeniň däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täsirli hem netijeli peýdalanmagy göz öňünde tutýar. Şonuň bilen bir hatarda okuw-terbiýeçilik işi dünýä halklarynyň taryhyna, ruhy baýlygyna, medeni mirasyna, olaryň öwredijilik hem terbiýeleýjilik ähmiýetine hem biparh garamaýar.

**3. Bilimiň Türkmenistanyň halkynyň milli taryhy, medeniýeti we däp-dessurlary bilen sazlaşykly arabaglanyşygy.** Bilimiň millilik esasy okuw-terbiýeçilik işiniň tutuşlygyna türkmen halkynyň taryhynyň, ykdysadyýetiniň, medeni we ruhy gymmatlyklarynyň, gylyk-häsiýetiniň, edim-gylymynyň aýratynlyklaryna laýyklykda alnyp barylmagyny göz öňünde tutýar.

Ylym-bilim bermek, tälim-terbiýe öwretmek işini halkyň milli mirasyna utgaşyklylykda alyp barmak her bir halkyň dünýä siwilizasiýasyna öz milli aýratynlygy bilen goşulmagyny şertlendirýär.

**4. Raýatlyk we watansöýüjilik, zähmetsöýerlik, adam hukuklaryna we azatlyklaryna sarpa goýmak, tebigy gurşawa, maşgala, Watana söýgi duýgularyny terbiýelemek.** Bu esas ýurduň geljegi bolan ýaş nesilde watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi kemala getirmegi, ýaşlaryň aňynda adam hukuklaryna we azatlyklaryna sarpa goýmak medeniýetini terbiýelemegi, tebigata guwanç duýgularyny ösdürmegi, kämil şahsyýetiň kemala gelmegi üçin agzybir, berk maşgala ojagynyň emele getirilmegini göz öňünde

tutýar. Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen parasatly pikiri bilimiň bu esasyny amala aşyrmagyň möhüm serişdesidir.

**5. Döwlet tarapyndan berilýän bilim hyzmatlarynyň ähli görnüşiniň Türkmenistanyň her bir raýaty üçin elýeterli bolmagy.** Bu esas her kimiň islegine hem ukybyna laýyklykda degişli okuw mekdebinde okap ylym-bilim almaga, kesp-kär öwrenmäge deň derejede mümkinçiligini kepillendirýär.

**6. Her bir raýat üçin umumy orta bilimiň hökmanylygy we döwlet bilim edaralarynda onuň mugtlugy.** Bu esas okuwçylardyr talyplaryň döwlet tarapyndan tölegsiz mugt okadylyp, terbiýelenmegini we beýleki ýeňilliklerden (zerur ýagdaýda okuw mekdebine mugt gatnadylmak, okuw kitaplaryndan, gaýry mümkinçiliklerden) peýdalanmagyny kepillendirýär.

**7. Bilimiň üznüksizligi we onuň basgançaklarynyň biri-biri bilen baglanyşykly yzygiderliligi.** Bu ýörelge «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda görkezilen: mekdebe çenli bilim; umumy orta bilim; başlangyç hünär bilim; orta hünär bilim; ýokary hünär bilim; ýokary okuwdan soňky hünär bilimi basgançaklarynyň üznüksizlikde hem-de biri-biri bilen baglanyşykly yzygiderlilikde amala aşyrylmalydygyny göz öňünde tutýar.

**8. Okatmagyň we bilim edaralarynyň kysymlary, görnüşleri we eýeçilik görnüşleri boýunça köpdürlüligi.** Bu esas Türkmenistanda bilim edaralarynyň köpdürli we eýeçiligiň dürli görnüşinde bolýandygyny göz öňünde tutýar. Eýeçiligiň görnüşleri barada «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bilim edaralarynyň döwlet, hususy we gaýry görnüşlerde bolýandygy bellenilendir.

**9. Bilim ulgamynyň ylym we önümçilik bilen utgaşmagy hem-de onuň beýleki ýurtlaryň bilim ulgamlary bilen özara baglanyşygy.** Bu esas ýaş nesle Garaşsyz Diýarymyzyň ýöredýän içeri we daşary syýasatyny dogry, ylmy esaslarda düşündirmegi, olarda durnukly ynam döretmegi, bilimiň mazmunyny ynandyryjy deliller esasynda dogruçyl düşündirmegi göz öňünde tutýar. Ýurduň bilim ulgamyna iň täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, daşary

ýurtlaryň okuw mekdepleri, mugallymlary we talyplary bilen aragatnaşygyň ýola goýlup, bu ugurda durmuşa geçirilýän çäreleriň geriminiň giňemegi ýurdumyzyň bu ugurda ýeten menzillerini häsiýetlendirýär.

**10. Döwlet bilim ulgamynyň dünýewi häsiýetdeligi we onuň dini guramalardan aýrylygy.** Bu esas döwletiň bilim berýän edaralarynda hakyky ylmy maglumatlary öwretmegi, bilimi demokratik we ynsanperwerlik esaslarda ýola goýmagy, okuw-terbiýeçilik edaralarynyň jemgyýetçilik we dini guramalara, şol bir wagtyň özünde hem dini edaralardyr din wekilleriniň dünýewi okuw mekdeplerine hiç hili zor salmazlygynda, biri-birleri bilen arkalaşyklykda, ýurduň rowaçlanmagynyň hatyrasyna bilelikde hereket etmegi ündeýändigini häsiýetlendirýär.

**Bilimiň demokratiýalaşdyrylmagy** birmeňzeşlikden gaça durmagy, bilim syýasatynda haýsydyr bir ýörelgäni diýdimzorluk bilen ornaşdyrmakdan el çekmegi aňladýar. Okuw mekdepleriniň dürli tipde, okuw meýilnamalarynyň, maksatnamalarynyň, kitaplarynyň dürli mazmunda, dürli häsiýetde bolmagy, okuw-terbiýeçilik işleriniň formalarydyr usullarynyň köp dürlüligi munuň mysalydyr. Bilimiň demokratiýalaşdyrylmagy okuwçylaryň islän mekdeplerinde okamak hukugyny, mugallym bilen okuwçynyň arasynda erkin hem hoşniýetli aragatnaşygyň, özara ynamyň we sarpanyň bolmagyny aňladýar. Bu ýörelgä laýyklykda mekdebi dolandyrmagyň işine aýanlyk, her bir meseläni köpçülik bilen geňeşip çözmeklik, yzygider hasabat berip durmaklyk girizildi, ata-eneleri, önümçilik guramalardyr ýerli häkimlikleriň wekillerini mekdep durmuşyna gatnaşdyrmagyň durmuşa ornaşdyrylandygyny aňladýar.

**Bilimiň ynsanperwer esaslarda guralmagy.** Bu esasa laýyklykda bilimiň, pedagogik işiň mazmuny tutuşlygyna adamyň mertebesini ýokary götermeklige tabyn edilýär; her bir okuwçynyň bilim almaga, kesp-kär öwrenmäge bolan ukyby ýüze çykarylýar, isleg-höwesi goldanylýar, ösdürilýär; akyl-paýhasynda, fiziki ösüşinde ýetmezçilikler bolan çagalar üçin zerur şertler döredilýär.

## Bilim ulgamy we onuň häsiýetnamasy

**Işi ösüp gelýän nesliň ykbaly bilen bagly terbiýeçilik, ylmy-usuly edaralaryň, dolandyryş guramalaryň, dürli görnüşli bilim-terbiýe berýän, hünär öwredýän mekdepleriň jemine ýurduň bilim ulgamy diýilýär.** Oňa mekdebe çenli çagalar edaralary, umumy bilim berýän orta mekdepler, başlangyç hünär bilimi berýän hünärmentçilik mekdepleri, ýörite orta we ýokary bilim berýän okuw mekdepleri, mekdepden daşary terbiýeçilik edaralary, bilim ulgamy üçin okuw-usuly gollanmalary döredýän okuw-usuly we bilim işgärleriniň hünärini ýokarlandyrýan edaralar, Bilim ministrligi, welaýat Baş bilim müdirlikleri, şäher (etrap) bilim bölümleri degişlidir.

**Mekdebe çenli terbiýe.** Bilim ulgamynyň ilkinji başlangyjy mekdebe çenli berilýän bilim we terbiýedir.

Ata-ene çaganyň şahsyýetiniň beden we akyl taýdan ösüşiniň binýadyny onuň irki döwründen kemala getirmäge, ony milli we umumadamzat ruhy gymmatlyklary bilen tanyşdyrmaga borçludyr.

Mekdebe çenli bilimiň bilim maksatnamalaryny, düzgün boýunça, 1 ýaşdan 6 ýaşa çenli çagalar özleşdirýärler.

Türkmenistanda mekdebe çenli ýaşdaky çagalary terbiýelemek we okatmak, olaryň beden we ruhy saglygyny goramak we berkitmek, şahsy başarnyklaryny ösdürmek üçin maşgala kömek hökmünde mekdebe çenli çagalar edaralarynyň ulgamy hereket edýär.

Işleýiş şertlerine baglylykda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň: çagalar bakjasy, çagalar bakja-bagy, çagalar bagy we beýleki görnüşleri bolup biler.

Mekdebe çenli ýaşly çagalary başlangyç bilimiň bilim maksatnamasyny özleşdirmäge taýýarlamak mekdebe çenli bilimiň düzüm bölegi bolup, ol hökmanydyr we maşgalada, mekdebe çenli we beýleki bilim edaralarynda amala aşyrylýar. Başlangyç bilimiň bilim maksatnamasyny özleşdirmäge taýýarlyk, okamaga başlaýan ýylynda 5 ýaşyny dolduran çagalar bilen başlanýar.

Bilim ulgamynyň mekdebe çenli bilim pudagy hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky permanlarydyr kararlaryndan ugur alyp, ýurtda milli bilim ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek diňe bir gazanylan netijeleri berkitmäge däl-de, eýsem, onuň üçin düýpgöter täze guramaçylyk, maddy, gurluş, ylmy we durmuş şertlerini döretmegiň şeýle umumy ýörelgelerini göz öňünde tutýar:

– çagalara milli ruhda terbiýe we bilim bermek, olarda Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur söýgini we wepalylyk duýgusyny kemala getirmek;

– çagalarda akýüreklilik, adalatlylyk, ululara hormat goýmak, deň-duşlaryny sylamak, türkmen halkynyň taryhyna, däp-dessurlaryna, medeniýetine söýgi we tebigata aýawly garamak duýgularyny terbiýelemek;

– çagalary başlangyç bilimiň bilim maksatnamasyny özleşdirmäge taýýarlamak;

– çagalaryň terbiýelenmegi we bilim almagy, olaryň beden we ruhy taýdan sagdyn ösmegi, jan saglygynyň berkidilmegi üçin zerur şertleri döretmek;

– çagalara terbiýe we bilim bermekde öňdebaryjy usullary we häzirki zaman serişdelerini ulanyp, bilim-terbiýeçilik işini ýokary derejede guramak;

– okuw meýilnamalaryna laýyklykda çagalara daşary ýurt dillerini öwretmek;

– çagalaryň tebigy zehinini, ukyplaryny, şahsy başarnyklaryny ýüze çykarmak we ösdürmek boýunça dürli medeni-köpçülik, çeperdöredijilik we beden saglygyny berkitmek boýunça çäreleri yzygiderli guramak.

Mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň işini döwrüň talabyna görä üýtgedip gurmak, netijeli bilim taglymatyny çagalar bagynyň durmuşyna ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy iş tejribesi öwrenilýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen dünýä ülňülerine laýyk gelýän mekdebe çenli çagalar baglary yzygider gurlup ulanmaga berilýär.

## Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilimiň maksady, mazmuny we wezipeleri

**On iki ýyllyk umumy orta bilimiň baş maksady** maglumat üpjünçilikli jemgyýetde dünýäniň ruhy hem ahlak ösüşiniň meýillerine we ugurlaryna oňat düşünýän, döredijilikli zähmet çekmegi başarýan, hemmetaraplaýyn ösen kämil şahsyýetleri kemala getirmegi, milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň häzirki zaman tehnologiýalaryna esaslanýan önümçilige ylmy çemeleşmäni ýokarlandyrmagyň hasabyna Türkmenistany senagat taýdan ösen kuwwatly döwlete öwürmek we onuň abraý-mertebesini ýokarlandyrmagy nazarda tutýar. On iki ýyllyk umumy orta bilime geçilmegi bilen döwletimiz bilim ulgamynyň ukyp-başarnyklaryny özünde jemleýän uçurymlary terbiýeläp ýetişdirmegine garaşýar. Ol başarnyklara, esasan, bahalandyryjy-ugrukdyryjy, medeni-öwrenijilik, bilmek, akyl ýetirmek, kommunikatiw, maglumat-tehnologiýa, durmuş-zähmet, şahsy özbaşdak ösüş we beýlekiler degişlidir.

**Wezipeleri:**

– on iki ýyllyk umumy orta bilim berýän mekdepde bilimiň maksadyny, mazmunyny, meselelerini, gurluşyny we bilim-terbiýeçilik işlerini guramagyň aýratynlyklaryny açyp görkezmek;

– on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmek üçin maliýe-ykdysady esaslandyrmalary taýýarlamak;

– on iki ýyllyk okuw maksatnamasyna geçmekden garaşylýan netijäni kesgitlemek.

**Konsepsiýanyň bölümleri:**

1. Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçilmegiň esaslandyrmalary.
2. Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň maksady we ondan garaşylýan netijeler.
3. Umumy orta bilimiň gurluşy.
4. Umumy orta bilimiň mazmuny we ony kämilleşdirmegiň esasy ugurlary.
5. Umumy orta bilim işini guramagyň aýratynlyklary.
6. Pedagogiki işgärler.

7. Umumy orta bilimiň garaşylýan netijesini bahalandyrmagyň ulgamy.

8. Umumy orta bilim ulgamyny dolandyrmak.

9. Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasyny durmuşa geçirmegiň şertleri.

**Konsepsiýanyň mazmuny.** Ýaşlarda başarnyklary kemala getirmek üçin şeýle möhüm çäreleri durmuşa geçirmek zerur hasaplanylýar:

– okuwçynyň kämil şahsyýet bolup ýetişmegi, onuň ruhy we beden taýdan sagdyn bolmagy üçin zerur şertleri döretmekde, okatmakda we öwretmekde däp bolan usuldan döwrebap usula geçmek;

– bilimiň mazmunyny dünýä ylmynyň, tehnikasynyň we tehnologiýasynyň soňky gazananlaryna laýyklykda yzygiderli kämilleşdirmek;

– edaralarynyň köp görnüşliligini gazanmak;

– bilimiň maglumatlar elektron ulgamyny döretmek;

– zehinli çagalar bilen işlemegi dünýä we milli tejribeleri ulanmak arkaly kämilleşdirmek;

Konsepsiýanyň mazmunyna laýyklykda orta mekdebe **Türkmenistanyň medeni mirasy, ykdysadyýetiň esaslary, ekologiýa, dünýä medeniýeti, informasiýa-kommunikasiýa we innowasion tehnologiýalary, modelirlemek we grafika ýaly okuw dersleri girizildi.**

Informatika, daşary ýurt dilleri, jemgyýeti öwreniş okuw derslerine berilýän sagatlaryň sany köpeldildi.

Okuw dersleri bilimiň: filologiýa, takyk, tebigy, jemgyýetçilik bilimleri, sungat, tehnologiýa we saglyk ýaly ylmy ugurlary boýunça toparlara bölünýär.

Döwlet Baştutanymyz bilim ulgamyny kämilleşdirmek meselesinde halkara tejribesine esaslanmaga töwerekleýin çemeleşmelidigini, bilimiň hili, möhleti dünýä tejribesine daýanmalydygyny göz öňünde tutup: «...biz bilimleriň möçberiniň hemişe artýandygyna, geriminiň giňelýändigine şaýatlyk edýän halkara tejribesini hem nazara almalydyrys. Bu bolsa, öz nobatynda, bilimleri özleşdirmek üçin

göz öňünde tutulan wagtyň artdyrylmagyny talap edýär. Umumybilim berýän mekdeplerde bilimleri özleşdirmek üçin azyndan 11–12 ýylyň gerekdigini dünýä tejribesi görkezýär. Bilimiň bu basgançagy tebigy-gumanitar ylymlaryň esaslaryny düýpli öwrenmegi hem okuwyň tamamlaýjy tapgyrynda ugurlar boýunça ýöriteleşdirip okatmagy hem öz içine alýar» diýip bellemek bilen, bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde bilim binýady berk, Watana, halka wepaly, giň dünýagaraýyşly, häzirki zaman innowasion tehnologiýalardan oňat baş çykarýan, hünär derejesi ýokary, zähmetsöýer, jemgyýetimizi syýasy, ruhy-medeni taýdan ösdürjek, ýurdumyzyň at-abraýyny has-da belende göterjek, işbaşarjaň hünärmenleri taýýarlamakda has hem ýokary netijeleri gazanmak wezipesini goýdy.

Ýurdumyzda orta bilim maksatnamasyny 12 ýyla ýetirmek bilen, umumy orta bilim aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

**Çagalar mekdebe 6 ýaşdan kabul edilýär.**

I. Başlangyç bilim – 1–4-nji synplar. Okuwyň möhleti 4 ýyl. Bu tapgyr çagalaryň 6–10 ýaş aralygyny öz içine alar.

II. Esasy orta bilim – 5–10-njy synplar. Okuwyň möhleti 6 ýyl. Bu tapgyr çagalaryň 10–16 ýaş aralygyny öz içine alar.

III. Umumy orta bilim – 11–12-nji synplar. Okuwyň möhleti 2 ýyl. Bu tapgyr 17–18 ýaş aralygyny öz içine alar.

**12 ýyl möhletli umumy orta bilim hökmanydyr.**

Umumy orta bilim berýän mekdebiň esasy orta bilim basgançagynda okamaklyk – geljekde umumy orta bilimiň ýoluny saýlamaga gönükdirer. Esasy orta bilimi tamamlan okuwçylar başarnyklaryna, ukyplaryna, isleglerine görä, orta mekdepdäki ugurlar boýunça okadylýar. Umumy orta bilim basgançagynda okamaklyk aşakdaky ugurlary öz içine alýar:

**1. Takyk ugur** – matematika, fizika dersleri;

**2. Tebigy ugur** – himiýa, biologiýa dersleri;

**3. Ynsanperwerlik, durmuş bilimleri** – taryh, jemgyýeti öwreniş, dil-edebiýat dersleri.

**Orta mekdepler we orta bilim.** Türkmenistanyň «Bilim hakynda» Kanunyna laýyklykda, umumy orta bilim hökmanydyr.

6. Sargyt № 986

**Başlangyç bilim.** Başlangyç bilimiň bilim maksatnamalary okuwçynyň şahsyýetiniň kemala getirilmegine, onuň okuw işinde şahsy ukyplarynyň we başarnyklarynyň ösdürilmegine, şol sanda okamagy, ýazmagy, hasaplamagy, nazary pikirlenmäniň tärlerini, özüňe gözegçilik etmegiň iň ýönekeý endiklerini, özüni alyp barmak hem-de sözleýiş medeniýetini, şahsy gigiýenanyň we sagdyn durmuş ýörelgeleriniň esaslaryny ele almagyna gönükdirilendir. Başlangyç bilim hökmanydyr. Başlangyç bilimiň bilim maksatnamalary boýunça umumybilim edarasyna okuwa girýän ýylynda 6 ýaşyny dolduran çagalar kabul edilýär. Başlangyç bilimiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti 4 ýyldan az bolmadyk möhleti düzýär. Başlangyç bilim aşakdaky umumybilim edaralarynyň birinde: umumybilim berýän mekdepde, ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdepde (ýöriteleşdirilen ugrunyň görkezilmegi bilen), umumybilim berýän mekdep-internatynda we beýlekilerde alnyp bilner.

**Esasy orta bilim.** Esasy orta bilimiň bilim maksatnamalary okuwçylarda ýokary ahlakly dünýägaraýşy, gözellik meýlini we sagdyn durmuş ýörelgesine ymtylmagyny, şahsyýetara hem-de milletara gatnaşyklaryň ýokary medeniýetini emele getirmek we ösdürmek, ylymlaryň esaslaryny, akyl we fiziki zähmet endiklerini ele almak, onuň höweslerini we gyzyklanmalaryny ýüze çykarmak arkaly şahsyýetiň kemala getirilmegine gönükdirilendir. Esasy orta bilimiň bilim maksatnamalary okuwçylarda durmuşda öz ornuny tapmak ukyplarynyň ösdürilmegini we oýlanyşykly hünär saýlap bilmek başarnygynyň emele getirilmegini nazarlaýar. Esasy orta bilim hökmanydyr. Esasy orta bilimiň bilim maksatnamalary boýunça başlangyç bilimi bolan çagalar okadylyp başlanýar. Esasy orta bilimiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti – 6 ýyldan, başlangyç bilimi hasaba almak bilen bolsa, 10 ýyldan ybaratdyr.

Esasy orta bilim aşakdaky umumybilim edaralarynyň birinde: umumybilim berýän mekdepde, ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdepde (ýöriteleşdirilen ugrunyň görkezilmegi bilen), umumybilim berýän mekdep-internatynda we beýlekilerde alnyp bilner.

Esasy orta bilimiň bilim maksatnamalarynyň özleşdirilmegi jemleýji döwlet synagyndan geçilmegi we bilimi hakynda resminamanyň berilmegi bilen tamamlanýar.

Esasy orta bilimiň bilim maksatnamalarynyň özleşdirilmegi sepgit synagy bilen tamamlanýar, şonuň esasynda umumy orta bilimiň degişli ugrunyň bilim maksatnamalarynyň özleşdirilmegi boýunça hödürnama berilýär.

**Umumy orta bilim.** Umumy orta bilimiň bilim maksatnamalary okuwçynyň öwrenijilik gyzyklanmalarynyň we döredijilik ukyplarynyň ösdürilmegine, bilimiň mazmunynyň ugurlara bölünendigi, tapawutlandyrylanlygy (differensirlenenligi), hünärlere ugrukdyrylýanlygy esasynda özbaşdak okuw işi endikleriniň emele getirilmegine, okuwçyny jemgyýetde ýaşamaga, durmuşda öz ýoluny özbaşdak saýlap we zähmet işine başlap bilmegine taýýarlamaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň raýatynyň umumy orta bilimiň bilim maksatnamalary boýunça okadylmagy okuwçylar tarapyndan olaryň gyzyklanmasy, islegi we ukyplary, şeýle hem, bilim edarasynyň esasy orta bilimiň maksatnamalarynyň özleşdirilmeginiň jemleri boýunça beren hödürnamasy esasynda saýlanylyp alnan ugruň biri boýunça amala aşyrylýar.

Umumy orta bilimiň bilim maksatnamalary boýunça esasy orta bilimi bolan çagalar okadylyp başlanýar.

Umumy orta bilim hökmanydyr we aşakdaky umumybilim edaralarynyň birinde: umumybilim berýän mekdepde, ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdepde (ýöriteleşdirilen ugrunyň görkezilmegi bilen), umumybilim berýän mekdep-internatynda we beýlekilerde alnyp bilner.

Umumybilim edaralarynda umumy orta bilimiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti, düzgün boýunça 2 ýyldan, başlangyç we esasy orta bilimiň hasaba alynmagy bilen bolsa, 12 ýyldan ybarat.

Umumybilim edaralarynda umumy orta bilimiň bilim maksatnamalarynyň özleşdirilmegi jemleýji döwlet synaglary we hünär

biliminiň maksatnamalary boýunça okuwyny dowam etmäge mümkinçilik berýän umumy orta bilim hakynda şahadatnamanyň berilmegi bilen tamamlanýar.

21.02.2014ý. kabul edilen «Döwlet umumybilim edaralary hakynda Düzgünnama» laýyklykda, orta mekdeplerde okaýanlaryň ýaş aýratynlyklaryna we okuw maksatnamalaryna laýyklykda, synplar şeýle görnüşlere bölünýär:

**1. Başlangyç synplar** (başlangyç bilim maksatnamasyna baglylykda 1-4-nji synplar);

**2. Orta synplar** (esasy orta bilim maksatnamasy boýunça okadylýan 5-10-njy synplar);

**3. Ýokary synplar** (umumy orta bilim maksatnamasy boýunça okadylýan 11-12-nji synplar).

Okuw ýyly 1-nji sentýabrdan başlanýar we hersiniň dowamlylygy okuw meýilnamasy bilen bellenýän dört çärýege bölünýär. Okuw ýylynyň dowamlylygy azyndan 34 hepdeden ybarat bolup, rugsatlar okuw meýilnamasyna laýyklykda (güýzki – 8 gün; gyşky – 13 gün; ýazky – 9 gün; tomusky azyndan – 8 hepde) bellenilýär. Mekdeplerde 6 günlük okuw hepdesi bellenilip, sapagyň dowamlylygy birinji synplarda 35 minut, beýleki synplar üçin 45 minut bolmalydyr.

**Mekdepden daşary bilim.** Mekdepden daşary okuw we terbiýe bilim ulgamynyň aýrylmaz bölegi bolup, okuwçylaryň ukyplaryny we zehinlerini ösdürmäge, olaryň gyzyklanmalaryny, ruhy talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Okuwçylaryň köp taraply gyzyklanmalaryny we ukyplaryny ösdürmek maksady bilen: medeni-gözellik, tebigy-ylmy, tehniki, sport we beýleki görnüşdäki mekdepden daşary bilim edaralarynyň ulgamy döredilýär.

Mekdepden daşary iş umumybilim edaralary, maşgala, jemgyýetçilik birleşikleri, döredijilik toparlary bilen bilelikde geçirilýär we edaralaryň görnüşleriniň, şonuň ýaly-da, höwes bildirilýän işleriň görnüşleriniň meýletin saýlanylyp alynmagy ýörelgesine esaslanylýar.

Oňa ýaş tebigatçylaryň, tehnikleriň merkezleri, çagalar guramalarynyň köşkleri, öýleri, taryhy-arheologik ýadygärlikleriň muzeý-

leri, sport mekdepleri, dynç alyş-sagaldyş merkezleri, sagaldyş meýdançalary we başgalar degişlidir. Mekdepden daşary terbiýeçilik edaralarynyň durmuşa geçirýän işleri köptaraplydyr. Olar umumybilim berýän orta mekdepler bilen aragatnaşykda bolup, öz işini maksada gönükdirmegi dogry guran mahallarynda gowy netijelere eýe bolýarlar, okuwçylaryň döredijilikli işlemeklerini, gyzyklanýan ugruna aýratyn höwes hem hyjuw bilen gatnaşmaklaryny gazanyp bilýärler. Iň gymmatly tarapy-da okuwçylaryň işjeňliginiň, bilesigelijiliginiň artýanlygydyr. Okuwçylar köpçülik bolup bitirilýän işiň ähmiýetine akyl ýetirýärler. Olarda pikir alyşmak, birek-birege kömek bermek, başga biriniň işini synlamak, baha bermek ýaly birgiden akyl ýetiriş başarnyklary emele gelýär, ahlak sypatlar kämilleşýär. Mekdepden daşary terbiýeçilik edaralary bilen ysnyşykly aragatnaşyk saklap, olaryň işine höwes bilen gatnaşýan okuwçylar, adatça, sapaklaryna gowy ýetişýärler, öz pikirlerini erkin, degişli mysallar arkaly delillendirmegi başarýarlar, guramaçylyk ukyby, ugurtapyjylygy bilen tapawutlanýarlar.

**Başlangyç hünär bilimi.** Başlangyç hünär biliminiň maksady jemgyýete peýdaly işiň ähli esasy ugurlary boýunça zähmet çekmek üçin hünärleri bolan işgärleri taýýarlamakdan ybaratdyr. Başlangyç hünär bilimi dürli görnüşli (başlangyç hünär okuw mekdebi we beýlekiler) başlangyç hünär bilimi edaralarynda, şeýle hem, degişli ygtyýarnamalary bolan orta we ýokary hünär bilimi edaralarynda alnyp bilner. Bu bilim edaralarynda okuwlar okatmagyň gündizki we gündizki-gaýybana görnüşinde amala aşyrylýar. Başlangyç hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti ele alynýan hünäriň çylşyrymlylygyna baglylykda 1 okuw ýylyndan 1,5 okuw ýylyna çenli möhleti öz içine alýar. Okuwyň anyk möhleti bilimi dolandyrmak boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylan degişli hünäre taýýarlamagyň okuw meýilnamasy bilen kesgitlenilýär.

**Orta hünär bilimi.** Orta hünär bilimi şahsyýetiň hünär bilimini almaga we ony çuňlaşdyrmaga bolan isleginiň kanagatalandyrylmagyna esaslanýar, ol Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň degişli pudak-

lary üçin orta derejeli hünärmenleri taýýarlamak maksadyndan ugur alýar. Türkmenistanyň raýatlarynyň orta hünär biliminiň maksatnamalar boýunça okadylmagy umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar. Orta hünär bilimi dürli görnüşli (orta hünär mekdebi we beýlekiler) orta hünär bilimi edaralarynda we degişli ygtyýarnamalary bar bolan ýokary hünär bilimi edaralarynda alnyp bilner. Orta hünär bilim edaralarynda okuwlary okatmagyň gündizki, gündizki-gaýybana we gaýybana görnüşlerinde amala aşyrylýar. Orta hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti öwrenilýän hünäre we okatmagyň görnüşine baglylykda 2 okuw ýylyndan 4 okuw ýylyna çenli möhleti öz içine alýar. Okuwyň anyk möhleti degişli hünärleriň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan okuw meýilnamalary bilen kesgitlenýär. Orta hünär bilim edaralaryň uçurymlaryna degişli hünär boýunça orta basgançaga laýyk gelýän bilim hakynda resminama berilýär.

**Ýokary hünär bilimi.** Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin taýýarlygyň ugurlary we hünärler boýunça hünärli işgärleriň düýpli nazaryýet we amalyýet taýdan taýýarlanylmagyny, şeýle hem, şahsyýetiň bilimini, ylmy-mugallymçylyk hünärini çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge bolan islegleriniň kanagatalandyrylmagyny üpjün edýär. Türkmenistanyň ýokary hünär biliminiň işgärlerini taýýarlamagyň **2 basgançakly,** şonuň ýaly-da **1 basgançakly** gurluş düzümi bardyr.

Taýýarlygyň ugurlary boýunça okatmak amala aşyrylýan 2 basgançakly gurluş düzümi bolan ýokary hünär biliminiň 1-nji basgançagy (bakalawr derejesi) hünär işiniň ähli görnüşlerini amala aşyrmaga mümkinçilik berýän ýokary bilim hökmünde kesgitlenýär. Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (bakalawr derejesi) boýunça okatmak umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar. Ýokary okuw mekdeplerinde ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (bakalawr derejesi) boýunça okuw okatmagyň gündizki, gündizki-gaýybana, gaýybana görnüşleri boýunça geçirilýär.

Taýýarlygyň ugurlary boýunça okatmak amala aşyrylýan 2 basgançakly gurluş düzümi bolan ýokary hünär biliminiň **2-nji basgançagy (magistr derejesi)** hünär we (ýa-da) dolandyryş wezipeleriniň birnäçesini özbaşdak çözmäge, mugallymçylyk işiniň dürli görnüşlerini geçirmäge we umuman ylmy-barlag işlerini alyp barmaga taýýarlamagy üpjün edýän ýokary bilim hökmünde kesgitlenilýär. Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (magistr derejesi) boýunça okatmak umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar. Ýokary okuw mekdeplerinde ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (magistr derejesi) boýunça okuw okatmagyň gündizki görnüşi boýunça geçilýär.

Ýokary okuw mekdeplerinde ýokary hünär biliminiň maksatnamalary boýunça (hünärmen) okuw okatmagyň gündizki, gündizki-gaýybana, gaýybana görnüşleri boýunça geçirilýär.

Ýokary hünär bilimi dürli görnüşdäki (uniwersitet, akademiýa, konserwatoriýa, institut we başgalar) ýokary hünär bilimi edaralarynda ( ýokary okuw mekdeplerinde ) alnyp bilner.

Ýokary hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti öwrenilýän taýýarlygyň ugruna (hünäre) we okatmagyň görnüşine baglylykda, adatça:

bakalawrlary taýýarlamak üçin – 4 okuw ýylyny,

magistrleri taýýarlamak üçin – 1 okuw ýylyndan 2 okuw ýylyna çenli möhleti,

hünärmenleri taýýarlamak – 5 okuw ýylyndan 6 okuw ýylyna çenli möhleti öz içine alýar. Okuwyň anyk möhleti taýýarlygyň degişli ugurlarynyň (hünärleriň) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan okuw meýilnamalary bilen kesgitlenilýär.

Ýurdumyzda 25 sany ýokary okuw mekdebi bar. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde 80 töweregi ugur boýunça hünärmen taýýarlanylýar. Häzir Türkmenistanda 42 sany orta hünär okuw mekdepleri bar.

Türkmenistanyň 3 (üç) Mugallymçylyk mekdebinde – Aşgabadyň Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebinde, Daşogu-

zyň Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebinde we Marynyň Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebinde «Başlangyç synplarda okatmak we mekdebe çenli bilim we terbiýe» ugurlary boýunça orta hünärmen bilimli mugallymlar we terbiýeçiler taýýarlanylýar.

# IV BAP

## Mugallymçylyk käri

### Mugallymyň jemgyýetdäki roly

**Mugallym** mekdebiň okuw-terbiýeçilik işini guraýan we amala aşyrýan şahsyýetdir. Mugallym okadýan dersi boýunça ýörite taýýarlykly, çagalara ata-eneden soňra iň golaý durýan, pedagogiki işi alyp barýan halypadyr.

Pedagog-mugallym okuw işi zähmetiň jemgyýetçilik bölünişiginde işiň özbaşdak görnüşine öwrülenden soňra zähmetiň bu görnüşiniň esasy guraýjysy we dolandyryjysydyr. Siwilizasiýanyň ösmegi bilen mugallymyň işi birtaraplaýyn hyzmata – diňe öz dersiň okatmakda çäklenip, okaýanyň şahsyýete öwrülmegine boýdan-başa gatnaşmaýan orna süýşýän ýaly görünse-de, bu hakykatda beýle däldir. Okuwça mähir berip, onuň ýüreginde orun alan mugallym ösýän şahsyýetiň kemala gelşine, durmuşda öz ornuny tapmagyna hemişe dahyllydyr. Mugallymyň hakyky keşbi bir tarapdan, özüne düşünmegini isleýän şahsyýet, ikinji tarapdan, özünden öwrenýänlere düşünmekçi bolýan adamyň keşbidir. Şeýle bitewüligi yza dolanýan baglanyşygyň maksadalaýyk goýulmagy bilen gazanmak mümkindir. (surat).



Jemgyýet mugallymyň işine aýratyn ähmiýet berýär, onuň asylly, jogapkärli käri bilen içgin gyzyklanýar, ýaşaýyş-durmuşy barada aladalanýar. Mugallymyň ylymly-bilimli, edep-ekramly nesli ýetişdirmek işi jemgyýetiň ykdysady, sosial, medeni derejesini ýokarlandyrmak, ýurduň syýasy durnuklylygyny, il abadanlygyny we agzybirligini pugtalandymak bilen bagly bolansoň, il içinde onuň mertebesi belent tutulýar. Halk mugallyma özüniň iň eý görýän zady bolan çaganyň ykbalyny ynanýar, çünki ol mugallymyň yhlasly zähmeti bilen çaganyň kemally adam – ylymly-bilimli, ahlakly, medeniýetli, hünärmen adam bolup ýetişjekdigine ýüregi bilen ynanýar. Munuň özi mugallyma goýulýan belent sarpa, şol bir wagtyň özünde-de onuň üstüne ýüklenýän uly jogapkärçilikdir.

Türkmenler geçmişde-de mugallyma uly sarpa goýupdyrlar, onuň sowadyna we öwredijilik ukybyna aýratyn hormat bilen garapdyrlar. Muňa türkmeniň baldan süýji gören balasyny molla berende, «eti seniňki» diýip aýdan pähimi-de güwä geçýär. Hat-sowat öwredýän, tälim-terbiýe berýän adamyň gadyr-gymmatynyň bilinmegi türkmen halkynyň hemişe-de ylym-bilime teşne bolup gelenligindendir, onuň ýaşaýan ýerlerinde gadymy siwilizasiýanyň ýokary göterilip, dünýä ylmynyň we medeniýetiniň ösmegine saldamly goşant goşan beýik danalaryň bolanlygyndandyr. Türkmen özüne sowat öwreden, tälim beren mugallyma «mollam», «halypam», «ussadym» diýip ýüzlenipdir hem onuň keşbini ömrüniň ahyryna çenli belent şahsyýet hökmünde kalbynda göterip gelipdir, hatda ol baradaky ýatlamalaryny nesillerine-de geçiripdir.

Ildeşlerimiz bolan Gündogaryň beýik danalary – Horezminiň, Farabynyň, Birunynyň, Ibn Sinanyň, Omar Haýýamyň, beýik türkmen nusgawylarynyň öz döwürdeşleri hem özlerinden soňkular üçin deňsiz-taýsyz halypa, ussat mugallym bolandyklaryny hakykatdyr. Meselem, Gündogaryň akyldary Faraby «mugallymlaryň mugallymy» diýlip atlandyrylýar. Oňa Gündogaryň we Günbataryň belli alymlary «Ikinji mugallym», «Ikinji Aristotel» diýip, baha beripdirler. Gündogaryň beýik danalary ylym öwredip, tälim berip, şägirt döretmegi özlerine borç hasaplapdyr. Döwletmämmet Azady

sözüň hakyky manysynda mugallym bolup, onuň iň bir göreldeli okuwçysy we şägirdi beýik Magtymguly bolupdyr. Ol özüniň meşhur «Wagzy-Azat» eserinde bir oglany okadyp sowatly etmegiň sogaby on müň ajy doýurmak hem ýene şonça adama egin-eşik berip sogap gazanmak bilen deňdir diýip hasap edýär. Bu türkmeniň ilkinji mugallymynyň okatmagyň, ylym-bilim öwretmegiň gymmatyna rowa gören mertebesidir.

Türkmenistanda XIX asyryň ahyryna XX asyryň başynda ilkinji türkmen mugallymlarynyň hataryna Nazarguly Serdarow, Söýünberdi Garryýew, Muhammetguly Atabaýew, Gaýgysyz Atabaýew, Akmämmet Myradow, Ata Annanyýazow, Artykgül Tekinskaýa ýaly belli pedagoglar goşulypdy. Bu döwürde mugallym kadrlaryny taýýarlap ýetişdirmek zerurlygy ýüze çykanlygy sebäpli, bu ugurda dürli çäreler durmuşa geçirilipdir. Şol çäreleriň hatarynda döredilen dürli möhletli pedagogiki okuwlar, pedagogik tehnikumlar, pedagogiki mekdepler (uçilişşeler), magaryf, mugallymçylyk institutlary, pedagogiki institutlar, uniwersitet aýgytly rol oýnady. Netijede, Türkmenistanda mugallym kadrlarynyň giden bir tapgyry taýýarlandy. Olaryň arasynda pedagogika ylmyny, halk magaryfyny ösdürmekde aýratyn hyzmatlary bitiren H.Baýlyýew, A.Poseluýewskiý, A. Mergenow, P. Azymow, G. Sopyýew, M.Geldiýew, M. Annagurdow, T. Berdiýew ýaly onlarça alym-pedagoglar bardy.

Häzirki döwürde pedagogiki kadrlar ýurdumyzyň mugallymçylyk mekdeplerinde, mugallymçylyk institutlarynda, uniwersitetde taýýarlanylýar. Mugallymlar türkmen intelligensiýasynyň iň uly bölegini düzýär. Köpmüňli mugallymlar kollektiwiniň arasynda özboluşly pedagogiki tejribesi, gymmatly metodik tapyndylary bolan ussatlar bar. Ýylyň-ýylyna geçirilýän pedagogiki bäsleşik ýurdumyzda döredijilikli işleýän täzelikçi mugallymlarynyň ýüze çykmagyna amatly täsir edýär. Ýokary we orta mekdepler derejelerinde geçirilýän «Ýylyň mugallymy» atly bäsleşik pedagogiki işde taplanan, hut özüniň döredijilik ýoluna ynam bilen gadam basan mugallymy ýüze çykarýar.

## Mugallymyň zähmeti

Bilim berşiň üýtgedilip guralyşynda okadylyşy we terbiýäni döwrebaplaşdyrmak, ilkinji nobatda, mugallym hünärmenlerine baglydyr. Durmuş-ykdysady özgerişlerde mugallymyň at-abraýy, onuň bilim beriş wezipeleri düýpgöter özgerýär. Muňa degişlilikde onuň hünärmen häsiýetlerine bildirilýän talaplar-da üýtgeýär. Hut şonuň üçin häzirki zaman pedagogiki çekişmelerde esasy mesele mugallymyň ahlak-psihologik keşbiniň töwereginde jemlenýär.

XX asyryň 70-nji we soňraky ýyllarynda rowaçlanan **W.F.Şatalowyň** we onuň pikirdeşleriniň daýanç ýazgylary ulanmak arkaly okadylyşa ornaşdyran ynsanperwerlik pedagogikasy mugallymyň okuwçylar bilen döredijilikli arkalaşygynyň olaryň psihologik aýratynlyklaryny nazara almaklyga esaslanan nusgasydyr. Onuň tejribesiniň ynsanperwerlik täsiri diňe bir okuwçylara gönükdirilmän, köneçil okadylyşda okaýanlaryň bahalaryny emeli galdyrmaga meýil edýän mugallymlara-da degişlidir. Ussat mugallym: «Biziň usulymyza mahsus bolan bahalaryň aç-açanlygy mugallymlary hünäre aldanmadan, göterime kowalaşmakdan halas edip, olara mugallymyň mertebesini gaýtaryp berýär» diýip belleýär. (А.Ф. Шаталов 1988). Bu pikir teswirlemäni talap etmeýär.

Hakykatda pedagogiki tejribe pedagogiki tehnologiýanyň terbiýeçiniň şahsyýetiniň onuň gymmatlyk ugrukmasy bilen özboluşly utgaşmasydyr. Mekdep diňe bir ösýän şahsyýete adamzadyň gazanan tejribesini elýeter usulda geçirmek bilen çäklenmän, ýetmezçiligi aradan aýryp, tejribäniň mazmunyny umumadamzat gymmatlyklary bilen baýlaşdyrmak üçin bu tejribäni tankydy bahalandyrýar. Mekdep bu işi her bir aýratyn adamyň özbaşdak durmuş ýoluna düşmegine ýardam etmek üçin amala aşyrýar. Mekdep aýry-aýry adamlara kömek etmek bilen birlikde olara tutuş iş-durmuşyny nähili göwnejaý gurmalydygyny öwredýär. Halk esasy düzümi hojalyk we ruhy düzüjilerden durýan öz milli baýlygyny dikeldýär.

Mugallym özüniň jemgyýetiň degişli ýagdaýyna laýyk gymmatlyklary, meseleleri we ruhy medeniýeti bilen bularyň her biriniň gözbaşynda durýar. Ruhy medeniýet – bu ynsanperwer ide-

ýalarda şöhlelenýän şahsyýetiň tutuş dünýä, onuň ähli tutumyna degişliligidir. Bu degişlilik durmuşyň wajyp sowallaryna jogap tapmak synanyşygynda dünýäniň aladasyny syzmakda, daşky gurşawyň wakalary dogrusynda öz üstüňe jogapkärçilik almakda, şeýle hem, ynsanperwer gymmatlyklary işjeň ykrar etmekde ýüze çykýar.

**Mugallymyň ruhy medeniýeti** bu günki gün iňňän ýiti meseledir. Munuň degişli sebäpleri bardyr: durmuş-ykdysady ýagdaýyň geçiş döwürde bolmagy, şahsyýeti bazar ykdysadyýeti döwründe terbiýelemegiň täze ýollaryny agtarmak zerurlygy, ýaşlaryň ruhy gymmatlyklary özleşdiriş derejesiniň olaryň maddy gymmatlyklary özleşdirişiniň depgininden haýalrak bolmaklygy we beýlekiler.

Köp raýatlarymyzyň totalitar düzgünli eýýamda milli ahlaklylykdan daşlaşmagy, özüňi süýt, dostuňy – gaýmak saýmak ýörelgesinden sowulmagy, meseläni has-da çylşyrymlaşdyrýar. Hormatly Prezidentimiziň bilimi, ylmy döwrebaplaşdyrmak syýasatynyň esasy terbiýe gönükdirilmeleriniň biri-de milli aňy, ruhy medeniýeti ahlak göýdükliginden halas etmekdir.

Häzirki zaman mugallymy özüniň hünärmen işinde kemala gelen başarnyklary bilen okuwçylaryň düýpli özgeren edim-gylymlarynyň arasyndaky çaprazlygy syzýar. Okadylyş, terbiýe diňe subýekt-obýekt mazmunda däl-de, taraplaryň şahsy aragatnaşyk derejede ruhy gymmatlyklary alyşmagy häsiýetde guralmalydygy äşgär bolýar. Hut okaýanyň irgözinden bilim, başarnyklary ylmyň soňky gazananlarynyň derejesinde işjeň özleşdirip bilmekligi üçin hormatly Prezidentimiz okadylyşyň nazaryýet tarapyny güýçlendirmegiň günibirin derwaýyslykdygyny nygtaýar. Mugallym okaýanlaryň ruhy ösüşine täsir edip bilmese, onuň özi ruhy medeni göýdükligiň girdabyna ätleýär. Ýagdaýdan çykalga degişli okuw-tehnologik döwrebaplygy gazanmak bilen bir hatarda peder ruhy ahlak ýörelgelerine dolanmakdadyr.

Mugallym her bir okuwçynyň, ösüp gelýän nesliň, jemgyýetiň we döwletiň ykbalyna ahlak we hünärmen jähtden jogapkärdir. Biziň durmuşymyzyň, jemgyýetimiziň ertir nähili boljakdygy şu günki mugallymlaryň işiniň netijesine bagly. Bu babatda her bir adamyň

durmuşy, tutuş halkyň ykbaly bilen bagly başga bir hünäri görkezmek kyndyr.

Adamlaryň ýerine ýetirýän işleriniň arasynda mugallymyň işi iň çylşyrymly we jogapkärlidir.

**Mugallymyň hyzmaty (funksiýasy)** – özüniň hünär bilimlerini we başarnyklaryny ulanmakdyr. Olaryň esaslary okuwçylary okatmak, bilim bermek, terbiýelemek, ösdürmek we kemala getirmekdir. Mugallymyň esasy wezipesi **okatmak, terbiýelemek, ösdürmek, kemala getirmek** işlerini guramak we dolandyrmakdyr.

Mugallym okuwy ugrukdyrýar, terbiýeçilik işlerine ýolbaşçylyk edýär. Mugallym öz wezipelerine näçe gowy düşündigiçe, ol şonça-da öz okuwçylaryna erkinlik berýär, olaryň özbaşdaklygyny, başlangyçlaryny ösdürýär. Öz işine ussat mugallym okuwçylaryň erkin ýerine ýetirýän işleriniň daşynda bolup, gytaklaýyn orundan olaryň işine ýolbaşçylyk edýär.

Öz döwründe **Sokrat** mugallymlary **«pikirleriň eneke mamasy – akuşeri»** diýip atlandyrýar. Onuň pedagogiki ussatlyk barada aýdanlary «maýewtika» atlandyrylyp, türkmençe «sungaty dogruş» manyny berýär.

Işini bilýän pedagog okuwça taýýar maglumatlary geçirmän onuň paýhasynda täze pikirleriň döremegini oýarmalydyr. Pedagogiki işiň asyl mazmuny geçirilýän ähli okuw terbiýeçilik işleri guramak we dolandyrmak arkaly şahsyýetiň kemala gelmegini gazanmakdyr.

Mugallymyň işiniň mazmunyny, häsiýetini kesgitlemek üçin alymlar birnäçe modelleri – nusgalary ulanýar. Bu modelleriň ulanylyşyny mugallymyň işiniň esasy taraplarynyň biri bolan pedagogiki dolandyrylyşda yzarlamak ýerliklidir.

Mugallymyň ýerine ýetirýän işinde **dolandyrmak funksiýasynyň** esasy orundadygyny anyklamak üçin, onuň edýän işlerini ýerine ýetiriliş ýa-da **«pedagogiki taslama»** diýip alalyň! Islendik sapagy, synp sagady, täze temany ýa-da bölümi öwretmegi, oýunlary guramagy, mekdep baýramçylygyny ýa-da syýahaty guramagy doly amala aşyrmaklyk «pedagogik taslamadyr». Bu işleri ýerine ýetirmek üçin

pedagog olary dolandyrmaly, özi-de näçe oýlanyşykly dolandyrylsa, şonça-da bu işlerde ýalňyş az, netijelilik ýokarydyr.

Taslama barada oýlanylyp başlanan döwürde pedagogyň ilkinji funksiýasy **maksada daýanmakdyr.**

Pedagogik işiň esasy açary maksatdyr. Ol mugallym bilen okuwçynyň bilelikdäki işini umumy maksada gönükdirýär. Dolandyrmagyň esasy mazmuny maksatdan netijä çenli bolýan işi dogry alyp barmakdyr. Okatmak işini dolandyrmaklyk, ilkinji nobatda okuwçylary tanamak, bilmek bilen baglydyr. Mugallym olaryň taýýarlyk derejesini, mümkinçiliklerini, terbiýelenendigini, ösüş derejesini doly bilmelidir.

Bu maglumatlary mugallym pedagogiki **diagnozyň** üsti bilen alýar (grekçeden «diagnosis» tanamak, dia – aýdyň, + gnosis – bilim). Okuwçylaryň fiziki, psihiki ösüş, akyl we ahlak taýdan terbiýelenen derejesini bilmän, olaryň synpda we maşgalada terbiýeleniş şertlerini anyklaman, takyk maksat goýmak, zerur serişdeleri saýlamak kyn ýa-da mümkin däldir. K.D.Uşinskiý şeýle diýýär: «Eger-de pedagogika adamy hemmetaraplaýyn terbiýelejek bolsa, ol ony hemmetaraplaýyn bilmelidir, öwrenmelidir». (*История педагогики.* 1982.)

Diagnoz bilen bir hatarda **prognoz** (grekçeden «prognosis» – öňünden görmek = pro – öňden, + *gnosis* – bilim), çaklamak hem ulanylýar. Çaklama bu mugallymyň öz işiniň netijesini öňünden bilmegi we şoňa laýyklykda işi guramagydyr.

Diagnozyň we çaklamanyň maglumatlaryny ele alyp, mugallym okuw-terbiýeçilik işiniň taslamasyny (proýektini ) taýýarlamaga girişýär.

**Proýektiw funksiýa** geljekki işiň modeliniň konstruksiýasyny gurmaga, zerur serişdeleri we usullary saýlamaga, zerur wagty zerur maksada ýetmegi, gelnen netijeleri bahalandyrmagyň görnüşlerini we formalaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Diagnoz, prognoz, proýekt funksiýalary ýerine ýetirilenden soň, **okuw-terbiýeçilik işiniň meýilnamasyny** düzmek gezegi gelýär. Mugallym her bir bölümi hemmetaraplaýyn taýýarlanan meýilnamasyz synpa girip bilmez.

Meýilnamanyň göwrümi, nähili ýerine ýetirilenligi, mugallymyň ony sapakda yzygider synlamagy ýa-da ýatdan bilmegi esasy däldir. Esasy zat onuň hökmany bolmagydyr. Ýeri gelende aýtsak ussat mugallymlar bir däl, birnäçe görnüşli meýilnama düzýärler.

Mugallymyň okuw-terbiýeçilik işine taýýarlanyş döwründe düzýän her bir proýekti diagnoz, prognoz, proýekt we meýilnama funksiýalaryň ýerine ýetirilmegi bilen amala aşyrylmalydyr.

Geljekki tapgyrda mugallym öz pikirini amala aşyrmak üçin **maglumat, guramaçylyk, bahalandyryş, gözegçilik we düzediş funksiýalaryny** ýerine ýetirýär.

Mugallymyň **guramaçylyk funksiýasy** – öňde goýlan maksada ýetmek üçin okuwçylary işe çekmek, olar bilen hyzmatdaşlyk etmekdir.

Mugallymyň **maglumat funksiýasy** – onuň maglumatlardan peýdalanyp bilmegidir. Okuwçylar üçin ilkinji we wajyp maglumat çeşmesi mugallymyň özüdir. Ol öz sapagyny, ony okatmagyň usulyny, pedagogikany, psihologiýany doly bilmelidir.

Mugallymyň **gözegçilik, bahalandyrylyş we düzediş funksiýalary** – kähalatlarda mugallyma zerur, bir düzüme düzülen höweslendiriji täsirler hökmünde ulanylýar. Okuwçylar bilen işleşilende käýinç usulyna daýanyp, işi ýerine ýetirip bolmaz. Esasy zat höweslendirmek, gyzyklandyrmakdyr.

Mugallym işiniň jemleýji bölüminde – ol **analitiki (seljeriş) funksiýasyny** ýerine ýetirýär. Onuň esasy mazmuny ýerine ýetirilen işiň netijesini seljermek, ýüze çykan kemçilikleri öwrenip, olaryň sebäplerini kesgitläp, geljekde bu ýalňyşlyklaryň we kemçilikleriň ýüze çykmagyna ýol bermezlikdir.

## Mugallyma bildirilýän pedagogiki talaplar

Mugallymlaryň hünär we jemgyýetçilik funksiýalarynyň aýratynlyklary okuwçylaryň, ata-eneleriň, jemgyýetiň onuň şahsyýetine, ahlak hereketlerine bildirýän ýokary talaplarydyr. Mugallyma bildirilýän talap – onuň pedagogiki işiniň netijeliligini kesgitleýän hünär sypatlarynyň talaba laýyklygydyr.

Bu talaplaryň ilkinjileriniň hatarynda mugallymda pedagogiki ukyplaryň bolmagydyr. Bu günki günde pedagogik ukyplar depginli ösüş ýolundadyr.

**Çagalar bilen işlemäge islegi bolan, olary söýýän, olar bilen söhbetleşip lezzet alyp bilýän şahsyýetiň sypatlaryna pedagogik ukyplar** diýilýär. Kähalatlar pedagogik ukyplar gysga, anyk işleri başarmak manysynda hem ulanylýar. Meselem, owadan gürlemek, aýdym aýtmak, surat çekmek, çagalar bilen işleri gurap bilmek. Pedagogiki ukyplaryň esasy toparlary şulardyr.

**1. Guramaçylyk ukyplary.** Okuwçylary bir topara jemläp bilmek, olar bilen okuw-terbiýeçilik işini guramak, borçlary paýlamak, işi meýilnamalaşdyrmak, edilen işiň jemini jemlemek.

**2. Didaktiki ukyplary.** Okuw maglumatlaryny elýeter, düşnükli, gyzykly, ynandyryjy we yzygiderli düşündirip bilmek, görkezme esbaplary, sapakda ulanylmaly materiallary, abzallary saýlap bilmek we taýýarlamak, okuwçylaryň bilesigelijiligini we ruhy talaplaryny höweslendirmek, okuw isleglerini işjeňleşdirmek.

**3. Perseptiw (kabul ediş) ukyplary.** Okuwçylaryň ruhy dünýäsine aralaşyp bilmek, psihikasynyň aýratynlyklaryny ýüze çykarmak we olaryň emosional ýagdaýyny obýektiw bahalandyryp bilmek.

**4. Kommunikatiw ukyplary.** Okuwçylar bilen, kärdeşler bilen, ata-eneler bilen, mekdep ýolbaşçylary bilen dogry pedagogik maksada gönükdirilen aragatnaşyk gurap bilmek.

**5. Suggestiw ukyplary.** Okuwçylara emosional – erkli täsir edip, olary öz erkiňe tabyn edip bilmek.

**6. Barlag ukyplary.** Özüniň tejribe işinde ýüze çykan pedagogiki ýagdaýlary we hadysalary öwrenip we obýektiw bahalandyryp bilmek.

**7. Ylmy – öwrenijilik ukyplary.** Öz saýlan hünäri boýunça ylmy bilimleri ele alyp bilmek.

Zähmetsöýerlik, işjeňlik, tertiplilik, jogapkärlik, maksat goýup, oňa ýetmek üçin ýollary saýlap bilmek, guramaçylyk, talapkärlik, öz hünär derejesini ulgamlaýyn we meýilnamalaýyn kämilleşdirmek, öz

zähmetiň hilini ýokarlandyrmaga ymtylmak we ş.m. **mugallymyň esasy hünär sypatlarydyr.**

Bazar ykdysadyýeti döwründe, bilim ulgamynda täze talaplaryň (geleşik, kontrakt, meýilnama) ýüze çykmagy mugallymda okuw-terbiýeçilik işinde adamkärçilikli aragatnaşygy guramak başarnygynyň wajyplygyny kesgitledi.

Şeýle häsiýetlere: adamkärçilik, mylakatlylyk, çydamlylyk, paýhaslylyk, jogapkärçilik, dogruçyllyk, adalatlylyk, hökmanylyk, obýektiwlik, ýokary ahlaklylyk, ruhubelentlik, emosional deňagramlylyk, asudalyk, söhbetdeşlige talap, terbiýeleýänleriniň durmuşyna gyzyklanma, öz-özüňe tankyt, dostluk, özüni elde saklap bilmeklik, Watany söýmek, derejäňi bilmek, özdiýenlilik, emosional medeniýet, goldan gelýän kömegi bermek degişlidir.

Mugallymyň işiniň esasy alamaty **ynsanperwerlikdir**.

Mugallym okuwçylaryň gündelik durmuşynyň guramaçysy bolup çykyş edýändigi üçin, ol hemişe işjeň, döredijilikli şahsyýetdir. Synpa ýolbaşçylyk mugallymdan – döredijiligi, talap-edijiligi, islendik ýagdaýlardan özbaşdak baş alyp çykarmagy talap edýär. Çydamlylyk, özüňi ele almak, ruhy duýgurlyk, adalatlylyk, talap edijilik, wäşilik duýgusy, hünär salyhatlylygy mugallymyň hökmany sypatlarydyr.

## Mugallymyň şahsy we hünär taraplarynyň arabaglanyşygy

Mugallymyň şahsy sypatlary onuň hünär sypatlary bilen berk arabaglanyşyklydyr. **Hünär sypatlaryna** hünär taýýarlygy döwründe ýörite alan bilimleri, başarnyklary, pikirlenme ukyplary, işiniň usullary degişlidir. Olaryň arasynda: **okadýan dersini, okatmagyň usulyny bilmek, psihologik taýýarlyk, umumy başçykaryjylyk (erudisiýa), giň medeni dünýägaraýyş, pedagogiki ussatlyk, pedagogiki tehnologiýalary ulanyp bilmek, guramaçylyk başarnyklary we endikler, pedagogik salyhatlylyk (takt), pedagogiki tehnika, söhbetdeşligiň tehnologiýalaryny ulanyp bilmek, suhangöýlük (oratorlyk), ussatlyk** we başga sypatlar bardyr.

7. Sargyt № 986

**Mugallymyň hünär häsiýetnamasy** – haýsy-da bolsa bir hünäre degişlilikde zerur we ýeterlik bolan sypatlaryň toplumyna **hünär häsiýetnamasy** (professiogramma) diýilýär.

Ilkinji hünär häsiýetnamasy XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda, işi ylmy esasda guramak pikirini öňe süren alymlar tarapyndan düzülýär. Bu häsiýetnama şol döwrüň mugallymyna niýetlenilipdi. Onda mugallyma şeýle talaplar bildirilýärdi:

1. Beden saglygy.
2. Häsiýetiň deňagramlylygy.
3. Tertiplilik, ösen erklilik.
4. Başlangyç görkezijilik, döredijilik.
5. Guramaçylyk ukyplar we endikler.
6. Doly orta bilim we öz dersiňi gowy bilmek.
7. Öz bilim derejäňi täze maglumatlar bilen baýlaşdyrmak we gurşawdaky hadysalardan habarly bolmak.
8. Häzirki zaman psihologiýasynyň, pedagogikasynyň we metodikasynyň esasy akymlary bilen tanyş bolmak.
9. Okadýan dersiň usulyny bilmek.
10. Okadýan okuwçylar toparyňy bilmek.
11. Sosial-ykdysady we syýasy taýýarlyk.
12. Jemgyýetçilik durmuşy bilen gyzyklanmak we oňa işjeň gatnaşmak.
13. Geçirýän işiň maksadyny we wezipelerini doly we aýdyň aňlamak.
14. Öz hünäriň bilen bagly syýasy-köpçülik işleri bilen tanyş bolmak.
15. Okuwçylary söýmek, kollektiwizm.
16. Päkize geýinmek.
17. Öz borjuňy duýmak duýgusy.
18. Işiňe söýgi, ak ýürekli bolmak.

XX asyryň 80-nji ýyllarynda mugallyma degişlilikde hünär häsiýetnamasyny düzen W. A. Slastenindir. Onuň hödürleýän hünär häsiýetnamasy (professiogrammasy) dört bölümden ybaratdyr:

**1. Häzirki zaman mugallymynyň sypaty we häsiýetnamasy.** Bu bölüm özünde a) maksada gönükdirilenligi; b) hünär – pedagogik gönüdirilenligi; ç) öwrenijilik gönükdirilenligi jemleýär.

**2. Psihologik we pedagogiki taýýarlygyna talaplar.** Olara a) bilim; b) başarnyk; ç) endikler degişlidir.

**3. Ýörite taýýarlygyň göwrümi we düzümi.**

**4. Mugallymyň öz hünäri boýunça usuly taýýarlygy.**

Bu hünär häsiýetnamasy özünde: terbiýelemegiň we okatmagyň usullaryny ulanyp bilmegi; pedagogiki ussatlygy we umumy ösüşi; okatmagyň we terbiýelemegiň psihologik we pedagogiki esaslaryny bilmegi; maksadaokgunlylygy; ynamlylygy; tehniki serişdeleri ulanyp bilmegi; çagalary söýmegi; olara düşünmegi, adama ynamy; ruhubelentligi; maksat goýup we oňa ýetmegiň ýollaryny saýlap bilmegi; öz wagtyny dogry paýlap bilmegi; başganyň wagtyny paýlamagy; öz syýasy-ideýa we ýörite taýýarlyk derejäňi ulgamlaýyn we meýilnamalaýyn kämilleşdirmek; öz işiň önüminiň hilini ýokarlandyrmak; özbaşdak döredijilik; ýokary ahlak sypatlary; şahsy görelde we başga sypatlary jemleýär.

Mugallymyň saglyk ýagdaýy onuň hünär häsiýetnamasynyň özenini düzýän-de bolsa, ol näme üçindir bu sanawda düşürilipdir. Çaky düzüjiler ony öz-özünden düşnükli hasaplan bolmaly.

Mugallymyň esasy sypatlary:

1. Guramaçylyk.
2. Tertiplilik.
3. Zähmetsöýerlik.
4. Ýerine ýetirijilik.
5. Mylakatlylyk.
6. Sadalyk.
7. Mylaýymlyk.
8. Adalatlylyk.
9. Talap edijilik.
10. Öz dersini bilmek.
11. Maglumaty düşündirip bilmek.
12. Işi ýola goýup bilmek.

13. Okatmakda ussatlyk.
14. Duýgurlyk.
15. Hemaýat edijilik.
16. Ahlak päkligi.
17. Okuwçylara ynam.
18. Özüňi göreldeli alyp barmak.
19. Mugallymyň abraýy.
20. Adalatsyzlyga çydamsyzlyk.

Soňky wagtlar **«ideal pedagog»** düşünjesi hem ulanylyp başlady. Özünde ýokary derejede kämilleşen raýatlyk, önümçilik we şahsy funksiýalary jemleýän nusga hünärmene- ideal pedagog diýip bolar.

Wagt geçýär, mugallymdan edilýän talaplar günsaýyn artýar we üýtgeýär. Her bir mugallym «ideal mugallym» bolmaga çalyşmalydyr.

## Mugallymyň psihologik-pedagogiki medeniýetiniň esasy sypatlary

Mugallymyň ruhy medeniýeti onuň hünärmen işiniň mazmunyny düzýär. Mugallymyň şahsyýet hökmünde möhümligi, onuň adamzadyň gazanan gymmatlyklaryna hut özüniň aralaşyp bilşine, hem-de beýleki adamlary oňa ugrukdyryşyna baglydyr.

Mugallymyň özleşdiren gymmatlyklar ulgamy onuň şahsy-hünärmen ornuny kesgitleýär we **etiki, psihologik** gönükdirilmelerde ýüze çykýar. Olaryň arasynda iň möhümleri şulardyr:

**1. Okadylýanlara gatnaşygy:** düşünmeklige ugrukma, duýgudaşlyk, okaýanlaryň çendan erkinligi we özbaşdaklygy, her bir okuwçynyň döredijilik goruny ýüze çykarmaklyga ymtylyş;

**2. Toparlaýyn (kollektiwleýin) işi guramaga gatnaşygy:** adalat-demokratiki öz-özüňi dolandyrylyşyň ösdürilmegine ugrukma, toparlaýyn döredijilige, umumy işi diňe bir okuw jaýynda däl, onuň çäginden daşda, şol sanda öýde guramaga, kollektiwleýin durmuşyň däp-kadalaryny berjaý etmeklige gönükdirilme;

**3. Mugallymyň öz-özüne gatnaşygy:** okuw-terbiýeçilik işiniň üstünlikli guralmagyna alada etmäge, hünär we şahsy ösüşe, öz-özüňi seljerişe ugrukma.

## Psihologik-pedagogiki sowatlylygy häsiýetlendirýän sypatlar

Şeýle sowatlylyk pedagogyň öz dersini we ony okatmagyň usulyny çuňňur bilmegine möhüm hünär talabydyr. Dersi diňe erkin özleşdirmeklik okaýanlarda bilimlere, mugallyma we onuň talaplaryna höwes döredýär. Kähalatlarda «Mugallym ähli zady bilip bilmez. Bilmezlik aýyp däldir!» diýilýär. «Ähli zady» düşünjesi anyklanylmasa, bu pikiriň makullygy şübhelidir. Fizikden türkmen nusgawy edebiýatyny doly göwrümde bilip, sapagyny keminden üç dilde okadyp bilmegini talap edip bolmaz. Edil şonuň ýaly-da edebiýat mugallymynyň Eýnşteýniň otnositellik (çendanlyk) taglymatyny bilmegi onuň ýokary erudisiýasyny görkezse-de, ol oňa hökmany talap däldir. Ýöne mugallym haçanda öz dersini bilip, onuň üstesine-de käbir başga bilimlerden hem baş çykarýan bolsa, onuň medeniýetine baha-da onuň hut şol hökmany talapdan ýokary düşünjeleri özleşdirişiniň çuňlugyna laýyklykda berilýär. Aslynda şol «talapdan ýokarylyk» okuwçylara öz mugallymynyň sowatlylygyna, bilimleriniň köptaraplaýynlygyna baha kesmäge esas bolýar.

## Mugallymçylyk ussatlygynyň derejesini häsiýetlendirýän sypatlar

Okuwçylar mugallymyň diňe bir bilimlerini däl-de, onuň bilim-düşünjeleri gyzykly we düşnükli özlerine ýetirişini hormatlaýar. Mugallymyň bilimleri talyplara bermeklige höwesi we başarnygy, dersine gatnaşygy, oňa söýgüsi töweregindäkileriň hemişe üns merkezinde bolýar.

## Pedagogik ukyplaryň ösüş derejesini häsiýetlendirýän sypatlar

Islendik işiň netijeliligi köp derejede paýhasyň indiwidual aýratynlygy bolan ukyplara baglydyr. Olar adamda işiň bellibir görnüşine laýyklyk döredip, degişli bilim-başarnyklaryň özleşdirilişini ýeňilleşdirýär we özi şu işiň tutumynda ösýär. Mugallym hökmünde üstünlikli işlemek üçin pedagogiki ukyplar zerur bolup, olara pedagogiki pikirlenme, guramaçylyk ukyplary, şeýle hem, nerw-psihiki ulgamyň çydamlylygy degişlidir. Soňky sypat pedagogiki hünäriniň adama salýan iňňän ýokary dartgynlylygy sebäpli, ýörite nygtalmaga degişlidir. Pedagog üçin özüňi elde saklamak, ýerliksiz hereketleri togtatmak ukyby, çaltlygyň çözgüt tapyjylyk bilen utgaşmagy, emosional-duýgy deňagramlylygy, öz duýgularyňa erk etmek başarnygy aýratyn möhümdir.

## Ahlak-duýgy terbiýeliligi häsiýetlendirýän sypatlar

Bu häsiýetler mugallymyň beýleki adamlara ýolbaşçylyk etmek, olary okatmak we terbiýelemek ýaly ahlak hukuklaryny döredýär. Okaýanlara hoşniýetli gatnaşykda bolup, olaryň şäht-duýgy ýagdaýyny syzmak, her bir talybyň psihologiýasyny bilmek, mugallymyň aýrylmaz sypatlarynyň biri bolan **pedagogiki salyhatlylygy** (pedagogiki takty) kemala getirýär. Pedagogiki salyhatlylyk mugallymyň tapylgysyz hünär sypaty bolup, ol oňa pedagogiki täsir serişdelerini ulananda duýgulary ýüze çykarmagyň çägini salgy berýär. Bu sypat özüňe erk etmek, takatlylyk, sowukganlylyk ýaly häsiýetler bilen baglydyr.

«Terbiýelemek» işligi keminden üç pedagogiki hereketi özünde birleşdirýär: **okatmak, dolandyrmak, aragatnaşyk guramak.** Ýöne bu düzüjileriň düýpli özboluşlylygy bardyr. **Okatmak** üçin mugallym okaýanlardan bilimi we tejribesi boýunça ökde bolmalydyr. **Dolandyrmak** üçin bolsa ol wezipesi, pähimi, güýji ýa-da abraýy taýdan ýokary bolmalydyr. **Aragatnaşykda** bolsa, tersine, taraplaryň doly deňligi talap edilip, duýguda adamlar özlerini hiç wagt kembaha

saýmaly däldir. Garşydaşyňy syzyp bilmek üşügi – bu aragatnaşyk ukybydyr. Pedagogiki zehin – bu okuwçyda edil özüňki ýaly mynasyp şahsyýeti syzyp, onuň bilen deň hukukly derejede aragatnaşyk guramakdyr.

Okuw jaýynda işi dolandyryp bilmeýän mugallym pedagoglygyny bes edýär. Ýöne, ýeke-täk dolandyrmak başarnygy-da mugallyma ýeterlik däldir. Dolandyryş diňe syzylmasy kyn, taraplaryň ýürekdeş aragatnaşygyna daýananda netijelidir. Aragatnaşyk ýok ýerinde okuwçylaryň dolandyrylmasy-da ýokdur: okuwçylar pedagogy «eşitmeýär», oňa hormat goýmaýar.

Pedagogiki aragatnaşyk öz ösüşinde birnäçe **derejeleri** geçýär: **baglanyşyk – sataşma (ýüzbe-ýüzlük), ýürekdeşlik we ruhy aragatnaşyk.**

**Baglanyşyk–sataşma** – bu adamsöýüjiligiň ýüze çykyşy hökmünde gysga ýa-da dowamly bolup bilýär.

**Ýürekdeşlik aragatnaşygy** haçanda pikiriň ýa-da höwesiň umumylygy bolanda döreýär.

**Ruhy aragatnaşyk** – aragatnaşygyň iň ýokary derejesi hökmünde taraplaryň umumy maksat-niýetleri esasynda döräp, adamyň öz ýanynda ruhy howalaryny paýlaşýan adamyň bardygyna bagtlylyk duýgusyny syzýan ýagdaýydyr. Aragatnaşygyň serişdesi hökmünde ilkinji nobatda ses we bakyş (nazar salmak) öňe çykýar. Gyýak, şübheli, ätiýaçly, çytyk, «turşy», biagyry, ät galan, närazy, gülümsireýän, biperwaý garaýyşlar – bularyň bary mugallymçylyga çapraz hadysalardyr. Islendik hoşgylaw däl äheň, gazap we ynjyklyk mugallymyň hut özi tarapyndan talyplaryň öňünde hata hökmünde bahalandyrylmalydyr. Tersine, hoşgylaw, mylaýym, şadyýan, wäşi, düşünýän, goldaýjy, guwanyjy bakyşlar mugallymyň işiniň tapylgysyz serişdeleridir.

Mugallymyň jemgyýetçilik wezipeleri, hemişe adamlaryň (esasan okuwçylaryň) gözüniň öňünde bolýanlygy onuň daşky keşbine, geýim-gejiminiň biçüwine bellibir talaplar bildirilýär. Adatça, mugallymlar eşigiň özüni salyhatly, tämiz görkezýän, adamyň gylygynyň çuňlugyny sypatlandyrýan işewür görnüşini saýlaýar.

Agzalanlar psihologik-pedagogiki medeniýetiň, pedagogyň okuw-terbiýeçilik işiniň wezipeleriniň çözgüdine esas bolup hyzmat edýän düzüjileridir. Şunuň bilen bir hatarda mugallymyň psihologik-pedagogiki keşbiniň ýene-de bir aýrylmaz tarapy – pedagogik ussatlygyň esasyny düzüjiler bolan onuň **başarnyklary** we **endikleri** hem häsiýetlendirilmelidir.

**Mugallyma dürli başarnyklar zerurdyr:** okuwçylarda bilesigelijiligi ösdürmek; olary töweregiňde jebisleşdirmek; olara düşünmek, yzyňa eýertmek; olaryň ýokary ynamyny gazanmak; diňe bir özleşdirilýän bilim – düşünjelere gözegçilik bilen çäklenmän, sözüň işe ornaşmagyny gazanmak; dogumlylygyň, durnuklylygyň, erjelligiň nusgasy bolmak; ynandyrmak. Bu sanawy kynçylyksyz dowam etdirip bolar. Ýöne her bir ýagdaýyň gaýtalanmaz özboluşlylygy bolup, mugallym olaryň her birine laýyk başarnyklar döretmelidir. Şol bir wagtda mugallymyň ylmy düşünjeleri ýaýradyjy, guramaçy we terbiýeçi hökmündäki başarnyklarynyň umumy toplumyny ýüze çykarmak mümkin. Olara **sözleýiş ussatlygy – suhangöýligi, didaktiki-öwrediji ussatlygy, aragatnaşyk guraýjylygy, kabul ediş başarnyklary, şeýle-de pedagogiki tilsimaty özleşdirmeklik** degişlidir. Bu başarnyklaryň toplumy terbiýeçilik işiniň mazmuny hem-de mugallymyň öňünde durýan wezipeleriň aýratynlyklary bilen kesgitlenilýär.

**Pedagogiki tilsimat** – pedagogik ussatlygyň möhüm bölegidir. Ol mugallymyň şahsy täsir ediş serişdeleri özleşdirip (sesi, yşarat hereketlerini, kaddyňy tutmaklygy), özüňi alyp barşy pedagogik maksadalaýyklykda guramagynda ýüze çykýar. Pedagogiki tilsimat bu ýokary derejä ýetirilen ussatlykdyr.

**Pedagogyň ussatlygy** – bu onuň psihologik-pedagogiki täsir ediş serişdeleriniň häzirki zaman goruny ýokary derejede döredijilikli özleşdirmegidir; olary öz işiniň ähli tutumynda netijeli ulanmagydyr; terbiýeçi hökmünde öz hereket – edim-gylymlaryňy üznüksiz tankydy seljermek we terbiýeçilik başarnyklaryny, endiklerini yzygider kämilleşdirmekdir. Elbetde, bu ussatlyk adamda ynsanperwer başlangyçlary terbiýelemäge, şahsyýeti kemala getirmäge, öz döre-

dijilik ukyplaryňy netijeli ulanmaga, durmuşyň ähli ulgamynda öz wezipäňi üstünlikli ýerine ýetirmäge hyzmat etmelidir.

## Mugallymyň hünär kämilliginiň käbir taraplary

Mugallym özünde hünär kämilliginiň esasy taraplaryny kemala getirmelidir. Şeýle taraplaryň käbiri hökmünde:

– **Mugallym garaşsyz türkmen döwletiniň maksat-matlabyna, ýöredýän içeri we daşary syýasatyna dogry düşünýän hem düşündirmegi başarýan,** Watan öňünde bitirmeli mukaddes borjuna akyl ýetirýän, ylmy dünýägaraýyşly, ýaş nesli döwrüň talaplaryna laýyklykda okadyp, terbiýeläp, kemala getirip bilýän, ideýa taýdan taplanan adam bolmalydyr;

– **Okuwçynyň, ata-enäniň, beýleki adamlaryň arasynda edepliligi,** özüni alyp barşy, gepi-sözi, işi bilen görelde görkezip bilmekligi, çaga ýüreginiň galplygy, ikiýüzlüligi, biderek göwne degilmäni bagyşlamaýandygyny ýatdan çykarmazlyk. Çaganyň dogruçyl hem adalatly, talapkär hem hoşniýetli, adamkärçilikli hem ynsanperwer, sypaýy hem guramaçy, başlangyja ýykgynlylyk (inisiatiwalylyk) hem özüniň içki dünýäsine ser salyp, küýüne laýyk hereket edýän pedagogy hemişe hormatlaýandygyny üns merkezinde saklamak;

– **Pedagogyň durky bilen milli ruha ýugrulanlygy:** türkmen halkynyň taryhy, dili, edebiýaty, medeni we ruhy gymmatlyklary barada düşünjeli bolmagy hem şol düşünjelerini okuw-terbiýeçilik prosesinde ýerlikli peýdalanyp bilmegi. Her bir okuwçynyň köňül köşgüne türkmeniň milli ruhy bilen bilelikde girmegi niýet edinmegi we bu niýeti amal etmegi;

– **Okatmagyň hususy usulyndan, pedagogikanyň, psihologiýanyň, fiziologiýanyň meselelerinden baş çykaryp bilmek.** Her bir okuwçyny aýratynlykda öwrenmäge, zehinli bilen zehinsizi, ukyply bilen pes ukyplyny tapawutlandyrmak, olaryň hersiniň güýjüne laýyk iş usullaryny tapyp bilmeklik. Okadýan sapagyny kämil bilmek, öz ugry bilen baglanyşykly bolan beýleki okuw derslerinden habarly bolmak.

– **Mugallymyň hünär kämilliginiň özeni onuň işe ussatlygy bolup,** ol şeýle ussatlyga hyjuwly hem yhlasly zähmetiň netijesinde eýe bolýar. Ussatlyk okatmagyň we terbiýelemegiň öňdebaryjy usullaryny bilmekden has mazmunly hadysadyr. Ol pedagogik işe belli-bir derejede täzelik girizmek, goşant goşmak, häli-şindi ýüze çykýan hadysalardan dogry baş çykaryp bilmekdir. Pedagogiki ussatlyk mugallymda birnäçe erk – ahlak sypatlarynyň jemlenilmegini hem talap edýär.

Hünärine ussat mugallym ugurtapyjylygy hem sypaýylygy, sabyrlylygy hem seresaplylygy bilen tapawutlanýan, özüniň hereketine, gep-sözüne erk edip bilýän pedagogdyr. Ussatlyk gerek ýerinde saklanyp bilmegi, käbir zatlary görmezligi we eşitmezligi, degşip-gülüşmegi, talap etmegi, okuwçylaryň işini gurap, ugrukdyryp ony ugrukdyrmagy, sözüniň jaýdar hem täsirli bolmagy ugrunda hemişe alada etmegi talap edýär;

– **Okuw görkezme esbaplarynyň dürli görnüşlerinden, tehniki serişdelerden, innowasion, kompýuter we multimedia tehnologiýalaryndan ýerlikli, netijeli peýdalanyp bilmek** hem mugallymyň hünär kämilligi üçin zerur bolan alamatlaryň biridir.

– **Okatmagyň problemalaýyn häsiýetde bolmagy** mugallymyň hemişe üns merkezinde bolmaly meseleleriň biridir. Öňdebaryjy pedagogiki tejribäniň görkezişi ýaly, okuw prosesine problemalaýyn okatmagyň elementleri ornaşdyrylanda, sapagy gyzykly hem täsirli edip guramak, okuwçylaryň ünsüni öwrenilýän okuw materialynda jemlemek, olaryň özbaşdak pikirlenme işini ösdürmek mümkinçiligi ýokarlanýar.

– **Mugallym her bir temanyň terbiýeleýjilik mümkinçiligini üns merkezinde saklamaly.** Meselem, fiziki geografiýadan «Ýer titremesi» diýen tema geçilende okuwçylara watançylyk terbiýesini bermek, halklaryň dostlugy, özara ýardamy hakynda söhbet etmek zerurlygy ýüze çykýar. Şeýle söhbet okuwçylarda internasionalizmi duýgularyny terbiýeleýär. Himiýa «Spirtler we fenollar» tema öwrenilende, spirtiň ýasalyşyny, peýdalanylyşyny gürrüň bermek bilen bir hatarda, spirtli içgileriň adam organizmine ýetirýän zyýany barada

delilli mysallar getirmek sapagyň täsirli hem netijeli bolmagyna ýardam edýär.

– Mugallymyň hünär taýdan kämilleşmeginiň esasy taraplarynyň ýene biri onuň **öz üstünde yzygiderli işlemegi, öz bilimini artdyryp, tejribesini baýlaşdyrmagydyr.** Ol okuwçyny yzyna eýertmek üçin hemişe okamaly, täzeliklerden habarly bolmaly we kärdeşleri, synp ýolbaşçylary, ata-eneler bilen pikir alşyp durmaly, okuwçylar bilen hakyky ýürekdeşligi ýola goýmalydyr. Pedagogiki tejribäniň görkezişine görä-de, mugallym okuwçy bilen arany näçe ýakynlaşdyryp bildigiçe, onuň işi şonça-da şowly bolýar, birek-birege ynam döreýär. Şoňa görä ol okuwçylara sessiz-üýnsüz gulak asýan, tabşyryklary gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirýän adamlar hökmünde däl-de ösýän şahsyýetler hökmünde, olaryň hersine özboluşly bir dünýä hökmünde, belki, geljekde özünden hem ökde bolup ýetişjek adamlar hökmünde garamagy başarmaly. Okuwçylaryň maslahatyna, orta atýan pikirine üns bermek, haýsydyr bir meselede olaryň mamladygyny ykrar etmek mugallymyň mertebesini peseltmän, olary bir-birine ysnyşdyrýar, ýürekdeş hem pikirdeş adamlara öwürýär.

**– Hakyky mugallym hemişe täzeligiň gözleginde, döredijі bolýar.** Hakyky mugallymçylyk çeper döredijilik häsiýetli işdir. Hakyky mugallymy gypynçsyz halk şahyry, ýazyjysy, hudožnigi bilen bir hatarda goýmak bolar, çünki mugallymyň işi ylmy döredijilik bilen aralaşdyrylan hem bolsa, ol hakyky manysynda sungatdyr. Ol hemişe gözlegde, agtaryşda bolýar. Şeýle mugallymlaryň hatarlarynyň Diýarymyzda üznüksiz artýandygy guwandyryjy ýagdaýdyr.

## Ýaş mugallymlar bilen işlemegiň pedagogiki-psihologik aýratynlyklary

Mugallymçylyk aýratyn hormatly kärdir. Bu käriň sosial-jemgyýetçilik we ynsanperwer-gumanistik manysy onuň adamzadyň medeniýetini nesle geçirmek bilen, sözüň hakyky manysynda şahsyýetleri döredýänligidir. Ýurduň geljegi ýaş hünärmenleriň nädereje maksadalaýyk taýýarlanylyşyna baglydyr.

Ýaş hünärmen okuw jaýyny gutaryp, işiniň ussady bolup ýetişýänçä, köp yhlas-alada sarp etmeli bolýar. Okuw jaýlaryny tamamlan ýaşlar mekdep kollektiwine ruhubelentlik we umyt bilen gelýärler. Şoňa görä-de, ýaş mugallymlaryň mekdepde ilkinji gezek kollektiw bilen duşuşygy onuň bütin ömründe ýadynda galýar. Ýaş mugallymyň oňat garşylanmagy onuň ahlak ruhuny, keýpini, işe bolan höwesini ýokarlandyrýar. Şonuň üçin mekdepde ýaş mugallymy garşy almaga degişli taýýarlyk görülmelidir.

Ýaş mugallym mekdebe gelen ilkinji gününden başlap, kollektiwiň we mekdep ýolbaşçylarynyň goldawyna mätäç bolýar. Ýaş mugallymlaryň geňeşi döredilip, olaryň pedagogiki zähmetiň weteranlary bilen duşuşyklary guralýar. Bularyň hemmesi düýnki talybyň bu gün oňat mugallym bolup ýetişmegine ýardam etmelidir. Mekdep ýolbaşçylary ýaş mugallym bilen ilkinji gezek gürrüňdeş bolanlarynda edilýän talaplar hakynda gürrüň etmän, onuň hut özi, ýaşaýyş-durmuş şertleri bilen gyzyklanyp, geljekde bile işleşer ýaly oňaýly psihologik atmosfera döretmelidirler. Ýaş mugallyma ilkinji duşuşykda mekdep, onuň däpleri, ýyl ýazgysy bilen, mekdebiň taryhy hakyndaky materiallar, mekdebiň şu günki ýagdaýy bilen tanyşmagy teklip etmek peýdalydyr. Ikinji duşuşykda mugallymdan edilýän talaplar hakynda aýdylmalydyr.

Işe täze başlan mugallym özleriniň ýerine ýetirmeli borçlaryny, mekdepde umumy düzgüne nähili eýermelidigini doly göz öňüne getirip bilmeýär. Mekdep hakyndaky onda, esasan, okuwçy we pedagogiki tejribelikde bolan döwürleri barada ýatlama saklanyp galan bolýar. Indi bolsa ol mugallym hökmünde işe başlaýar, bellibir wezipäni eýeläp, mekdepde jemgyýetçilik işlerini ýerine ýetirýär, pedagogiki maslahatyň işine gatnaşýar. Ýaş mugallymda entek özüniň wezipesine laýyklykda borjuna düşünmeklik ýetmezçilik edýär. Bu bolsa, kähalatda ýaş mugallym bilen garşylygyň ýüze çykmagyna sebäp bolup bilýär. Şoňa görä-de, ilkinji günden başlap, ýaş mugallymy kadalaşdyrjy resminamalar bilen tanyş etmeli, oňa zähmet düzgün tertibini berjaý etmelidigi düşündirilmeli.

Içerki tertip-düzgün hakynda halypa mugallym hem onuň bilen düşündirişli gürrüň geçirse netijeli bolýar. Halypa mugallymyň aýdan sözi onuň iş-tutumy bilen deň gelmese, ol ýaş mugallym üçin ters göreldedir. Halypa mugallymlar ýaş mugallymlary ýygy-ýygydan öz sapaklaryna we beýleki tejribeli mugallymlaryň sapaklaryna gatnaşdyrmalydyrlar. Özara sapaklara gatnaşygyň guralmagy ýaş mugallymlar üçin örän peýdalydyr. Bu olaryň sapagy göwnejaý guramagynda, öňdebaryjy pedagogiki tejribäni öwrenmeginde we okuwçy ýaşlary okatmagy we terbiýelemegi dogry guramaklarynda uly rol oýnaýar.

Mekdep ýolbaşçylary meýilnama esasynda ýaş mugallymyň aýry-aýry sapaklaryna gatnaşyp, terbiýeçilik işlerini guraýşy bilen gyzyklanmalydyrlar. Synlama esasynda ýaş hünärmeniň maksatnamanyň talaplary, okuw materiallary bilen tanyş ýa-da däldigi, okatmagyň usullaryny özleşdiriş derejesi ýüze çykarylmalydyr. Mekdep ýolbaşçylary bulardan başga-da ýaş mugallymlaryň sapakda dersara baglanyşygy ýola goýşy, sapagy durmuş bilen baglanyşdyryşy, okuwçylaryň işjeňligini ösdürişi, özbaşdak işleri guraýşy, synpda tertip-düzgüni saklap bilşi bilen gyzyklanmalydyrlar. Şeýle edilende ýaş mugallymyň ýetmez taraplary ýüze çykarylýar we ony öz wagtynda düzetmek mümkin bolýar.

Ýaş mugallymlaryň sapaklarynyň dogry derňew edilmegi, kemçilikleriniň adalatly görkezilmegi olaryň gowy mugallym bolup ýetişmekleri üçin peýdalydyr. Öz gezeginde ýaş mugallymlar hem halypalaryň sapaklaryna gatnaşýarlar. Ýaş mugallymyň gündeligi bolup, onda kimleriň sapaklaryna gatnaşandygy, gatnaşan sapaklarynda öwrenen zatlary bellik edilýär.

Ýaş mugallymyň pedagogiki taýdan ussat bolup ýetişmegi üçin ähli mugallymlaryň tagallasy zerurdyr. Mekdeplerde «ýaş mugallyma kömek» diýen aýratyn bukja ýa-da diwarlyk döredilse peýdaly bolar. Onda gündelik sapak meýilnamasy, sapakdan edilýän, mugallyma bildirilýän esasy talaplar, dersler boýunça temalaýyn meýilnamalar, terbiýeçilik iş meýilnamalary, iş tejribeden maglumatlar ýaş

mugallymlara kömek üçin niýetlenen gazet-žurnal maglumatlary bolmalydyr.

Ilkinji sapaklar ýaş mugallymda aýratyn tolgunma döredýär. Ol baradaky täsirler onuň bütin ömründe ýadynda galýar. Işe täze başlaýan mugallymlaryň ilkinji sapaklarynyň hili bu mekdep kollektiwiniň we onuň ýolbaşçylarynyň pedagogiki tejribesiniň özboluşly bahalandyrylmasydyr.

Ýaş mugallymyň ilkinji sapaklary başga adamlaryň gatnaşmazlygynda geçirilse gowudyr. Şonda oňa okuwçylar bilen tanyşmak we olar bilen aragatnaşygy ýola goýmak ýeňil düşýär. Gatnaşyljak ilkinji sapagyň wagty barada mekdep müdiri we onuň orunbasary ýaş mugallym bilen öňünden gepleşýär. Birinji gatnaşylan sapagy ara alyp maslahatlaşmak, ýaňy işe başlaýan mugallymlaryň mundan beýläkki işi üçin örän möhümdir.

Ýagdaýa görä wagt saýlanylyp, ilkinji sapak hoşniýetli we dogruçyl ara alnyp maslahatlaşylýar. Eger sapak oňat täsir galdyran bolsa, ony belläp, geljekde nämelere üns berilmelidigi görkezmelidir. Eger ilkinji sapaklar şowsuz bolsa, mekdep ýolbaşçylarynyň wezipesi ýaş mugallymy köşeşdirmekden, nämä üns berlende sapagy oňat gurap boljakdygyny düşündirmekden ybarat bolmalydyr.

Ýaş mugallymyň sapagy ara alnyp maslahatlaşylanda, islendik ýagdaýlarda-da hoşniýetlilik saklanylmalydyr. Ähli pikirleri we bellikleri dostluk maslahaty görnüşinde bermeli, sapagy diňe özüň derňemegi maksat goýmaly däl-de, ýaş mugallyma öz-özüni derňemegiň tehnikasy öwredilmeli.

**Halypaçylyk işi** – tejribeli mugallym bilen ýaş mugallymyň arasyndaky ygtybar köprüdir. Şoňa görä, ýaňy pedagogiki işe başlan mugallymy tejribeli, täzeligiň gözleginde gezýän, bilýänini biminnet öwredýän mugallyma şägirt berkitmek, soňra halypadyr şägirt bilen wagtal-wagtal söhbetdeş bolmak bilen halypaçylygyň netijesini ýüze çykarmak bu işiň adaty ýörelgesidir.

**Sapaklara gatnaşmak.** Ýaş mugallym bir-iki ýyl işläp, duş gelýän kynçylyklary ýeňip geçmegi öwrenen, kämilleşmegiň ýolunda aýgytly hereket edýän pedagogyň sapagyna gatnaşdyrmak gowy ne-

tije berýär. Has tejribeli mugallymlaryň sapaklaryna gatnaşdyrylmak bolsa, az-kem soňrak ýola goýulsa maksadalaýyk bolar.

«Açyk sapaklar», «Göreldeli sapaklar» diýlip atlandyrylýan sapaklara gatnaşmak hem ýaş mugallyma uly usuly kömekdir.

Pedagogiki metbugatda («Mugallymlar gazetinde», «Bilim» žurnalynda) çykýan usuly täzelikler bilen tanyşmak arkaly ýaş mugallymlar usuly maslahatlary alyp bilerler. Ýörite geçirilýän maslahat sapaklary (konsultasiýalar), usuly birleşmeleriň, bilim işgärleriniň ýanwar we awgust aýlarynda bolup geçýän maslahatlarynyň işine gatnaşdyrmak hem ýaş mugallymlar bilen guralýan usuly işleriň bir görnüşidir.

Ýaş mugallymlary ilki-ilkiler diňe diňleýjiler hökmünde gatnaşdyrmak, soňra kem-kemden nutuklar bilen çykyş etmäge öwrenişdirmek oňaýlydyr.

«Pedagogiki okaýyşlara», «Ýylyň mugallymy» pedagogiki bäsleşige gatnaşmaga höweslendirmäniň hem ýaş mugallyma usuly kömek bermek mümkinçiligi az däldir.

Ýaş mugallym soň-soňlar ýörite guralýan kurslarda (okuwlarda), seminarlarda okuw geçmek bilen usuly taýdan ymykly kämilleşmegiň ýoluna düşýär.

Mugallymlar bilen geçirilýän usuly işler barada gürrüň edilende, pedagogyň hünär kämilliginiň onuň näderejede yhlas, erjellik bilen işläp bilýänligine baglydygy aýratyn nygtalmalydyr. Mekdep tejribesinden belli bolşuna görä, aýry-aýry ýaş pedagoglar ilkinji ýyllardan usuly kömegiň ýoly bilen ynamly hereket edip başlaýar. Olaryň köpüsi gysga wagtyň dowamynda özlerini kämil pedagog hökmünde ykrar etdirmegi başarýar.

Ikinji bölüm

# PEDAGOGIKI PIKIRIŇ ÖSÜŞ TARYHYNDAN

## V BAP

## Terbiýe, onuň döreýşi we ösüşi

Türkmen-oguz milli bilim we terbiýe ulgamynyň abraýyny dünýä äşgär eden atalyk mekdepleridir. Atalyk mekdepleri köşklerde patyşanyň ýanynda döredilipdir. Mekdebiň işine ýörite bellenen baş atabeg-wezir gözegçilik edip, hut patyşanyň özüne yzygider hasabat beripdir. Çagalara bilim-terbiýe berýän terbiýeçileri we mugallymlary **atalar, atalyklar, atabegler** diýip atlandyrypdyrlar. Olar ukyply türkmen gullaryndan ýörite taýýarlanypdyr. Atalyk mekdeplerinde **dünýä dilleri we edebiýaty, sözleýiş sungatynyň ussatlygy, taryh, geografiýa, astrologiýa, astronomiýa, geometriýa, arifmetika ýaly ylymlaryň esaslary, söweş we serkerdelik tilsimatlary** öwredilipdir. Atabeglerden talap diýseň güýçli bolupdyr. Ol öz terbiýeleýän şägirdini ähli ugurdan, ähli babatda kämil derejede we durmuşa taýýar edip ýetişdirmeli bolupdyr. Bu işde hatda ownuk säwlikleriň we kemçiligiň bolmazlygy kanuny hasaplanypdyr. Atalyk mekdebini tamamlaýan ýetginjegi patyşanyň wekilinden, danyşmentlerden, batyrlardan we çaganyň hossarlaryndan ybarat bolan topar ýörite synagdan geçiripdir. Şonuň üçin hem, türkmen atabegleriniň terbiýesini alan ýaşlar dünýäniň ähli künjeklerinde dünýägaraýşynyň giňligi, sowatlylygy, beden taýdan sagdynlygy, serkerdelik başarnygynyň artykmaçlygy bilen parhlanypdyr. Türkmen atalyk mekdepleri Gündogarda-da, Günbatarda hem meşhurlyk gazanypdyr. Şeýle bolandygyna arap döwletleriniň, Wizantiýa, Hytaý, Hindistan kimin ýurtlaryň patyşalarydyr hanlarynyň bilim we tälim aldyrmak üçin öz çagalaryny türkmen ülkesine ibermekleri güwä geçýär.

Oguz han Türkmeniň guran döwletiniň güýji berk kada-kanun esasda ýaşalanlygyndadyr. Nirede tertip-düzgün berk ýerine ýetirilýän bolsa, şol ýerde üstünlik bolýar, şonuň üçin Oguz hanyň düzen beýik düzgün-nyzamly döwletleri müňýyllyklara uzapdyr diýlip, «Oguznamalarda» nygtalýar. Şeýle düzgün-nyzamlylygy çagalykdan terbiýeläp başlapdyrlar. Kada-kanunlara hormat goýmak we gyşarnyksyz berjaý etmek, tertip-düzgüni berk saklamak endiklerini kämil derejede terbiýelemek ýaşlary durmuşa taýýarlamagyň wajyp ugry bolupdyr. Terbiýäniň ygtybarly serişdesi bolup ululary̆ň göreldesi hyzmat edipdir. Ata-babalarymyz bu babatda baý we nusgalyk tejribe toplapdyr. Adamlaryň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklary adalatly we sazlaşykly ýola goýlupdyr. Bu netije akyl-paýhasyň hazynasy, görüm-göreldäniň eýesi Oguz hanyň şahsy tagallasy bilen gazanylypdyr. Uzak ýyllaryň dowamynda onuň «Biziň urugymyzdan biri karar edilen düzgüne bir gezek terslik etse, oňa dil bilen öwüt bermeli. Ikinji gezek terslik etse, ýeterlik mukdarda gorkuzmaly we temmi bermeli. Eger üçünji gezek etse, ony daş ýere – Notan sebitlerindäki ýaşalmaýan, awçylaryň ýylda iki gezek barýan eýesiz çöllerine ibermeli. Eger asyllanyp, akyllansa gowy, eger şonda-da akyllanmasa, zyndana taşlamaly. Onda-da akyllanmasa, aga-ini ýygnanyşyp, gürleşerler. Onuň maslahatyny görüp, düzgüne salarlar» diýen pendinden ugur alnypdyr.

«Oguznamalaryň» tassyklaýşyna görä, Oguz han iň irki zamanlardan Nuh pygambere, ondan hem nebere-nesilleriň öz döwrüne çenli nesiller barada beýan edýän uly kitaplary ýazmagy wesýet edipdir. Nesilbaşymyz dünýäden gaýdandan soňra onuň garry weziri Erkil Hojanyň maslahatyna eýerip, Gün han giň wekilçilikli mejlis guraýar. «Şol mejlisde döwleti mundan buýana edara etmegiň, özüni alyp barmagyň, däp-dessurlaryň, edep-ekramyň kada-kanunlaryny bir ýere toplap, ýörelge kitabyny döretmegi müwessa bilýärler». Ýörelge kitabynda edara etmekde, märeke toplanylanda, döwre guralanda, miras paýlaşmakda, mal toplamakda, hojalyk ýöretmekde, il we kowum arasynda haramlyga ýa-da jenaýata ýüz urany ýazgarmakda, hatda et paýlanylyşylanda hem her bir adamyň orny, haky, hyzmaty, borjy,

wezipesi takyk anyklanypdyr. Ata-babalarymyzyň: «Kitap okan beýlede dursun, diňläp oturan hem bihal däl» diýip buýsanç bilen ýatlaýan ähtnamasy nesilbaşymyzyň pähim-paýhaslary, wagyz-nesihatlary, öwüt-ündewleri, rowaýatlarydyr tymsallary, wesýetdir pentleri esasynda döredilen **ilkinji türkmen milli terbiýenama** kitabydyr. Ol müňýyllyklary öz içine alýan Oguz han eýýamynyň terbiýeçileri we mugallymlary, halypalary hem atabegleri, edep-terbiýä dahylly islendik türkmen üçin ygtybarly gollanma bolup hyzmat edipdir.

Türkmen ulusyny sylany beg, kiçisini sylany ýeg hasaplapdyr. Gojalara we mätäçlere ýardam beripdir. Duşmana talaň salmandyr, ýersiz sütemi ýigrenipdir. Söweşde wepat bolan esgeriniň çagasyny perzent edinipdir. Öýsüzlere we ýetimlere atalaryndan hem artyk hossarlyk edipdir. Ynsanperwerligiň şeýle beýik nusgasyny aýan eden Oguz hanyň durmuş ýoly we tymsally paýhaslary esasynda alnyp barlan çaga terbiýesiniň tutuşlygyna ynsanperwerlige ýugrulandygy tebigy ýagdaýdyr.

Diňe ynsanperwer terbiýeçi özüniň çaga bolan belent söýgüsi esasynda ýaşlary ýetişdirmegiň bu talabyny berjaý edip biljekdigi baş ýörelgeleriň biri bolupdyr. Bu bolsa ondan edilýän talaplaryň aýgytlaýjysy hökmünde kabul edilipdir.

Ata-babalarymyz bilime – ylma döredijilikli çemeleşmäge uly ähmiýet beripdirler. Bilim-ylym jemgyýete peýda getirmeli diýlip düşünilipdir. Netijede, bütindünýä taryhy açyşlary edipdirler. Oguz hanyň beýik ýörişleri mahalynda oýlanyp tapylan araba dünýäde ilkinji tigirli gural bolupdyr.

Araba, elbetde, taryha, ýaşaýşa tizlik berdi. «Pederlerimiz adamzat taryhynda ilkinji bolup magdan eredip, dürli abzallary, gurallary ýasamagy ýola goýupdyrlar. Şol döwürde özleşdirilen usullar-tärler, tehnologiýalar biziň günlerimizde hem ussalar tarapyndan peýdalanylýar. Ýaşaýyş durmuşy üçin zerurlyklary döretmekde ähmiýetli hasaplanan tenjim ylmyny – **astrologiýany** irki wagtda türkmenleriň esaslandyrandygyny alymlar tassyklaýarlar. Şu ýörelgeden ugur alnyp, **halypaçylyk mekdeplerinde** ýaşlara bilim hünäri özleşdirmek üçin zerur bolan ylymlary iş tejribesinde amal etmek usuly bilen

utgaşyklylykda berlipdir. Atalyklar mekdeplerinde bolsa ylymlaryň esaslary olaryň **daýhançylyk, maldarçylyk alyş-çalyş, söweş-ýöriş halatlary, döwlet hem hojalyk dolandyrylyşy** we beýleki durmuş hajatlary üçin ähmiýetini açyp görkezmek esasynda beýan edilipdir. Şu jähtden hem her bir ylym boýunça berilýän maglumatyň mazmuny kesgitlenipdir. Degişli endikleri we başarnyklary tebigy ýagdaýlarda tejribelik geçirmek arkaly kemala getirmäge üns berlipdir.

Parfiýa döwletiniň merkezi bolan Nusaýdan hem-de beýleki ýerlerden ýüze çykarylan we ylmy nazaryýetden öwrenilen taryhy-arheologik tapyndylar b.e. öňki müňýyllyklarda eždatlarymyzyň nämeler bilen meşgul bolandyklary, nesillere nämeleri öwredendikleri, ylym-bilimiň, tälim-terbiýäniň nähili bolandygy barada pikir ýöretmäge mümkinçilik berýär.

Taryhçy alym Marat Durdyýewiň ýazmagyna görä, diňe bir Nusaý bilen baglanyşykly 2 müňden gowrak resminama äşgär edildi. Olaryň arasynda mermerden, altyndan, şirmaýydan, aýnadan, agaçdan, dag hrustalyndan çeperçilik bilen ýasalan önümler, zygyr matasynyň fragmentleri, ybadathanaly kult kompleksi, dabara zallary, gulluk otaglary, owadan suratlar, altyn çaýylan statuetkalar, aýalyň mermerden ýasalan heýkeli, täsin nagyşlar bilen bezelen diwarlar, çakyr, ýag, galla, ýarma saklamak üçin ýasalan göwrümi 250-280 litr bolan humlar, üzüm we çakyr bilen tölenýän tölegler hakyndaky salgyt resminamalary ýaly gymmatly materiallar bar.

Köp sýužetleriň grek esasynyň barlygyna garamazdan, olaryň çeperçilik taýdan ýerine ýetirilişi gündogar häsiýetinde. Bu ýerde iki sany däbiň – ýerli we ellin däpleriniň organiki utgaşýanlygy bellidir. Nusaýa Ürgenç-Horezm döwletinden iň baý kitaphanalaryň biriniň göçürilip getirilendigi barada maglumatlar bar. Parfiýanyň özüne häsiýetli, grek sungatyndan garaşsyz çeperçilik mekdebi bolupdyr. Muňa parfiýan suratçysynyň çeken suratlary-da, Köne Mürçede, Änewde, Abywertde gurlan öýleriň, jemgyýetçilik jaýlarynyň arhitektura ýadygärlikleri-de güwä geçýär.

Bularyň hemmesi şol döwürde ýörite mekdepleriň bolandygynyň subutnamasydyr. Dogry, tozgunçylykly uruşlar, keseden edilen

çozuşlar zerarly taryhy we medeni binalar ýykylyp-ýumrulyp gidipdir, okuw mekdeplerini döreden, onda ylym-bilim beren, edep-terbiýäni ýola goýan, kesp-kär öwreden adamlaryň atlary biziň döwrümize gelip ýetmändir. Herhal, gadymy Merwde, Horezmde meşhur kitaphanalaryň, ylym ojaklarynyň, ýarag ussahanalarynyň, irrigasion ulgamyň döräp hem ösüp başlamagy, demri, bürünji, kümşi işläp bejermek işleriniň möwç alyp gitmegi, meşhur söwda ýoly bolan – Beýik Ýüpek ýolunyň türkmen topragynyň üstünden geçmegi ylym-biliminiň, medeniýetiň, sungatyň ösüşiniň subutnamasydyr, tälim-terbiýäniň sagdynlaşanlygynyň alamatydyr.

Oguz han eýýamyndaky bilimiň, terbiýäniň ýagdaýy barada ýunan – grek alymlary **Gerodotyň, Strabonyň, Diodoryň** eserlerinde gymmatly hem täsin maglumatlar berilýär. Iki müň bäş ýüz ýyl ozal Gerodot **«Taryh»** kitabynda türkmenleriň okuw-terbiýeçilik işleri barada giňişleýin söhbet açyp, maşgalada çaganyň dogulmagyna guwanylýandygy, ogul çagasy bolan maşgala hatda patyşalaryň her ýylda sowgat iberip durýandygy barada habar berýär. Oglanlara 9 ýaşdan 20 ýaş aralygynda söweş tilsimatlaryndan başga hem dogruçyl bolmagyň öwredilýändigi barada ýazýar. Ata-ene mertebesi, perzent borçlary babatyndaky tejribe hakynda söz açyp, ata-enesine hormat goýmadyk çaganyň nikasyz doglan ýa-da taşlanan çaga hasaplanylýandygyny nygtaýar. Strabonyň **«Geografiýasynda»** türkmen tebigaty, ata-babalarymyzyň durmuşyň ähli pudaklarynda ýeten ajaýyp sepgitleri, adamlaryň arasynda höküm sürýän sylanyşykly gatnaşyklary beýan edilýär. Diodor Aleksandr Makedonskiniň ýörişleri döwründe **«Bagtly ilat «Margiana»** diýlip atlandyrylan türkmen diýarymyz barada «Dünýäniň hiç bir ýurdy özüniň baýlygy hem-de täsin miweleri bilen oňa taý gelip bilmez. Girkaniýa köp şäherli, gaty uly, mes toprakly düzlük ýurt» diýip ýazýar. Adamlaryň gaýduwsyzlygyny zähmetsöýerligini, myhmansöýüjiligini, dogrysözlüligini, edepliligini nygtaýar.

Şu aýdylanlardan şeýleräk netijä gelmek bolar:

1. Tälim-terbiýe bermek, ylym-bilim, kesp-kär öwretmek işi öz gözbaşyny örän gadymky döwürlerden, ýagny b.e. öňki müňýyl-

lyklardan alyp gaýdýar. Özem ýaş nesle il-günüň ýaşaýyş-durmuşy bilen bagly bolan peýdaly bilim berlipdir.

2. Ýaşaýyş-durmuş üçin zerur bolan ugurlardan kesp-kär öwredilipdir. Şol ugurlar, esasan, maldarçylyk, ekerançylyk, gurluşyk, senetçilik, sungat, alyş-çalyş bilen bagly bolupdyr.

3. Il-ulsuň asudalygy, garaşsyzlygy ugrunda göreşmäge ukyply, sagdyn, söweş tälimlerinden baş çykaryp bilýän gujurly hem gaýduwsyz adamlary tebiýeläp ýetişdirmek esasy wezipe edilip öňde goýlupdyr.

4. Bilim bermek, hat-sowat öwretmek niýeti bilen ýörite elipbiý döredilipdir.

5. Türkmenleriň ata-babalary beýleki halklar bilen ykdysady we medeni aragatnaşygy ýola goýup, ony ösdürip hem kämilleşdirip gelipdir. Bu bolsa şol ugurlardan baş çykarýan, işine ökde, ugurtapyjy, sowatly adamlary terbiýeläp ýetişdirmegi talap edipdir.

Oguz han döwründe **hat-ýazuwyň, elipbiýiň** ýagdaýyny bellemek maksadalaýykdyr. Hat-ýazuw milletiň ylmynyň-biliminiň, medeniýetiniň, sungatynyň, umuman, tutuş milli ruhuň ösüş derejesinden habar berýän onuň subutnamasydyr. **Jeýtun, Altyndepe, Merw** ýaly gadymy medeni merkezleri döreden, taryha mälim bolan bäş adamzat gymmatlygynyň birini dünýä peşgeş beren türkmenleriň milli ýazuwynyň bolmagy tebigy kanunalaýyk we taryhy hakykatdyr. Milli ýazuw kämillik derejesine ýetýänçä, hatyň ýüze çykyşy taryhy ýoly geçýär. Taryhçylaryň berýän maglumatlaryna esaslanyp, Altyndepede hat-ýazuwyň ýüze çykandygyny, Parfiýa döwletiniň hat-ýazuwynyň bolandygyny, onuň öz pulunyň zikgelelendigini, onuň gadymy Merwde-de şeýle bolandygyny, gadymy Horezmde horezm elipbiýinde ýazylan resminamalaryň tapylandygyny tekrarlamak bolar.

Ýurdumyzda ulanylýan hat-ýazuwyň XX asyryň dowamynda **latyn hem arap elipbiýi, rus grafikasy bolandygy mälimdir.** 1996-njy ýyldan tutuşlygyna **täze türkmen elipbiýine** geçildi. Arap grafikasyndan öň – orta asyrda, entek araplar türkmen iline gelmänkä, **uýgur ýa-da orhon-ýeniseý ýazuwy** bolupdyr. Bäş müň ýyl töweregi

ozal Oguzhanyň ilkibaşdaky ruhy tapyndysy – **milli oguz elipbiýi** döredi. Andalyp, Şabende, Şeýdaýy ýaly danalarymyz üç asyr töweregi ozal bu elipbiýimiz barada öz pikirlerini miras galdyrypdyrlar. Eger Şakandy 3 müň ýaşly türkmen elipbiýinde 24-25 belginiň bolandygyny bellän bolsa, Şeýdaýy oguz elipbiýiniň **25 harpdan** ybaratdygyny, olaryň **7-siniň çekimli, 18-siniň hem çekimsizdigini** «Gözel ýigrim bäş» goşgusynda belleýär:

Ýedisinden owaz çykyp,
On sekizin tartar çekip,
Üç müň ýaşda ömrüň ýakyp,
Geçirdik, gözel ýigrim bäş.

Şol hatyň ulanyşdan galmagy bolsa, yslamyň aralaşmagy bilen baglydyr.

Ata-babalarymyz **salamnama, tak-taknama, düwünnama, tagmanama, şekilnama** ýaly hat-habaryň ýazuwdan irki görnüşlerini adamlaryň arasynda aragatnaşyk serişdesi hökmünde ulanypdyrlar. Şu serişdeleriň käbiri – nokatnamalary häzirki keçämizde ýadygärlik hökmünde saklanyp galypdyr. Has irki döwürlerde – 6-9 müň ýyl ozal **şekilnamalaryň (piktogrammalaryň** – surat şekilleriniň üsti bilen ýazuw) ulanylandygyna Garrygalanyň Kiçi Bezegi we Uly Bezegi derelerindäki dag gowaklaryndan tapylan maglumatlar güwä geçýär. **1889-njy ýylda** Orhon derýasynyň akymynda tapylan daşlaryň üstündäki taryhy ýazgylaryň **38** harpdan ybarat bolan türkmen elipbiýiniň kömegi bilen amal edilendigini **1893-nji ýylda** alymlar anykladylar. Barlaglar Nusaý resminamalarynyň ýazuw däpleriniň elipbiýimiziň has irkiräk döwre degişlidigini görkezýär. Milli elipbiýimiz, şeýle hem şol döwürlerde sebitde ulanylan **arameý, horezmi, sogdy, uýgur, ýunan** ýaly beýleki elipbiýleri yslamyň kabul edilmegi netijesinde arap diliniň, arap elipbiýiniň we ýazuwynyň durmuşa berk ornaşdyrylmagy bilen bagly ulanyşdan galypdyr.

Dil milletiň ýüreginiň senasy saýylypdyr. Milli oguz dilini arassa hem suwara öwretmek çaganyň maşgala terbiýesi döwründe-de, halypaçylyk we atalyklar mekdeplerinde hem hökmany wezipe hä-

siýetde bolupdyr. Bu milli bähbitli işde nesilbaşymyzyň **«Dil bolmasa, il bolmaz», «Sözi paýhas bezär», «Çagaňa dili manysy bilen öwret»** ýaly wesýetleri ýol-ýörelge bolupdyr.

## «Awesta» ýazuw ýadygärligi we ondaky garaýyşlar, pikirler

B.e. öňki I müňýyllygyň ortalarynda iň gadymy döwrüň gahrymançylyk, edermenlik, terbiýe barada ýazylan eserleriň biri mukaddes kitap «Awestadyr». Ony döreden, mundan iki ýarym müň ýyl ozal sary düýesini idip Marydan ugran Zaratuştra bir menzile baryp: «Adamlar, oda çokunyň, otdan çyra ýasap, şol dünýä baryp bolýar» diýip ündäpdir. «Awesta» 1200 bapdan ybarat bolupdyr. Bu eser syýasat, edebiýat, filosofiýa, terbiýe hem-de pedagogiki eser hökmünde bellenilýär. «Awestada» tebigat, filosofiýa hakda oýlanmalar, zatlaryň gelip çykyşy, gurluşy baradaky pikirler, ekerançylyk, adam zähmetiniň orny hakyndaky garaýyşlar, akylly-başly hereket etmegiň, okamagyň we bilim almagyň, gowy niýetli bolmagyň, zerurlygy ýaly sypatlar baradaky pikirler bar.

Zaratuştranyň taglymatyna görä, çaga 15 ýaşda kemala gelýär. Oňa ahlak sypatlaryny, iýmiti kadalaşdyrmaklygy, zenanlara sarpa goýmagy öwretmegiň zerurlygy tekrarlanýar. Ilki halallyk, dogruçyllyk öwredilmeli. Söz, pikir, iş bir bolmalydyr diýlip bellenilýär. Nowruzyň täze ýyl baýramy hökmünde bellenilmegi-de «Awesta» we onda wagyz edilen otparazlyk taglymaty bilen baglanyşyklydyr.

Aleksandr Makedonskiniň döwründe «Awesta» ýunan (grek) diline terjime edilýär. «Awestanyň» iň gadymy nusgasy 1324-nji ýylda göçürilip, ol Köpengagen kitaphanasynda saklanýar. Birnäçe alymlar «Awestanyň» iň gadymy golýazmasy 1288-nji ýylda ýazylan diýip belleýärler. Zaratuştranyň «Awesta» eseriniň b.e. başlaryna çenli iki nusgasy bolupdyr. Olaryň birinjisi ýörite baplary özünde jemläp, ikinjisinde bolsa Ahuramaz bilen Zaratuştranyň sorag-jogaby ýazylypdyr. Eserde erbetligi ýok etmek, döwletleri ýeňmek, oňat geljek wasp edilýär. II bölüm 24 bapdan durýar. Bu bölüm gurbanlykda aýdylýan aýdymlary, öwütleri öz içine alyp, IV bap geçmiş

baradaky 22 goşgyny ýa-da senany (gimni) öz içine alýar. V bap Gün, Aý, ot hudaýlary we beýleki emeldarlar baradaky senadyr. Baplaryň esasy mazmunynda ýerde ýaşaýyş dowam edýän bolsa, adalatlylygyň, agzybirligiň hökmanylygy wasp edilipdir. Aýry baplarda ýer, suw, otdan peýdalanmak, ösümlikler, daýhanlar, çarwalar, olaryň zähmeti barada aýdylypdyr. «Awestada» haýwanlara azar bermek günä iş hasap edilipdir.

Gigiýenanyň, arassaçylygyň talaplaryny berjaý etmek barada hem aýdylýar. Zähmet çekip ýaşamak, ahlaklylyk, akyl-paýhas esasynda adamlaryň ýaşamagy iň bir uly bagtdyr diýilýär. Adamyň oňat niýetde bolmagyny, borjuny ýerine ýetirmegini, adalatly bolmagyny belleýär. «Awestada» «Adam zähmet çekse, gaty köp ýamanlyklardan gutular» diýlip bellenilýär. «Pikir we söz işiň birligidir. Jemgyýetiň sözi öz sözüň, jemgyýet üçin edilen iş öz işiň bolmaly» diýlip ündelýär. «Jemgyýetdäki işleri şahsyýete tabşyrmagy we ony ýerine ýetirmegi mukaddes borç hasap etmeli» diýilýär. Oňat sözler diýlende, beren sözüňde tapylmak, ony ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar. Söwda – satyk işlerinde halal bolmak, karzy tölemek, talaňçylyk etmezlik, bozuk adamlardan daşda durmak ündelýär. Zaratuştra ýamanlyk edýänlere garşy göreşmek baradaky ýaşaýşy üç döwre bölýär:

1. Iň gadymy döwür zähmet we ahlak, ýaşaýyş üçin serişde döretmek döwri.

2. Häzirki döwür ýagşylyk we ýamanlyk arasyndaky göreş döwri.

3. Geljek – oňat durmuş üçin göreşmek döwri.

Jemläp aýdylanda, iň gadymy döwürden başlap, VII asyra çenli terbiýe, akyl – paýhas barada ýaýraň maglumatlar bolmasa-da, gadymyýetden başlap çagalara zähmet çekmegi öwretmek, ahlak terbiýäni bermek giňden ündelýär. Şeýle-de ýazuwyň b.e. öň döräp, Gündogarda hat, ýazuw, okuwa, aýratyn üns berlendigi iň gadymy mukaddes kitap «Awestanyň» üsti bilen pedagogiki pikirleriň soňky asyrlara ýetendigi bellenilýär.

## Bilimiň we terbiýäniň ösmegine täsir eden faktorlar

Jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşi örňäp-ösüp barýan nesle bilim hem terbiýe bermek işini birsyhly kämilleşdirip durmagy ähli döwürlerde hem zerur hasaplapdyr. Geçmişde bolup geçen **taryhy wakalar, il-günüň sosial-ykdysady ýagdaýy, ruhy islegler we beýleki halklar bilen ýola goýlan medeni aragatnaşyklar** – bularyň hemmesi ylym-bilimiň, tälim-terbiýäniň ösdürilmegine hem kämilleşdirilmegine täsir eden faktorlardyr.

**1. Taryhy wakalar** – keseki basybalyjylaryň weýrançylykly çozuşlary, talaňçylyklary – adamlaryň aňyna watançylyk, garaşsyzlyk duýgusyny guýmagy, gaýduwsyz hem çydamly edip ýetişdirmegi, maşgala ojagyňy, il-ulsy, dogduk Diýaryňy gorap saklamaga hemişe taýýar bolmagy talap edipdir.

**2. Sosial-ykdysady ýagdaýlar** – nesliňi dowam etdirmegi, ony sagdyn, agzybir, sowatly, edepli, hünärmen edip ýetişdirmek esasy zerurlyk hökmünde öňe çykarylypdyr. Alyş-çalyş, söwda-satuw işleri, medeni aragatnaşyklar bolsa hasap-hesipden baş çykarmagy, gözelliklere düşünip, olara baha berip bilmegi talap edipdir. Jemgyýetçilik durmuşynyň şeýle ösüş kanunlary maldarçylyk, ekerançylyk, senetçilik ýaly ugurlar boýunça işine ökde, ussat, hünärment adamlaryň terbiýelenip ýetişdirilmegine gönüden-göni öz täsirini ýetiripdir. Harytlaryň geçginli bolmagyny gazanmak üçin köp zatlary öwrenmeli hem öwretmeli bolupdyr. Elbetde, irki döwürlerde bilim beren, kär öwreden nähili mekdepleriň bolanlygy, olarda kimleriň mugallymçylyk edenligi baradaky maglumatlar entek bize mälim däl. Belki, ony taryhy-pedagogiki häsiýetdäki çynlakaý ylmy-barlaglar geljekde äşgär eder. Ýöne türkmenleriň ata-babalarynyň öz nesline şol ugurlardan sowat öwredendigi, düşünje berendigi, olary hakyky watançy hem ugurtapyjy adamlar edip ýetişdirendigi hakykatdyr.

**3. Ruhy islegler we beýleki halklar bilen ýola goýlan medeni aragatnaşyklar.** Şu ýerde ýene bir zady bellemek zerurdyr. Näçe galagoply döwürleri başdan geçirenligine garamazdan, türkmenler öz ruhy isleglerini kanagatlandyrmak ymtylmasynda ýaşapdyr. Meselem, VI asyrda Merwde ýaşan tebip hem alym **Barzuýe** sasanileriň

patyşasy Hysrow Nowşirwanyň tabşyrygy bilen hindileriň parasatly pikirlerini özünde jemleýän **«Pançatantara»** atly kitabyny göçürip getirmek üçin Hindistana gidýär. Ol sanskrit – gadymy hindi dilinde ýazylan bu kitaby hile bilen göçürip almagy başarýar hem orta – pars diline terjime edýär. Soňundan şol kitap VIII asyryň ortalarynda **Abdylla ibn Mugaffa** diýen adam tarapyndan arap diline terjime edilýär hem «Kalila we Dimna» ady bilen bütin dünýä ýaýraýar. Ol gymmatly miras indi, Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanandan soň, türkmen diline hem terjime edildi.

Geçmişde türkmeniň ruhy talaplarynyň näderejede bolandygyny görkezýän mysallar başga-da kän. Gadymy Merwde (Baýramalyda) Buddanyň ägirt heýkeliniň kelle bölegi, nepis gündogar küýzesi tapyldy. Küýzäniň içinde biziň eýýamymyzyň V asyryna degişli brahma haty bilen ýazylan 3 kitabyň bolmagy, tapylan hindi golýazmalarynyň diňe bir dini häsiýetde däl-de, eýsem, dünýewi mazmundalygy ýaly faktlar hem munuň janly şaýadydyr. Ýeri gelende, ata-babalarymyzyň hindi halky bilen hyzmatdaşlygynyň hoşniýetli bolandygyny hem aýtmak gerek. Oňa görnükli serkerde şahyr, döwlet işgäri, «Hanlar hany» adyna eýe bolan Muhammet Baýram han Türkmeniň Hindistanda bitiren işleri, Delide türkmen derwezesiniň gurulmagy, bu beýik ýurda Magtymgulynyň syýahaty we başgalar mysal bolup biler.

Maryda ýaşap geçen ikinji bir beýik adamyň ady **Buzurgmehirdir**. Araplar ony Buzurjmihir diýip atlandyrýarlar. 531-nji ýyl töwereginde Marydan sasanileriň köşgüne baryp, Hysrow Nowşirwanyň baş weziri bolup oturan döwlet işgäri, diplomat, danyşment Buzurgmehir ibn Buhteganyň ahlak, terbiýe, ylymlar hakyndaky pähimleri biziň günlerimizde-de gymmatlydyr. Gündogaryň akyldarlary hakda söhbet açýan her bir gadymy kitapda onuň adyna gabat gelinýär. Döwrüniň belli alymlarynyň biri bolan Nyzam-al-mülküň «Syýasatnama» diýen eserinde Buzurgmehiriň ynsanyň ahlak sypatlary baradaky pikirleri mysal getirilýär: **«Pis diýilýän häsiýetler şulardyr: kineçillik, husytlyk, tekepbirlik, gaharjaňlyk, azgynçylyk, nebisjeňlik, bahyllyk, ýalançylyk, görübilmezçilik, bethallyk, ýeňilkellelik. Gowy häsiýetler şulardyr: haýaly bolmak, haýyr et-**

**mek, ýumşaklyk, bagyşlaýjylyk, kiçigöwünlilik, sahawatlylyk, sabyrlylyk, gadyrdanlyk, rehimlilik, ylymlylyk, adalatlylyk, suhangöýlük (dilewarlyk)».** Başga bir danyşment Abu-L-Farajyň **«Taryhyň gyzykly kitaby»** atly eserinde Buzurgmehiriň parasatly pähimlerine ýüzlenilýär: «Öýi ýykmak, ony gurmakdan aňsat, çanagy çeňklemek kyn, döwmek aňsat, puly bolsa sowmak aňsat, gazanmak kyn». **«Sabyrlylyk örän gowy gylyk, «Howlukmaçlyk – ýeňilkelleligiň alamatydyr», «Howlugan adam hemişe özüne käýiner, toba eder, ötünç sorar, azap görer».**

## Gadymy Gresiýada bilimiň we terbiýäniň ösüşi

Gadymy Gresiýanyň iň iri we güýçli gul eýeçilik döwletleri bolan Spartada we Afinyda terbiýäniň anyk, özboluşly ulgamy emele gelipdir.

Spartada gullara «gürleýän gural» hökmünde garapdyrlar. Olar adam hukuklarynyň ählisinden, şol sanda bilim almaklykdan hem mahrum edilipdir.

Terbiýeçilik işi döwlet tarapyndan ýöredilipdir, gul eýeleriniň çagalaryndan harby spartaitleri taýýarlamaklyga esasy üns berlipdir. Olarda çydamlylyk, taplanmaklyk ýaly sypatlar terbiýelenipdir, has takygy, geljekki gul eýelerini taýýarlamaklyga aýratyn ähmiýet berlipdir.

7 ýaşy dolan oglanlar maşgala terbiýesini alanlaryndan soň 18 ýaşy dolýança, agellalar diýlip atlandyrylan döwlet terbiýeçilik edaralarynda terbiýelenipdirler we bilim alypdyrlar. Olara ýolbaşçy edilip ýörite adamlar-pedonomlar bellenilipdir. Bu ýerde beden terbiýesine aýratyn ähmiýet beripdirler, oglanlary dürli taraplardan taplapdyrlar, sowuklyga, açlyga, suwsuzlyga, agyrylara çydamly bolmaklyga taýýarlapdyrlar.

Harby-gimnastiki tälimlere köp üns berlipdir. Ýaşajyk spartaitlere ylgamagy, bökmegi, naýza bilen iş salyşmagy, ýüzbe-ýüz söweş tilsimlerinden baş çykarmagy, harby aýdymlary aýdyp bilmegi öwredipdirler.

Gadymy grek taryhçysy Plutarhyň bellemegine görä, çagalara terbiýe bermeklik diňe bir maksada – gyşarnyksyz tabyn bolmak, çydamlylyk hem-de ylymlary ele almak ýaly sypatlary emele getirmeklige gönükdirilipdir.

Döwlet ýolbaşçylarynyň hut özleriniň gatnaşmagyndaky söhbetdeşliklerde ýaşlara ahlak, syýasy terbiýe berlipdir, şonda ata-babalarynyň duşmanlara garşy söweşlerde görkezen edermenlikleri barada gürrüň edilipdir, çagalara dogry we gysga sözlemek öwredilipdir.

18–20 ýaşyna ýeten oglanlar efebleriň toparyna goşulypdyrlar hem-de harby gullugy geçipdirler. Gyzlar maşgalada terbiýelenipdir.

Afin mekdebi, terbiýesi ýokarda agzalanlardan düýpli tapawutlanypdyr. Bu ýeriniň ykdysady ýagdaýy Spartadaky ýaly galyba salnan bolmandyr, gullar hususy eýeçilikden peýdalanyp bilipdirler.

Afinylylar beden we ahlak taýdan ösen adamlary hakyky adam hasaplapdyrlar hem-de akyl, ahlak, beden we gözellik terbiýelerini utgaşdyrmaklyga üns beripdirler. Ýöne şeýle ýagdaý diňe ýokarky gatlagyň wekillerine, ýagny gul eýelerine degişli bolupdyr. Gullara diňe beden terbiýesini bermek ýeterlik hasap edilipdir.

Afinyda çagalar 7 ýaşyna ýetýänçä öýde, maşgalada terbiýelenilipdir. Şol ýaşdan başlap, çagalar mekdebe gatnapdyr. Gyzlar bolsa, diňe öýde terbiýelenip, öý-hojalyk işleri bilen meşgullanypdyrlar.

Ilkibaşda, 7 ýaşdan 13–14 ýaşa çenli çagalar grammatistleriň we kifaristleriň mekdebinde okadylypdyr. Bu mekdepler hususy, tölegli bolupdyr. Mekdeplerde bilim berýänlere mugallymlar – didaskallar diýipdirler. («didasko» – men öwredýärin, soňrak bolsa «didaktika» – okatmagyň teoriýasy diýen düşünjä öwrülýär). Çagalary, oglanjyklary mekdebe gatnadýan ýörite gullar bolupdyr, olara «pedagog» diýlip at beripdirler. («paýs» – çaga, «agogeýn» – alyp barmak, äkitmek).

Grammatist mekdebinde okamagy, ýazmagy we hasaplamagy öwredipdirler. Şonda harplary goşup öwretmek usulyndan peýdalanylypdyr: çagalar harplary söz bilen baglylykda ýat tutupdyr (alfa, beta, gamma we ş.m.). Hat ýazmagy öwretmekde ýörite mumlanan tablisalardan peýdalanylypdyr, inçejik taýajyk (stil) bilen ýazmagy

öwredipdirler. Hasaplamagy barmaklaryň, daşjagazlaryň we hasap tagtasynyň üsti bilen ýerine ýetiripdirler.

Kifarist mekdebinde oglanjyklara edebiýat we estetiki bilimler berlipdir, olara aýdym aýtmagy, saz çalmagy, deklamasiýany öwredipdirler.

Oglanlar 13–14 ýaşyna ýetenlerinde palestra (göreş mekdebi) diýlip atlandyrylan mekdeplerde bilim alypdyr. Bu ýerde olar iki-üç ýylyň dowamynda beden maşklarynyň ulgamyny ele alypdyrlar, olara göreşmek, ylgamak, bökmek, diski we naýzany zyňmak, suwda ýüzmek ýaly işler degişli bolupdyr. Şeýle hem bu ýerde syýasy we ahlak meselelerine degişli söhbetdeşlikler, gürrüňler geçirilipdir.

Has gurply maşgalalardan bolan ýaşlar okuwlaryny gimnaziýalarda dowam etdiripdirler. Ol ýerde döwleti dolandyrmak işine gatnaşmaga taýýarlamak üçin ýaşlara filosofiýa, syýasat, edebiýat ýaly ylymlar öwredilipdir hem-de gimnastika bilen meşgullanmak dowam etdirilipdir.

Afinyda Spartadaky ýaly, 18–20 ýaşly oglanlar efebiýalardaky okuwlara geçipdirler, ol ýerde harby we syýasy terbiýe bermeklik dowam etdirilipdir. Ýaşlar berkitmeleri dikmek, harby enjamlary dolandyrmak işleri bilen meşgullanypdyrlar, deňiz işlerini öwrenipdirler, dürli baýramçylyklara, teatrlaşdyrylan çärelere gatnaşypdyrlar.

Çagalara hemmetaraplaýyn terbiýe bermeklik diňe gul eýelerine başardypdyr.

## Gadymy filosoflaryň pedagogiki garaýyşlary

Gadymy dünýäde terbiýäni we okatmagy nazary esaslandyrmaga synanyşyklar peýda bolupdyr. Okatmagyň we terbiýäniň tejribesini birleşdiren we ony nazary jähetden aňlan ilkinji pedagoglaryň arasynda meşhur hytaý akyldary Konfusiýä (b.e.ö. 551–479) aýratyn orun degişlidir. Akyldar öz pedagogiki pähimleri barada hiç hili ýazgy galdyrmadyk hem bolsa, onuň şöhraty äleme ýaýraýar. Konfusiý taryhda ilkinji bolup adamy mertebeleýär, adamçylygyň ilkinji mugal-

lymydyr: «Adamçylyk ýokary tutulýan oba iň gözeldir». Konfusiýa çenli diňe hudaýlar, şalar, gahrymanlar ykrar edilipdir; ol bolsa: adam medeniýeti, ajaýyplygy, aperinligi we bolmaly zady dörediji, şonuň üçin ol Hudaýdan pes däl diýip tassyklaýar. Öz ýaşaýşyňy aňlamak adamy ynsanlaşdyrýar. Beýlekilere akyl bermezden öňürti öz hususy kämilligiň barada aladalan. Konfusiýniň baş sargydy «Hünäriň däl-de, öz ýüregiň ussady bol, aňyň öz paýhas çuňlugyňdaky işinde ýaşaýşyň manysyny aç, munuň üçin ne tehniki gural, ne-de häkimiýet zerur däldir» diýen sözlerde jemlenýär.



**Sokrat (b.e.öň 399–469 ý.)** okatmagyň usulynyň ösmegine saldamly goşant goşupdyr. Ol güýçli orator (dilewar) bolansoň, meýdançalarda we beýleki jemgyýetçilik ýerlerinde köpçüligiň öňünde çykyş edip, diňleýjileriň ünsüni özüne çekmegi, gyzykly hem täsirli soraglary orta atmagy hem şol soraglaryň jogaplaryny olaryň özlerine aýtdyrmagy başarypdyr. Şeýlelikde, sorag-jogap arkaly gürrüň usulynyň esasyny goýupdyr. Häzirki döwürdäki pedagogik edebiýatlarda gürrüň usulyna «sokratçylyk usuly» diýlip aýdylýandygy tötänden däldir.

Sokrat bilim ulgamynda pes we taýýarlyk basgançagyny öňe sürüpdir. Olarda beden we estetiki terbiýä köp üns beripdir. Ýaşlarda çydamlylygy we kanagatlylygy terbiýelemegi göz öňünde tutupdyr.

Bilim ulgamynyň ýokary basgançagynda, Sokratyň pikiriçe, terbiýäniň esasy maksady amala aşyrylýar. Ýaşlaryň şahsy moral kämilleşdirilmegini etikanyň esaslaryny kemala getirmek bilen başlamaklygy talap edipdir.

Sokrat – ýagtylygy, adalaty we şöhraty öňe sürüpdir. Takyk ylymlardan astronomiýa, geometriýa köp üns beripdir.

Sokrat mugallymlary «pikirleriň akuşeri – enekemamasy» diýip atlandyrypdyr.

### Sokratyň bilim we terbiýe barada aýdanlary:

Durmuşyň ýeke-täk eşreti bilim, iň howply zady nadanlykdyr.

Bir zady hakykatdan bilmek, oňa düşünmek bilen amala aşýar.

Sen özüňe akyl ýetir, şonda sen bütin dünýä akyl ýetirersiň.

Terbiýäniň maksady zatlaryň tebigatyny öwrenmek däl-de, öz-özüňi öwrenip, ahlaklylygy kämilleşdirmekdir.

Okatmakda zorlap okatmaly däldir. Okuw işinde terbiýä uly üns bermelidir.

Mugallymda okuwçylara bolan söýgi hem-de at-abraý – awtoritet bolmaly.



**Platon (b.e. öň 347–427 ý.)** Platon (Sokratyň okuwçysy) mekdebe çenli terbiýe, terbiýäniň yzygiderlilik ulgamy, gowy hem nusgalyk göreldäniň üsti bilen terbiýelemegiň ähmiýeti baradaky pikirleri orta atan filosofdyr. Ol «Sokratyň Apologiýasy», «Ferron»,«Fedr», «Döwlet», «Kanunlar», «Lofist», «Pir» ýaly eserleri döredipdir.

Platon afin aristokratiýasynyň wekili bolmak bilen, aristokratiýany müdimilik agalyk ediji hasaplap, şoňa degişli öz taglymatyny esaslandyrypdyr. Onuň pikiriçe, şeýle aristokratik döwletde üç sany jemgyýetçilik topar bolmaly: filosoflar, söweşijiler, senetçiler we ýeri işläp bejerýänler. Filosoflar dolandyrmak, söweşijiler döwleti goramak işlerini berjaý etmeli, üçünji topara degişliler bolsa şol iki topary eklemeli we hiç hili hukuklardan peýdalanmaly däl hasaplapdyr.

Akyldar filosof döwleti dolandyrmakda terbiýä aýratyn ähmiýet beripdir. Onuň pikiriçe, terbiýe döwlet tarapyndan guralmaly we onuň bähbitlerine, has takygy, filosoflaryň hem-de söweşijileriň isleglerine gabat gelmeli.

3 ýaşdan 6 ýaşa çenli çagalar döwlet tarapyndan bellenilen terbiýeçileriň ýolbaşçylygynda meýdançalarda oýunlar bilen meşgullanypdyrlar. Platon çaga terbiýesinde oýunlaryň ähmiýetine, olara dürli

gürrüňleri bermeklige uly orun beripdir. Ol çaganyň jemgyýetçilik terbiýesiniň irki döwürden başlanmagynyň tarapdary bolupdyr.

7 ýaşdan 12 ýaşa çenli çagalar döwlet mekdeplerine gatnapdyrlar we şol ýerde okamagy, ýazmagy, hasaplamagy, aýdym-sazy öwrenipdirler, 12 ýaşdan 16 ýaş aralykda bolsa, beden terbiýesi bilen bagly mekdeplere-palestralara gatnapdyrlar hem-de adaty gimnastiki gönükmeleri ele almaly bolupdyrlar. Palestradan soň, oglanlar 18 ýaşa çenli amaly-praktiki, tejribe başarnyklary ele almak üçin arifmetikany, geometriýany we astronomiýany öwrenipdirler. 18–20 ýaş aralygynda efebiýalarda okamaklyk amala aşyrylypdyr, ol ýerde harby-gimnastiki taýýarlyk görüpdirler. 20 ýaşyna ýeten we akyl okuwlary bilen meşgullanmaga ukyplary bolmadyk oglanlar söweşijilere, esgerlere öwrülipdirler. Pikirlenmek ukyplaryny ýüze çykaran ýigitleriň az bölegi, 30 ýaşa çenli bilimiň ýokary basgançagyna geçip, filosofiki-nazaryýet häsiýetde filosofiýany, arifmetikany, geometriýany, astronomiýany we sazyň nazaryýetini öwrenmeli. Bular döwlet wezipelerine taýýarlanmaly.

Aýratyn zehinliler ýene 5 ýyl (35 ýaşa çenli) filosofiki bilimi dowam etdirmeli. 35–50 ýaşda döwleti dolandyrmaly. Platon gelin-gyzlary terbiýelemekde Spartadaky terbiýe ulgamyny peýdalanmagy maslahat beripdir.

### Platonyň bilim we terbiýe barada aýdanlary:

Akyldar adamyň durmuşynda goýan maksady ilki bilen akgöwünlilik bolmaly.

Ýolbaşçynyň bütin ömrüniň baş maksady adalatly we akylly-başly bolmakdyr.

Mugallym okuwçylaryň ýykgyn edýän tarapyny we häsiýetini bilmelidir. Şol bir wagtyň özünde-de olaryň bilimli bolmagyny gazanmalydyr.

**Aristotel ( b.e.öň 322–384 ý.)** – akyl, ahlak, bedenterbiýe hem olaryň özara baglanyşygy, çagalaryň ösüş döwürlerini parhlandyrmak ýaly pikirleri ilkinji bolup orta atan beýik filosof. Aristotel Platonyň okuwçysy, Aleksandr Makedonskiniň terbiýeçisidir. Ol pedagogika



degişli ýörite iş döretmedik hem bolsa, özüniň «Etika», «Syýasat» işlerinde hut şu mesele bilen baglanyşykly ençeme peýdaly pikirleri orta atypdyr. Onuň pikiriçe 1 adamyň başarnyklary terbiýäniň üsti bilen ösdürilmelidir. Aristotel «Fizika», «Metafizika», «Ritorika», «Haýwanlaryň ýüze çykyşy», «Poetika» («Şygryýet») ýaly eserleriň awtorydyr.

Aristotel öz mugallymynyň pikirlerine garşy pikirleriň birnäçesini öňe süründir. Ol ýaşaýşy ösüş prosesi hasaplapdyr. Ösüş daşky täsirleriň esasynda däl-de, içki ösüş hökmünde geçýär.

Meşhur filosof terbiýäniň üç tarapyny: beden, ahlak, akyl görnüşlerini görkezipdir. Terbiýäniň maksadynyň adamyň paýhasyna we erkine baglydygyny düşündiripdir. Onuň pikiriçe, tebigat adama ukyplaryň düwünçegini berýär, şol düwünçekleriň ösüşi bolsa terbiýä baglydyr.

Filosof terbiýe meselesiniň kimdir birine bagly bolman, döwlete bagly bolmalydygyny nygtaýar. Maşgala we jemgyýetçilik terbiýeleri biri-biri bilen baglanyşykly bolmaly diýip ündeýär.

Aristoteliň pedagogiki garaýyşlarynda ýaş aýratynlyklar meselesi hem öz beýanyny tapypdyr. Ol ösýän nesliň ýaş döwürlerini üçe bölýär: 1) 7 ýaşa çenli; 2) 7 ýaşdan 14 ýaşa çenli; 3) jyns taýdan ýetişenlik döwründen 21 ýaşa çenli. Filosofyň pikiriçe şeýle bölüniş adamyň tebigaty bilen baglydyr.

Aristotel maşgala terbiýesine degişli birnäçe maslahatlary miras galdyrypdyr. 7 ýaşa çenli çagalar maşgalada terbiýelenmeli. Çagany öz ýaş aýratynlygyna görä naharlamaly, onuň hereketleriniň gigiýenasyna üns bermeli, kem-kemden taplamaly diýen ýaly pikirleri öňe sürüpdir.

Ol akyl terbiýesinden öň fiziki terbiýäni bermekligi maslahat beripdir. Oglanlaryň bedeni berkeşmänkä, olary gimnast mugallymlaryň eline bermekligi, ýöne çagalary ýadatmazlygy ündäpdir. Filosofyň pi-

9. Sargyt № 986

kirine görä fiziki, ahlak, akyl terbiýeleri biri-biri bilen baglanyşykly bolmaly. Başlangyç bilim berlende oglanlara gimnastikadan başga okamagy, ýazmagy, grammatikany, surat çekmegi, aýdym-saz öwretmegi maslahat beripdir we aýdym-sazyň, surat çekmegiň gözelliklere aralaşmaga ýardam edýändigini belläpdir.

Ahlak meselelerinde Aristotel ahlakly hereketlere gönükdiriji endikleri kemala getirýän gönükmeleri ýerine ýetirmegi ündäpdir. Onuň pikiriçe, tebigy üşükler, endikleri ösdürmek we paýhas, aň-ahlak terbiýesini bermegiň üç sany çeşmesidir.

Platondan tapawutlylykda, Aristotel maşgala terbiýe meselesinden çetleşmeli däl, sebäbi ahlak terbiýesini bermek baradaky alada maşgala degişli diýip hasaplapdyr.

## Aristoteliň bilim we terbiýe barada aýdanlary:

Akyl, ahlak, bedenterbiýe – bu üçüsi berk baglanyşykda bolmalydyr, adamyň başarnyklary terbiýäniň üsti bilen ösdürilmelidir.

Maşgala we jemgyýetçilik terbiýesi biri-biri bilen baglanyşykly bolmalydyr.

Çagany hökman öz ýaşyna görä iýmitlendirmelidir, gigiýeniki hereketini üpjün etmelidir we ýuwaş-ýuwaşdan çaga çydamlylygy öwretmelidir.

Başlangyç okuw döwründe maşklardan daşary, okamagy, ýazmagy, sanamagy we sazy öwretmelidir.



Bütin ömür ösüş prosesidir, ol diňe daşky güýji däl-de, içki dünýänem ösdürýändir.

**Demokrit (b.e. öň 460–370 ý.)** – giň hem köptaraply düşünjesi bolan filosof, ol çaga terbiýesinde maşgalanyň ähmiýeti, okatmakda we terbiýelemekde duş gelýän kynçylyklary ýeňip geçmegiň zerurlygy baradaky pikirleri öňe sürüpdir. Grekleriň arasynda ilkinji ensiklopedik düşünjeli adam hasaplanypdyr. Türgenleşmegiň,

zähmet çekmegiň netijesinde gowy adamyny terbiýelemek mümkindir diýen pikiri öňe sürüpdir.

Demokrit 70-e golaý işleriň awtorydyr. Ol matematika, fizika, anatomiýa, medisina, taryh we beýleki ylymlar bilen meşgullanypdyr. Demokrit pedagogika degişlilikde adamy terbiýelemekde zähmetiň uly ornunyň bardygyny belläpdir. Demokrit terbiýäniň tebigata uýgunlylyk ýörelgesi baradaky pikiri ilkinjileriň biri bolup öňe sürüpdir. Ýaramaz göreldeden daşda bolup, ahlak hereketleri türgenleşdirmegi ündäpdir. Öz işlerinde terbiýe meselesine köp üns beripdir, tebigatyň kanunlaryna, hakyky bilime ýüzlenip, yrymlary we gorkyny ýeňip, ýok edip bolýar diýen pikiri öňe sürüpdir.

Ýörite bellenilmeli zat – ady agzalan filosoflaryň Gündogaryň akyldarlaryna eden täsiridir. Bu babatda «Kowusnama» we beýleki ýadygärliklerde, Faraby, Biruny ýaly akyldarlaryň işlerinde olara salgylanylandygyny ýatlamak ýeterlikdir.

### Demokritiň bilim we terbiýe barada aýdanlary:

Eger-de çagalar zähmete mätäç bolmadyk bolsalar, onda olar sowatlylygy, aýdym aýtmagy, hat ýazmagy... öwrenmeýärdiler.

Käbir köpbilmişleriň akyly az bolýandyr. Şonuň üçin-de köpbilmişlige ýykgyn etmeli däl-de, akylyňy hemmetaraplaýyn ösdürmelidir.

Özüne akylly diýýän adama zat öwretmek biderek wagtyňy ýitirmekdir.

Çaga terbiýesinde maşgalanyň ähmiýeti örän uludyr.

Okatmakda we terbiýelemekde duş gelýän kynçylyklary ýeňip geçmegiň ähmiýeti örän uludyr.

Adamy terbiýelemekde zähmetiň ägirt uly orny bardyr.

### «Kalila we Dimna» kitabyndaky pedagogik pikirler

«Kalila we Dimna» eseri edebiýat ummanynda ýoň bolan ugur bolup, häzirki zaman gumanitar-ynsanperwer ylymlarynyň ösüşine uly itergi berýär. Ýada salsak, pedagogikanyň ylym ulgamynda ösme-

ginde esasy döwürleriň birini çeper edebiýatyň mazmunyndaky ösüşi eýeleýär. «Kalila we Dimna» eserinde pedagogikanyň aýratyn ylym hökmündäki taglymaty esaslandyrylmadyk hem bolsa, esasy meseleler durmuşy taýdan beýan edilýär. Meselem: ahlak gymmatlygy bozujy hökmünde «men-menligiň» adamyň durmuşyna täsirini hekaýalardaky gahrymanlaryň hereketleri şöhlelendirýär. Eser özüniň ýazylyş mazmuny boýunça gadymylyga eýe bolsa-da, ol häzirki zaman jemgyýetçilik düzgünlerindäki kada-kanunlar dogrusynda beýan edilýär. Başgaça aýdanyňda, eser birek-birege maslahat beriji äheňde beýan edilip, häzirki zamanda kemala gelýänleriň durmuşyny dowam etdirmekde geçmişe esaslanyp, şu pursadyň äpişgesinden geljege seredip, ýaşamagyň suduryny şöhlelendirýär.

Terbiýeçilik işine degişlilikde «Kalila we Dimna» eserinde aragatnaşykda ahlak gymmatlyklary berkitmegiň esaslary, pikir ýöretmeleriň birek-birege sepleşigi beýan edilýär. Umuman alanyňda, terbiýäniň görnüşleriniň bir-birine sepleşmesiniň esasynda umumy bir ulgamyň emele gelşini nygtaýar. Gymmatly mirasyň şalaryň hazynasynda iň arzyly baýlyk hökmünde saklananlygy-da hut şol sebäplidir. Ondaky pähim-paýhaslar köpler tarapyndan kabul edilip alnypdyr hem terbiýeçilik işiniň süňňüne siňdirilipdir.

## Pedagogikanyň many-mazmunyna ornaşyp giden käbir mysallar

Watany terk etmek örän agyr işdir. Bilimsiz ýaşamak örän kyndyr. Ata-babalarymyzyň durmuşyndan görelde sapagyny alyp, olaryň tejribelerinden peýdalanan adam akylly hasaplanar. Ýedi ýaşa ýetemde tebipçilik ylmyny öwrenmek üçin meni mekdebe berdiler. Akylly adam özüne rowa görmedik zadyny özgä-de rowa görmeli däldir. Enem-atam meni terbiýelemek bilen meşgullanýardylar. Bu pany dünýäde açgöz we gysganç bolma. Daşky görnüşim bilen içki dünýäm, sözüm bilen işim bir-birine gabat gelmegini isledim. Iň ýagşysy, başgalaryň gören zyýanyny nazarda tutup, olaryň peýdaly tejribesinden sapak almalydyr. Gysgançlyk hem gowy sypat däldir, sahylygyň bol ýerinde ol sana

geçmeýär. Her bir zady az-azdan düşünip öwrenme. Peýda kitaby ýat tutmakda däl-de, ony düşünip öwrenmekdedir. Dünýä berlen adam ýüpek gurçugyna meňzeýär – ol näçe köp ýüpek orasa, öz el-aýagyny şonça-da berk baglaýar...

Görnüşi ýaly, Gündogaryň ruhy gymmatlyklarynyň diňe bir ýokarda ady agzalanlarda däl, eýsem, «Kalila we Dimnada» hem pedagogiki garaýyşlaryň giden ulgamy ýatyr. Şol pikirleriň dünýä inmegi örän irki döwürler bilen baglanyşyklydyr.

## Pedagogikanyň ýüze çykyşy we ösüşi

Terbiýe tejribesi öz kökleri bilen adamzadyň emele gelen döwürlerine uzaýar. Ol ilkinji adamlar bilen ýüze çykdy. Belli bolşy ýaly, ähli ylymlaryň ýüze çykmagynyň sebäbi – durmuşyň talabydyr.

Haçanda bilim bermek adamzadyň durmuşynda belli rol oýnap başlanda, onuň tejribesini jemlemek, ýörite okuw-terbiýeçilik edaralaryny döretmek we olarda terbiýeçilik işlerini ýola goýmak talaby ýüze çykdy. Jemgyýetiň ösüşi onda ýola goýlan okuw-terbiýeçilik işiniň netijesi bilen bagly boldy.

**Hytaý, Hindistan, Müsür, Persiýa** (4-4,5 müň ýyl ozal), soňrak **Gresiýa** (b.e. öňki VII asyrda) ýaly ösen gadymy döwletlerde ilkinjiler hatarynda terbiýäniň tejribesini jemlemek, onuň nazaryýetini ösdürmek barada alada edilipdir. Şol döwürde tebigat, adam, jemgyýet baradaky bilimler filosofiýada jemlenip, onuň mazmunynda hem ilkinji pedagogiki jemlemeler ýüze çykýar.

Merkezi Aziýa döwletlerinde gadymy döwürden terbiýäniň esasy bolup «Awesta» kitaby çykyş edýär. Soňra, yslam dininiň ýüze çykmagy bilen musulman mekdepleri («mekdep» we «medrese») döreýär. Olarda Gurhany Kerimiň mazmuny bilen bir hatarda «Şerigatyň», «Hadysyň» kada-kanunlary, astronomiýa, tebigat, himiýa, matematika, pelsepe, logika ylymlary öwrenilýär.

Merkezi Aziýada (Gündogarda) Gündogaryň beýik danalary bilimiň, ylmyň ösüşine uly täsir edýär. Olar Al-Horezmi, Abu Nasyr Faraby, Abu Reýhan Biruny, Ibn Sina, Omar Haýyam, Keý Kowus we başgalardyr.

Türkmenistanda XVII – XIX asyrlar aralygynda öz döredijiliginde terbiýelemegiň baý mazmunyny jemlän Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Garajaoglan, Mahmyt Gaýyby, Andalyp, Kemine, Zelili, Seýdi, Kätibi, Mollanepes, Mätäji öňe çykdy.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň 90-njy ýyllary aralygynda Türkmenistanda bilim ulgamy Russiýanyň (Ýewropanyň) ülňi-nusgasynda ösdi.

Gadymy Gresiýa filosofiýasy Ýewropanyň terbiýe ulgamynyň esasy bolup çykyş etdi. Onuň görnükli wekilleri Sokrat, Platon, Aristotel, Demokrit we beýlekilerdir.

Adamlaryň ruhy we beden ösüşinde uly orun tutýan halk pedagogikasy ähli döwürlerde öz ähmiýetini ýitirmedi. Halk tarapyndan döredilen bu gymmatly terbiýe ulgamy şu günki terbiýäniň özenidir. Ertekiler, matallar, nakyllar, oýunlar, çagalara at goýmak, daragt ekmek ýaly däpler asyrlar boýy dowam edip gelýär..

XVII asyra çenli pedagogika filosofiýanyň düzüminde boldy. Diňe XVII asyrda pedagogika aýratyn ylym hökmünde filosofiýadan aýrylan hem bolsa, ol şu güne çenli onuň bilen berk arabaglanyşykda ösüp gelýär. Bu iki ylmyň biri-birine ýakynlygynyň esasy sebäbi, birinjiden, öňe sürýän taglymatlarynyň çaklama häsiýetde esaslandyrylmagy, ikinjiden, olaryň öwrenýän meseleleri adam, onuň durmuşy we ösüşine syrykdyrylýar.

## Pedagogikanyň ylmyň özbaşdak pudagyna öwrülişi

Pedagogikanyň ylmyň özbaşdak pudagyna öwrülişi F.Bekonyň XVII asyryň başynda «Ylymlaryň mynasybeti we köpelişi hakynda» diýen işiniň peýda bolmagy bilen baglanyşdyrylýar. Ol bu işinde ylymlary görnüşlere bölüp, pedagogikany «okamaklyga gollanma» hökmünde görkezýär. Ýöne filosofiýadan bölünip aýrylmaklyk entek täze ylmyň esaslandyryldygy däldi. Ylym hökmünde pedagogika belli çeh akyldary, mugallymy we ýazyjysy Ý. A. Komenskiniň meşhur «Beýik didaktika» (1632 ý.) işiniň esaslandyrylmagy bilen adygyp ugraýar. Bu kitapda çagalary okatmagyň nazaryýetiniň we amalyýetiniň esasy meseleleri esaslandyrylýar.

Ý. A. Komenskiý ilkinji bolup ählumumy okuw baradaky pikirini esaslandyryp, okatmagyň özara baglanyşykly döwürler ulgamyny döredýär. Bu ulgam ene mekdebini (6 ýaşa çenli), ýönekeý mekdebi (6–12 ýaş), gimnaziýany (12–18 ýaş) we akademiýany (18–24 ýaş) öz içine alýar. Öz amalyýet işinde ol synp-sapak ulgamyny ornaşdyryp, ony nazaryýet taýdan esaslandyrýar. Ý. Komenskiý didaktikanyň (okatmagyň nazaryýetiniň) biziň günlerimize gelip ýeten esasy düzgünlerini döredýär: aňly-düşünjelilik, aýdyňlyk, kem-käsleýinlik, yzygiderlilik, durnuklylyk we elýeterlilik. Ol okuw kitabyna we mugallyma bildirilýän esasy talaplary esaslandyrýar.

Pedagogikanyň täze eýýamda ylym hökmünde ösüşi şweýsar alymy I. T. Pestalossiniň (1746–1827), nemes pedagogy A. Disterwegiň, fransuz pedagogy Ž.Ž. Russonyň işleri bilen baglydyr. I. Pestalossi başlangyç bilimiň nazaryýetini öňe sürýär. Onuň pikirini dowam etdiriji A.Disterweg pedagogika, matematika, tebigaty öwreniş, nemes dili we beýleki dersler boýunça birnäçe işleri, okuw kitaplaryny ýazýar.

Ady dünýä belli rus pedagoglary K.D. Uşinskiý we L.N. Tolstoý pedagogika ylmyny ösdürmäge uly goşant goşdular. K.Uşinskiý rus halk mekdebiniň esasyny goýujydyr. Onuň «Ene dili», «Çaga dünýäsi» kitaplary köp nesilleriň okuw kitabyna öwrüldi.

XX asyrda sowet pedagogikasynyň ösüşine uly goşant goşan A.S. Makarenko (1888–1939), W.A. Suhomlinskidir. A.S. Makarenko ilkinji bolup çagalar toparynyň (kollektiwiniň) ösüşi, onuň gurluşy, çagalary maşgalada terbiýelemek ýaly meseleleri çözdi. W.A. Suhomlinskiý ýaşlary döwrebap terbiýelemek, mekdebi dolandyrmak bilen bagly işleri amala aşyrdy.

XX asyrda meşhurlyk gazanan pedagog alymlaryň biri-de amerikan alymy, çaga lukmany B.Spokdyr. Onuň ilkinji orunda talap edilijiligi ýa-da hoşgylawlygy goýmalydygy barada goýan sowaly bütin dünýäde uly çekişme döredýär. Bu sowala berilýän jogaba laýyklykda pedagoglar iki topara bölünýär: a) terbiýäniň ynsanperwerlik usullaryny ileri tutýanlar we b) erke tabyn etmekligi terbiýäniň esasy usuly hasaplaýanlar. B.Spokyň «Çaga we oňa seretmek», «Eneler bilen gürrüň» kitaplary uly meşhurlyk gazandy. Olarda sagdyn çagany

terbiýelemegiň medisina jähtleri bilen bir hatarda täzeçil pedagogiki nazaryýetler öňe sürülýär.

Türkmenistanda XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda işlän Muhammetguly Atabaýew, Artykgül Tekinskaýa, sowet düzgüni döwründe işlän H.Baýlyýew, M.Hamzaýew, P.Azymow, A.Mergenow, G.Sopyýew, T.Berdiýew, M.Kösäýew, H.Baýlyýew, Ý.Tekäýew, M.Annagurdow, G.Pirliýew we beýlekileriň pedagogika ylmyna we amalyýetine goşandy ýatlanmaga mynasypdyr.

Ýokarda ady agzalan filosoflardyr pedagoglaryň pikirleri henize çenli öz ähmiýetini ýitirmän gelýär.

## Halk mekdepleri we halk mugallymlary

Ilatyň sosial-ykdysady, medeni we ruhy durmuşy bilen baglanyşykda ýaş nesli durmuşa taýýarlamagy, oňa kesp-kär öwretmegi, tälim-terbiýe bermegi öz öňünde esasy maksat edip goýan halk mekdepleriniň hem halk mugallymlarynyň bolanlygy mälimdir. Halk mekdepleri köpçülikleýin häsiýete eýe bolup, olarda ekerançylyk, maldarçylyk, söwda-satuw, halyçylyk, senetçilik, el hünärleri ýaly pişeler öwredilipdir, ýaşaýyş durmuşyň derwaýys ugurlaryndan bilimdir tejribe başarnyklar berlipdir. Şeýle mekdeplerde ýaşaýşyň derwaýys ugurlaryndan bilimdir amaly başarnyklar hem berlipdir. Şeýle mekdepler ençeme ýüzýyllyklaryň, müňýyllyklaryň dowamynda döräpdir hem ýaşamagyny we kämilleşmegini dowam etdiripdir, il-gün tarapyndan makullanylyp, ykrar edilen terbiýeçilik däplerini nesillere miras geçirmek hyzmatyny ýerine ýetiripdir.

**Halk mekdepleriniň mugallymlaryna ussatlar, halypalar,** okuwçylaryna şägirtler diýlipdir. Ussat, halypa ýiti zehinli, kärine ökde, ony tanaýanlar tarapyndan ykrar edilen adam bolupdyr. Şägirt ussatdan tälim alýan mahalynda diňe bir köňül islän kärini öwrenmek däl, eýsem, öwretmegiň usullary bilen hem tanşypdyr, şol bir wagtyň özünde edep-terbiýe hem alypdyr. Meselem, at owazasy ile belli sazandadan tälim alýan şägirt bu ugurdan adygan ägirtler hem olaryň belent sarpasy hakynda, bu senediň gadymdan bäri kämilleşip gelýändigi barada, oňa düşünmek, erk edip bilmek üçin erjelligiň hem ýadawsyz

zähmetiň zerurdygy dogrusynda düşünje alýar, onuň güýjüne akyl ýetirýär. Şeýle şägirdiň halypadan ozduryan wagtlary az bolmandyr.

**«Şägirt halypadan ozdurmasa, kär ýiter»** halk pähimi üznüksiz öňe ymtylmanyň zerurlygyny aňladypdyr. Şägirtler öz mugallymlaryndan ozdurmagy, öwrenýän kesbine haýsydyr bir täzelik girizmegi göwünlerinde besläpdirler. Işe yhlasly hem döredijilikli çemeleşmeklik, öwrenilýän käriň ýitip gitmezligini, ösmegini hem kämilleşmegini şertlendiripdir.

Türkmen halk pedagogikasyny düýpli işlän G.Pirliýewiň belleýşine görä, geçmişde ýaş nesli okatmak bilen ýörite meşgul bolan pedagoglaryň hyzmatyny ýerine ýetiren halk mugallymlarynyň atlary bize gelip ýetmändir.

Ýöne Türkmenistanyň çäklerinde resmi okuw mekdeplerinde zähmet çeken mugallymlar bilen bir hatarda, edep-terbiýe bermek, edim-gylym, hünär öwretmek bilen meşgul bolan parasatly hem tejribeli ussatlaryň giden bir tapgyrynyň hereket edendigi hakykatdyr.

Biz halk mugallymlary diýip diňleýjileri durky bilen gulaga öwrüp bilen paýhasly hem dilewar akyldarlary, parasatly ýaşululary, il-günüň aladasy bilen ýaşap hem oňa sala salmakda hereket eden hanlardyr serdarlary, çeper döredijilik bilen meşgul bolup, onuň inçe syrlaryny öwrenen hem öwretmegi başaran söz hem senet ussatlary, zergärleri, halyçylyk, beýleki el hünärlere türgenleşen ökde zenanlary, ekerançylygyň, maldarçylygyň aýry-aýry ugurlary boýunça özlerini tanadan halypalary hem-de şolara meňzeş öz kärine ökdeleri, özgelere öwretmegi başaran adamlary göz öňünde tutýarys.

Gelin-gyzlara öý hojalyk işleri, el hünärleri bilen bagly bolan başarnyklar, endikler berlende, edep-ekram öwredilende, galapyn olaryň eneleri, dogan-garyndaşlary, goňşy-golamdaky tejribeli aýallar mugallym roluny ýerine ýetiripdirler. Şol mugallymlaryň atlary, iş usullary irki döwürlerde halk döredijilik eserleriniň dürli žanrlarynyň nusgawy edebiýatynyň wekilleriniň döreden mirasyna, taryhy we medeni ýadygärliklere, däp-dessurlara, beýleki ruhy gymmatlyklara siňip gidipdir. Jemläp aýdylanda, gadymyýetde Türkmenistanyň çäkleri siwilizasiýanyň ösen ýeri bolupdyr. Onuň has güýçli depginde öňe gitme-

gine Isgender Makedonlynyň weýrançylykly çozuşlary böwet bolan-da bolsa, VI asyrda ylym-bilim, medeniýet ýene-de ösüp, tälim-terbiýe işi kämilleşip, täze basgançaklara galyp başlapdyr. Horasanyň merkezi bolan Merw täzeden gülläp ugrapdyr. Horezmde akademiýalar döräpdir.

Bu ösüş tä mongollaryň weýrançylykly çozuşlaryna çenli dowam edipdir. Dogrusy, yslamyň aralaşmagy ylmyň, medeniýetiň öňe gidişini az-kem tesdirýär. Emma muňa garamazdan, bir tarapdan, yslam dini öz ugurlaryny ata-babalarymyzyň öňden dowam edip gelýän iň gowy däplerine laýyklaşdyran bolsa, ikinji tarapdan, türkmenler hem özleriniň urp-adatlaryna, däp-dessurlaryna, kada-kanunlaryna yslamyň gymmatly taraplaryny siňdiripdirler. Yslam dininiň kadalaryny öwredýän arap dilindäki mekdepleriň giden bir tapgyry döräpdir. Olaryň dini bilim bermek bilen ugurdaşlykda, dünýewi ylymlary öwredýänleri-de az bolmandyr. Bu ýagdaý ylmyň we medeniýetiň ýeneki ösüşlerine mümkinçilik döredipdir.

# VI BAP

# Gündogaryň galkynyş (renessans) döwrüniň pedagogikasy

## 1. Gündogaryň beýik danalarynyň pedagogiki garaýyşlary.

IX–XII asyrlar Gündogar siwilizasiýasynyň has ýokary göterilen döwri hasap edilýär. Şol ýüzýyllyklaryň dowamynda Gündogar renessansynyň emele gelmegi üçin zerur bolan ykdysady, ylmy, medeni şertler döräpdir. Günbatarda bolsa şonuň ýaly şertler ep-esli ýyl soň ýüze çykypdyr.

Gündogaryň, şol sanda Orta Aziýanyň alymlary, aýratyn-da, orta asyrlarda belli bolan alymlar gadymy grek ylmy mirasyna köp üns beripdirler, ony oňat öwrenipdirler, grek alymlarynyň eserlerini arap, pars dillerine terjime edip, şol dillerde gepleýän hem-de düşünýän halklara ýetiripdirler. Alymlaryň uly topary gadymy hindi ylmy traktatlaryny, aýratyn-da, geometriýa, arifmetika, medisina

ýaly ylmyň iň bir zerur pudaklaryna bagyşlanan ylmy eserleri çuňňur öwrenipdirler hem-de terjime edipdirler. Saz sungaty hakyndaky ylym hem ünsden düşürilmändir.

Gündogar renessansy döwründe akyl-paýhasyň ençeme läheňleri öňe saýlanyp, dünýä ylmynyň ösmegine uly goşant goşupdyrlar. Şol renessansyň ýüregi bolsa Orta Aziýadyr. Gündogaryň beýik danalary Horezmi, Faraby, Biruny, Ibn Sina, Omar Haýýam, Keý Kowus, Abu Seýit Mäneýi (Mäne baba), Ýunus Emre, Jelaleddin Rumy, Nyzamy, Kindi, Fergany, Rudaky, Zamahşary, Nasyr Hysrow, Firdöwsi, Mäsiri, Ibn Yrak, Habaş Hasyr, Gazaly, Alyşir Nowaýy, Abdyrahman Jamy ýaly akyldarlar tutuş äleme ylymdan, filosofiýadan akyl-paýhasdan sapak berdiler. Olaryň ýaşan, döreden döwürlerinde filosofiýa bilen beýleki ylymlaryň, şol sanda pedagogika ylmynyň arasynda-da düýpli bölünişik emele gelmändir. Pedagogiki garaýyşlar akyldarlaryň köp eserleriniň içinden eriş-argaç bolup geçipdir. Biz bu beýik akyldarlaryň birnäçesiniň ömrüni, döredijiligini, bilim we terbiýe barada aýdyp geçen baý pikirlerini seljereliň.

## Muhammet Horezmi (783–850)

*«Ylym adamlaryň durmuşynda uly rol oýnamaly, olaryň işini ýeňilleşdirmeli».*

Muhammet Al-Horezmi – dünýä matematikasyna algebrany beren alym. Horezmi ýaş wagtyndan matematika bilen gyzyklanypdyr. Ol arap-pars, hindi, ýunan dillerini öwrenýär. Horezminiň beýik alym hökmünde ykrar edilmeginde **«Paýhas öýüniň»** uly ähmiýeti bolupdyr. Horezmi Mamunyň halyflyk eden döwründe «Paýhas öýüne» ýolbaşçylyk edipdir. Şol döwürde ylmyň merkezi Bagdat bolanlygy üçin, ähli Gündogarda ylym bilen gyzyklanýan adamlar Bagdada gelip, dürli ugurlar boýunça işleýän görnükli alymlar bilen tanşyp, pikir alşypdyrlar we ylymda öz güýçlerini



synap görüpdirler. Soňra Bagdatdaky Ylymlar akademiýasynda (Baýtul hikme) bilimini ösdürmäge başlapdyrlar. Mamunyň kömegi bilen Horezmi-de Bagdatda 813–833-nji ýyllarda şu akademiýada işläpdir. Akademiýada matematika, geodeziýa, geografiýa, gumanitar bilimler boýunça ylmy işler alnyp barlypdyr. Mamun halyflyk eden döwründe Al-Horezminiň ýolbaşçylygynda alymlar Hindistana, Rime, Wizantiýa, Hazara (Wolganyň günortasy) birnäçe gezek ylmy işleri öwrenmäge gidipdirler.

Horezmi **matematika** ylmyny ösdürmäge uly goşant goşýar. Özüniň algebraik traktatyna ýazan sözbaşysynda Horezmi näme üçin astronomiýa hem matematika köp üns berendigi hakynda şeýle ýazypdyr: «Men arifmetikanyň ýönekeý hem çylşyrymly sowallaryny öz içine alýan, algebrany hem almukabaly hasaplaýan kiçijik kitaby düzdüm. Çünki ol miras paýlaşylanda hem sud (kazyýet) işlerinde, söwda we dürli ylalaşyklarda, şeýle hem ýer ölçeginde, ýap gazylanda, amaly gurluşyk geometriýasynda we şular ýaly dürli işlerde adamlara zerur». Horezminiň **«Hindi hasaby hakynda», «Algebrany hem almukabaly hasaplamak hakynda», «Trigonometrik tablisalar»** ýaly eserleri matematika ylmyna düýpli täzelikler girizipdir. Onuň «Alžabr we al mukabala hasap hakynda» kitabynda sanly kwadrat we çyzykly deňlemeler, olary çözmegiň ýollary beýan edilýär. Kitabyň nazary-teoretiki bölüminde çyzgyly hem kwadrat deňlemeleriň teoriýasy, geometriýanyň käbir meseleleri, amaly bölüminde bolsa hojalyk-durmuş, hukuk meselelerinde algebranyň usullaryny ulanmak barada maglumatlar berilýär. Horezmi sanlary razrýadlara bölýär, dört razrýad boýunça pikir ýöredýär, ylma **birlikler, onluklar, ýüzlükler, müňlükler** düşünjelerini, nol hem boş razrýadlary girizýär. Häzirki ulanýan sanlarymyzy we hasaplaşykdaky **goşmak, aýyrmak, köpeltmek, bölmek** amallarynyň aňsat usullaryny dünýä ýaýradýar. Dogrusy, bu sanlar ilki Hindistanda oýlanyp tapylýar, emma ony amaly taýdan ilkinji gezek ulanyşa girizen Horezmidir. Al-Horezmi matematika ylmyndaky abstrakt düşünjeleri giňişleýin düşündirýär. **Induksiýa** ýoly bilen ýekelikden umumylyga gönükdirilen çözüw usullaryny ýüze çykarýar, **deduksiýa** ýoly bilen (umumylykdan ýekelige

gönükdirilen usul) dürli hususy meseleleriň çözülişini görkezýär. «Alžabr we mukabala» eseri bilen matematika ylmyny ösdürip, özünden öňki bilimleri öwrenýär we ýollary üstüýetirijilikli birleşdirip (sintezläp), olary amallaryň üsti bilen peýdalanmak usulyny beýan edýär. Şu eseriň üsti bilen Al-Horezminiň ady latynça «algorizm», **«algoritm»** görnüşini aldy. Soňra häzirki zaman matematikanyň esasy düşünjesi algoritm algorifma öwrüldi. Ol matematikanyň esasy ösüşi bilen birlikde ony durmuşda peýdalanmagyň ýollaryny-da salgy berdi. Ol hasaplamakda, söwdada örän uly rol oýnady.

Horezminiň ikinji işi ýa-da kitaby «Hindi arifmetikasy hakynda kitap» ýa-da («Hasap al-Hindi») onda 0,1,2,3,4,5,6,7,8,9, islendik hasaplama ýeterlikdigini beýan edýär. Horezmi hindileriň matematika degişli «Sindihind» atly gollanmasyny okap, oňa täzelikler goşýar, çylşyrymly taraplaryny täzeden işläp, täze baplary girizýär. Ony «Gysgaça sindihind» (algoritm hindi hasaby hökmünde) diýip belleýär. Eser diňe bir Gündogarda däl, Ýewropada hem giňden mälim bolýar. Sanlardan peýdalanyp, örän uly sanlary düzmek, ýazmak X–XI asyrlarda araplarda ýüze çykypdyr. Ol dürli jisimdäki sanlary, köpeltmek algoritimini-de döredýär.

Meselem, **minut-sekuntlary goşmak, sekunda öwürmek ýa-da minuta öwürmek.** Alym 100-e golaý ylmy işleri ýazýar.

Horezmi **taryh** boýunça arap dilinde ylmy iş ýazanlaryň ilkinjileriniň biri hasap edilýär. Ol **«Taryhlaryň kitaplary»** atly ýörite traktat ýazýar. Bu kitaba köp alymlar ýüzlenipdir, onda Aleksandr Makedonskiniň we Muhammet pygamberiň eneden doglan we aradan çykan ýyllary görkezilipdir. Ol maglumatlardan Biruny hem peýdalanypdyr.

Horezminiň **geografiýa** degişli ýazan **«Kitap surat al-arz», «Ýeriň görnüşiniň kitaby»** diýen traktaty-da giňden mälimdir. Bu kitapda şäherleriň 537-siniň geografik ýagdaýy, daglaryň 209-sy, deňizleriň, ýerleriň hem kölleriň onlarçasy hakda maglumatlar bar. Bu işinde Horezmi **ýeriň kartasy** we onuň düzümi barada maglumat berýär.

Horezmi beýik **astronomdyr**. Onuň **«Astronomik tablisalar»** diýen kitaby Ýewropanyň okuw mekdeplerinde, **«Ýeriň suraty ba-**

**radaky kitap»** diýen işi bolsa arap ýurtlarynda esasy okuw kitaby bolup hyzmat edipdir.

**Okatmakda** alym **tejribe usullary, sorag-jogap, gönükme we meseleleri işlemek, bilimlere seljeriş etmekden** ugur almagy belleýär. Meselem, arifmetikada mesele-mysallary işlemek, çözmek, manysyna düşünmek, pikirlenmek, amalyýetde onuň ähmiýetini görmek zerur diýýär.

Jemläp aýdylanda, Al-Horezmi matematika we gumanitar ylymlar boýunça Gündogarda we Ýewropada uly açyş etdi. Hindileriň onluk düzüm sanlary Horezmi tarapyndan arap diline geçirilip, bütin dünýä ýaýradyldy. Ol matematikany esaslandyryjy hökmünde taryha girdi.

Onuň matematika, geografiýa, taryha degişli we beýleki eserleri özünden soňky alymlaryň döredijilikli işlemegi üçin gollanma boldy. Al-Horezmi Muhammet ibn Fergany, ylma tangens, kotangens düşünjelerini girizen maryly Habaş Hasyp, Abu Mansur, Halyg Merwerudy, Seýit Jöwheri ýaly alymlary terbiýeläp ýetişdiren halypadyr.

## Abu Nasr Al Faraby (870–950)

**«Mertebe gazanmagyň iki ýoly bar:**
**1) Okatmak; 2) Terbiýelemek.**
**Okatmak diňe sözüň kömegi bilen bolýar, terbiýe bolsa sözüň hem hereketiň kömegi bilen amala aşyrylýar»**



Abu Nasr Faraby orta asyrdaky beýik danalaryň biri bolmak bilen bir hatarda görnükli filosof, edebiýatçy, taryhçy, ykdysadyýetçi we pedagog hökmünde tanalýar. Ol Orta asyr Gündogarynda öz biliminiň çuňlugy, dünýägaraýşynyň giňligi bilen tapawutlanypdyr. Al Faraby ýaşlykdan bir topar hünärleri öwrenipdir, ähli türki dilleri, arap, pars, latyn, gadymy siriýa, grek dillerini suwara bilipdir. Ol

saz nazaryýetçisi-teoretigi, dilçi, gündogaryň taryhynda ilkinji bolup filosofik sözlügi düzen alym, gyjaga meňzeş saz guralyny ýasan ussa, estetika hakda çuň pikir ýöreden sungatşynas, ençeme kitaplaryň awtory. Onuň ýöreden pedagogiki pikirleri biziň günlerimizde-de öz gymmatyny saklaýar.

Tebigat, matematika, sungat, aýdym-saz, hukuk, edebiýat, dil, poeziýa bilen meşgullanyp, **70-e golaý dil** öwrenýär. Alym dürli ugurlardan **160-a** golaý ylmy işleri ýazypdyr.

Al Faraby **«At-malim as-sany» («Ikinji taglymat»)** atly ylmy iş ýazypdyr. Oňa «Mugallym as-sany», ýagny **«ikinji mugallym»** diýen adyň dakylmagy şu iş bilen bagly bolmaly. Birinji mugallym diýlip, gadymy grek filosofy Aristotel hasaplanypdyr. Abu Nasr Faraba ikinji mugallym diýlip ýüz tutulmagy ylym we medeniýet adamlarynyň oňa çäksiz minnetdarlygyny hem-de hormatyny aňladýar.

Beýik akyldaryň ýaşlykdan **saz** çalandygyny, hatda özüniň saz guralyny (gyjagy) ýasandygyny-da alymlar belläp geçýärler. Soňra bolsa ol saz sungatyny öwrenmek bilen meşgullanyp. **«Sazyň uly kitaby»** atly ylmy iş hem ýazypdyr.

Al Faraby **syýasat, psihologiýa, tebigy bilimler, matematika, medisina, filosofiýa, estetika, sazçylyk, logika** we başga ylymlar bilen meşgullanyp, olardan baş çykarypdyr. Şoňa görä döwürdeşleri oňa «Gündogaryň Aristoteli» at beripdirler. Ol Aristoteliň taglymatyna meňzeş bolan tutuş bir ensiklopedik düzümi döredipdir.

Alymyň **«Akyl terbiýesi barada», «Bagta ymtylmak», «Ylymlaryň gelip çykyşy», «Görnükli adamlaryň durmuşy»** işlerinde ynsan terbiýesi, şahsyýeti durmuşa hemmetaraplaýyn taýýarlamagyň ýollary görkezilýär.

Al Faraby **terbiýe** barada. Çaga şahsy täsir etmek, oňa ynsanyň ähli aýratynlyklaryny nazarlamak esasynda çemeleşmek, dogry terbiýe bermek üçin ähmiýetli bolan usullardan peýdalanmagyň ýollaryny belleýär. Faraby «Bagta ymtylmak barada» atly eserinde bilimleri öwrenmegiň tertibi barada durup geçýär, ilki dünýä baradaky ylymlary (taryh-geografiýa, dil-edebiýat we asman jisimleri) öwrenmek, soňra janly tebigat, ösümlikler, haýwanlar baradaky bilimleri

öwrenmek zerur diýip belleýär. Şahsyýetiň kemala gelmeginde ony gurşaýan tebigatyň, jemgyýetde ýaşaýan adamlaryň täsir edýändigini belläp, şahsyýete gowy täsir etmek üçin jemgyýetdäki ähli adamlaryň gatnaşmalydygyny nygtaýar. Şeýle-de şahsyýetiň kemala gelmeginde onuň başga adamlaryň kömegine mätäçdigini belleýär. Şonuň üçin terbiýeçiler olara okuw-terbiýeçilik işleriniň üsti bilen täsir etmelidir. Alym akyl, ahlak terbiýelerini özara baglanyşykly öwretmegi ündeýär. **«Eger-de terbiýe dogry berilse, ynsan jemgyýetiň kada-kanunlaryna dogry düşüner, ony birkemsiz ýerine ýetirer»** diýip, adalatly belleýär. Faraby çagalary durmuşa taýýarlamakda okuw-terbiýeçilik işleriniň esasy wezipesi – jemgyýetiň talabyna dogry jogap berýän, jemgyýet üçin hyzmat etmäge taýýar ösen şahsyýeti terbiýelemekdir diýýär.

Akyldar **terbiýeçilik meselesinde** çagalaryň öz ene-atalaryna hormat goýmaklarynyň uly ähmiýetiniň bardygyny aýdýar. Faraby terbiýe bermek meselesinde, aýratyn-da, estetiki terbiýede, mugallymyň we terbiýeçiniň ornuna uly baha beripdir. Ol: **«Okatmak we terbiýe bermek işi diňe mugallym hem-de terbiýeçi taýdan ahyryna çenli ýetirilip bilner»** diýip nygtaýar.

Faraby **«Päk ahlakly şäherde ýaşaýanlaryň garaýyşlary hakynda traktat»** eserinde adamynyň sypatlary we ukyplary barada şeýle häsiýetleri nazarlaýar:

1. Fiziki kämillik;
2. Akyl kämilligi;
3. Oňat ýatkeşlik;
4. Dilewar bolmak, ýakymly geplemek we pikirleriňi oňat beýan etmegi başarmak;
5. Bilimleri söýmek, olary ulanmagy başarmak, bilim almak bilen bagly bolan horlukdan hem-de azapdan gorkmazlyk, olary jepa we horluk hasaplamazlyk;
6. Meý içmekden, köp iýmekden, keýp çekmekden gaça durmak;
7. Ylym adamlaryny hormatlamak;
8. Haramzadalardan, abraýdan gaçyrýan zatlardan gaça durmak;
9. Altyn-kümşe göz gyzdyrmazlyk;

10. Adalatlylygy söýmek;
11. Adalata çagyrmak, ýaramaz hereketleri ýazgarmak;
12. Adalatly, dogruçyl bolmakdan gorkmazlyk, dogry hasaplaýan zatlaryňy durmuşa geçirmek.

Alym **okatmagy** bilimleriň esaslaryny öwretmek hökmünde häsiýetlendirýär. Terbiýelemegi bolsa bellibir maksada gönükdirilen işleriň jemi, ynsanyň gylyk-häsiýetini, şahsy aýratynlyklaryny, edep-kadalaryny, tertip-düzgünini, kär saýlamagyny, hünär öwrenmek endiklerini öz içine alýan tutum mazmunynda kesgitleýär. Okamak düşünjesi öwretmek netijesinde emele gelýär; terbiýe jemgyýetiň ösüş kada-kanunlary, iş tejribesi, jemgyýetiň talaby bilen bitewülikde hereketlenýän hadysadyr. Hünär özleşdirmek, milli däpleri öwrenmek, ýaşaýyş, durmuş, döwür bilen deň hereket etmekdir diýip belleýär.

Alym **akyl terbiýesi** bilen ahlak terbiýesiniň bitewüligini nygtaýar. Akyl taýdan ösen adamyň köplenç parasatly, wyždany päk, kiçi göwünli, köpçüligiň bähbidini ileri tutýan, dogruçyl, adalatly, sypaýy bolýandygyny nygtaýar.

Faraby okatmaklygyň dürli dersleriň üsti bilen amala aşyrylýandygyny, onuň maksadalaýyk bolmagy üçin iki usula daýanmalydygyny aýdýar.

**Höweslendirmek usuly.** Ony amala aşyrmak üçin her bir dersi öwrenmek bilen onuň durmuşda tutýan ornuny, şahsyýete täsirini kesgitläp, derse gyzyklanma döredip, okaýanyň aňyna ýetirmegiň zerurdygyny belleýär. Eger-de çagada okamaga höwes dörese, onda çaganyň geljege ymtylmasy, gujur gaýraty-da ösýär.

**Mejbur etmek usuly.** Akyldar bu usuly, adatça, käbir şäherli çagalarda duşýan, gylyk-häsiýetinde keçjallyk, ulumsylyk, özüne aşa göwniýetijilik ýaly sypatlar bolýan çagalara degişlilikde seresaplylyk bilen ulanmalydygyny aýdýar; şeýle sypatly çagalar öz islegine görä zähmet çekmegi islemeýändigi üçin olary mejbur etmek zerur bolýar.

Okuw-terbiýeçilik işini güýçlendirmek üçin **höweslendirmek we mejbur etmek** usullaryndan peýdalanmagyň maksady ynsany hemmetaraplaýyn durmuşa taýýarlamakdan ybaratdyr.

10. Sargyt № 986

Alym **tebigat bilimi** hökmünde ilki bilen fizikany göz öňünde tutýar. Onuň pikiriçe, fizika – tebigat, onuň esasy ýörelgeleri we bölekleri, tebigatyň jisimlerine mahsus bolan tötänleýin bolýan ýagdaýlar, tebigy jisimleriň özara gatnaşyklary hem-de bilelikdäki hereketleri hakdaky ylymdyr. Ol bu ugurdan-da ajaýyp işleriň ençemesini ýazypdyr: **«Adam teniniň organlary hakynda», «Ýyldyzlar hakdaky ylmyň dogry we şübheli düzgünleri hakynda», «Alhimiýanyň peýdasy hakynda», «Boşluk hakynda»** we başgalar. Olarda Abu Nasr Faraby medisina, himiýa, astronomiýa meselelerine degişli gymmatly pikirleri öňe sürýär.

Farabynyň uly hyzmatlarynyň biri – onuň **filosofik sözlügi** işläp düzenligidir. Ol sözlügi grek filosofiýasynyň adalgalaryny terjime etmek esasynda döredipdir.

Jemläp aýdylanda, alymyň esasy pedagogiki pikiri akyl terbiýesi bilen ahlak terbiýesiniň baglanyşykly berilmeginiň zerurlygyny nygtamak bilen baglydyr. Onuň bu pikirleri özünden soňky pedagoglar, alymlar tarapyndan hem uly goldaw tapýar. Beýik akyldar hem-de gumanist adamlaryň oňat durmuşy, bagty ugrunda göreşipdir. Adamlaryň hatly-sowatly, bilimli bolmagyny, adalatly jemgyýetde ýaşamagyny arzuw edipdir. Ol hakykaty gözläpdir, öz düşünişine görä, şoňa ýetmegiň ýollaryny salgy beripdir.

## Abu-Reýhan al-Biruny (973-1048)

**«Diňe ylma daýanyp, ýagşylygy özüňe çekip bolar we adaty durmuşda hem, ynançda hem ýamanlykdan daşlaşyp bolar».**



Abu-Reýhan al Biruny 150-den gowrak işi miras galdyran filosof, matematik, astronom, dilçi, taryhçy. Grek, arap, pars dillerini suwara bilen alym. Ol Ýewklidiň geometriýasyny, Ptolomeýiň astronomiýadan ýazan işlerini öwrenýär. Şeýle-de, alym özünden öňki görnükli alymlar Muhammet Horezminiň matematikasyny,

geografiýa ylmy boýunça Abul Abbasynyň, Ahmet Ferganalynyň (IX asyr), Merweziniň (IX asyr, Marydan), Jawharlynyň (IX asyr), filosof we tebigatçy Abu Nasr Farabynyň, Abdul Wepa Jurjanynyň (940–990) we başga-da birnäçe alymlaryň eserlerini öwrenýär.

995-nji ýyla çenli Biruny **astronomiýany, geografiýany, geodeziýany** öwrenmek bilen Gündogarda birinji bolup, Ýeriň we asmanyň globusyny ýasaýar we astronomiýa degişli: **«Kartografiýa», «Globusyň ýasalyşy», «Ýerdäki jaýlaryň uzynlygy we giňligini öwrenmek»** ýaly birnäçe kitaplar ýazýar.

Biruny **995-nji** ýylda, ýagny 22 ýaşynyň içinde **Ýeriň globusyny** ýasapdyr. Bu globus diňe bir Gündogarda däl, eýsem bütin dünýäde ilkinji Ýer globusy hasaplanylýar. Ýewropada şonuň ýaly globus «Ýer almasy» diýen at bilen diňe 1492-nji ýylda peýda bolýar.

Akyldar ýaşlygyndan Kyýat şäherinde astronomiýadan ýörite gözegçilikler geçipdir. Onuň özi astronomik esbaplaryny hem ýasapdyr. Al Biruny «Kowusnamadan» hem habarly bolupdyr.

Biruny Gürgençde köşk **astrology** hökmünde işlände, onuň dostlarynyň biri uly goşun serkerdesi Marzuban ibn Rüstem öz hasabyna bir ylmy iş ýazyp bermegi Birunydan haýyş edýär. Biruny onuň haýyşyny berjaý edip, **«Astronomiýanyň açary»** atly ylmy işi ýazypdyr. Bu kitap Gürgenç ülkesinde uly seslenme döredip, Birunynyň abraýyny has ýokary göteripdir. Gürgençde ýaşan döwründe alym ylmy işleriň 15-sini ýazypdyr.

Biruny özüniň «Horezmiň tanymal alymlary» diýen kitabynda «Mamunyň akademiýasy» ady bilen ylymlar köşgüni döreden patyşa, ol köşkde işlän alymlar barada ýakymly sözler aýdypdyr.

Birunynyň **«Ýyldyzlar hakynda ylym»** diýen kitaby aýal maşgala bagyşlanandygy üçin alymyň döwürdeşleri hem, soňky döwrüň alymlaryny hem geň galdyrypdyr. Mälim bolşy ýaly, Al-Birunyň aýaly-da, çagasy-da bolmandyr. Şonuň üçin ol ylmy işlerini we beýleki eserlerini öz perzendi hasap edipdir. Akyldar bu kitabyny **«Hasanyň gyzy, Horezmli Reýhanyň haýyşy boýunça ýazdym, özi-de oňat hem aňsat düşüniler ýaly sorag we jogap görnüşinde**

**ýazdym»** diýip belläpdir. Ol kitap **530 sowal hem jogap** görnüşinde, örän sada dilde ýazylypdyr.

Birunynyň galdyryp giden ylmy mirasynda akyl ýetirişiň **sorag-jogap usulyna** aýratyn ähmiýet berilýär. Ol şol mahallar Buharada ýaşap ýören 17 ýaşly Ibn Sina hat üsti arkaly 18 sany sowal bilen ýüzlenipdir. Sowallaryň **10-sy** Aristoteliň «Asman hakdaky» kitaplaryna, **8-si** bolsa «Fizika» kitabyna degişli eken. Ibn Sina sowallaryň hemmesine-de dogry jogap bermegi başarypdyr. Elbetde, şeýle sowallar akyldarlaryň köp zatlary öwrenip, birsyhly kämilleşip durmagyna sebäp bolupdyr.

Biruny matematikadan, astronomiýadan görnükli eser ýazyp oňa **«Masudyň Kanuny»** diýip at berýär. Bu kitap orta asyrlarda astronomiýa boýunça ensiklopediýa hasap edilipdir. Bu iş 11 kitapdan ybarat bolup, onuň şol döwre çenli ýazylan eserlerden has saldamlydygyny şol döwrüň alymlary belläpdir. Akyldaryň ýazan eserleriniň hemmesi neşir edilse, olar 40 tomdan ybarat bolardy.

Birunynyň **ylym-bilim** baradaky pikirleri häzire çenli ähmiýetini ýitirmän gelýär.

**Ol okuwça bilim bermekde şeýle usullara üns bermegi talap edýär:**

**– okuwçynyň içini gysdyrmazlyk;**

**– bilim bermekde dürli dersleri baglanyşykly öwrenmek;**

**– yzygider düzgünleşdirip okatmak;**

**– öwredilýän sapakdan, dersden netije çykarmagy başarmak;**

**– görkezip okatmak.**

Alym okuwçylary okatmakda ýerli ýagdaýlary, gadymy ýadygärlikleri, ylmyň ösüşini döwür bilen baglanyşdyryp öwretmegi ündeýär. Şeýle hem, çagany diňe bir okatmak däl, eýsem alan biliminiň esasynda, erbet gylyk-häsiýetlerden: ulumsylykdan, men-menlik etmekden, açgözlükden, şan-şöhrata kowalaşmakdan daşda durmak öwredilmelidigini belleýär.

Akyldaryň düşündirişinde, her bir halkyň öz milli aýratynlygy, däp-dessurlary bolup, çagalar şol **däp-dessurlara esaslanyp terbiýe-**

**lenmelidir;** okatmakda harplykdan başlap, grammatika, matematika, esasy ders bolmalydyr.

Şeýle-de dil, edebiýat, taryh, geografiýa, geodeziýa, geologiýa, minerologiýa, tebigat, medisina, fizika, himiýa sapaklaryny okatmak, **amaly sapaklarda tejribe işleriniň geçirilmeginiň** zerurdygyny nygtaýar. **Şahsyýetde ylym öwrenmek bilen birlikde ylma-bilime, durmuşa gyzyklanma, höwes döretmek bolar, bilimi düşünip öwrenmeli. Şeýle edilse okuwçy jemgyýetiň, tebigatyň kada-kanunlaryna göz ýetirer. Alym edil Faraby ýaly akyl terbiýesini ahlak terbiýesi bilen baglanyşdyryp ýola goýmagy ündeýär.**

Alymyň ýaşlara ahlak terbiýesini bermeklige degişli ideýalary **«Geçmişden galan ýadygärlikler», «Hindistan», «Minerologiýa», «Saýdana», «Masudyň Kanuny», «Geodeziýa»** we beýleki eserlerinde beýan edilýär. Birunynyň pikirine görä, şahsyýetde ahlak sypatlary birbada kemala gelmeýär. Ahlak sypatlary adamlaryň bir-birine bolan aragatnaşyklarynda, özara pikir alyşmagynda ýüze çykýar.

Ol ýagşylygyň we ýamanlygyň baglanyşyklydygyny musulman dini bilen baglanyşdyryp beýan edýär. Ahlaklylygyň ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky göreşde peýda bolandygyny belleýär. Ol ynsan häsiýetlerini şeýle tapawutlandyrýar: ynsanyň oňat gylyk-häsiýetleri: adalatlylyk, özüni kadaly alyp barmak, ýönekeýden sada, sabyrly, ynsaply, hoşniýetli bolmak. Erbet gylyk-häsiýetler bolsa: bahyllyk, içigaralyk, öz bähbidiň üçin aladalanmaklyk, hilegärlik. Adamyň ahlak sypatlarynyň esasy adamlaryň özara goldawlylygy, zähmetine görä ýaşamagy, dogruçyl, ak ýürekli bolmagydyr. Alym durmuşyň gözel bolmagy adamlaryň öz döwrüne laýyk geýinmegine, tämizligine, gündelik durmuşa taýýarlygyna, estetiki-ahlak terbiýesiniň baglanyşykly berilmegine baglydyr diýip belleýär.

Adamyň içki we daşky dünýäsiniň biri-birine gabat gelmegi onuň hakyky durmuşda ýaşaýandygyny görkezýär. Alym **zähmet terbiýesine-de** uly ähmiýet berýär. Çagalarda ýaşlykdan zähmete höwes döretmegiň, öwrenmek üçin ussalaryň ýanynda işletmegiň, ussahanalar döretmegiň zerurdygyny aýdýar. Ol şahsyýeti durmuşa

taýýarlamakda akyl, ahlak we zähmet terbiýeleriniň baglanyşykly berilmeginiň zerurdygyny belleýär.

Alym şeýle-de, **terbiýäniň usullaryny** belläp, olara maşgala terbiýesini, ynsanyň şahsy gigiýenasyny, halklaryň arasyndaky dostlugy, ýoldaşlygy degişli edýär. Ol ahlagyň sypatlary hökmünde ýagşylyk, dogruçyllyk, adalatlylyk, ýönekeýlik we sadalyk, haýyr-sahabat bermek, zähmet çekmek, hünär öwrenmek, mahlasy, ahlaklylygyň päkligini we gözelligini görkezýär. Bularyň ählisini alym filosofik pikirleri bilen baglanyşykly beýan edýär we düşündirýär.

Agzalan sypatlar onuň özüne hem mahsus bolupdyr. Onuň döredijiligi özünden soňky döwürde hem uly ähmiýete eýe boldy. Öňe süren pikirleri soňky ýaşap geçen alymdyr bilermenler üçin möhüm gözükdirme bolup, olar tarapyndan döredijilikli ösdürildi.

## Ibn Sina (980–1037)

**«Çagalaryň hemmesi mekdebe gatnamalydyr hem-de haýsy-da bolsa bir hünäri ele almalydyr».**



Orta asyryň görnükli wekilleriniň biri Abu Ali Ibn-Sina matematika, astronomiýa, fizika, himiýa, biologiýa, farmokologiýa, medisina hem-de pedagogika boýunça dünýä belli eserler döreden meşhur alymdyr.

Alym 456 işi arap dilinde, 23 eseri pars dilinde miras galdyrypdyr. Emma özünden soňky nesle 250-den gowragy gelip ýetipdir. Iň görnükli eserlerine «Jan hakynda», «Sagalma» degişlidir. Bu eserleri okuwçysy Abu Ubeýt Jürjany ýazga geçiripdir. **«Tebipçilik ylmynyň kanuny», «Halas bolma» (3 tomdan ybarat), «Ynsaplylygyň kitaby» (20 tomdan ybarat), «Bilimler kitaby», «Görkezmeler we maslahatlar»** we beýleki ylmy işleri ensiklopediýa häsiýetde ýazylan işlerdir.

Ibn Sinanyň Gündogaryň we Günbataryň alymlarynyň arasynda uly abraýy bolansoň, oňa hormatly atlaryň ençemesi dakylypdyr. Ibn Sina Gündogarda alymlar «Şeýhe-ur-rais», «filosofiýanyň ýolbaşçysy» diýip ýüzlenseler, Günbatarda oňa «filosoflaryň knýazy», «lukmanlaryň knýazy» diýen hormatly atlary dakypdyrlar. Faraby we Biruny ýaly, Ibn Sina hem ozaly bilen Aristoteliň eserlerine köp üns beripdir, köp meseleler boýunça onuň nukdaýnazaryny aňlapdyr, beýleki grek filosoflarynyň hemmesiniň diýen ýaly eserleri bilen tanşypdyr. Ol medisinadan ýazylan ylmy traktatlara köp üns beripdir. Bellemeli zat, Ibn Sina 16 ýaşa ýetende, lukmanlar onuň pikiri bilen ylalaşyp, tebipçilik amalyýetini ykrar etmäge mejbur bolupdyrlar. Buharanyň emiri Nuh Ibn Mansury agyr keselden halas eden mahalynda hem onuň bary-ýogy 16 ýaşy bar eken. Bu ýagdaý oňa medeniýetiň genji-hazynasy bolan, Gündogarda iň uly kitaphanalaryň biri hasaplanan Buhara emiriniň kitaphanasynda iki ýyllap ylymlary ele almaga mümkinçilik beripdir.

Ibn Sinanyň öz zamanasynyň görnükli teology Abu Seýit Mähneýi (Mäneli, Mänewi) bilen Nişapurda dilden geçiren çekişmesi hakda rowaýat hem bar. Olar jedeli 7 sagatlap (käbir çeşmelerde bir hepde) dowam edýärler. Çekişmeden soň Abu Seýit Mähneýi Ibn Sina hakda: «Meniň görýänimi ol bilýär» diýipdir. Ibn Sina öz gezeginde: «Meniň bilýänimi ol görýär» diýip jogap beripdir.

Ibn Sina öz eserlerinde **edebiň** aýrylmaz bölegi bolan **etikanyň meselelerine-de** köp üns beripdir. «Bäş mugallymyň etikasy boýunça traktat», «Etika ylmy hakynda traktat» işlerinde etikanyň meselelerine degişli peýdaly pikirleriň birnäçesini orta atypdyr. Olardan päk ahlaklylyk, oňat gylyklylyk, ruhy kämillik filosofiýanyň soňky hem ýokary maksadydyr diýen pikiri ýöredipdir.

Ibn Sinanyň «Ýürek dermanlary» diýen kitabynda medisina has gös-göni degişli baplardan başga, **psihologiýanyň** dürli meselelerine degişli 9 bölümi bolupdyr. Beýleki alymlaryň döredijiligi ýaly Ibn Sina hem okuw-terbiýeçilik işlerine degişli pikirlerini filosofiki garaýyşlary bilen baglanyşykly beýan edýär. Ol okatmakda etika,

ykdysadyýet, tebigat bilimlerini birinji goýup, ikinji ýerde fizika, matematika, dünýä ýurtlaryň kanunlaryny öwrenmegi goýýar.

Alym okap öwrenen ylym-biliminiň netijesini adamyň bilmegi üçin logikanyň zerurlygyny nygtap, tejribä aýratyn üns berýär. Şonuň netijesinde terbiýäniň usullaryny ýörite belleýär. **Bilim bermekde:**

– çagany diňe kitaba baglap goýmazlyk, okatmakda ýeňilden kyna geçmek;
– çagalaryň ýaş aýratynlygyny nazarda tutmak;
– okatmagyň mekdepde toparlaýyn bolmagy;
– okatmakda çagalaryň gyzyklanmasyny, ünsüni, ýadyny hasaba almak;
– okatmagy fiziki gönükmeler bilen bilelikde alyp barmak ýaly talaplary görkezýär.

Ibn Sinanyň bu dana pikirleri häzirki mekdeplerde hem peýdalanylýar. «Ömür ýazgysy» diýen eseriniň «Çagany mekdepde okatmak we terbiýelemek» diýlen bölüminde çagalara hemmetaraplaýyn çuňňur bilim bermäge üns bermegiň ýollary görkezilipdir. Okuwça bilim bermekde mugallymy esasy orunda goýup, **mugallymyň öňünde şeýle talaplary goýýar:**

– çagalar bilen oňat gürleşmek, olary söýýän adam bolmak;
– okuwçylaryň bilimi nähili özleşdirýändigine üns bermek;
– okatmakda dürli usullardan peýdalanmak;
– okuwçynyň bilimi özleşdirmekde aňyny, erkini, ünsüni şahsy häsiýetlerini, gyzyklanmasyny öwrenmek;
– ylma höwes döretmek;
– berilýän bilimiň iň möhümini okuwça ýetirip bilmek;
– bilim bermekde okuwçynyň ýaşyny, akyl ukyplaryny göz öňünde tutmak;
– her bir düşünjäni, çagalaryň şahsy(indiwidual) aýratynlyklaryny öwrenmek esasynda onuň aňyna ýetirmek we ş.m.

Ibn Sina okuwçylara bilim bermekde mugallymyň gürrüň, gönükme, tejribeler we beýleki usullary ulanmak bilen bir hatarda okuwça çuňňur bilim bermek üçin logiki pikirlenmäni ösdürmäge aýratyn üns bermeginiň zerurdygyny belleýär.

Ibn Sinanyň **adamy terbiýelemek boýunça ýörite maksatnama** düzendigi hakda-da maglumat bar. **«Çagalar sosial gelip çykyşyna seretmezden, hemmesi mekdebe gatnaşmaly hem-de haýsy-da bolsa bir hünäri ele almalydyr»** diýip belleýär. Çagalary fiziki taýdan terbiýelemekde pyýada ýöremegiň, göreş tutmagyň, ylgamagyň, pökgi oýnamagyň ähmiýetine göz ýetiripdir. Mekdepde we öýde çagalar okar ýaly sagdyn şertleriň döredilmeginiň zerurdygyny nygtapdyr. Ata-eneleriň, mugallymlaryň, ulularyň çagalaryň ýanynda özüni gowy alyp barmalydygyny, ýaramaz göreldäniň çagalaryň psihikasyna erbet täsir edýändigini aýdypdyr.

Alym şahsyýetiň kemala gelmeginde akyl, ahlak terbiýäniň biri-biri bilen baglanyşygyny belläp, ahlak sypatlarynyň iň esasysy, ruhy lezzetliligiň beýik derejesi hökmünde adalatlylygy görkezýär. Oňa eýe bolmak üçin ynsan kanagatly, sabyrly, dana, ýaman gylyk-häsiýetlerden özüni saklap, ýagşy sypatlary ösdürýän adam bolmalydyr diýýär. Alymyň pikirine görä, ynsanyň ahlak sypatlaryna sahylyk, çydamlylyk, kiçi göwünlilik, ýönekeýlik, akyllylyk, habardarlyk, uýat-haýaly bolmak girýär. **Ahlakly ynsanyň sypatlary:**

1. Kalbyňda adalatsyz işlere ýol bermezlik (özüni saklap bilmek).
2. Sahylyk, kömege mätäç adamlara kömek etmek.
3. Gahar-gazapdan saklanmagy başarmak.
4. Çydamlylyk – ynsanyň öz başyna düşen agyr ýagdaýlardan çykmaga çalyşýan kuwwat-gaýraty.
5. Akyllylyk – bir işi ýerine ýetirmekde oýlanyşyklylyk, gyssanmazlyk.
6. Hüşgärlik – ähli hereketlerde, aýdylýan gürrüňlerde seresaplylyk.
7. Duýgudaşlyk – başyna agyr iş düşen ynsana kömek bermäge, derdini paýlaşmaga döwtalaplyk.
8. Kiçigöwünlilik – islendik beýleki adamy özüňden pes saýmazlyk, adamlar barada oňat pikirde bolmak.

Ibn Sina pedagogiki pähimlerinde adamkärçilik sypatlaryny terbiýelemäge aýratyn ähmiýet beripdir. Ol adamyň asylly ýa-da ýaramaz bolup ýetişmeginiň sebäbiniň özüne baglydygyny, dünýädäki

ähli zatlaryň öz tebigaty boýunça kämilleşmäge çalyşýandygyny, ynsanyň özüni kämilleşdirmäge ymtylmagynyň onuň ahlak sypaty hasaplaýandygyny aýdýar.

Ahlak sypatlaryň ýene-de biri adamlaryň arasyndaky biri-biri bilen dostlarça ýaşamagy biri-birine kömek etmegidir. Dostluk barada alym şeýle diýýär:

1. Her hili kynçylyga seretmezden, öz dostuňa kömek etmek.
2. Dostlaşan adamlaryň gylyk-häsiýetleriniň meňzeş bolmagy.

**Akyl terbiýesini** dürli zatlaryň üsti bilen almagy, şeýle terbiýäni bermekde çaganyň aňyna ýagşy sözi, hormaty, adamkärçilik häsiýetlerini, siňdirip, erbet gylyk-häsiýetlerden daşlaşdyrmagy ündeýär. Alym terbiýe baradaky garaýyşlarynda **maşgala terbiýesine** aýratyn üns beripdir. Ol çaganyň hakyky terbiýäni maşgalada alýandygyny belläpdir. Maşgalada ata-enäniň wezipesine we borjuna örän uly ähmiýet berilýär. Maşgalada ata-enäniň zähmetsöýerligi, zähmete deň gatnaşmagy, çagalar üçin alada etmegi, olary hünär öwretmäge çekmegi, kär saýlamak baradaky aladalary ata-eneleriň esasy borjy hasaplaýar. Çagany tertipsiz, iş ýakmazak, ýalta çagalardan daşlaşdyrmagyň zerurdygyny belleýär.

Çaganyň **fiziki taýdan terbiýelenmegi** barada alym şeýle diýýär: «Fiziki maşklardyr gönükmeler, dogry naharlanmak, uklamak, ýuwunmak, bedeniň arassa bolmagy, çaga entek dogulmanka oňa taýýarlyk görmek, ony dogry terbiýeläp başlamak, oňa arassa bolmagy, päkligi, dostlugy, oňyn adatlary berjaý etmegi ýaş wagtynda aňyna siňdirmeli».

Jemläp aýdylanda, alym ynsanyň kemala gelmeginde, ösmeginde **akyl, ahlak, estetiki, fiziki** terbiýäniň aýgytlaýjylygyny nygtaýar. Alymyň pikirine görä, eger adam akyl we fiziki taýdan näçe güýçli bolsa-da, ahlak taýdan kämil bolmasa, onda ol jemgyýetiň hakyky agzasy bolup bilmez we jemgyýete peýda-da getirmez. Diňe özi üçin ýaşaman, halka, jemgyýete peýda getirmäge çalşan adamlar oňat ahlakly ynsanlardyr diýýär.

Ibn Sinanyň işlerinde **«Mal-dünýä toplajak diýip özüňi azaba goýma. Çagalaryňa ylym we edep öwret. Az iýmegi we az gep-**

**lemegi kesp edin. Haýsy işi tutsaň-da oňa biparh garama. Bu günki işiňi ertä goýma. Özüňden ulynyň ýanynda sakyrdap oturmaga haýa et. Birini beýleki adamynyň öňünde uýaldyrma. Gün dogynça uklap ýatma»** ýaly ynsan terbiýesi bilen meşgullanýanlaryň gündelik işinde hiç wagt gymmatyny ýitirmejek pähimler köpdür. Ibn Sina özüniň okuw-terbiýeçilik işlerine degişli ideýalaryny filosofiki garaýyşlarynyň üsti bilen däl-de, terbiýäniň akyl, ahlak, estetiki, fiziki görnüşleriniň guralyşyna, ösüşine, roluna baha bermek häsiýetdäki uly işler galdyran alymdyr.

## Omar Haýýam (1048-1131)

**«Sözüniň üstünde tapylan adam**
**Mertleriň-merdidir, ärleriň-äri.**

***

**Ýaltanma, hakykat borjuňy bitir,**
**Nanyňy gysganma, özgä-de ýetir».**



Omar Haýýam meşhur şahyr-rubagyçy, belli filosof, matematik, astronom hökmünde yz galdyran akyldar.

Omar Haýýamyň ensiklopedik alym bolup ýetişmeginde «Yhsan-as Safanyň», «Arassaçylygyň doganlarynyň» dört bölümden we 51 traktatdan ybarat bolan özboluşly bilimler ensiklopediýasynyň roly uly bolupdyr. Bu ensiklopediýa akyldarlaryň köpüsine hyzmat edipdir. Şu kitap talyplar üçin hem esasy gollanma bolupdyr.

Muhammet Horezmiden, Farabydan, Birunydan we Ibn Sinadan tapawutlylykda Omar Haýýam medresede hem okapdyr. Haýýam 20 ýaşynda Horasany taşlap, Buhara barýar. Ahmet han döwletiň paýtagtyny Buharadan Samarkanda geçirýär. Omar Haýýam-da Samarkanda göçüp, şol ýerde okuwyny dowam edip, ylmy eserler ýazypdyr.

Omar Haýýamyň pedagogiki iş alyp baran wagtlary hem bolupdyr, medresede okadypdyr, çagalara öýde sapak beripdir.

Alym özüniň «Algebranyň we almukabalyň meseleleriniň subutnamalary hakynda» diýen traktatynyň birinji bölümini Samarkantda ýazypdyr.

1074-nji ýylyň ahyrynda Omar Haýýam Yspyhana, ýagny seljuklaryň ägirt uly döwletiniň paýtagtyna barýar. Oňa ol ýerde alym nadimlikden (astrolog we lukman) başga-da Yspyhandaky obserwatoriýa ýolbaşçylyk etmegi tabşyrypdyrlar. Akyldar 18 ýyllap obserwatoriýa ýolbaşçylyk edýär. Şol wagt Omar Haýýam **«Mälik şanyň astronomik tablisalary»** diýen işi ýazýar. Bu işde ýyldyzlaryň atlary, olaryň ýyldyzlar toplumyndaky ýagdaýlary, uzaklyk we giňişlik, ýyldyzlaryň beýikligi, ýyldyzlaryň täsiri bilen adamlaryň şäht-ahwalynyň üýtgeýşi hakda ýazylypdyr.

Omar Haýýam özüniň **«Nowruznama»** diýen kitabynda astronomiýa bilen astrologiýany aýrybaşga görkezmeýär. «Nowruznama» iki bölümden ybarat bolup, onuň 1-nji bölüminde Nowruzyň nämedigini, ony ozalky Eýran şalarynyň belländigi, şalaryň köşgündäki däp-dessurlary, olaryň özlerini alyp barşyny täsirli görnüşde beýan edýär. Haýýam işiniň 2-nji bölüminde onuň ady «Eýran şalarynyň däpleri hakda» patyşalaryň işi, durmuşy, öz raýatlaryna ýolbaşçylyk edişleri baradaky däpler hakda köp zatlar aýdypdyr. **«Nowruznama», «Arpa sümbülleri hakda», «Altyn hakynda», «Hazynalaryň alamaty hakynda», «At hem-de onuň mertebesi hakynda», «Laçyn hakynda», «Şerabyň peýdasy hakynda»** diýen rowaýatlar hem özünde uly öwredijilik, terbiýeçilik gory jemleýär.

Umuman, alanyňda, Mälik şanyň hökümdar bolan ýyllarynda alym önümli işläpdir. Şol döwürde Omar Haýýam **«Ýewklidiň kitabyna düşündiriş», «Giňişligiň zerur şertleri», «Fizikanyň gysgaça beýany», «Gymmatlyklaryň hazynasy», «Altynyň we kümüşiň mazmunyny kesgitlemek», «Barlyk we borçlulyk»** diýen kitaplary ýazypdyr.

1104-nji ýylda akyldar **«Ýaşaýşyň ählumumylygy»** hakynda traktaty ýazypdyr. Şol döwürde pedagogiki iş alyp barypdyr: medresede okadypdyr, adamlara öýde sapak beripdir.

Omar Haýýamyň ylmy açyşlarynyň arasynda iň ähmiýetlileriniň biri onuň matematikadan çykaran netijeleridir. Onuň matematik işlerinde kub deňlemelere uly ähmiýet berlipdir. Ol bu ylma degişli **«Arifmetikanyň kynçylyklary» («Matematikanyň kynçylyklary»), «Algebranyň we almukabalyň meselelerini subut etmek hakyndaky traktat» ýaly** işleri ýazypdyr. Üçünji traktatynyň ady ýok. Ikinji işi iň ähmiýetli işleriň biridir. Ony oňat öwrenmek we seljermek bu ugurda edilen täze açyşlar bilen tanyş edýär. Traktaty bäş bölüme bölmek bolar: 1) Giriş; 2) 1-nji we 2-nji derejeli deňlemeleri çözmek; 3) 3-nji derejeli deňlemeleri çözmek; 4) beýikligi we tersin näbelliligi özünde jemleýän deňlemeleriň öňki görnüşlerine maglumat; 5) goşmaça.

**Kalendar reformasy.** Omar Haýýamyň adyny ebedileşdiren iş onuň kalendar reformasydyr. Kalendar alymyň astronomiýadan gazanan iň ajaýyp üstünligidir. Seljuklar döwletinde bir wagtyň özünde iki hasap – Gün kalendary we Aý kalendary ýöredilipdir. Gün kalendarynyň esasynda gün ýyly, ýagny Ýeriň Günüň daşyndan bir gezekki aýlanyş döwri durýar, ol 365 gije-gündize 5 sagat 48 minut, 44 sekunda barabardyr. Aý kalendaryna esas edilip, Aýyň Ýeriň daşyndan bir gezekki aýlanyş döwri alynýar. Ol 29 gije-gündize we 12 sagat, 44 minut, 3 sekynda deňdir. Aý kalendarynyň 12 aýy 354 gije-gündize, 8 sagada, 48 minuta we 36 sekunda barabardyr. Alym kalendar reformasyny geçirende, araplar gelmezinden ozal Orta Aziýada we Eýranda hereket eden Gün kalendaryna dolanyp gelmegi makul bilipdir. Onuň döreden kalendary takyklygy bilen dünýäni haýran edipdir. Kalendar häzir dünýä halklarynyň ulanýan kalendaryndanam 7 sekunt takykdyr. Orta Aziýanyň hemme ýerinde Gün kalendaryndan peýdalanypdyrlar. Ony şol wagtlar Orta Aziýanyň köp ýerinde esasy din hasap edilen zoroastrizm (otparazçylyk) dini goldapdyr. Munuň hut şeýledigini bu halklaryň täze ýyly – Nowruz baýramyny 21-nji martda belläp geçýändigini Biruny hem agzap geçipdir. Buharada we Orta Aziýanyň beýleki şäherleriniň ençemesinde gije bilen gündiziň deňleşen güni täze ýyl baýramy hasap edilipdir.

Omar Haýýamyň filosofik garaýyşlary, esasan, Abu Aly Ibn Sinanyň güýçli täsiri astynda kemala gelipdir. Muňa mysal hökmünde Haýýamyň 1079-njy ýylda Ibn Sinanyň «Hutba» («Ýüzlenme») diýen eserini pars diline terjime edendigini ýatlamak bolar. Mundan başga-da, özüniň «Üç sowala jogap» diýen işinde beýik filosof Ibn Sinanyň pikirlerini ulanýar we ösdürýär. Omar Haýýam öz filosofiki traktatlaryny gysga ýazypdyr. Onuň iň uly eseri 40 sahypadan geçmändir. Meselem, onuň **«Nowruznamasy»** bary-ýogy 36 sahypadan ybaratdyr. Bu ýagdaýy şeýle düşündirse bolar: 1) ol köp wagt matematiki seljerme bilen meşgul bolansoň eserleri gysga, az sözde ýazmaga endik edipdir; 2) onuň işleriniň göwrümi kiçi bolsa-da, olarda nazarlan pikirlerini gutarnykly beýan edip bilipdir.

Omar Haýýamyň syýasy-jemgyýetçilik, filosofik hem sosial garaýyşlaryny diňe onuň ylmy traktatlary arkaly baha bermek kemter bolar. Alym öz ajaýyp **goşgulary-rubagylarynda** zehinli şahyr hökmünde bu dünýäniň eşretini, şatlygyny, ynsan söýgüsini wasp edipdir. Onuň dört setirden durýan **«Rubagylary»** bütin dünýä ýaýrady, olaryň üstünden sekiz ýüz ýyl gowrak wagt geçendigine garamazdan, häzirlerem okanlaryň akylyny haýran edýär. Gündogaryň beýik adamlaryna mahsus bolan adamkärçilik, ynsanperwerlik ideýalary Omar Haýýamyň eserleriniň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Ol hemmelere bagtly durmuş arzuw edýär:

Her kimiň bar bolsa bir döwüm nany,
Oturyp-turmaga bolsa mekany.
Gul saklamaň, gul hem bolmaň hiç kime,
Ömürboýy şat geçiriň jahany

ýa-da:

Durmuş hem bagt üçin çalyşan akyl,
Her günde ýüz gezek eýleýär nakyl,
Şat geçir ömrüňi, ýorunja dälsiň,
Orlup, gögermersiň, muny ýagşy bil!

Haýýam bagtly ýaşaýşa, işlemäge, döretmäge, mümkingadar öz ukybyny görkezmäge çagyrýar:

Ýaltanma, hakykat borjuňy bitir,
Nanyňy gysganma, özgä-de ýetir...,

Çyn adamdy diýme köp diýip hünäri,
Seret ygraryna, barmydyr ary,
Sözüniň üstünde tapylan adam,
Mertleriň-merdidir, ärleriň-äri.

Omar Haýýamyň pedagogiki garaýyşlary ynsan mertebesini belende götermegi ündeýär, hiç kimi ynjytmaly däldigini, nanyňy gysganmaly däldigini, lebziňe ygrarly bolmalydygyny wesýet edýär. Ol ajaýyp rubagylaryň üsti bilen özüniň filosofik garaýyşlaryny beýan edipdir:

Adamzatdyr ähli mahlugyň başy,
Zyýadadyr onuň akyly-huşy,
Dünýä tegelegi bir ýüzük bolsa,
Ynsandyr – bezegi, zynaty gaşy.

Başarsaň ynjytma hiç bir kimsäni,
Gazap odun ýakyp, berme nogsany,
Eger sen hemişe dynçlyk isleseň,
Ynjasaň-da, ynjytmagyn ynsany.

Ol köp okap, köp bilmegi, iň oňat halk däplerini saklamagy, ösdürmegi ündeýär, ylmy we ylym adamlaryny hormatlamagy maslahat berýär.

Omar Haýýam örän kyn döwürde filosofiýany, matematikany, poeziýany ösdürmekde ummasyz köp iş edip, Gündogar renessansy eýýamynyň ylmyna hem-de medeniýetine diýseň saldamly goşant goşup, özüniň adyny edebileşdiren alymdyr.

## «Kowusnama» – XI asyryň pedagogiki mirasydyr

«Kowusnama» – orta asyrlarda terbiýeçilik işini ündemek üçin ýörite ýazylan eserdir. Ony Hazar deňziniň günorta kenarynda ýaşap geçen gilýanly Keý-Kowus öz ogly Gilanşaha sargyt hem öwütna-

ma hökmünde ýazypdyr. Keý Kowus özüniň bilenleriniň esasynda «Kowusnama» eserini 60 ýaşynda ýazyp, ony öz ogly Gilan şahyň terbiýesine bagyşlapdyr. Bu pent we nesihat kitaby indi müň ýylyň dowamynda gündogarda adamzat nesli üçin terbiýe mekdebi hökmünde ýaşap gelýär. Eser Eýranda, Bombeýde, Yspyhanda, Kazanda, Daşkentde we Gündogaryň beýleki şäherlerinde birnäçe gezek neşir edilipdir. Bu kitabyň beýikligi, abraýlydygy onuň diňe Eýranda 15 gezek gaýtadan neşir edilendigini özi subut edýär. Gündogaryň bu pedagogiki mirasy tutuşlygyna türkmen dilinde neşir edilenden soň, pedagoglar ondan peýdalanmaga mümkinçilik aldylar. «Döwrümiziň ulynyň-kiçiniň öňünde ahlak terbiýesini çürt-kesik gowulandyrmak barada çynlakaý mesele goýýan häzirki günlerinde bu eser hemmeler üçin ähmiýetlidir».

Eser 44 (kyrk dört) fasyldan, bapdan durýar. Fasyllar biri-biriniň logiki dowamy bolup, bitewi bir terbiýenamany – didaktiki mazmuny kemala getirýär. Bu mazmun halka, Watana hyzmat etmegi ündeýär.

Eserde gozgalýan terbiýeşynaslyk meseleleriň gerimi giň, onda durmuşyň dürli ugurlary boýunça tälim-terbiýe bermek, edep-ekram öwretmek göz öňünde tutulýar. «Kowusnamanyň» käbir baplarynyň ady bilen tanyşmak ýerliklidir: «Ata-eneňi sylamak hakynda», «Bilimiňi köpeltmek we özüňi ulumsy tutmazlyk hakynda», «Garrylyk we ýigitlik hakynda», «Şerap içmek hakynda», «Uky we dynç almak barada», «Top oýny hakynda», «Söweşmek hakynda», «Mal toplamak hakynda», «Öýlenmek hakynda», «Bedew edinmek hakynda», «Perzendi terbiýelemek hakynda», «Astronomiýa we geometriýa hakynda» we ş.m.

**Ahlak terbiýesi** baradaky öwüt-ündewler «Kowusnamanyň» ähli fasyllarynyň mazmunyna siňdirilipdir. «Kowusnama» adamyň adamkärçiligi, onuň edermenlikleri, erkiniň durnuklylygy, öýüň gapysynyň, saçagynyň dostuňa we duşmanyňa açyk bolmagy, iliň zadyna göz gyzdyrmazlyk, köpüň hakyny iýmezlik, sabyr-kanagatlylygy, dogruçyllygy, sözüniň, biliminiň arassalygy, garyba kömek bermegi, ýamanlyga ýagşylyk etmegi, dostluk, ýoldaşlyk, adamlara we jemgyýete zyýan etmezlik, ýönekeýlik, sadalyk, hakyna kaýyllyk,

arassa geýinmek ýaly häsiýetleriň şahsyýeti durmuşa taýýarlaýandygyny belleýär. Şeýle-de ýaşlara gözüň ýaman zady görmezligini, eliň erbet iş etmezligini, diliňi bolgusyz sözden saklamagy ündeýär.

Eserde mert hem gaýduwsyz gerçeklere tälim-terbiýe bermegiň käbir tärleri-de, dogruçyllyk, adalatlylyk baradaky pentler-de, ynsanperwerlik babatyndaky öwüt-ündewler-de, ynsaplylyk, borçlulyk, ata-eneňi sylamak, olaryň sarpasyny belent tutmak hakyndaky pendi-nesihatlar-da öz beýanyny tapypdyr: **«Özüňe ýüreklerden orun alyp, sylanaýyn we il senden ynjamasyn diýseň, hemişe iliň bähbidini aragyn».**

Gojalara hemişe mylakatly bolmak, olaryň bilýän zatlaryny öwrenmek babatdaky wesýetler-de üns berilmeli zatlardyr.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, bu pedagogiki mirasda gozgalýan meseleleriň çygry giň, üstünden sekiz asyrdan gowrak wagtyň geçendigine garamazdan, ol enteklerem terbiýeçilik täsirini saklap gelýär. Ondaky **«Il-halkyňa näçe mylakatly bolsaň, ol hem saňa şonça mylakatly garar», «Perzentleriň saňa nähili rakyp bolmagyny isleseň, senem ata-eneňe şonça rakyp bolgun»** – diýlip aýdylan pähimler diňe geçmişe däl, şu günki güne-de, geljege-de dahyllydyr. Goňşular, gudalar bilen gowy gatnaşykda bolmak, ululary hormatlap, kiçilere mähirli garamak, hünär öwrenmek, kiçigöwünli bolmak, zähmet siňdirip toplan zadyňy haýyrly işlere sarp etmek, topraga aýawly garamak, hojalyk abzallaryny abat saklamak, özüňe erk edip bilmek, aýdym-saza düşünmek hem sarpa goýmak, dilde bir zat diýip, kalbyňda başga zat saklamazlyk, bedewi tanap, onuň gadyryny bilmek, halal zähmet çekip ýaşamak, ýene-de onlarça ugur boýunça edep-terbiýe bermegiň ýollary baradaky öwüt-ündewler «Kowusnamanyň» esasy many-mazmun durkuny düzýär. Olary okuw-terbiýeçilik işinde döredijilikli peýdalanyp bilmek okuwyň täsirli hem manyly bolmagyna ýardam eder.

«Kowusnamada» naharlanmagyň, şerap içmegiň, myhman kabul etmegiň edebi barada-da gymmatly pikirler az däl. Olar ýiti synçylygyň, köpsanly synaglardyr tejribeleriň netijesinde dörän maslahatdyr. Muňa agşamlaryna köp iýmezlik, nahara at dakmazlyk,

11. Sargyt № 986

iýeniňde howlukmazlyk, şerap içmekden saklanyp bilmek ýaly pentler mysal bolup biler.

Kitapda **sagdyn ýaşaýyş durmuşy** döretmek, şerap içmezlik maslahat berilýär: «Içmeseň o dünýe-bu dünýe peýdaň bolar..., iliň gybatyndan dynarsyň, biakyl adamlaryň edim-gylymlaryndan, ýaramaz işlerden daşlaşarsyň, tarhandökerlikden gutularsyň, güzeranyň has oňatlaşar» diýlip öwüt berilýär.

**«Kowusnamada» akyl terbiýesi.** «Kowusnamada» ynsany akylly-başly edip terbiýeläp ýetişdirmeklige aýratyn ähmiýet berilýär. «Kowusnamada» adamyň belentligi onuň akyly hem bilimi bilen ölçelýär:

– **Akyl bilen mal, baýlyk toplan bolar, emma mal bilen akyl toplan bolmaz.**
– **Beýiklik aslyň kimliginde, gelip çykyşynda däl-de, akyl paýhasyňda, başarnygyňdadyr.**
– **Hakyky at-owaza öz zehiniň, ukybyň bilen gazanylýan zatdyr, şoňa görä, bedeniňi ýaltalyga däl-de, ylymdyr hünäre ram etdirgin, bilmeýän zatlaryňy öwrenjek bolgun** – diýip wesýet edilýär.

«Kowusnamadaky» **«Akylly-paýhasly adamlar bilim we zehinlerine görä, öz deň-duşlaryndan has parhly saýylyp ugrandyklaryny gördükleri bilimdir zehinlerini öňküden hem kämilleşdirmäge çalyşýarlar»** diýlen pikir hem üns bererlikdir. Akylly-başly bolup ýetişmekde erjellik bilen alynýan ylym-bilimiň ähmiýeti kitabyň köp fasyllarynda nygtalýar. **Ylymlylygy – sowatlylygy kämilleşdirmek** üçin şeýle maslahatlar berilýär:

– **ylmy çeşmeleri okap öwrenmeli;**
– **maglumatlary gaýtalamak esasynda öwrenenleriňi berkitmeli;**
– **ylym almakda kynçylyklardan gorkman, arman-ýadaman yzygider okamagy endik etmeli;**
– **öz ýanyňda elmydama okar ýaly kitabyň bolmaly;**
– **az gepläp, köp diňlemegi başarmaly;**
– **öz deň-duşlaryň arasynda hoşniýetli ylmy çekişmeleri guramaly we ş.m.**

Bu gymmatly pedagogiki mirasda **ylym-bilimiň, edep-terbiýäniň fiziologik (8 sagat uklamak), psihologik taraplary** bilen baglanyşykly bolan gymmatly pikirleriň öňe sürlendigi ünsi çekýär. **«Adam ulaldygyça onuň bedenidir ruhy hem kuwwatlanýar, ýagşydyr ýaman taraplary görnüp durýar. Ulaldygyça häsiýetide kemala gelýär, ýagşy we ýaman gylyklary doly ýüze çykýar». «Ogluň jahyl çykyberende, ony gözden salmagyn, onuň nämä ýykgyn edýändigini, haýsy işe baş goşmak isleýändigini...– hemmesini anyklagyn»** diýlen pentler, gyz çaga mylakatly bolmak, ony ýörite mugallym tutup okatmak, ýetişse, boý ýigide durmuşa çykarmak hakyndaky öwüt-ündewler ata-eneler, pedagoglar üçin gymmatlydyr.

Keý Kowus «Kowusnamada» **bedenterbiýä** hem aýratyn üns berýär. Ýaşlaryň beden taýdan berk bolmagy üçin olar gije-gündiziň dowamynda işi kadaly guramaly: 8 sagat uklamaly, kadaly naharlanmaly, arassa howadan dem almaly – bularyň hemmesiniň saglyk üçin zerurdygy bellenilýär.

**Ýaşlary okatmak we hünär öwretmek** meselesini utgaşykly alyp barmagy ündeýär. Kitapda çagany terbiýeläp ýetişdirmek, dürli ugurlardan baş alyp çykmagy başarjak, sagdyn, hünärli adamlar edip kemala getirmek wezipesi öňe sürülýär. **«Her bir senediň, her bir hünäriň bir gün gerek bolup çykaýmagy ähtimaldyr»** diýilýär. Ol ýaşlara tebipçilik, ýer ölçemek, hünärmentçilik, saz gurallaryny ýasaýan ussa, haýwanlary bejerýän tebip, jaý gurluşykçy, agaç ussasy ýaly hünärleri öwretmegi maslahat berýär.

Öwüt-ündewlerde öwredýän we öwrenýän adamlara degişli pähimleri hem köp: **«Eger sen öwüt-ündewçi bolsaň, hapyz bolgun we köp zatlary ýatdan bilgin.., eger müfti bolsaň, ýatdan köp bilgin, köp zat okagyn. Bir meseläni gowy öwrenmän, jogap bermegin. Bir işi edeniňde, köre-kör öýkünip etmegin we hiç kime öýkünmegin. Öz pikiriň sarpasyny tutgun».**

Kitapda aýry-aýry kärler hem şol kärdäki adamlarda bolmaly sypatlar, olaryň bilmeli zatlary barada hem gymmatly pikirler ýöredilýär: **«Eger alymlykda ýokary derejä galyp, kazy bolup bilseň,**

**sabyrly, giň göwrümli, dogumly, paýhasly, seresap, daşdan görüji, adam tanaýan, syýasatdan başy çykýan, din ylmyndan habarly, hukukşynaslygy bilýän, her taýpanyň häsiýetine belet, her diniň manysyna düşünýän, her gatlagyň gowy görýän zadyny aňşyrýan kişi bolgun».**

Eserde gozgalýan meseleleriň çygry giň, täsir edijilik güýji uludyr:

- **Artyk zadyň bolsa, topraga harçlagyn, çünki topraga sarp eden zatlaryň soň artykmajy bilen özüňe gaýdyp geler.**
- **Emlägiň hemişe ýerinde durar, girdejiň bol bolar, üstesine-de, arassa we halal bolar we ş. m.**

Jemläp aýdylanda, Keý Kowusyň «Kowusnama» eseri terbiýeşynaslyk mirasy düzýän iň saldamly eserleriň biridir. Eser okuw-terbiýeçilik işinde döredijilikli peýdalanyp bilýän pedagog üçin özboluşly ýan kitabydyr.

## «Gorkut ata» eserinde edep-terbiýe baradaky pikirler

«Gorkut ata» türkmeniň milli mirasydyr. Ol türkmen halkynyň VI–XI asyrlardaky taryhyny, jemgyýetçilik gurluşyny, adatyny, ahlak durmuşyny öwrenmekde taýsyz çeşme bolmak bilen bir hatarda onuň öwredijilik we terbiýeçilik gymmaty-da iňňän uludyr.

«Gorkut ata» kitaby ýaş nesli watansöýüji, ene topragyna, halkyna wepaly, Watany jany-teni bilen söýýän, zerur bolanda janyny gurban etmäge taýýar ruhda terbiýelemekde bahasyna ýetip bolmajak çeşmedir. Ata-babalarymyza mahsus bolan halallyk, edep-ekramlylyk, ulyny sylamak, kiçini söýmek, ynsanperwerlik, myhmanparazlyk, pespällik ýaly birnäçe ynsanperwer häsiýetleriň ýaşlary kämil şahsyýet edip ýetişdirmekde hyzmaty uludyr.

Gorkut atanyň kitaby ruhy-ahlak hazyna hökmünde asyrlaryň dowamynda ylym adamlary, akyldarlar tarapyndan öwrenilipdir. Gündogaryň meşhur taryhçysy Reşitdip Tebip (XIV asyr), Alyşir Nowaýy (1441–1501 ý.), görnükli türkmen taryhçysy Salyr baba Gulaly ogly (XVI asyr), meşhur gündogary öwreniji akademik W.W. Bar-

told (XIX–XX asyr), meşhur çeh arheology P.Lerh, professor Ý.E.Bertels, türkmen alymlary M.Kösäýew, A. Ahundow Gürgenli, B. Garryýew, Ata Rahmanow, M. Görogly, H.Muhyýew, A.Aşyrow, P.Aýdogdyýew we beýlekiler bu babatda saldamly iş bitirdiler.

Bu eposyň Drezden, Watikan we çowdur nusgalary bardyr.. Milli türkmen eposynyň golýazmalary Watikanyň we Drezdeniň dünýä meşhur kitaphanalarynda saklanylýar. Ol 1900-nji ýylda gündogarşynas akademik W.W.Bartold tarapyndan rus diline terjime edilýär. 1915-nji ýylda bu eser «Kitaby däde Gorkut» ady bilen Stambulda neşir edildi. «Gorkut ata» türkmenleriň ýüreginde ýaşady, bagşylaryň dilinde ýaşady, danalarymyzyň, gojalarymyzyň dilleriniň senasy bolup ýaşady.

Mertlik, gaýratlylyk, arly-namyslylyk, edep-ekramlylyk, parasatlylyk, myhmanparazlyk, sadalyk, ugurtapyjylyk ýaly birgiden ahlak sypatlary eposyň özenini düzýär. Gorkut atanyň aýdan pähimleri kämil şahsyýete zerur bolan sypatlaryň dürli taraplaryny özünde jemleýär. Olar nesillerde türkmene mahsus bolan adamkärçilik sypatlaryny emele getirmäge niýetlenendir:

– **Göwnüni ulumsy tutan adamda döwlet bolmaz.**
– **Gara güýje gyýmasaň, ýol alynmaz.**
– **Gara polat uz gylyjy çalmasaň, duşman dolanmaz.**
– **Malyna gözi gyýmadyk adamyň ady çykmaz.**
– **Gyz eneden görelde almasa, öwüt almaz.**
– **Ogul atadan görelde almasa, saçak ýazmaz.**
– **Ogul atasynyň iki gözüniň biridir.**
– **Ogul döwletli çyksa, ojagyň gorudyr.**
– **Myhman gelmeýän öýüň ýykylany ýeg.**
– **Ýalan söz diýeniňden diýmedigiň ýeg.**
– **Ata-enäniň diýenini etmeýän, oňa hormat goýmaýan ogluň doganyndan dogmadygy ýeg.**
– **Otluk ýeri keýik biler we ş.m.**

Kitabyň pikirlerinden ugur alyp, her bir ýaş nesliň öz Watanynyň ar-namysyny gorap saklamagy, onuň mundan beýläk gülläp ösmegi üçin halal zähmet çekmegi, öz zähmetiniň netijesinde il-güne, halka

görelde bolmagy başarmagy zerurdyr. Biziň ata-babalarymyzyň Watany gorap, onuň öz çagalaryna hemişelik miras bolmagy üçin janlaryny aýaman göreşendiklerine düşünmelidiris we olaryň sarpasyny has belent tutmalydyrys.

«Gorkut ata» kitabyndaky «Bekel ogly Ymran boýy» şol wagtdaky ýaş ýigitleriň namysjaňlygyny we batyrlygyny taryp edýär. Ymran batyr, öz üstlerine güýçli ýagy gelýärkä, her bir kynçylyga, howpa garşy merdanalyk bilen döş gerip çykmagy makul görýän, türkmeniň goç ýigitleriniň keşbidir. Şu bapda «Töwekgel ner bolsa, endişe-maýa» diýen atalar sözünde aýdylyşy ýaly, töwekgelligiň, tutanýerliligiň, batyrlygyň üstün çykýanlygy beýan edilipdir. Bu bölüm ýaşlarda bolýan oňat häsiýetiň ajaýyp nusgasyny görkezýär. Bu nusganyň ýaşlarda edermenlik, gaýduwsyzlyk, batyrlyk, töwekgellik ýaly asylly häsiýeti terbiýelemekde uly rol oýnanlygy şübhesizdir. «Gorkut ata» eseri türkmen şahyrlarynyň, ýazyjylarynyň we bagşylarynyň arasynda gahrymançylygyň çeşmesi hökmünde peýdalanylýar. Şonuň üçin-de Watany goramaga, söýmäge çagyrýan ençeme ajaýyp dessanlar dörändir.

Gorkut ata oguz türkmenlerini ähli ugur boýunça beýik edebe çagyrypdyr. **Ol edep-terbiýäniň esasy üç ýagdaýyny** görkezipdir:

– atanyň ogluň, ogluň bolsa atanyň öňündäki edebi;

– ulynyň kiçileriň, ýaşlaryň gojalaryň öňündäki edebi;

– erkek adamlaryň gelin-gyzlaryň öňündäki edebi.

Eserde her bir ata iliň içinde mertebe gazanan ogluna uly ili çagyryp, mal soýup, gymyz paýlap, toý toýlap, at dakýar. Ogul tä ölýänçä, şol mukaddes adyň abraýyny saklamaga çalyşýar.

Şu ýerde türkmen edebiniň birnäçe ýagdaýyny görýäris. **Ilki bilen,** oglanyň öz atasynyň öňündäki borjuny ödäp, nähilidir bir edermenlik görkezmek baradaky yhlasy. **Ikinjiden,** tutuş oguz türkmenleriniň edil dilleşen ýaly bolup, öz toýlaryna Gorkut atalaryny hormat bilen çagyrmaklary. **Üçünjiden,** Gorkut atanyň her bir meseläni halkyň islegine görä, olaryň maksadyna laýyk çözmegi. Iň ahyrda bolsa, Gorkut atanyň «bergil» diýip sanan zatlarynyň ählisini bermegi – ine, bularyň bary türkmen edebiniň gönezligi bolup, onda edep-ter-

biýe ata bilen ogluň, goja bilen juwanyň, ogul bilen atanyň arasynda bir köken bolup uzalyp gidýär. Eger-de şol kökeniň sähel ýeri üzülse, ol edebiň öňem, yzam bolmaz. Bu öň hem şeýle bolupdyr, häzir hem şeýledir.

Kitabyň «Bugaç han Derse han oglunyň boýy» bölüminde bu ýagdaýy synlanymyzda, ýaşajyk oglan gözi gyzaryp duran däli öküzçäni güýç bilen ýykyp öldürýär. Muny gören adamlar: «Gorkut atam gelsin, bu oglana at goýsun, bile gidip, kakasynyň ýanyna alyp barsyn, goý, kakasyndan beglik we tagt alyp bersin» diýýärler.

Gorkut ata çagyrylan ýere irinmän gelýär. Oglana at dakýar, oňa atasyndan köp mal-mülki, pul, at, kyrk ýigit alyp berýär. Soňra: «Baýandyr hanyň ak meýdanynda bu oglan jeň etdi, bir buga öldürdi. Seniň ogluň ady hem Bugaç bolsun. Munuň adyny men berdim, ýaşyny Alla bersin!» diýýär.

Gorkut atanyň pikiriçe, ýigide sahylyk ýaraşýar. Hakyky türkmen ýigidi sahy bolmaly. Ile eçilmäni, ajy doýurmany, ýalaňajy geýindirmäni başarmaly. Ilden zadyny aýamaly däl. Şonuň üçin ol:

**«Bir ýigidiň Garadag ýumruşyça maly bolsa,**
**Ýygar, düýrer, talap eýlär.**
**Nesibesinden artygyn iýebilmez» diýýär.**

Türkmen ýigidine şahandazlyk, myhmansöýerlik ýaraşar. Ol myhmana öýüniň hormatly ýerinden ýer görkezer. Ýoguny bar edip hyzmat eder. «Myhman atańdan uly» diýip, başyna täç eder, atasyndan-da belent hormatlar. Şonuň üçinem Gorkut ata:

**«Ogul atanyň diregidir, iki gözüniň biridir.**
**Döwletli ogul dörese, ojagynyň közüdir»** – diýýär.

Atanyň ornuny tutup bilmejek ogul başa inen musallat mysalydyr. Ol öz adyna-da, atasynyň adyna-da şikes ýetirer. Oňa näme diýmeli?

**Ata adyny ýöritmeýen ýaman ogul,**
**Ata bilinden ininçe, inmedigi ýeg,**
**Ene göwresine dogmasa ýeg...**

Türkmen ýigidi kiçigöwünli, pespäl, mylakatly bolmaly. Hemmeler bilen deň gatnaşyk saklamaga çalyşmaly. Kiçigöwünlilik, pespällik beýikligiň alamatydyr. Ýigidiň akyllylygynyň nyşanydyr. **Te-**

**kepbirlik eýleýeni Taňry söýmez. Köňlün uly tutan ärde döwlet bolmaz.** Kitapda edepsizligiň ynsana getirýän hasraty barada hem juda uly täsirler bilen düşündirilýär. Eseriň «Döwhe goja ogly Däli Domrul boýuny beýan eder» atly şahasynda **«Dek gezen dok gezer»** diýen türkmen nakylynyň çuňňur manysy beýan edilýär. Bu şahada ynsan edepsizliginiň, men-menliginiň diňe bir il-güne däl, öz başyna-da jebri-jepa bolup inýändigi barada Gorkut atanyň döwründe belent owaz bilen külli oguz ilini edebe çagyrmak üçin aýdylan hem bolsa, bu gün Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzda külli türkmen halkynyň mukaddes edebini kemala getirmek üçin danalyk bilen beýan edilýär.

Türkmeniň bu edebi mirasynda bedew atlaryň sarpasy, awçylyk meselesi, öküz uruşdyrmak, at üstünde ýaryşmak, aşyk oýnamak, bagşy aýtdyrmak ýaly däp-dessurlar hem öz beýanyny tapypdyr.

«Gorkut ata» kitabynda türkmen **gelin-gyzlarynyň edebi,** olaryň ýokary ahlak sypatlylygy giň, nusgawy derejede açylyp görkezilýär. Şol mahallar gelin-gyzlaryň hem edil erkekler ýaly köp meselelere erkin gatnaşandygyny bu edebi mirasdan bilip bolýar. «Mergenlik bilen ok atmak, at münüp, gylyç çalmak, sülgün, keýik awlamak, duşman bilen söweşmegi başarmak, ýoldaşyňa wepaly bolmak ýaly asylly terbiýäniň özi erkekler bilen barabar aýallara-da berlipdir» diýip, professor Mäti Kösäýew kitaba ýazan sözbaşysynda belleýär. Eposda ýigitleriň öz gelinlerine «halalym» diýip ýüzlenmekleride, gelin-gyzlaryň ýesirlikde näçe azap çekendiklerine garamazdan, özleriniň wepaly bolup galandyklary-da ahlak päkligini gorap saklamagyň belent nusgasydyr.

Türkmen halky bu ajaýyp eseri asyrlardan asyrlara geçiripdir. Öz Watanyny goramakda kitapdaky gahrymanlaryň keşplerini janlandyrypdyr, öz çagalarynyň güýçli, edepli, gaýratly, edermen Watany goraýjy ýigitler bolmagy üçin fiziki maşklaryň, zähmetiň üsti bilen çydamlylygy, watansöýerligi, batyrlygy terbiýeläpdir.

Eposdaky agzybirlik, bitewülik, gahrymançylyk, watansöýüjilik baradaky pikirler hiç wagt öçmejek, gymmaty gaçmajak pikirlerdir. Eposdaky oguz begleriniň öz ýurtlaryny goramak, şöhratyny artdyrmak üçin edýän işleri nusga alarlyk işlerdir.

Akyldar Gorkut atanyň türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda jemlän pähim-paýhasyna ýugrulan öwüt-ündewleri bolsa, şu günler hem täze döwrüň şahsyýetini terbiýelemekde ygtybarly çeşmedir.

## «Oguznama» eserinde edep-terbiýe baradaky pikirler

Oguznama eserinde adamyň jemgyýet ähmiýetli ahlaklylygy, edep-terbiýeliligi, akyl-paýhaslylygy ony ynsan hökmünde häsiýetlendirýän esasy sypatlar hasaplanypdyr. «Oguznamalarda» berilýän maglumatlara görä, «Allatagalanyň ilkinji ýaradan zady **galamdyr**. Allatagalanyň ilkinji döreden zady **akyldyr**. Allatagalanyň ilkinji döreden zady **lowhdyr** (lowh – kagyz, hat ýazylýan tagta). Allatagalanyň ilkinji ýaradan zady **ruhdur**». Şu jähtden seljerilende, terbiýe, bilim, akyl – bu düşünjeler ilkinji emele gelen zatlardyr. Olardan dürs we rejeli peýdalanmak bolsa adamlaryň borjy hasaplanypdyr. Çünki olar ynsanyň ýaşaýyş durmuşyna gönüden-göni täsir edip, onuň ösüşini kesgitläpdir. («Oguznamalardaky» ýokarky aýtgylar Injildäki: «Ilki söz bolupdyr. Ol Hudaýylyk sözi bolupdyr. Ol söz Hudaý bolupdyr» diýen sözlere meňzeş gelýär).

Rowaýatlar ýedi döreýşiň bolandygyny habar berýärler. Beýle bolmagynyň düýp sebäbi hem döredilen kowumlar birnäçe wagtdan soň gümralyga, tekepbirlige, gadyrbilmezlige, men-menlige, bozgaklyga, azgynlyga ýüz urupdyrlar, nesilleriň terbiýesi ünsden düşürilipdir, unudylypdyr. Bu babatda Iblis baradaky rowaýatyň çuň we nusgalyk manysy bar. Üçünji döreýişde Hamus ömrüniň ahyryna çenli ýagşylygy ündemek, ýamanlykdan saklanmak we şerigat düzgünlerini berjaý etmek bilen meşgullanýar. Onuň häkimliginden bellibir wagt geçenden soň, Beni al Janyň kowmunda gadyrbilmezlik, gümralyk, bozgaklyk, Allatagalanyň buýrugyny ýerine ýetirmezlik başlanýar. Perişdeler gelip, adamlary dogry ýola salmak üçin göreşýärler. Kowmuň kämillik ýaşyna ýetmedikleriniň bir topary, şol sanda Iblis hem asmana göterilýär. Iblis önüp-ösüp, gün-günden aňy-düşünjesi artyp, perişdelere tälim bermek mertebesine ýetýär. Beni al Janyň kowmuny dogry ýola salmak üçin Iblisiň ýolbaşçylygynda perişdeleriň bir topary ýere iberilýär. Iblis häkimi-

ýet başyna geçip, «Menden başga soltan ýok» diýip, soltanlyk sürüp ugraýar. Adamlaryň arasynda bozgaklyk, azgynlyk başlanýar. Özüniň tekepbirligi we ulumsylygy üçin Iblis-Şeýtan ebedi günäkärlige we baky betbagtçylyga duçar edilýär.

**Adamkärçilik, ahlaklylyk, ylymly-bilimlilik, akyl-parasatlylyk** kimin ynsan sypatlaryny terbiýelemek, kämilleşdirmek ýer ýüzünde ýaşaýyş emele gelen döwürlerinde hem jemagatyň iň wajyp meselesi bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde tekepbirlik, men-menlik, gadyrbilmezlik, ulumsylyk, bozgaklyk ýaly häsiýetler ýazgarylypdyr, olaryň garşysyna barlyşyksyz göreşilipdir.

**Hünäre gönükdirmek** işi çaganyň tebigy ukyplaryny nazara almak esasynda ýola goýlupdyr. Oguz hanyň maslahatyna görä, çagalary, esasan, **üç ugur** boýunça durmuşa taýýarlapdyrlar.

1. Danyşmentlige, hat-sowada, suhangöýlige, hasaba, hojalyk – ykdysady işini ýöretmäge ukyby bolan çagalardan kethudalary, wezirleri, ýazyjylary, girdejini-çykdajyny alyp barýan hasapçylary we beýleki hünärmenleri taýýarlapdyrlar.

2. Gaýduwsyzlyk, batyrlyk, çalasynlyk kimin bedene erk etmäge derwaýys ukyplary aýan bolan çagalardan serkerdeleri, batyrlary we atbakarlary ýetişdiripdirler.

3. Sada, bilime – ylma höwesi pes bolan çagalara, ukyplaryna we isleglerine görä, çopançylygy, senetçiligi we beýleki hojalyk işlerini öwredipdirler.

**«Oguznamada» nesilleri ahlaklylyk ruhunda terbiýeläp ýetişdirmeklige aýratyn üns berilýär:**

1) gahrymançylyk, mertlik, gaýduwsyzlyk meseleleri demokratik pikirler bilen sepleşip gidýär. Her kes öz garaýşyny hiç bir gypynç etmezden aýdyp bilýär.

2) ýaş nesle atyň üstünde ykjam oturyp, gylyçdyr naýza erk edip bilmekligi, hünärli hem edepli-ekramly bolmaklygy, adam pidasyna garşy durmaklygy öwretmek göz öňünde tutulýar.

3) ogurlyk etmezlik, görip bolmazlyk, rehimlilik ýaly pikirler öňe sürülýär.

4) atalaryň pendi bilen hereket etmek, danalaryň pähim-paýhasyna gulak asmak, sarpa goýmak hem eýermek maslahat berilýär. Goşun serkerdesi Gara Sülügiň kakasy Hoja Büşiniň pähim-paýhasy muňa mysaldyr. Ol Oguz hanyň agyr ýygny kynçylyga duçar bolan mahalynda, özüniň maslahatlary bilen ony kyn ýagdaýdan çykaryp goýberýär: suwsuzlykdan halas edýär, galany zabt edip almagyň tärini öwredýär.

5) bitirilen işleriň, gazanylan ýeňişleriň şanyna toý tutmak, tapawutlananlara peşgeşler bermek däbi durmuşa geçirilýär.

# VII BAP

## XIII–XIX asyrlarda pedagogiki pikiriň ösüşi

### «Görogly» eposyndaky pedagogiki garaýyşlar

«Görogly» eposyny adam aňyna täsir edijiligi, ruhlandyryjylygy, terbiýeleýjilik kuwwaty boýunça gymmatly pedagogiki gollanma hasaplamak bolar. Ol durşuna pedagogikadyr, özi-de ussat pedagoglardan, terbiýe täsirine tabyn edilýän okuwçylardan durýan, ähli eýýamlar üçin nusgalyk bolan, nesilleri watançylyk, wepalylyk, ynsansöýüjilik, adalatlylyk, dostluk ruhunda terbiýeläp ýetişdiren mekdepdir. Göroglуda türkmenleriň iň ýokary bahalandyrýan häsiýetleri jemlenendir: ol Watany, il-ulsuny jandan eziz görýän, gaýduwsyz, mert, uçursyz sagdyn ýigit, gerçekleri, ähli halky Watanyň asudalygy, özbaşdaklygy ugrunda birleşmäge, göreşmäge aýaga galdyryp, oňa ýolbaşçylyk edip bilýän guramaçy, serkerde; beren sözünde durýan, arly-namysly, şol bir wagtyň özünde-de rehim-şepagatly adam; harby tälimlere türgenleşen hem olary öwretmegi başarýan, pederleriň öwüt-ündewine gulak asýan hem onuň üstüni ýetirip, özgelere geçirýän pedagog, tebigat, haýwanat we ynsanyýet dünýäsiniň gözelliklerine söýgi döretmegi başarýan, aýdym-saz bilen ýeňişlere ruhlandyrýan bagşy-sazanda; ugurtapyjy, myhmanparaz, özüni halk bilen bir jan, bir ten hasaplaýan, ýaşulularyň, gelin-gyzlaryň pähim-paýhasyna belent sarpa goýýan parasatly türkmen ýigidi.

Bu epos her bir adamyň başarnykly, düşbi, ugurtapyjy bolmagynyň, dürli hünärlerden baş çykaryp bilmeginiň zerurlykdygyny ündeýän hem delillendirýän mirasdyr. Epos maldarçylygyň, ekerançylygyň, senetçiligiň dürli ugurlary bilen meşgullanmaga gönükdirilenligi, türkmen bedewine yhlas etmegi öwredýänligi, ösýän şahsyýeti ynamly hem kanagatly, sabyrly hem edepli-ekramly, ruhubelent edip ýetişdirmegi, maksat edinýänligi, şeýle hem hüşgär, rehim-şepagatly bolmagy ündeýänligi üçin-de gymmatlydyr.

**Jygaly beg –** daş sypatyndan türkmen bedewiniň gylyk-häsiýetini aýdyp duran belli seýis, uruş tälimlerindenem habarly adam, şol bir wagtyň özünde-de öwüt-ündewçi pähimdar, pedagogikanyň dili bilen aýdylanda, baş halypa, kämil pedagog, ol diňe agtygy Göroglyny däl, külli türkmeni terbiýelän mugallym.

Görogly Jygalybegiň elinde hakyky watançy hökmünde terbiýelenip ýetişýär. Atasy oňa nämäni söýmeli, nämäni ýigrenmelidigini, dostunyň, duşmanynyň kimdigini, durmuşda her hili kynçylykly pursatlardan baş alyp çykmagy, söweş tälimlerini, edep-ekramlylygy, mahlasy, adama derwaýys ähli zatlary öwredýär. Ol «Galyjy bolma» atly namasynda özüniň ähli öwüt-ündewlerini, gymmatly maslahatlaryny beýan edýär, agtygyna watanperwer, adalatly, myhmansöýer bolmagy ündeýär. Görogly ömürboýy atasynyň aýdanlaryny tutýar. Şonuň üçin onuň işi ugruna bolýar. Haýsydyr bir ýerde ol garry atasynyň pendini unutsa, ol şowsuzlyga sezewar bolýar.

Ýalňyz balam, algyn pendim,
Watany terk ediji bolma!
Ol duran gury agaja
Nähak gan çalyjy bolma!

Şat bol il-halkyň görende,
Sözün al geňeş berende,
Bir dertli aglap duranda,
Ýanynda gülüji bolma!

Halk eposyň üsti bilen akyldaryň öwüt-ündewleriniň nähili netije berýänligini-de, olaryň nesiller tarapyndan näderejede ösdürilip

kämilleşdirilýänligini-de görkezip bilipdir. Abdylla galandar kyrk ýoldaşy bilen «Bizi taňry myhman alarmyň?» diýende, Görogly «Atam bar, geňeşeýin» diýip jogap berýär. Soňundan Göroglynyň ýigitleri özlerine nesihat bermegini haýyş edenlerinde: «Men atam Jygaly begiň beren öwütlerini özümiňki bilen gatyp, size bir ýagşy pendi-nesihat kylaýyn» diýýär. Jygaly begiň beren pendi-nesihatlaryny giňeldip, ýigitlerine «Ýurdy bölüp gidiji bolmaň», «Il-güni bölüji bolmaň», başarsaň, haýyr iş et, kämil pikirlere gol ber, ökdelerden öwren, duşmanyňy ýigren, gybat-ýalan geplere gulak gabartma, çagyrylmadyk ýeriňe barma, biri aglap duranda gülüji bolma, namardyň zadyny-malyny alyjy bolma, ýagşynyň sözi jennetdir, ony diňle, alkyş al, uzak ýaşarsyň, bir ajy doýursaň, haja baryp gelen ýaly bolarsyň diýip öwredýär.

Görogly türkmen bedewine yhlas etmekde-de, akylly-başly, hatly-sowatly bolup ýetişmekde-de döwürdeşlerine pederiň pendinden ugur almagyň nusgasyny beripdir:

Ýigidiň bolsa döwleti,
Bedew bolsa münen aty,
Hem sowady, bolsa haty,
Seri-akly boly gerek.

Göroglynyň keşbiniň türkmen ýigidiniň öz goýberen hatasyna akyl ýetirmeginde-de, söýgülisine wepaly bolmagynda-da täsir edijilik güýji iňňän uludyr. Halk Agaýunusyň dili bilen nikasyzlygy, azgynlygy, men-menligi, serhoşlygy ýazgarýandygyny äşgär edýär: **«Haramylyk goç ýigide ýaraşmaz // Alsaň, nesihatym, gitme Görogly!».** Munuň özi özüni sylaýan, pederleriň asylly däbine sarpa goýýan her bir adam üçin ahlak kadasydyr, türkmeniň zandy päkliginiň alamatydyr. Görogly Agaýunusyň maslahatyna gulak gabartman, Harmandäliden ýeňilýär, Gyratdan aýrylýar, serhoşlykdan, men-menlikden duşmanyň eline düşýär, Jygalybegiň «Gaçany kowujy bolma» pendini unudyp, tenine sansyz ýara düşürýär.

Halk Göroglyny diňe bir ýigitlere, il-ulsuna öwüt-nesihat beriji pähimdar däl, eýsem, kyn hem çylşyrymly pursatlarda dil hem el kömegini berýän, mätäji goldaýan, ejize hemaýat berýän, hünär öwredýän ussat halypa hökmünde hem öňe çykarypdyr. Ol Arapreýhanyň eline goly bagly düşende, Öwez ogluna **«Uruş tälimini öwretmä-**

**nim öz aýagyma teşe boldy. Muňa uruş tälimini öwreden bolsam, duşman elinden alardy... Öwrenmese, uruş tälimini öwrenmändir, özge tälimleri öwredipdim»** diýýär.

Pedagogiki ýugrumy ýetik bolan bu edebi mirasda adamyň **akyl ýetiriş işini,** ugurtapyjylygyny, düşbüligini ösdürmek meselesine-de aýratyn ähmiýet berlipdir. Muňa eserdäki paýhas bäsleşigi, akylyňa aýlanmaga, amana gelmäge, oýlanmaga ugrukdyrýan sözler, tapmaça häsiýetli aýdyşyklar, oýunlar mysaldyr.

«Görogly» eposynda türkmen halkynyň görmek isleýän, arzyly ýigidiniň ruhy-ahlak sypatlarynyň nähili bolmalydygy bütin aýdyňlygy bilen ör-boýuna galdyrylýar. Şonuň bilen birlikde, gelin-gyzlaryň gadyr-gymmaty, akyl-paýhasy, gözelligi, wepadarlygy, edep-ekramlylygy nusga hökmünde beýan edilýär. Agaýunus periniň **«Bezirgen bilen güýjüňi synanyşsaň synanyş, ýöne gaýtjak wagtyň onuň bilen dogan okaşyp gaýt»** diýmegi, türkmeniň doganlyk-dostluga hemişe-de uly sarpa goýýanlygynyň alamatydyr. Agaýunusyň Görogla **«Ölerin, senden aýrylmaryn»** diýmegi zenan wepadarlygynyň aňrybaş nusgasydyr. Eposda ýene-de bir ünsi çekýän zat, durmuş gurlanda türkmen gyzlarynyň razylygynyň göz öňünde tutulmagydyr. Adybeg soltan **«Gyz razy bolmasa, ýurda äkitmäýin, Reýhana gowşuraýyn»** diýip oýlanýar hem-de Gülendamdan onuň pikirini soraýar. Görogly hem **«Köse, Gülruh janyň garşysyna gidip bolmaz, ony halanyňa bermeli bolarys»** diýip, gyzyň göwün islegini berjaý edýär.

Umuman aýdylanda, «Görogly» eposy pedagogiki pähimleriň ummany, ylmy nukdaýnazardan özüniň ýörite işlenilmegine garaşýan edebi mirasdyr, terbiýeçilik mekdebidir. Onuň öwredijilik, terbiýeleýjilik kuwwaty, ata Watana, onuň parasatly halkyna bolan buýsanç duýgusyny döredijí güýji ýoňsuz uludyr. Türkmenistanda öz döredijiliginde terbiýelemegiň baý mazmunyny jemlän Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Garajaoglan, Mahmyt Gaýyby, Andalyp, Zelili, Seýdi, Kätibi, Kemine, Mollanepes, Mätäji öňe çykypdyr. Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyň pedagogik garaýyşlaryny, bilim we terbiýe barada aýdyp geçen baý pikirlerini seljereliň.

## Döwletmämmet Azady – alym pedagog

**«Bir oglany okadyp sowatly etmegiň sogaby on müň ajy doýurmak hem ýene şonça adama egin-eşik berip sogap gazanmak bilen deňdir!»**



Zamanasynda «Garry molla» ady bilen meşhur bolan Döwletmämmet ahun – türkmen nusgawy edebiýatynyň kerwenbaşysy, türkmen terbiýeşynasy, alym, şahyr, pedagogdyr. Azady şahyryň edebi lakamydyr. Ol arap, pars dillerini suwara bilip, şol dillerde ýazylan edebi çeşmeleri öwrenýär. Pelsepe ylmyndan, taryhdan, tebipçilikden habarly, esasy käri – mugallymçylyk. Döwletmämmet Azady halkyna edebi döredijiligi hem ylmy pikirleri bilen hyzmat eden alym şahyrdyr. Şahyryň edebi eserleri tutuş durky bilen öwüt-nesihata, akyl-paýhasa ýugrulan gymmatly hazyna bolup, türkmeniň ähli eýýamlary üçin edep-terbiýe mekdebidir.

Döwletmämmet Azadynyň edebi mirasyndan «Muhtaser» ady bilen belli bolan ýazgylary, «Hekaýaty-Zabyr ensar», «Behiştnama» ýaly eserleri, ençeme goşgulary, rowaýatlary biziň günlerimize gelip ýetipdir. Bu eserler, esasan, dini temada ýazylyp, olarda şahyr Hudaýy söýmegi, oraza tutmagy, namaz okamagy, zekat bermegi, haj parzlaryny berjaý etmegi ündeýär. Ahun adamlaryň günäsini geçmegi, olara rehim etmegi Allatagaladan dileýär. Şonuň bilen birlikde, Azady bu eserlerinde edep-terbiýe barada hem söz açýar. Öz wagyzlaryny dini düşünjeler bilen utgaşdyryp, olary berjaý etmezligi günä hasaplaýar.

## «Wagzy-Azat» eseriniň terbiýeçilik ähmiýeti

Döwletmämmet Azadynyň döredijiliginde «Wagzy-Azat» eseri uly ähmiýete eýedir. Bu eser Azadynyň hem alymlyk tejribesini, hem şahyrçylyk ussatlygyny özünde jemleýän gymmatly terbiýeşynaslyk

mirasdyr. Meşhur «Wagzy-Azat» kitabyndaky terbiýeşynaslyk pähimleri, hiç wagt gymmatyny ýitirmejek edep-terbiýe düzgünleri türkmen halkynyň ruhy-ahlak hazynasyna öwrüldi.

«Wagzy-Azat» eseri dört bapdan durýar. Şahyr yryma eýerip, durmuşda «dört» san bilen baglanyşykly bolan we bolýan zatlary agzaýar: Muhammet pygamberiň çaryýarlary (dört çaryýar), jandaryň dört aýagy, dört ganatly öý, dört diwardan durýan jaý we ş.m.. Gündogaryň gadymy pelsepeçilik ylmy dünýäniň gurluşy dört düzüjiden – toprak, suw, howa, otdan ybarat diýip düşündirýär. Azadynyň kitabyny dört baba bölmegi-de şunuň bilen bagly bolsa gerek.

«Wagzy-Azat» eseriniň birinji babynda il-halkyň agzybirligi, ony üpjün edýän patyşalar barada, ikinji babynda sahylyk, rehim-şepagatlylyk hakda, üçünji babynda ylym we alymlar dogrusynda, dördünji babynda derwüşler, garyp-pukaralar barada gürrüň gozgalýar. Ýöne eser öz baplarynda diňe şu meseleleri gozgamak bilen çäklenmeýär. Her babyň öz içinde ýene-de birnäçe möhüm meseleler gozgalyp, bir-biri bilen utgaşyp gidýär. Olaryň hemmesi-de ynsan üçin derwaýys. Olaryň ählisi barada-da Azadynyň öwüt-ündewleri ägirt uly terbiýeşynaslyk ähmiýete eýe. Ol öwüt-ündewler gyzylyň gyryndysy ýaly gymmatly maslahatlardyr.

«Wagzy-Azat» eseriniň **birinji** babynda patyşalaryň ýurdy dolandyrmak işine örän seresaply çemeleşmelidigi aýdylyp, «Göwre läş bolgaý, eger baş bolmasa» diýýär, onuň döwletde-jemgyýetde bolup geçýän her bir zada jogapkärdigini nygtaýar. Azadynyň pikiriçe, hökümdaryň ilkinji wezipesi ýurtda halkyň agzybirligini gazanmak, zorluk-sütem meýillerini köşeşdirmek, il-ýurt bähbitli meseleleri köpçülik bilen maslahatlaşyp çözmek, işiň her bir tarapyna göz ýetirmek, ýurtda ekerançylyga üns bermek we beýlekilerdir.

**Ikinji** bapda mätäçlik çekýänlere ýardam etmek ündelýär, barly adamlar rehimli, ynsanperwer bolmaga çagyrylýar. Ol sahylygy ynsanyň borjy hasaplaýar. Bu ýerde şahyr husytlaryň üstünden düşýär we olary gysgançlykda aýyplaýar. Baý bolup, garyplara kömek bermek üçin zadyna dözmeýänleri «dowzahyň ady bilen» gorkuzýar. Sahy, adamkärçilikli, ynsanperwer baýlara ol «jenneti» wada berýär.

Eseriň **üçünji** babynda alym şahyr, alymlar hakda gürrüň berýär, özüniň ylma bolan çäksiz söýgüsini, öz halkyny uçdantutma sowatly etmek baradaky arzuwyny beýan edýär. Azady ylmyň zähmet bilen baglanyşykly ýüze çykandygyny nygtap, adamyň önüm öndürmeginde we beýleki ugurdaky işini ýeňilleşdirýändigini belleýär. Alymlar iki topara bölünýär: ylmyny ilata ýetirýänler we ýetirmeýänler. Akyldaryň pikirine görä, alym öwrenen ylmyny durmuşda ulanmagy başarmaly. Azady: **«Eger adamy gündize meňzetseň, onuň ylmy Gün ýaly zerurdyr»** diýip belleýär. Pikiriniň dowamynda ol «Adamy gije hasaplasaň, ylym oňa çyra ýaly, çöl hasaplasaň, çeşme kimin, beden saýsaň ýürek deýin zerur» diýýär.

Eseriň **dördünji** babynda derwüşler barada gürrüň berlip, olaryň jemgyýetdäki orny açylyp görkezilýär. Adamlaryň derwüşler bilen gatnaşyklaryny sazlaşykly utgaşdyrmaga birnäçe maslahatlar ündelýär.

Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» kitabynyň türkmen durmuşynyň köp tarapyny öz içine alýanlygy üçin onda adama akyl, terbiýe beriji, ahlagy öwrediji wagyzlar uly orun tutýar. Gybatkeşlik, ýalançylyk, töhmet atmak ýaly ýaramaz hereket-endikler berk ýazgarylýar. Akyldar durmuşda özara agzala bolmagyň, birek-birege ýok ýerden günä ýüklemegiň, oňşuksyzlygyň örän zyýanlydygyny belläp, her bir ynsany şeýle ýaramaz gylyklardan daşda durmaga çagyrýar. Ol günäsiziň üstüne atylýan nähak töhmeti asmandan agyr hasaplaýar. Şahyr şu hili pikirini dowam etdirip, bir adamyň beýleki bir adama sütem etmegini ýa-da oňa zyýan bermegini, zor bilen zadyny almagyny-da ýazgarýar. Zulum edijini «ol dünýäniň» azaplary bilen gorkuzyp, durmuşda gabahat işleriň bolmazlygynyň tarapynda durýar we «Goluňdan gelse, kylgyn eýgilik» diýýär. Ol ejize ýagşylyk etmegiň zerurlygyny nygtaýar. Beýik şahyryň bu pikirleri halk terbiýeşynaslygynyň ahlak, akyl terbiýe baradaky pikirleriniň şahyrana beýany hökmünde ýaňlanýar. Şahyr ýene-de adamlaryň biri-birini ynjytmazlygyny, özara oňşukly ýaşamagyny, her kimiň öz zähmeti bilen güzeran dolandyrmagyny isleýär.

12. Sargyt № 986

«Wagzy-Azat» kitabynda maşgala agzalarynyň özara gatnaşygy, ata-enäniň çagalaryny oňat terbiýelemelidigi we çagalaryň ata-enäni sylamalydygy hakdaky nesihatlar getirilýär. Bu ýerde maşgala agzalary mäkäm agzybirlige, birek-biregi hormatlamaga çagyrylýar. Azady eseriň ikinji babynda pikirini ösdürip, umumylykdan anyklyga, takyklyga geçýär, perzendiň ata-enäniň öňündäki borjuny ýeke-ýekeden aýdyp, olaryň 40 sanydygyny görkezýär. Bu borçlar hem dört topara bölünip, olaryň onusy ten bilen zähmet çekmek, onusy dil bilen, beýleki onusy köňül bilen, soňky onusy-da mal-harajat bilen berjaý edilýändir diýýär. Soňra bu toparlar-da birnäçe böleklere bölünip, has aýdyňlaşdyrylýar. Bu ýerde ata-enä edilmeli hyzmat takyklanylyp, ilkinji nobatda, perzendiň olary razy etmegi bilen nygtalýar. Ikinji tarapdan, çagalaryň şu hyzmatlaryň ýerine ýetirip-ýetirmezligi ene-atanyň öz çagalaryny nähili terbiýeländikleri bilen baglydyr diýen pikir öňe sürülýär.

Ata-enä ten bilen hyzmat etmeli diýlende, Azady zähmeti göz öňünde tutýar. Perzent ýaşlygyndan başardygyça hojalygynda ata-enesine hyzmat etmeli. Ol halamaýan, gadagan edilen zatdan daşda bolmaly, özüne tabşyrylan işi ýerine ýetirmeli. Her zady etjek bolanyňda olary hormatlap, enesiniň we atasynyň razydygyna göz ýetirmeli, olaryň islemedik ýerine gitmeli däl. Olar bir ýere gidip gaýdyp gelenlerinde, perzent ata-enäni garşylamalydyr. Ýa-da ata-ene bir ýere gitjek wagty ýoldaşa mätäç bolsa, perzent olaryň ýanlaryndan galmaly däldir. Çagyrylan wagty ýanlaryna baryp, olaryň möhümi üçin güýç-zähmetini gaýgyrmaly däl.

**Ten bilen, hereket üsti bilen amala aşyrylmaly borçlar:**

1. Ata-enäniň hyzmatyny etmek.
2. Ata-enä hormat goýmak.
3. Ata-enäniň pendini tutmak.
4. Gadagan eden, etmeli däl diýip tabşyran işleri etmezlik.
5. Ata-enäniň biri razy bolmasa, ýola gitmezlik.
6. Birden biri ýoldan gelse, öňünden çykmak.
7. Eger ýola gitse, ýoldaş bolmak.
8. Çagyrsalar eglenmän çalt gelmek.

9. Ata-enäniň möhümlerini tiz berjaý etmek.

10. Ata-enäniň ýumuşlaryny gaşyny çytman, çalt bitirmek.

Görşümiz ýaly, Azady durmuşda perzendiň bitirip biläýjek ýumuşlaryny onuň borjy hasaplaýar. Ol borçlar bolsa adamlaryň ýaşaýşy, özara gatnaşyklary synlanylyp, şonuň esasynda gelnen progressiw netijeler, wagyzlardyr.

Şahyr dil bilen ata-enäniň göwnüni tapmak barada aýdanda, sözleýşiň edep-kadalaryndan söz açýar. Hemme ýerde tertipli bolmagy halaýan Azadynyň düşündirişine görä, perzent geplände ata-enesiniňkiden belent ses bilen geplemeli däl, olaryň ýanynda gödek, bihaýa sözleri aýtmaly däldir. Mylakatlylyk, ýumşaklyk bilen gürleşen wagtyňda-da, olaryň ýüzüne dogry bakyp gürlemek gelşiksizdir. Ata-enäň adyny tutup gaharly, kineli ýa-da batly söz aýtma we bir zady «et, etme» diýip ýumuş buýurma! Dil bilen berjaý edilmeli edepliligiň üstüne perzentleriň ata-enesiniň ýanynda tüýkürmezligi, biderek gülüp-pyňkyrmaly däldigi hem goşulýar. Şahyr bu ýerde-de adamyň başaraýjak zady hakynda pikir ýöredýär.

**Dil arkaly berjaý etmeli borçlar:**

1. Olaryň sesinden belent sesde geplemezlik.
2. Olaryň näzini çekmek.
3. Bihaýa, aýyp sözleri aýtmazlyk.
4. Ata-enäniň adyny tutup çagyrmazlyk.
5. Göwnedegiji sözleri aýtmazlyk.
6. Ýüzlerine dikanlap, söz aýtmazlyk.
7. Ýumşaklyk bilen hoşamaý sözleri aýtmak.
8. Ata-enä bir işi «et, etme» diýmezlik.
9. Ýüzlerine bakyp durkaň tüýkürmezlik.
10. Ýanlarynda pyňkyrmazlyk.

«Wagzy-Azat» kitabynda ata-enäni köňül bilen /ýürekden/ gowy görmek meselesiniň goýluşy ýöne ýerden däl. Ýürekden çykmaýan söýgi hakyky söýgi däldir. Şonuň üçin olara edilýän hyzmatyň, aýdylýan hoş sözüň ýürek bilen bagly bolmagy zerur. Diňe şeýle ýagdaýda ata-enäni hormatlap, edilen hyzmatyň hakykydygy, çyndygy hakynda gürrüň edip bolar. Perzent ýüregini, keýp-şähdini

ata-enesiniňkiden aýry saýman, olar şatlansalar begenmeli, gaýgylansalar tukatlanmaly, umuman, şolar bilen deň dem almaly. Durmuşda käwagt ata-enäniň perzentlerine käýinmekleri-de mümkin, şonda dargursaklyk edip kine saklamaly däl. Tabşyrylan işi kyn bolsa-da, gaharlanman ýerine ýetirmeli. Esasy zatlaryň biri-de, şahyryň düşündirişi ýaly, olaryň saglygy barada aladalanmakdyr. Perzent ata-enesiniň näsaglan wagty olaryň derdine derman agtarmaly.

**Köňül, ýürek bilen berjaý etmeli borçlar:**

1. Ata-eneňe mähriban bolmak, olary mähir-söýgi bilen gurşamak.
2. Ataňy dost tutunmak, iň gadyrdan dost hasaplamak.
3. Olar şat bolsalar, şat bolmak.
4. Olar gaýgyly bolsalar, gaýgyly bolmak.
5. Olar köp gürleseler, darykmazlyk.
6. Saňa jepa etseler, gaharyň gelmezlik.
7. Olar derde sataşsalar, öz derdiň diýip düşünmek.
8. Olary ynjytmazlygy hemişe köňlüňde saklamak.
9. Ata-enäniň özi aýtmasa, olaryň pikir-paýhaslaryny, etjek işlerini biljek bolmazlyk.
10. Olar hernäçe garrasalar-da, ejizleseler-de, olara uzak ýaş dilemek.

Azady bu ýerde hem maşgala agzalarynyň hemmesiniň berk agzybirlikde ýaşamaklarynyň zerurlygy barada aýdyp, olaryň arasynda biri-birine sap söýginiň, hakyky hormatyň bolmalydygyny nygtaýar.

Döwletmämmet Azady ata-enäniň: «Mala wabeste bolgaý haklary» barada aýdýar. Ata-ene ýaş wagtynda zähmet çekmek bilen özlerini, çagalaryny ekleseler-de, ýaşlarynyň gaýtmagy bilen güýçden gaçyp, kyn işleriň hötdesinden gelip bilmeýärler. Şundan soň olar, köplenç, maşgalanyň ýaş agzalarynyň kömegine mätäç bolýarlar. Şeýle ýagdaýda perzent özüni yssydan-sowukdan goran atasyny, göwsünden ak süýt berip kemala getiren enesini, mahlasy, özüni adam sanyna goşanlary eliniň aýasynda götermeli. Şahyryň pikiriçe, olary mydama özüňden ileri tutmaly, zähmeti bilen gazanylan zady-da ýüzüňi çytman harçlamaly.

Durmuşda dürli zatlaryň gerek bolmagy mümkin, şonda olary özüňden bitýän zada zar etmejek bolup aladalan, edýän harçlaryňy gysganman, eliňi açyk tut. Ata-enäniň ýanynda dogan-garyndaşlary işli, aladaly ýa-da keýpine gürrüňleşmäge gelse, olary myhman al, hormatla, hyzmatyňy gaýgyrma. Şahyr kitabynda getiren öwütleriniň birini-de kemini goýman ýerine ýetirmegi okyjysyndan, diňleýjisinden towakga edýär.

**Mal-zat bilen ödelmeli borçlar:**

1. Ata-enäniň egin-eşigini, ýorgan-düşegini özüňkiden gowy etmek.
2. Ata-eneňi özüňkiden gowy iýdirmek.
3. Her-hili oňat tagamlary taýýarlap, öňlerinde goýmak.
4. Ata-eneň kimi görmek islese, ony çagyryp getirmek.
5. Ata-enäniň göwün islän zadyny tapmak.
6. Ata-ene üçin eliňi açyk tutmak.
7. Ata-eneňi razy etmek üçin sadaka etmek.
8. Ata-eneňiň doganlaryny, dostlaryny myhmançylyga çagyrmak, olara hezzet-hormat etmek.
9. Hassa bolsa, sagalmagyny arzuw etmek.
10. Olaryň baş saglygyna sadaka berip, doga etdirmek.

Pähim-paýhasa we adamkärçilige ýugrulan bu terbiýeçilik ähmiýetli kyrk hak-borç hakdaky gürrüňi Azady:

> Üşbu kyrkdan bolmasa biri beja.
> Hak eda almaz alarnyň müddaga –

diýip jemleýär. Ata-enäniň öňündäki kyrk borjuň biri ýerine ýetirilmese, boldugy däldir. Çünki bu borç-haklar zynjyr şekilli bir zat bolup durýar. Olaryň güýji-kuwwaty bir-birine baglylygyndadyr. Bir halka gyrylsa, onuň güýji bolmaz. Akyldar bir-biri bilen utgaşyp gidýän bu kyrk borç-hakyň biriniň kemelmän berjaý edilmegini arzuw edipdir.

Azadynyň adamkärçiligi ündeýän şeýle wagyzlary maşgala aragatnaşygynyň, halk terbiýeşynaslygynyň ajaýyp däpleriniň çuňňur öwrenilmegi netijesinde ýüze çykýar. Döwletmämmet Azady adamlaryň ylalaşygy, terbiýesi barada söz açanda, diňe maşgala agza-

larynyň arasyndaky agzybirlik barada aýtmak bilen çäklenmeýär. Dogrusy, ol maşgalada özara edepliligiň, sylanyşygyň zerurlygy barada söz açanda, bu babatdaky pikirini has takyk we giňişleýin düşündirýär. Okyjynyň ýadynda galar ýaly, has uşajyk zatlary hem ýatlaýar. Adamlaryň köpçülikleýin agzybirligini islän şahyr pikirini soňra has-da giňeldip, durmuşyň köp taraplaryny görkezmäge çalyşýar. Ynsanyň köpçülik bilen aragatnaşygyndaky edepliligini häsiýetlendirýär. Bu ýagdaý adamyň ýaşaýyş-durmuşynyň köptaraplaýynlygy, onuň durmuşyň dürli tarapyny öwrenmelidiginden gelip çykýar. Şahyr kemala gelip, öýlenen ýigidiň öz gaýynatasy bilen oňat gatnaşykda bolmalydygy barada hem birnäçe gymmatly pikirlerini aýdýar. Giýewi gaýynynyň gaharyny getirmeli däldir, ynjytmaly däl, onuň göwnünden turmaly, hormatyny saklamaly. Şeýle özara sylanyşyklyk bir tarapdan, gudalaryň arasyny sazlasa, ikinji tarapdan, ýigit bilen gelniň agzybir durmuşda ýaşaşmagyna ýardam edýär. Şonuň üçin gaýynatadyr gaýynenä belent sarpa goýmagyň zerurlygy ündelýär:

Hem gahy gaýynataň hormaty,
Yzzat etgeý ol diýen bolgaý gaty.
Hem gaşynda biedeplik kylmasyn,
Biedep söz sözleýiban gülmesin.

Akyldar şular ýaly edepliligiň mugallymlar, halypalar babatynda-da zerurdygyny nygtaýar.

Azady adamlaryň bilimli bolmagyny, ylym öwrenenleriň bolsa ussadyny, mugallymyny belent hormatlamalydygyny aýdýar. Gürrüňleşip duran wagty, ussadyndan rugsatsyz başga birini ol ýere çagyrmaly däl. Şahyr mugallymy öz janyň ýaly eziz görmelidigini, onuň sarpasyny ata-enäniňki ýaly we gaýynataňky ýaly tutmalydygyny belleýär. Akyldar goňşular, garyndaşlar bilen ylalaşykly bolmaklyga-da uly üns berýär, olar bilen mylakatly bolmagy, agzybirligi ündeýär we her bir adamyň goňşy-golamy, beýlekileri hormatlamalydygyny aýdýar. Azady agzybir adamlaryň ömürleri uzak, rysgaly bol bolar diýip düşündirýär.

Döwletmämmet Azady eserleriniň üsti bilen birek-biregiň mertebesini hemme ýerde belent tutmagy, mydama birek-biregiň halyny sorap durmagy, durmuşda mätäje kömek bermegi wagyz edýär. Onuň nesihatlaryny berjaý edýän adam hiç wagt öz güýjüni, zähmetini köpçülikden gaýgyrmaly däl, durmuşda betbagtlyga, derde uçran biçäräni unutmajak bolmaly. Näsagyň göwni göteriler ýaly, yzasy galar ýaly, ýygy-ýygydan onuň ýagdaýyny sorap durmaly. Şahyryň berýän bu maslahatlary halkyň durmuşy bilen berk baglanyşyklydyr. Köpçülikden arasy üzülen adama ýaşamak aňsat däl. Şonuň üçin şahyr hiç kimiň heläk bolmagyna ýol bermän, köpçüligiň gün-güzeranyny özara arkalaşykly dolandyrmalydygyny nygtaýar. Azadynyň şular ýaly akyl beriji öwütleriniň ençemesi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hem öz ähmiýetini ýitirenok.

Azadynyň iň eziz görýän zady adam. Adamy kemsitmek, ulumsy bolmak, şahyryň pikiriçe, aýyp hasaplanýar. Şonuň üçin ol köpçülige kiçigöwünliligi, ýönekeý bolmagy maslahat berýär. Şahyr agzybirligiň beýik güýçdügine, halk üçin zerurdygyna düşünýär, adamzat üçin asuda ýaşaýşyň açaryny hem şundan agtarýar. Onuň pikiriçe, ähli adamlar biri-birini sylasa, özgä zorluk, ýamanlyk etmese, durmuşda, jemgyýetde hiç hili erbetlik bolmaly däl. Agzybirlik iň belent bagt. Ähli eşret şonda. Şol bagty gazanmaga bolsa, adamyň gurbaty çatmaly.

Azady çagany terbiýelemekde erkegiň we aýalyň arasynda parh goýmaýar. Azadynyň çagalary terbiýelemek, adalatlylyk, agzybirlik, adama hormat goýmak pikirleri halk terbiýeşynaslygyndan susulyp alnan pikirler bilen utgaşyp gidýär. Bu bolsa şahyryň terbiýeşynaslyk döredijiliginiň halkylygyna güwä geçýär.

Döwletmämmet Azadynyň gymmatly terbiýeşynaslyk pikirleri döwrebap nesli terbiýelemekde egsilmez çeşmedir. Bu çeşmeden döredijilikli peýdalanmak bolsa, her bir mugallym, her bir pedagog, islendik ynsan üçin mukaddes borçdur.

## Magtymguly Pyragy

**«Yhlas bile bir kämile gol bergen,**
**Ýeter bir menzile, ýetmeýen galmaz...»**

### Beýik şahyr hakda aýdylanlardan:

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**



– Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir.

* * *

– Türkmen halky özüniň beýik şahyry Magtymguly Pyragy tarapyndan wasp edilen mertebe, asyllylyk, watançylyk, zähmet we myhmansöýerlik, döredijilik, parahatçylyk we asudalyk ýaly ýörelgeleri, ata-babalarymyzyň gany bilen geçen ynsanperwerlik ýaly oňat häsiýetlerini saklap, olary asyrdan-asyra aşyryp gelýär.

* * *

– Magtymgulynyň dogruçyl, hakykatçy, lebizli, ygrarly bolmak baradaky pähim-parasada ýugrulan döredijiligi söz sungatynyň başlangyjy hasaplanylýan baý folklor çeşmelerine daýanýar. Şeýle hem Magtymgulynyň goşgulary özüniň köptaraplylygy, dürlüligi, many-mazmuna baýlygy, çeperçiligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Onuň dürli çeperçilik tärlerinden ussatlarça peýdalanyp bilmegi, şahyrana dili ynsan kowmunyň nesillerine berýän pendini örän täsirli edýär.

* * *

– Türkmen halky ençeme şahyrlary döretdi, emma şolaryň arasynda söz ussady, deňi-taýy bolmadyk beýik Magtymguly birinji orunda durýar.

*E.Bertels:*

– Magtymguly türkmeniň gymmat baha daşlarynyň biri bolup, ol biziň zamanamyzda täze ýüzügiň gaşynda gözüňi gamaşdyryjy şöhlesi bilen lowurdaýar.

* * *

– Magtymguly – akyldar şahyr, pelsepeçi, terbiýeşynas, syýahatçy, watançy, zergär. Gündogarşynas akademik W.W. Bartold ýüz ýyldan gowrak mundan ozal türki halklaryň arasynda Magtymguly ýaly milli şahyrly halk diňe türkmenlerdir.

## Magtymgulynyň pedagogiki garaýyşlary

Magtymguly Pyragynyň (1724–1807) «Jemşidiň jamyna» meňzedilen edebi mirasy pedagogiki ruh bilen eýlenendir. Akyldaryň pedagogiki garaýyşlary çuň hem köptaraplydyr. Şol garaýyşlar ozaly bilen, onuň kakasy alym-pedagog Döwletmämmet Azadynyň täsiri bilen döräpdir. Maşgala mekdebi Magtymgulynyň meşhur şahsyýet, beýik alym, ussat pedagog bolup ýetişmegine täsir eden esasy sebäpleriň biridir.

Şahyryň döredijiligi durky bilen terbiýe mekdebidir. Onuň öz şygyrlarynda ýüzlenmedik meselesi ýok diýerlikdir. Agzybir türkmen döwletini gurmak, **oňa guwanmak we buýsanmak, mukaddes topragy, ata Watany jan-dilden söýmek, beýleki halklaryň wekilleri bilen dost-dogan bolup ýaşamak, ata-enäni hormatlamak, ulyny sylamak, kiçini söýmek, mätäje kömek-goldaw bermek, öten-geçenleriň, ata-babalaryň hatyrasyna sadaka bermek, ylymly-bilimli, edepli-ekramly bolmak, ynsanperwerlik, söýgi, ynsan mertebesi, maşgala terbiýesi, sagdyn durmuşy alyp barmak…** ýaly meselelere şahyr yzygiderli ýüzlenipdir. Bu meseleleriň we akyldar tarapyndan teklip edilýän çözgütleriniň çygry örän giň. Şahyryň her bir eseri goşgusy durşuna terbiýe, terbiýeşynaslyk mekdebidir. Çünki olaryň her birisi halk terbiýesi bilen ýiti we belent akyl-paýhasy özünde jemleýär.

Ylym, edebiýat hakynda, jemgyýetçilik-syýasy, sosial-ykdysady ýagdaýlar baradaky söhbetdeşlikler, okuw, edep-terbiýe bilen bag-

lanyşykly ýöredilen pikirler, ulularyň göreldesi, kakasynyň parasatlylygy, belent adamkärçiligi, edebi mirasy, okadyş usullary, ata-enelere, çagalara bolan hoşniýetli garaýyşlary Magtymgulynyň pedagogiki pähim-paýhasynyň taplanmagyna, gözýetiminiň giňelmegine oňyn täsir edipdir. Galyberse-de, guýmagursak zehin, özbaşdak okap köp zatlara akyl ýetirmäge bolan hyjuwly hereket, mekdep-medreselerde dürli ugurlardan alnan bilim, jahankeşdelik, halkyň ýaşaýyş-durmuşynyň jümmüşinde bolmak, ýiti synçylyk ýaly birgiden asylly sypatlar Magtymgulynyň pedagogiki taglymatynyň döremegine sebäp bolupdyr.

Magtymgulynyň pedagogiki garaýyşlarynda **watançylyk terbiýesi** esasy orunda durýar. Ol nesillerde ata Watana, ene topraga hakyky söýgi döretmek üçin uly güýç sarp edipdir. Watanyň garaşsyzlygyny, il-ulsuň asudalygyny, erkinligini berkarar etmek, türkmen halkynyň agzybirligini gazanmak maksady bilen täsir etmegiň dürli ýollaryndan ýerlikli peýdalanypdyr: Jeýhun bilen Bahry-Hazar aralygynda ýaýylyp ýatan türkmen Diýaryny, onuň mukaddesligini, gözelligini, halkyny, gelin-gyzlaryny, olaryň edep-ekramyny wasp edipdir, il ogullaryny mertlige, gaýduwsyzlyga, arly-namysly bolmaklyga çagyrypdyr, olary namart, gorkak, binamys adamlardan has belentde goýupdyr; köňüller bir bolsa, aşlar bir suprada taýýar edilse, türkmeniň ykbaly göteriler, il agzala bolsa, onuň döwleti gaçar diýip öwredipdir; duşman gözel iliň gyzyl gülüne gol urmasyn, türkmeni ahyrýetiň siline gark etmesin diýip wagyz edipdir.

Mahlasy, akyldaryň türkmeni watançylyk ruhunda terbiýelemek niýeti bilen herekete girizen täsir ediş tärleri sanardan kändir. Akyldar, watançy mert ýigidiň özünde beýleki ahlak sypatlaryny hem jemlemelidigini nygtaýar:

Mert oldur ki, bolsa köňli rehimli,
Göwresi giň gerek, özi pähimli,
Giň ýerde garga deý bolsun wehimli,
Ýerinde hünäri, işi gerekdir.

Şahyr hakyky adamy häsiýetlendirýän **gylyk-häsiýetleri** kemala getirmeklige aýratyn üns beripdir, pähimli, şir ýürekli, möjek ýaly

gaýduwsyz, tilki ýaly mekir, garga ýaly hüşgär, ata-ýaraga erk edip bilýän hünärli adam bolmagy, şeýle hem, mynasyp nesil terbiýeläp ýetişdirmegi ündäpdir.

**Agzybirlik meselesi.** Ikinji nesihat – agzybir bolmadyk öýde ýolbaşçy bolmazlyk. Şahyr agzalalygy erbet gylyk hasaplaýar. Hojalykda, işde, ilde, ýurtda agzybirlik bolmasa, döwlet bolmaz. Şonuň üçin hem, her bir ynsany öz baran ýerinde – öýünde agzybirligi ýola goýmaga, ony mukaddes saklamagy ündeýär. Söwda edeniňde, bir iş barada şertnama baglanyşanyňda arassa, halal, päk niýetli, ygrarly bolmagy maslahat berýär. Sözleşeňde, gürläniňde mylaýym bolmaly, kem sözli bolmazlygy – aýtjak zadyňy doly manysyna ýetip, düşnükli geplemegi, il-halkyň bile kaş bolmazlygy, oňa dil ýetirmezligi, iliň barada gowy, hoşniýetli gürrüňi etmegi nesihat berýär.

Şahyr kepil geçmek, günä geçmegiň iň bir ynjyk meseledigini nygtaýar. Kepilçi wadany ýerine ýetirmäge borçludyr. Şahyryň bu maslahatynda eger-de borjy ödemeseň, abraýdan düşmek, sözüň hiç zada geçmezlik, il içinde ýüzügara bolup galmak ähtimallygy duýdurylýar. Şonuň üçin aýaklaşma baş bolmak, mal bölünişigine gatnaşanyňda-da gaty adyl hereket edäýmeseň, ýüzügara bolaýmaklygyň daş däldigi aýdylýar.

Akyldar berilýän nesihaty kabul edip bilýän adamy «äriň – äri», adamyň iň hoşniýetlisi, akyllysy, parasatlysy hasaplaýar. Agzala kowumlara baş bolmazlygy nesihat berýär. Bu nesihat şahyryň ýazan zamanasynyň ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr.

Şahyr dogry, halal ýaşaýan, jemgyýetiň tertip-düzgünini bozmaýan adam hiç wagt horluk çekmez diýýär. Haram işlere baş goşmazlygy, haramçylyk edýän adamlardan gaça durmagyň zerurdygyny nygtaýar. Il halamaýan ýaramaz gylykly adamlar bilen ýoldaş bolmazlygy, olar bilen guda-gaýyn bolup garyndaşlyk açmazlygy nesihat berilýär. Çünki bu nesihaty tutmazlyk adamy kyn ýagdaýa salyp bilýär.

Akyldar adamyň özüne akyl ýetirmeginiň, ilki bilen özüniň edep-terbiýesi barada alada etmeginiň zerurlygy ündelýär. Pyragy

ýaşlaryň Allatagalany ýat edip ýörmeklerini, pis endiklerden, il halamaz bet işlerden özüni çetde saklamagyny ündeýär.

Magtymgulynyň: «Oturyp-turşun görüň» diýen goşgusy hem terbiýeçilik ähmiýetli bolup adamy adamdan tapawutlandyrýan häsiýetleri synçylyk bilen açyp görkezýär. Olar çeper suratlandyrmalar arkaly göz öňünde janlanýar.

Öwüt-nesihat häsiýetli, nesilleri terbiýelemekde uly ähmiýete eýe bolan goşgularyň biri-de, pähimdar şahyryň «Zor bolar» şygrydyr. Akyldaryň pikiriçe, halka ýagşylyk edýän adamlar iň bagtly adamlardyr. Ýagşylyk etmeklige ýaşlykdan endik etmeli, özüňi ýagşylyk meýlinde terbiýelemeli. Şeýle etseň, il içinde hormatlanýan, abraýly adam bolup ýetişersiň.

Magtymguly öz goşgularynda adamyň **adamkärçilik sypatlaryny** köptaraplaýyn suratlandyrýar. Ol ýigidiň edermenligini, mertligini, Watan, halk bähbidi bilen baglylykda çözýär. Şonuň üçin halkyň, Watanyň bähbidi üçin janyny aýamaýan ýigitler şahyryň setirlerinde esasy orunda goýulýar. Olaryň halk söýgüsine mynasypdygy nygtalýar.

Şahyryň bu temadaky goşgularynda il-ýurduň bähbidini goraýan mert, batyr, edermen ýigitlere gerekli bolan adamkärçiligiň oňat taraplary beýan edilýär. Şahyr ýoldaşa wepaly bolmaklyga hem adamkärçiligiň iň gowy sypatlarynyň biri hökmünde garaýar.

Namart hem mert ýigitler özara deňeşdirilýär:

Namart duşman görse, gussadan öler,
Goç ýigitler dördün, bäşin aňlamaz.

Akyldar Watan goragyna batyr ýigitleri çagyrmak we olara söweş hünärlerini öwretmek bilen çäklenmändir, käbir maglumatlara görä, şeýle söweşlere onuň özi hem gatnaşypdyr. Şahyryň «Joşa ýetdiň», «Günlerim» ýaly goşgulary onuň duşman bilen at üstünde ýüzbe-ýüz bolandygyna şaýatlyk edýär.

Magtymguly birnäçe goşgularynda halkyň durmuşynda gabat gelýän käbir **däp-dessurlar hakynda** söz açyp, olaryň köpçülige peýdaly bolan oňat taraplaryny belleýär. Ol, aýratyn-da, **myhmanparazlygy** adamyň bezegi, iň gözel halky däpleriň biri hökmünde görkezýär. Şahyr «Myhman ýoluksa» goşgusynda:

Mert çykar myhmana güler ýüz bilen,
Namart özün gizlär myhman ýoluksa –

diýmek bilen, myhmany açyk ýüz bilen garşylap, oňa tapdygyndan hormat-hyzmat edýän adamlary hakyky adamkärçilikli adam hökmünde wasp edýär. Bu pikir «Söze myhmandyr» goşgusynda hem nygtalýar:

Gelen aş diýip gelmez, turşutmagyl ýüz,
Nana mätäç däldir, söze myhmandyr.

Magtymguly Pyragy öz goşgularynda myhmansöýerligi, adamkärçiligiň asylly sypatlarynyň biri hökmünde halka ündeýär. Onuň «Ýagşydyr», «Ýigide», «Gerek» ýaly goşgulary myhmanparazlyk hakyndaky pikirleri beýan edýär.

Sadalyk, dogrysözlülik, mylaýymlyk biziň halkymyzda sarpa goýulýan sypatlaryň biridir. Magtymguly adam sada, ynsaply, ýagşy niýetli bolsa, sözlemeli we sözlemeli däl ýagdaýlary bilse, onuň öz gadyryny artdyrýandygyny görkezýär.

Süýjidillilik biziň halkymyzda hormatlanýan sypatdyr. Adamlara göwne degiji sözüň tyg ýarasyndan-da awulydygy şahyrynyň goşgularynda aýratyn nygtalýar:

Ýaman til dost ýitirer,
Hoş dil rehmet getirer.

Ýa-da

Gulagymga beren pendiň aýlaýyp,
Kişige gaty söz aýdyjy bolma!

Görşümiz ýaly, şahyr goşgy setirlerinde sözi ynsan durmuşynda ýokary orunda goýýar. Olarda köp bilseň-de, az sözle diýen pikir öňe sürülýär. Magtymguly dogry sözli bolmaklygy, ýalan sözlemezligi birsyhly ündän şahyrdyr. «Gidiji bolma» şygrynda:

Mert oguldyr ile ýazar desterhan,
Dogry söz üstünde berer şirin jan,
Ömrüni ötgürer, diýmez bir ýalan,
Äht eýläp ýalan söz aýdyjy bolma –

diýip, birsözlüligi ynsanyň ýokary sypaty hökmünde belleýär.

Akyldar şahyr **ulyny sylamak, olara hormat goýmak** ýaly häsiýetlere adamkärçiligiň iň gowy taraplarynyň biri hökmünde garaýar. Şahyryň pikiriçe, ýaşlar ata-enelerini hormatlap, ulyny sylamalydyrlar. Uly adam özünden kiçä ýumuş buýursa, ony ýerine ýetirmeli. Uly adam nirede duş gelse-de, oňa kiçiler öňürti salam bermeli. Adamlaryň köp ýerinden geçilende olar geçýänçä garaşmaly. Uly adam gürleýärkä, onuň sözüni bölüp, ara düşmeli däl. Ulyny sylamaklygyň edebiň başydygyny şahyr «Ile ýaraşmaz» goşgusynda nygtaýar:

Edebiň ýagşysy ulyny syla,
Ulyny aglatmak kiçä ýaraşmaz.

Akyldar şahyr halk terbiýeşynaslygynyň ahlaklylyk we ahlak terbiýesi baradaky bolan pikirlerini şahyrana söz arkaly nesihat edipdir.

Magtymguly Pyragynyň pedagogiki mirasynda **maşgala terbiýesiniň möhüm meseleleri** öz beýanyny tapypdyr. Ol edep-terbiýäniň öz gözbaşyny maşgaladan alyp gaýdýanlygyna gowy düşünipdir. Onuň ata-enä, dogan-garyndaşlara hormat goýmak, çaganyň arzuw-isleglerine, ymtylyşlaryna düşünmek we olaryň sarpasyny saklamak, maşgala agzybirligini döretmek, örňäp-ösüp barýan nesli zähmetsöýer, başarjaň adamlar edip ýetişdirmek, olara bir ýa-da birnäçe ugurlar boýunça hünär öwretmek, hakyky dostlugy gazanmak we aýap saklamak, ata bilen enäniň arasyndaky sazlaşygy berjaý etmek ýaly ençeme meseleler babatynda öňe süren pikirleri özboluşly terbiýeçilik mekdebi bolup, olar biziň günlerimizde-de ähmiýetlidir.

Magtymguly ynsan perzendiniň ata-enäni nähili sarpalamalydygy barada kakasy Azadynyň perzent borçlary hakyndaky düzgünlerini iş ýüzünde amala aşyran akyldardyr. Munuň şeýledigine meşhur «Oglum-Azadym» atly aýdyşyk eseri, «Atamyň», «Abdylla», «Terk eýleme, bu mekany», «Bular gelmedi» goşgulary bilen tanyşan her kes göz ýetirip biler. Akyldar kakasynyň ata-enäni sylamak baradaky pikirlerini dowam etdirip, «Agyrtmagyl ata bilen enäni», olary agyrdanyň günäsi daglardan, daşlardan uly bolar diýýär:

Ata-ene agyrdanyň günleri,
Içi-daşy otdan bolar donlary,

Halka ryswa, ala bolar tenleri,
Suw ýerine zäher berler, ýaranlar.

Ol ata-enesine, dogan-garyndaşlaryna mähir siňdirip bilmedik, olary gowy görmegi başarmadyk adamyň beýleki adamlara hormat goýup bilmejekdigine, özgeler bilen ynsanperwerlikli gatnaşyklarda bolmagy başarmajakdygyna göz ýetirip, şol garaýyşlaryny adamlaryň aňyna guýupdyr.

Maşgala agzalalygynyň ýetirýän zyýanyny belläp, agzybirlikde ýaşamagy ündäpdir: «Galmagaldan bela geler // Ýagşy-ýaman bary bi-ler, Kimse aglar, kimse güler». Akyldaryň pedagogiki garaýyşlarynda gaýyn bilen gudanyň arasynda sazlaşykly gatnaşygyň zerurlygy ba-radaky öwüt-ündewlerem üns bererliklidir. («Kösti ýeter bir gün, ýa-man diýmäňler // Guda-gaýyn bolup beladaş bolmaň»).

Alym-pedagogyň ogly, ylym-bilim öwretmekde, edep-terbiýe bermekde tejribesi ýetik Magtymguly Pyragynyň adamy öwrenmegiň, onuň içki dünýäsine aralaşmagyň zerurlygy, ynsan ömrüni ýaş aý-ratynlyklary boýunça parhlandyrmak babatynda öňe süren pikirleri, adamyň düşbüligini, ugurtapyjylygyny, özbaşdak pikirlenip bilmek ukybyny ösdürmäge gönükdirýän tapmaça häsiýetli eserleri pedago-gika we psihologiýa ylymlary üçin örän gymmatlydyr.

Magtymgulynyň birnäçe goşgulary maşgalanyň, çagalaryň eşretli durmuşda ýaşamaklygyna degişlidir. Olaryň köpüsi ata-enä hormat goýmaklygy ündeýär:

Ýagşy oguldan rehmet arygy akar,
Näletkerde ogul dogdy, dogmady.

Magtymgulynyň aýal-gyzlaryň mertebesini belent tutmaga çagyrýan, il arasynda durnukly söz düzümlerine öwrülip giden se-tirleri onuň aýal-gyzlaryň mertebesini belent tutandygyna şaýatlyk edýär:

Dünýä sözi meňzär duzsuz tagama,
Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa.

Magtymguly Pyragy öz goşgularynda **çaganyň ösüşiniň ýaş tapgyrlaryna hem** üns beren akyldardyr. Ösýän şahsyýetiň ýaş

tapgyrlary baradaky häsiýetlendirmeler Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetlerinde, «Görogly» şadessanynda getirilýän hem bolsa, Magtymgulynyň şygrynda onuň beýan edilişi has düýpli we hertaraplaýyndyr:

Bu nakyldyr, adamzat, sen bu mekana geldiň,
Owal ataň bilinden syzyp nahana geldiň,
Atadan enä baryp, bir katra gana geldiň,
Enede surat bolup, bu şirin jana geldiň,
Emip eneň süýdüni, gundalyp dona geldiň. («Nahana geldiň»).

On ikimden gitdim on üç ýaşyma,
On dördümde heser urdy başyma,
On bäşimde gyzlar girdi düýşüme,
On altymda gaýnap joşan günlerim. («Düşen günlerim»).

Şeýle häsiýetlendirmeler şahyryň «Don gerek», «Joşa ýetdiň», «Düşen günlerim» goşgularynda hem getirilýär.

Beýik akyldar özüniň «Mal ýagşy», «Nas atan», «Çilimkeş», «Çilim», «Çilim çekmegil», «Munda», «Gybatkeş» goşgularynda gowy gylyk-häsiýetleri terbiýelemek, ýaman gylyk-häsiýetlerden çetleşmek barada gürrüň berýär. Ol serhoşy ýazgaryp: «Akly bolan şerap içmez» diýýär.

Magtymgulynyň pedagogikasy uly umman bolup, dürdäne pikirler biri-birleri bilen zynjyr kimin sepleşýär. Şolaryň biri-de **kesp-kär, hünär öwrenmek meselesi bilen baglanyşyklydyr.** Akyldar her bir adamyň bir ýa-da birnäçe hünärden baş çykarmagyny zerur hasaplaýar. Adam yhlas bilen haýsy käri öwrense, oňa ökdelär, il-günüň alkyşyna eýe bolar. Magtymguly: «Har bakan har tapar, zergär zer tapar», «Miraplary ýap boýuny syrarlar //Daýhanlary gury ýeri dörerler», «Ýatsa-tursa hyýalyndan çykarmaz // Kaýsy işe maýyl bolsa adamzat» «Nan ýagysy kärsiz ärden / Köňlüň islän işler çykmaz», «Akyl kesmez, dür ýasalmaz ussatsyz» diýýär. Şu setirlerde kesp-käriň ussatdan öwrenilmelidigi, şol ussadyň bolsa hiç wagt unudylmaly däldigi nygtalýar.

Käbir maglumatlara görä, Magtymgulynyň otuza golaý hünär barada gürrüň berýän ýörite ýazan «Totuguş dilli dessan» atly ese-

ri hem bolupdyr. Şahyr halkyň asyrlar dowamynda adamkärçilik, edep-terbiýe, görüm-görelde babatda toplanan baý tejribesini giňden peýdalanmak bilen, olary döwrüň talaplaryna laýyklykda timarlapdyr, tertibe salypdyr, şeýle hem olary ösdüripdir, baýlaşdyrypdyr. Iň esasy hem, olary kämil formada, ýokary çeperçilik, jadylaýjy hem özüne imrindiriji şahyranalyk bilen beýan edipdir.

Magtymgulynyň pedagogikasynda ynsaply bolmak, nebsiňi otukdyrmazlyk, mal-baýlyk diýip iliň gözünden düşmezlik, ynsany ynjytmazlyk ýaly öwüt-ündewlerem, adamyň gadyr-gymmatyny belent tutmak, hoşniýetli, güler ýüzli, rehim-şepagatly, iliňe, dostuňa, dogan-gardaşyňa mähirli, myhmanparaz bolmak ýaly ynsanperwerlikli pähimlerem, wepalylyk, ygrarlylyk, duýgudaşlyk, sadalyk ýaly adamkärçilik häsiýetleri terbiýelemek babatyndaky pendi-nesihatlaram, sagdyn durmuş keşbini alyp barmagyň ugurlary hakyndaky düşündirişli maslahatlaram esasy orun tutýar. Betnebisligi, ikiýüzlüligi, parahorlygy, galplygy onuň hemme zatdan beter ýigrenenligini «Düýşüne degmez», «Malyna degmez» ýaly goşgularyndan hem bilmek bolýar.

Ol pedagog hökmünde her bir türkmeniň kalbynda özbaşdak hem parahat, agzybir hem deň hukukly döwletli bolmak umydyny, başy belent, kanagatly hem parasatly halkyna bolan çuňňur söýgini hem buýsanjy döredipdir, adamlaryň ruhy-ahlak taýdan baý, edepli-ekramly, gowy gylyk-häsiýetli bolmagy üçin bar bolan ukybyny, zehinini sarp edipdir, türkmeniň bagtly geljegine, garaşsyz Diýar boljagyna ýüregi bilen ynanypdyr.

## GÜNBATARDA PEDAGOGIKI PIKIRIŇ ÖSÜŞI

Irki orta asyr döwürlerinde Günbatar Ýewropada uniwersitetler bolmandyr. Ähli Günbatar Ýewropanyň ýokary bilim almak üçin ýaşlary **Kordowa** uniwersitetine (Araplar VIII asyrda Pirineý ýarym adasyny basyp alandan soň, Kordowa uniwersiteti döredilýär) gelipdirler. Bu uniwersitet irki asyrlar döwründe bilim, ylym maglumatlaryny Günbatar Ýewropa aralaşdyrmaga köpri bolup hyzmat edipdir.

13. Sargyt № 986

XIV asyra çenli Gündogaryň medeniýeti we magaryfy Günbataryňky bilen deňeşdirilende örän ýokary bolupdyr.

Feodalizm jemgyýetinde Günbatar Ýewropada, esasan, **buthana** we **ryssar** terbiýe ulgamy gerim alypdyr. Olaryň şu aşakdaky görnüşleri bolupdyr:

- **Mahelle (prihod);**
- **Monastyr, sobor we ýepiskop mekdepleri.**

Olarda **«ýedi erkin sungat»** diýip atlandyrylan orta asyr ylymlary okadylypdyr. Ol iki tapgyrdan ybarat bolup, oňa **triwium** (üç ýol diýen manyny berýär.) – oňa grammatika, ritorika we dialektika degişli bolupdyr: **kwadrium** (dört ýol) – muňa arifmetika, geometriýa, astronomiýa we saz girýär. XII-XIII asyrlarda Günbatar Ýewropada ykdysady aragatnaşyklar giňelipdir. Şäherlerde, obalarda senetçilik, söwda ösüp başlapdyr. Bu ösüş esasy we düýpli bilimleriň zerurlygyny ýüze çykarýar. Şonuň bilen baglanyşyklykda uniwersitetler döräp başlapdyr.

XII asyrda Fransiýada, Italiýada, Angliýada, XIV asyrda Parižde, Polşada uniwersitetler açylypdyr. Bu döwürde Italiýada gumanist-pedagog Wittorino da Feltre (1378-1446ý): Fransiýada terbiýä täzeçe garaýşyň wekilleri bolan Fransua Rable, iňlis gumanisti Tomas Mor (1483-1553ý), italiýaly görnükli pedagog Tommazo Kampanella (1568-1639ý) öz pedagogiki pikirleri bilen orta çykýar.

## Ýan Amos Komenskiý (1592-1670)



**– Ýer ýüzünde gün şöhlesiniň düşýän ýerinde iň hormatly kär mugallymçylyk käridir. (История педагогики, 1982)**

Günbatarda hakyky ylmy pedagogiki pikiriň ösüşi beýik çeh pedagogy hem gumanisti Ýan Amos Komenskiniň ady bilen baglydyr. Ol **«Dilleriň we ähli ylymlaryň açyk gapysy», «Beýik didaktika», «Enelik mekdebi», «Suratlar dünýäsi», «Gowy guralan mekdebiň kanunlary»,**

**«Duýgy arkaly kabul edilýän zatlar dünýäsiniň suratlary», «Ýetginjekleriň özlerini alyp barmaklary üçin düzgünler»** ýaly meşhur eserleriň awtory. Beýik çeh pedagogy, görnükli jemgyýetçilik işgäri, gumanist – ynsanperwer **Ýan Amos Komenskiý** «Çeh doganlary» jemgyýetine degişli bolan kilwan maşgalasynda dünýä inýär. Ol ýaşlykda ýetim galýar. Jemgyýetiň hasabyna başlangyç we orta bilim alýar, soňra Herbon we Geýdelberg uniwersitetinde okaýar.

Komenskiý pedagogikany ylymlaryň özbaşdak pudagy hökmünde kesgitläpdir. Şonuň üçinem onuň eserlerinde pedagogika özbaşdak ylym hökmünde garalýar. Komenskiý pedagogikanyň taryhynda ilkinji bolup, **mekdebe çenli ýaşdaky çagalary terbiýelemek** barada «Enelik mekdebi» atly gollanmanyň awtorydyr.

Beýik pedagogyň bitiren hyzmatlarynyň biri-de onuň **görkezme esbaply okatmak** düşünjesini teoretiki taýdan esaslandyrmagydyr. Ol özüniň meşhur «Suratlar dünýäsi» diýen kitabynda 150 sany surat ýerleşdirip, şol suratlara degişli dürli mazmundaky tekstleri beripdir. Bu okuw kitaby çagalara başlangyç bilim berýän suratly ensiklopediýany ýada salýar. Onuň mazmuny bilen tanyşanyňda, pedagogyň oňa köp zähmet siňdirendigine, kitabyň ussatlyk bilen ýazylandygyna, suratlaryň we tekstleriň okuwçylaryň sözleýşini ösdürmekde möhüm serişdedigine göz ýetirýärsiň. **«Suratlar dünýäsi»** 150 ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda oňat okuw kitaby bolup hyzmat edipdir. Bu kitap XVIII asyryň ikinji ýarymynda rus dilinde-de birnäçe gezek çap edilipdir. Beýik pedagog görkezme esbaply okadylanda, öwrenilýän materialyň örän berk hem ýeňil özleşdirilýändigini iş ýüzünde subut edipdir. Ol **didaktikanyň «altyn düzgünlerini»** jar edip, eger mümkin bolsa, ähli zadyň duýgy agzalarynyň üsti bilen kabul edilmeginiň ýola goýulmagyny talap edipdir: görünýän zady – görüş, eşidilýän zady – eşidiş, ysgalýan zady – ys alyş, tagamly zady – tagam alyş, syzylýan zady – syzyş agzalary arkaly kabul etmeli diýip belleýär. Bu okuw-terbiýeçilik işinde görkezme esbaplaryndan giňden hem ýerlikli peýdalanmagyň möhüm ähmiýetini ykrar etmekdir.

Ýa. A. Komenskiý ýaş nesliň ömrüni her biri 6 ýyldan ybarat bolan 4 döwre bölýär.

**1. Çagalyk** – çaganyň dünýä inen gününden 6 ýaşa çenli bolan döwür. Bu döwürde çagalar enelik mekdebinde bolýarlar.

**2. Ýetginjeklik** – 6 ýaşdan 12 ýaşa çenli aralygyndaky döwür. Bu döwürde çagalar başlangyç bilimi alýarlar.

**3. Ýaşlyk** – 12 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan döwür. Bu döwürde ýaşlar gimnaziýada ýa-da latyn mekdebi diýip atlandyrylýan mekdeplerde okaýarlar.

**4. Ýigitlik** – 18 ýaşdan 24 ýaşa çenli bolan döwür. Bu döwrüň okuwçylaryna akademiýalar hödürlenilýär.

Ý.A. Komenskiniň bu esaslandyrmasy öz döwründe uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Ý.A. Komenskiý pedagogikanyň taryhynda didaktikanyň esasy meselelerini ilkinji bolup derňän, okatmagyň kanunalaýyklyklaryny we düzgünlerini esaslandyran pedagogdyr. Onuň bitiren hyzmatlary sanardan kän we köptaraplydyr. Ol aýry-aýry **çärýeklerden** ybarat bolan **okuw ýyly,** dynç alyş günleri **(kanikul)** diýen düşünjäni ilkinji bolup girizýär, **okatmagyň synp-sapak ulgamyny** esaslandyrýar. Her bir sapagy synpdaky ýaşytdaş okuwçylar bilen bilelikde geçirmek, başlangyç synplarda her gün – 4, ortaky synplarda 4–5, ýokary synplarda 5–6 sagat okatmak, okuw ýylyny güýz aýynyň ilkinji günlerinde başlamak ideýasy-da Komenskä degişlidir. Ol mugallymyň okuwçylar bilen toparlaýyn işlemegini talap edipdir. Sapagyň bir döwründe okuwçylaryň bilimlerini barlamagy, beýleki bir döwründe täze temany düşündirmek, gönükmeler işlemekligi maslahat beripdir. Ol her bir **sapagyň temasy we maksady** bolmaly diýip belläpdir.

Ý. A. Komenskiý mekdebiň işini guramak we onuň işini dolandyrmagyň düzgünlerini, mugallymyň borçlary we wezipeleri barada ençeme pikirleri orta atypdyr. Ol mugallymyň dogruçyl, işjeň, gowy gylykly adam bolmalydygyny nygtaýar. Ol 100-den gowrak işiň awtorydyr. Onuň mekdep pedagogikasynyň ösmegine goşandy bütin dünýäde ykrar edilendir.

Beýik pedagog Angliýada işläp, okuw kitaplaryny düzmek, dilleri okatmak usulyny işlemek bilen meşgullanyp, Şwesiýada ýaşapdyr,

Wengriýada bolsa mekdep meseleleri boýunça maslahatlar beripdir. Dindar bolanlygyna garamazdan, okatmakda we terbiýelemekde dünýewi pikirleri öňe sürüpdir.

Ol okuwyň guralyşyndaky, zatlaryň öwredilişindäki, okatmak usulyndaky kemçilikleri düzetmek barada sagdyn pikirleri öňe sürýär. Öz mekdebinde yzagalaklygy, okuwçylaryň biperwaýlygyny, manysyz ýat tutmalaryny ýok edýär we zatlaryň düýp mazmununa düşünmegi, döredijilikli pikirlenmegi ýola goýýar. Adamyň terbiýesi we okuwy onuň mekdebi tamamlamagy bilen gutarman, olar ýaşlary geljekki özbaşdak okuwlara we terbiýä taýýarlamalydyr. Komenskiý her döwürde adama bilim bermegiň özboluşly basgançaklaryny kesgitleýär.

Ý.A.Komenskiý ilkinji bolup okuw-terbiýeçilik işlerinde çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak pikirini öňe sürýär. Ol **tebigata uýgunlylyk ýörelgesini** esaslandyrýar. Onuň bu ýörelgesiniň esasy mazmuny, okatmak we terbiýelemek **çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna** gabat gelmelidir. Tebigatda hemme zatlaryň öz wagtynda bolşy ýaly, terbiýelemek-de, okamak-da öz wagtynda, yzygiderli amala aşyrylmalydyr. Diňe şonda biz adama zerur, akyl ýetiriş, ahlak sypatlaryny berip, ylmy maglumatlary öwredip bileris. Ý.A.Komenskiý şeýle ýazýar: **«Her bir öwrenmeli maglumatlar adamyň ýaş aýratynlyklary boýunça böleklere bölünmeli, çaga diňe bellibir ýaşda kabul edilip, özleşdirilip bilinýän maglumatlary hödürlemeli».** Ýan Amos Komenskiý adam paýhasynyň ägirt uly mümkinçilikleriniň barlygyna kalby bilen ynanan, ylmy pedagogiki işlerinde ol ynanjyndan ugur alan, basgançaklar boýunça (enelik mekdebinde, ene dili mekdebinde, gimnaziýada ýa-da latyn mekdebinde) berilmeli bilimiň mazmunyny kesgitlän, görkezme esbaply okatmak düzgünini nazary taýdan esaslandyran, didaktikanyň esasy meselelerini ilkinji bolup derňän, okatmagyň synp-sapak düzgünini girizen, ahlak terbiýesine hem onuň serişdelerine aýratyn ähmiýet beren pedagogdyr. Komenskiniň meşhurlygy onuň pedagogiki pikiriň ösmegine, magaryfyň ilerlemegine oňyn täsiri bilen baglydyr.

## Ý.A. Komenskiniň bilim we terbiýe barada aýdanlary

Mugallymçylyk Ýerde – Gün şöhlesiniň düşýän ýerinde iň hormatly kärdir.

Daragt özüniň köklerini ýere näçe çuň ornaşdyrsa, onuň şonçada mäkäm bolşy ýaly, çuň bilim hem pugta bolýar.

Tertipsiz mekdep suwsuz degirmendir.

Dil okadylyp gutarylandan soň, beýleki ylymlar öwredilmeli.

Mugallym dogruçyl, işjeň, gowy gylykly adam bolmaly.

Akyl taýdan sagat ýaşlaryň hemmesi bilimli bolmaly.

Çagalyk – ýaz, ýetginjeklik – tomus, ýaşlyk – güýz, garrylyk – gyş. Adam öz ömrüniň ýaz döwründen, çagalykdan bilim alyp başlamaly.

Mugallym okuwçylaryň akyl-ukyplaryny açmagyň ähli tärlerini berjaý etmeli.

Mugallym hoşgylaw we mähirli bolmaly.

Mekdep asuda, bilim almaga päsgel bermeýän ýerde ýerleşmeli.

Mekdep ýakymly, içinden hem-de daşyndan göze gelüwli ýer bolmaly.

Aňsatdan kyna ugrukýan düzgünde okatmaly.

Her bir kada, düzgün köp sanly mysallar bilen utgaşdyrylmaly.

## Synp-sapak ulgamy «Beýik didaktika», 1632ý.

1. Okuw ýyly bellibir wagtda başlanmaly, belli wagtda gutarmaly;
2. Okuw ýyly 4 çärýege bölünmeli;
3. Her çärýegiň soňunda dynç alyş (kanikul) günleri bolmaly;
4. Berk okuwlar düzümi bolmaly;
5. Sapagyň dowamlylygy (45min.) bolmaly.
6. Arakesmeler bolmaly;
7. Synplar bir deň ýaşly çagalardan düzülmeli.

## Iogann Genrih Pestalossi (1746-1857).

**«Çagalarda ahlaklylyk beýleki adamlara peýda getirmek işini türgenleşdirmegiň esasynda emele gelýär».** (История педагогики, 1982)



Iogann Genrih Pestalossi (1746–1827 ý.) başlangyç mekdebiň didaktikasyny esaslandyryjy, çagany, mümkingadar, has irki ýaşlardan **(bäş ýaşdan)** başlap okatmagy we terbiýelemegi zerur hasaplan pedagogdyr.

Beýik şweýsar pedagogy Şweýsariýada senagatyň ösüp başlan döwründe daýhanlaryň garyplaşýan mahalynda daýhanlara sowat bermek arkaly ýardam etmegi ýüregine düwüpdir. Ýetimler öýüni açyp, hossarsyz galan segsen çagany okadyp, terbiýeläpdir. Ol çagalaryň iň ýakyn hossary, dosty bolupdyr, olaryň ata-eneleriniň ornuny tutupdyr. Çagalar hem ony tüýs ýürekden söýüpdirler.

1774–1780-nji ýyllarda Neýhof şäherinde döredilen «Garyplar üçin okuw jaýyna» ýolbaşçylyk edipdir. Stanse şäherindäki institutlara, orta mekdep-internatlara, mugallymlary taýýarlaýan bazalara ýolbaşçylyk edýär.

1800–1804-nji ýyllarda Bugdorf şäherinde, 1805–1825-nji ýyllarda Iwerden şäherinde okuw jaýlaryna ýolbaşçylyk edýär.

Ýaş nesliň ähli güýjüni we başarnygyny sazlaşykly ösdürmek pikirini öňe sürüpdir. Ol çagalaryň ruhy güýçlerini we akyl ýetiriş başarnyklaryny oýandyrmagyň, logiki taýdan pikirlenme işini ösdürmegiň okatmagyň esasy wezipesi bolup durýarýandygyny belläpdir. Görnükli pedagog görkezme esbaply okatmak ýörelgesini absolýut derejä ýetirýär. Çagalaryň şahsy durmuş tejribesine daýanylmagy, olara durmuş hakykatynyň gös-göni täsiri, okatmagyň bütin ulgamynyň kämilleşdirilmegi üçin ägirt uly mümkinçilikler açýar. Ol «Lingart we Gertruda» diýen pedagogiki romanyny ýazýar. **«Ene-**

**ler üçin kitap», «Syn etmegiň elipbiýi», «San hakynda görkezme okuw», «Guw aýdymy», «Stanse barada dostuma hat»** eserleriniň awtorydyr. Pestalossi döwrüniň öňdebaryjy didaktiki garaýyşlaryndan ugur alyp, başlangyç okuwyň hususy usullarynyň esaslaryny döredipdir.

I.G. Pestalossi başlangyç mekdepde berilýän bilimiň mazmunyny ep-esli giňeldipdir, **zähmet terbiýesiniň didaktiki esaslaryny** işläp düzüpdir. Okuwçyny durmuşda ukyply adam edip ýetişdirmegiň zerurlygyny esaslandyrypdyr. Beýik pedagog başlangyç mekdepde ene dili, arifmetika ýaly dersleri okatmagyň usullaryna degişli ençeme gymmatly işlerini miras galdyrdy. Onuň XIX asyryň başlarynda çapdan çykan «Gertruda öz çagalaryny nähili okadýar?», «Eneler üçin kitap», «Syn etmegiň elipbiýi» ýaly işlerinde başlangyç okuwyň täze usullary beýan edilýär.

Eýsem, I.G.Pestalossini beýleki pedagoglardan tapawutlandyrýan zat näme? Ol her bir aýtjak zadyny, öňe sürjek pikirini hut özüniň pedagogiki iş tejribesinde barlap görüpdir. Toplan aýry-aýry faktlarynyň, geçiren gözegçilik işleriniň esasynda nazary-teoriýa taýdan netije çykarypdyr. Terbiýe nazaryýetiniň, didaktikanyň möhüm meselelerini işlemekde bu pedagogyň orny uludyr. Ol okuw bilen öndürijilikli zähmeti terbiýäniň maksadyna tabyn bolar ýaly edip birleşdirmäge ilkinji bolup synanyşyk edýär. Senetçilik zähmetiniň esasynda politehniki taýýarlyk baradaky pikire ýakyn durýar.

Ol mekdep okuwy her bir okuwçynyň başarjaňlygyny ösdürip, ony özbaşdak durmuşa taýýarlamalydyr diýen pikiri öňe sürýär. Beýik rus pedagogy K.D.Uşinskiý onuň bu pikirini beýik açyş diýip hasap edipdir.

### Iogann Genrih Pestalossiniň bilim we terbiýe barada aýdanlary

Meniň okuwçylarym täze zady menden öwrenmeýärler, täze zady olaryň özleri açýarlar. Meniň baş wezipäm – olaryň özleriniň şahsy ideýasyny ösdürmek üçin onuň açylmagyna kömek etmek.

Akyl terbiýesi ahlak terbiýesi bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr.

Akyl ýetiriş işi duýgulara esaslanyp kabul edişe daýanýar.

Okatmak işi syn etmäge we tejribä esaslanmaly, umumylaşdyrmak hem-de netijä gelmek ösmelidir. Syn etmegiň netijesinde çaga görüş, eşidiş we beýleki duýgulary kabul edýär, olar çagada pikiri we gürlemek zerurlygyny oýarýar.

Okatmak, birinjiden, okuwçy tarapyndan duýgular tejribesine esaslanyp bilim goruny toplaýar, ikinjiden, onuň akyl ýetiriş ukyplaryny ösdürýär.

Dünýä akyl ýetirmegiň **san, forma, söz** diýen üç elementi bar: ilkinji başarnyklar – ölçemek, sanamak, sözlemek.

Okatmagyň esasy ýörelgesi – görkezme esbaplylykdyr. Görkezme esbapsyz sözleýşi we pikirlenmäni ösdürmekde gowy netije gazanyp bolmaz.

Okatmakda yzygiderlilige we ulgamlylyga esaslanmaly.

Okatmakda diňe bilimler bilen kämilleşdirmän, eýsem, başarnyklary we endikleri kemala getirmeli.

Okatmakda esasy orun mugallyma degişlidir.

Dogry terbiýe berlen ýagdaýynda çagalar geljekde öz güýçleri bilen kynçylyklary ýeňip geçerler.

Çaganyň doglan sagady – ony okatmagyň birinji sagadydyr.

Terbiýe tebigylyk esasda alnyp barylmaly, başgaça aýdylanda, adam tebigatynyň hakyky ösüşine laýyk gelmeli.

Terbiýäniň baş maksady – sazlaşykly ösen adamy kemala getirmek.

Ahlak terbiýesiniň ýönekeý elementi – çaganyň enesine bolan söýgüsi.

Ahlak terbiýesiniň esaslary maşgalada kemala gelýär. Soňra çaganyň ahlak güýçleri mekdepde ösdürilýär, mugallymyň çagalara atalyk gatnaşygyna esaslanýar.

Pestalossi ahlagy terbiýelemekde ahlak baradaky gürrüňlere uly ähmiýet beripdir. Ahlak terbiýesini bermekde moral duýgulary ösdürmeklige we ahlak hereketleri türgenleşdirmeklige üns bermegi talap edipdir.

## Žan Žak Russo (1712- 1778)

**«Çagalar terbiýäni üç çeşmeden alýarlar: tebigatdan, daş-töwerekdäki adamlardan, derslerden».**



Ol öz döwründäki mekdeplerde alnyp barylýan okuw ulgamyna garşy çykyş edip, her bir zada akyl ýetirmegiň esasy çeşmesi daş-töweregimizdäki real hakykatdyr, çaga şol hakykaty özbaşdak öwrenip, oňa akyl ýetirip bilmelidir diýip çykyş edýär. Ol çagalaryň duýuş agzalaryny ösdürmegiň tarapdary bolýar. Elbetde, Russo çagany okatmagy 12 ýaşdan başlamagy teklip etmek bilen, okatmagyň yzygiderlilik usulyna kembaha garaýar. Şeýle-de bolsa, Russonyň okatmak we bilim bermek babatyndaky pikirleri tutuşlygyna alnanda aýratyn ähmiýete eýedir.

Ž.Russony tanymal eden, oňa şöhrat getiren onuň meşhur **«Emil ýa-da terbiýe hakynda»** diýen eseridir. Ol bu eseri 1762-nji ýylda ýazypdyr. Bu eserde ol öz döwründe çagany terbiýelemek boýunça alnyp barylýan ulgamy berk tankytlaýar. Şol sebäpli onuň kitabyny oda ýakýarlar. Russonyň özi-de Parižden gaçyp gitmäge mejbur bolýar.

Ž.Russo terbiýe çaganyň **tebigatyna laýyk** edilip guralmalydyr diýip belleýär. Şeýle hem, ol **erkin terbiýe** ideýasyny öňe sürýär. Çagany zor bilen, mejbur etmek, buýruk bermek arkaly terbiýeläp bolmajakdygyny nygtaýar. Ol terbiýeçilik işinde çaga **temmi bermeklige garşy bolupdyr.**

Ž. Russonyň pikiriçe, tebigat, adamlar, daş-töwerekdäki zatlar çagany terbiýelemegiň esasy sebäpleridir, şol sebäpler çaganyň tebigy ösüşini üpjün etmelidir. Ol şahsyýeti, ýaş nesli kemala getirmekde **mugallyma** uly orun degişlidigini, terbiýeçilik işi bilen meşgul bolan adamyň çaganyň okuwyna, terbiýelenişine eserdeňlik bilen ýolbaşçylyk etmelidigini, ony ugrukdyryp, garaýyşlaryny we höwes-

lerini terbiýelemelidigini, bu ýagdaýda çaganyň özüne täsir edilýändigini duýmaly däldigini belleýär.

Russonuň pikiriçe, **çagalar terbiýäni üç çeşmeden alýarlar: tebigatdan, töweregindäki adamlardan, derslerden.** Olar çagany terbiýelemegiň esasy şertleridir. Olar çaganyň tebigy ösüşini üpjün etmelidir. Tebigat bilen terbiýelemek – bu adamyň ukyplarynyň we duýuş organlarynyň «içki» ösüşini öwrenmek, adamlar arkaly terbiýelemek – adamlaryň şol ukyplaryň we organlaryň ösüşini dogry peýdalanmaklaryny öwrenmek, zatlar bilen terbiýelemek – adamyň zatlardan alýan tejribesidir. Bu faktorlaryň ählisi ylalaşykly, bir ugra gönükdirilip hereket etmelidirler. Russo «Emil ýa-da terbiýe hakynda» diýen işinde adamyň doglan gününden kämillik ýaşyna çenli ösüşiniň esasy döwürlerini hem-de her bir döwür üçin terbiýeçilik wezipelerini bellemäge synanyşyk edipdir. Ol çaganyň ýaş aýratynlyklaryny dört döwre bölýär:

1. 0–2 ýaş aralygynda esasy orunda çagalaryň **bedenterbiýesi** durmaly.

2. 2–12 ýaş aralygynda «aňyň uklaýan» döwri, çaga pikir ýöretmegi we logiki pikirlenmegi başarmaýar, onuň, esasan, «daşky duýgulary» ösýär.

3. 12–15 ýaş aralygynda akyl terbiýesiniň we akyl talaplarynyň ösýän döwri.

4. 15 ýaşdan kämillik ýaşyna çenli aralyk – «tupanlar döwri», bu döwürde ahlak terbiýesi amala aşyrylýar.

Ol çaganyň şahsyýetini hormatlamaga onuň gyzyklanmalaryny öwrenmäge, ýaş aýratynlyklaryny hasaba almaga üns bermegi talap edýär.

1. Eneden bolandan iki ýaş aralygy – çaganyň geplemegi öwrenýän wagtyna çenli bolan döwür.

2. Iki ýaşdan 12 ýaşa çenli bolan döwür. Russo çaganyň ösüş kanunyna dogry düşünmändigi üçin, bu döwürde sistematiki (yzygiderli) okuwy maksada laýyk däl hasaplapdyr. Onuň pikiriçe, ösüp barýan nesil 2 ýaşdan 12 ýaşa çenli aralykda kitap okamazdan hem köp zatlary öwrenip bilýär. Ol logiki taýdan pikirlenmäge ukyply däl, şoňa görä,

ahlaklylyk düşünjelerini özleşdirip bilmeýär; çaga astronomiýanyň, geografiýanyň, arifmetikanyň, geometriýanyň elementlerini hut tejribede özleşdirip biler, kitap bilen gyzyklanaýanda-da oňa D.Defonyň «Robinzon Kruzo» eserini hödürlemek bolar, sebäbi onuň gahrymany ýaşaýşy üçin gerek zatlary özbaşdak oýlanyp tapýar.

3. Çaganyň 12 ýaşdan 15 ýaşa çenli bolan döwri. Russonyň düşündirişinde bu döwürde ýaş nesil bilimleri özleşdirmäge taýýarlykly bolýar.

4. 15 ýaşdan kämillik ýaşyna çenli bolan döwür. Bu döwür ahlak terbiýesini amala aşyrmak üçin oňaýlydyr.

Görnüşi ýaly, Russonyň çaganyň durmuşyny döwürlere bölmeklige çemeleşişi başgaçadyr. Onuň pedagogiki garaýyşlarynda gapma-garşylyklar bar. Ýöne şoňa garamazdan, Russo öz döwründe terbiýäniň maksady, wezipeleri we usullary babatynda peýdaly pikirleri orta atypdyr.

Russo «Emil ýa-da terbiýe hakynda» eserinde ahlak terbiýesiniň üç wezipesini öňe sürýär: **ahlak duýgulary terbiýelemek, ahlak pikirleri terbiýelemek we ahlak erki terbiýelemek.**

Ahlak duýgularyny kemala getirmek üçin goý, ýigit adamlaryň kynçylyklaryny, hasratyny synlasyn, görelde alsyn.

Ahlak pikirleri kemala getirmek üçin goý, ýigit beýik adamlaryň terjimehallaryny, taryhy öwrensin.

Ahlak erki terbiýelemek üçin ahlak hereketleri ýerine ýetirsin – diýip maslahat berýär.

Eserde Emil dürli hünärleri öwrenýär we kämil ele alýar. Russonyň pikiriçe, her bir adam, garyp ýa-da baý bolsun, zähmet çekmegi we birnäçe hünärden baş çykarmagy başarmaly. Zähmet – her bir erkin adamyň borjudyr, terbiýe serişdesidir. Şonuň üçin, onuň gahrymany Emil ussaçylygy öwrenýär, onda zähmete hormat terbiýelenýär, zähmet gatnaşyklary emele gelýär.

Pedagog çaga tebigatyna laýyk terbiýe berilmelidigini, onuň özboluşly we ýaş aýratynlyklarynyň hasaba alynmalydygyny nygtaýar. Ol **«Tebigat çagalaryň uly bolmazdan öň, çaga bolmaklaryny isleýär»** diýip belleýär. (История педагогики, 1982)

## Adolf Disterweg (1790–1866)



**Adolf Disterweg** nemes pedagogy, gumanist. Ol hukukçy çinownigiň maşgalasynda dogulýar. Uniwersiteti gutarandan soň, orta mekdebiň fizika we matematika mugallymy bolup işleýär, mugallymçylyk seminariýasynyň direktory wezipesini ýerine ýetirýär hem-de pedagogikany, nemes dilini we matematikany okadýar. 1862-nji ýylda onuň ýönekeý (elementar) geometriýa kitaby nemes dilinde neşir edilipdir. A.Disterweg 1851-nji ýyldan başlap **«Terbiýelemek we okatmak üçin Reýn sahypalary» žurnalyny, pedagogiki ýyllyklary** (ýežegodnikleri) çap edip başlapdyr. Žurnalda onuň 400-den gowrak makalasy çap edilýär. Ol **«Nemes mugallymlaryny okatmak üçin gollanma»** diýen işinde okuwçylaryň artykmaç maglumatlardyr ýumuşlar bilen ýüküni ýetirmegiň tarapdary bolman, bu pikiri ýalňyş hasaplapdyr. A.Disterweg başlangyç synp mugallymlarynyň taýýarlygyny gowulandyrmagyň tarapdary bolupdyr. Oňa «Nemes mugallymlarynyň mugallymy» diýipdirler. Ol özüniň ajaýyp eserlerinde mugallymlara peýdaly maslahatlary beripdir.

Okuw-terbiýeçilik işleriniň guralyşy, mekdebiň wezipeleri barada gymmatly pikirleri öňe sürýär, okatmakda, terbiýelemekde çagalaryň ýaş we özboluşly (indiwidual) aýratynlyklaryny göz öňünde tutmagy, çagalaryň psihologiýasyny, fiziologiýasyny düýpli öwrenmegi ündedi, ol diňe şeýle edilende çagalaryň sazlaşykly ösüşini gazanmak mümkindir diýip düşündirýär.

Disterwegiň **didaktikasynyň esaslary 33 düzgünde jemlenýär.** Şolaryň arasynda okatmakda ýönekeýden çylşyrymla, belli zatdan näbellä, ýakyndan daşa, ugrukmaklyk, okuw materiallarynyň her çaga üçin elýeterli bolmagyny, bilimleriniň berk özleşdirilmegini

gazanmak ýaly şu günki günem ähmiýetini ýitirmän gelýän düzgünler bar.

Ol okatmagyň terbiýeleýjilik häsiýetde bolmagyna aýratyn ähmiýet beripdir. Okatmakda çagalaryň duýgy organlarynyň üsti bilen kabul etmegini ýola goýmak baradaky pikirleri öňe sürýär.

Germaniýada A.Disterwegiň pedagogiki garaýyşlaryna ýokary baha berilýär, onuň adyna ýörite medal döredilip, şol medal bilen iň gowy mugallymlar sylaglanylýar. Disterwegiň pedagogiki eserleri neşir edilýär we öwrenilýär.

Geçmişiň öňdebaryjy pedagogy okuw prosesinde mugallymyň ornuna örän uly ähmiýet beripdir. Nemes mugallymlarynyň mugallymy A. Disterweg mugallyma **«Älem üçin Gündür»** diýmek bilen onuň işini maşynlary herekete getirýän güýje deňäpdir.

Bilimleri özleşdirmek meselesi barada ol: **«Bir zady köptaraplaýyn öwrenmek, köp zady birtaraplaýyn öwrenmekden has ähmiýetlidir»** – diýýär.

– Ýaramaz mugallym hakykat barada habar berýär, gowy mugallym ony tapmagy öwredýär.

– Terbiýäniň esasy maksady-hakykata, gözellige we ýagşylyga hyzmat etmekdir.

– Okatmak adamyň hemmetaraplaýyn ösüşine we ahlak terbiýesine täsir etmelidir.

– Okuwçylaryň öwrenen zatlarynyň ýatdan çykmazlygyny alada et!

– Esasy zatlary öwretmekde howlukma!

– Eger-de diňe ýönekeý kabul etmekligi we passiwligi öwredýän bolsa, her bir usul ýaramazdyr, özbaşdaklygy oýarýan bolsa – gowudyr.

– Gowy mugallym ýokary derejede öz dersini bilmeli we öz hünärini hem-de çagalary söýmelidir.

– Sen öz bilimiňi kämilleşdirmegiňi dowam edýänçäň, özgeleriň bilimine täsir etmäge ukyplysyň!

## Russiýada pedagogik pikiriň ösüşi
## Konstantin Dmitriýewiç Uşinskiý (1824-1870)



Konstantin Dmitriýewiç Uşinskiý rus ylmy pedagogikasynyň, halk mekdebiniň düýbüni tutujy, nazaryýeti amalyýet bilen utgaşdyrmagy, mugallym bilen okuwçylaryň arasyndaky sazlaşygy emele getirmegi iş ýüzünde başaran, pedagogiki pikiriň ösmegine oňaýly täsir edip bilen täzelikçidir. K.Uşinskiý rus mekdebini, pedagogika ylmyny ösdürmek bilen baglanyşykly döreden işlerinde Watanyň, halkyň bähbidinden ugur alyp, oňa gulluk etmegi özüniň ýeke-täk hem iň ýokary maksady hasaplapdyr. Pedagog uzak bolmadyk manyly ömrüniň dowamynda **«Kameral bilim hakynda», «Jemgyýetçilik terbiýesindäki halkylyk barada», «Pedagogiki antropologiýa», «Şweýsariýa boýunça pedagogiki gezelenç» ýaly gymmatly eserlerini, «Çagalar dünýäsi», «Ene dili» atly** meşhur okuw kitaplaryny, beýleki ylmy-pedagogiki gollanmalaryny miras galdyrdy.

K.D.Uşinskini «rus mekdebiniň atasy», «rus mugallymlarynyň mugallymy» diýip adalatly atlandyrýarlar.

Beýik rus pedagogy **«Ene dili halkyň uly halypasy»** diýmek bilen bilimler özleşdirilende ene diliniň aýratyn hyzmatyny nygtap, ony çaganyň akyl ýetirjiligini, sözleýşini ösdürmäge gönükdirmeli diýen pikirden ugur alýar.

K.D.Uşinskiý terbiýäniň we bilimiň esasy meselelerine döredijilikli çemeleşmek bilen, olary ylmy esaslarda täzeden işleýär. Ol terbiýe jemgyýetçilik hadysasydyr, onuň esasy maksady bolsa akyl taýdan ösen, ahlak taýdan kämil, fiziki tarapdan sagdyn adamyny kemala getirmekden, ony durmuşa zähmet çekmäge ukyply edip ýetişdirmekden ybaratdyr diýip düşünýär.

Onuň pikiriçe, ösüp gelýän nesliň ählisi hökmany suratda okadylmaly, halk terbiýe işini guramaga we dolandyrmaga gatnaşmaly,

mekdeplerde berilýän bilim halkyň bähbitlerine laýyk gelmeli, hem durmuş bilen arabaglanyşykda bolmaly. Mundan başga-da, çagalaryň akyl ýetirijilik başarnyklaryny ösdürmeli, zähmet çekmek adamyň ruhy islegine öwrülmeli, her bir ýaş adam sagdyn erkli, berk bedenli, hakyky watançy bolmaly. Munuň üçin bolsa okuwçylar, ozaly bilen, öz ene dilini we edebiýatyny, ýurdunyň taryhyny, geografiýasyny, halkynyň geçmişde görkezen gahrymançylyklaryny gowy bilmeli. Şeýle-de ol estetiki terbiýe baradaky meselelere hem köp üns berýär.

Beýik rus pedagogy özüniň psihologiki pikirlerinde çagada erkliligi terbiýelemäge aýratyn ähmiýet berip, sagdyn erklilik terbiýelenende, çaganyň kynçylyklary ýeňip geçmäge ukyply bolýandygyny belleýär.

## K.D. Uşinskiniň didaktiki garaýyşlary

K.D.Uşinskiý XIX asyryň ortalarynda didaktikanyň esasy ýörelgelerini täzeden işleýär we ösdürýär. Beýik pedagog «Ene dili» kitabyna degişli gollanmasynda, «Şweýsariýa pedagogiki syýahat» makalalar toplumynda okuw işlerini, sapagy çagalaryň psihologik aýratynlyklarynyň esasynda guramagyň zerurdygyny, öwrenilýän maglumatlara olaryň ünsüni çekip, sapagy has gyzykly hem täsirli geçmegiň mugallymyň esasy wezipeleriniň biridigini nygtaýar.

Görnükli pedagog kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň pikirlenme işiniň has takyk bolýandygyny göz öňünde tutup, **okatmagy okuw – görkezme esbaplary** arkaly alyp barmagy maslahat berýär. Beýik rus pedagogy okatmagyň **«görkezme esbaply alnyp barylmagyny çagalaryň tebigaty görnetin talap edýär»** diýip belläpdir. Ol: **«Çaga haýsy-da bolsa bir bilmeýän bäş sany sözüni öwredip görüň, ol şol sözleriň üstünde uzak wagtlap we biderek ýere çytraşar; emma edil şonuň ýaly ýigrimi sany sözi suratlar bilen baglanyşdyryň, çaga olary derrew özleşdirer»** diýip maslahat berýär.

Pedagog çagalaryň formalar, reňkler, sesler, umuman, duýgular esasynda pikirlenýändikleri, şoňa görä-de sapakda okuw-görkezme esbaplaryny ýerlikli we yzygiderli peýdalanmak bilen, gowy netije

gazanmak boljakdygyny aýdýar. Onuň pikiriçe, näçe köp duýuş agzalary kabul edişe gatnaşsa, şonça-da bilim berk we doly bolýar. Ol şeýle belleýär: **«Näme üçin möý inçe sapaklardan şeýle ajaýyp dogry ylgaýar, sebäbi ol bir aýagy däl-de, birnäçesi bilen saklanýar: biri sypaýsa-da, beýlekisi saklar».**

K.D.Uşinskiý **okuwyň terbiýeleýjilik tarapyny** ünsden düşürmezligi maslahat berýär. Ol **«terbiýe çaganyň ösüşiniň ähli tarapyny öz içine alýan örän giň hadysadyr. Terbiýe adamyň diňe bir akylyny ösdürmän, oňa maglumatlaryň bellibir möçberini bermek bilen çäklenmän, eýsem, onda zähmete bolan çynlakaý hyjuwy döretmelidir, şonsuz onuň durmuşy şatlykly bolmaz»** diýip belleýär.

Pedagog sapakda okuwçylaryň **sözleýiş dilini ösdürmek** üçin ilki dilden, soňra ýazuw üsti bilen ýerine ýetirilýän gönükmeleri işlemegi, şol gönükmeleri kem-kemden çylşyrymlaşdyrmagy mugallymlara maslahat berýär. Ol bu işde halk şygryýetiniň, çeper edebiýatyň iň gowy nusgalaryndan ýerlikli peýdalanyp bilmegi, okaljak maglumatlary iňňän seresaplylyk bilen seçip almagy başarmak zerur diýip öwredýärdi.

Beýik pedagog sapakda maglumatlary düşündirmäge, geçilenleri gaýtalamaga, ýazuw-grafiki işlerini geçirmäge, okuwçylaryň bilimlerini wagtly-wagtynda hasaba alyp durmaga aýratyn ähmiýet berýär. Rus pedagogynyň öňe süren pikirleri, aýratyn-da okuw-terbiýeçilik işinde okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak, okuw-görkezme esbaplaryndan ýerlikli peýdalanmak babatynda hödürlän usuly maslahatlary, öz döreden okuw kitaplarydyr gollanmalarynda esaslandyrylan düzgünleri, didaktiki maglumatlary we serişdeleri, peýdalanmaga degişli hödürlän usullary, tärleri hem aýratyn gymmatlydyr.

Şu ýerde K.D.Uşinskiniň türkmen alym-pedagoglaryna-da oňyn täsir edendigini belläp geçmek ýerlikli bolar. Beýik rus pedagogy bilimler özleşdirilende ene diliniň aýratyn hyzmaty bar, «ene dili halkyň uly halypasy», ony çaganyň akyl ýetirjiligini, sözleýşini ösdürmäge gönükdirmeli diýen pikirden ugur alýardy. Munuň özi ene dili boýun-

14. Sargyt № 986

ça döredilýän okuw kitabyna halkyň durmuşyndan, halk döredijiliginden alnan materiallary, nusgawy poeziýanyň eserlerini girizmek gerek diýlen talabyň öňe sürülmegidir. Belli türkmen alym-pedagogy A.Alyýew hem ilkinji türkmen harplygyny ýazanda K.D.Uşinskiniň didaktiki düzgünlerinden ugur alypdyr.

## K. D.Uşinskiý terbiýe barada

K. D. Uşinskiniň pedagogiki ulgamynda terbiýäniň maksady, düzgünleri we mazmuny baradaky garaýyşlary esasy orny eýeleýär. Bu barada ol özüniň «Adam terbiýäniň predmeti hökmünde» eserinde giňişleýin beýan edýär.

K. D. Uşinskiniň pikirine görä, terbiýe nazaryýetiniň we tejribesiniň esasy edilip halkylyk ýörelgesi goýulmalydyr. Ol terbiýe ulgamyny pugta seljerip, terbiýäniň wezipesini kesgitlemäge çemeleşipdir. K. D.Uşinskiý ähli terbiýe ulgamlarynda, okuw-terbiýeçilik işlerinde umumylyk bar hem bolsa, her bir ulgamyň beýleki ulgamdan düýpli tapawutlanýandygyny belläpdir. Ol pedagogikany jemgyýetçilik durmuşy, halk bilen baglanyşdyrýar.

Okuwçylary terbiýelemekde olaryň indiwidual aýratynlyklaryny hasaba almaklygy ündeýär. Okuwçylaryň fiziki, psihiki ösüşini, olaryň akyl we ahlak taýdan terbiýelenen derejesini bilmän dogry maksat-da goýup bolmaýar, zerur serişdeleri-de saýlap bolmaýar. K.D.Uşinskiý şeýle diýýär: «Eger-de pedagogika adamy hemmetaraplaýyn terbiýelejek bolsa, ol ony hemmetaraplaýyn bilmelidir, öwrenmelidir».

K. D. Uşinskiniň pedagogiki ulgamynda **ahlak taýdan kämilleşen şahsyýeti terbiýelemek meseleleri** uly orun tutýar. Bu meseleleri Uşinskiý özüniň halkylyk ýörelgesi esasynda çözüpdir.

Sazlaşykly ösen adam diýlende K.D. Uşinskiý akylly, ahlak taýdan kämil we berk bedenli şahsyýete düşünipdir. Ol şu esasy häsiýetlerden ahlak kämilligi adam şahsyýetinde iň esasy we kesgitleýji zat hasaplapdyr. Ahlak duýgusy adamyň içki dünýäsiniň ösmegine iň esasy duýgudyr. Görnükli pedagog **«Rus terbiýesinde ahlak elementler»** işinde terbiýäniň esasy wezipesi ahlak taýdan täsir et-

mekdir diýip ýazýar. Ol terbiýelemegiň we okatmagyň ähli işiniň halkyň terbiýeçilik wezipelerine tabyn edilmegini belleýär. Eger-de terbiýe, okatmak adamyň ahlak we akyl taýdan ösüşine täsir etmese, onda onuň geregi ýokdur.

**Adamy adam edip terbiýeläp ýetişdirmek üçin K.D.Uşinskiý birnäçe talaplary öňe sürýär:**

1. Çagalarda adam we onuň jemgyýetde tutýan orny barada dogry garaýşy terbiýelemek;

2. Çagalarda okuwa, onuň maksadyna we wezipelerine dogry, işjeň garaýşy emele getirmek;

3.Ähli terbiýeçilik işlerini çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk geçirmek we çaganyň psihikasynyň ösüşini çuňňur öwrenmek;

4. Terbiýeçilik işini gönüden-göni mugallymyň ýolbaşçylygynda alyp barmak;

5. Çagalaryň ýokary ahlaklylygy üçin jogapkärçilik çekmek;

6. Okuwçylar toparyny pedagogikanyň talaplaryna laýyk edip guramak;

7. Terbiýeçilik işinde mekdebiň, maşgalanyň we jemgyýetçiligiň çagalara çemeleşmeginde birligini gazanmak.

Şu ýedi talaby görkezmek bilen K.D.Uşinskiý şahsyýeti terbiýelemekde olaryň berjaý edilmeginiň zerurdygyny belläpdir. Görnükli rus pedagogy şahsyýeti terbiýelemegiň esasy elementlerini ylmy taýdan işläp düzüpdir.

Ol şahsyýeti kemala getirmegiň mazmunyna şeýle **sypatlary** girizipdir:

1. Watana söýgi.
2. Ynsanperwerlik.
3. Dogruçyllyk.
4. Zähmeti söýmek
5. Jogapkärçilik duýgusy.
6. Düzgün-nyzamlylyk.
7. Estetiki duýgy.
8. Berk erk we berk häsiýet.

Şu häsiýetleriň hemmesini K. D. Uşinskiý biri-biri bilen baglanyşykly, şahsyýeti terbiýelemek işiniň üznüksiz taraplary hasap edýär.

Görnükli pedagog adamda iň ýokary, iň esasy duýgularyň biriniň **watançylykdygyny** belleýär. Onuň pikirine görä, watançy – bu özüniň hususy bähbidini Watanyň, halkyň bähbidine tabyn edýän, ähli güýjüni Watan üçin sarp edýän adamdyr. Pedagog çagalarda watançylyk duýgularyny terbiýelemegiň esasy çeşmesi halkyň taryhy, onuň geçmişdäki ýaşaýşy we göreşidir diýip nygtaýar.

Ol çagalarda **dogruçyllygy** terbiýelemekde mugallymyň şahsy göreldesiniň uly ähmiýete eýedigini belläp, mugallymyň okuwça beren sözünde hökman durmalydygyny aýdýar.

Ynsan şahsyýetiniň kemala gelmeginde K.D.Uşinskiý **zähmetiň** uly ähmiýetiniň bardygyny belleýär. Onuň pikiriçe, adam zähmet çekmäge meýillidir, zähmet çekmeýän adam – adam däldir, zähmet – bu beýik bagtdyr. Zähmet terbiýäniň esasy faktory bolmak bilen çäklenmän, eýsem onuň özi tutuş terbiýedir. Zähmet terbiýesi çagada oňa bolan höwesi döretmelidir. Görnükli pedagogyň «Zähmet we onuň psihiki hem-de terbiýeçilik ähmiýeti» diýen eserinde öňe sürýän garaýyşlarynda zähmetiň üsti bilen okuwçylara ahlak terbiýesini bermeklige uly ähmiýet berilýändigini görýäris.

Görnükli pedagog terbiýeçilik we okuw işlerini çagalarda **jogapkärçilik** hem-de öz etmişi üçin utanç duýgusynyň döremegine, ösmegine täsir eder ýaly derejede guramagy talap edipdir, şu duýgulary çaga köpçüliginde terbiýelemegiň ýollaryny görkezipdir. Ol çagalarda jogapkärçilik duýgusyny terbiýelemegi, aňly-düşünjeli düzgün-nyzamlylygy terbiýelemek bilen utgaşdyryp alyp barmalydygyny talap edýär.

Şahsyýeti terbiýelemek meselesini Uşinskiý hemişe adamda berk **erk-häsiýeti** terbiýelemek wezipesi bilen baglanyşdyrýar. Görnükli pedagog ynamyň endige öwrülýändigini, pikiriň işe geçýändigini, beýle ýagdaýyň üstünlikli bolmagynda bolsa şahsyýetde berk erki terbiýelemäge köp üns berilmelidigini aýdýar.

Görnükli pedagogyň çagalarda **ahlak terbiýesini** bermegiň usuly baradaky garaýyşlary terbiýeçilik işleri bilen meşgul bolýanlar üçin

pedagogiki taýdan örän peýdalydyr. Dogrusy, beýik pedagog ahlak terbiýesiniň usulyny doly işläp gutarmaga ýetişmändir, emma çagalara pedagogiki täsir etmegiň ýollary, serişdeleri baradaky maslahatlary onuň ähli eserleriniň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Görnükli pedagog **ahlak terbiýesiniň** aşakdaky **usullaryny** nazaryýet taýdan işläpdir:

1. Şahsy görelde we onuň terbiýeçilik ähmiýeti.
2. Ynandyrma terbiýäniň esasy serişdesi hökmünde.
3. Okuwçylar bilen gatnaşyk etmek we pedagogik taktyň terbiýeçilik ähmiýeti.
4. Duýduryş çäreleri terbiýede üstünligiň serişdesi hökmünde.
5. Höweslendirmek we sylaglamak.
6. Temmi bermek.

K. D. Uşinskiniň **höweslendirmek** we **temmi bermek** baradaky pikirleri-de ahlak terbiýesiniň usulyýetinde degişli orny eýeleýär. Bu meseläni ol köplenç umumy mekdep düzgün-tertibi bilen baglanyşykly aýdyňlaşdyrypdyr. Okuwçylary höweslendirmek meselesine K. D. Uşinskiý örän oýlanyşykly çemeleşipdir. Ol özüniň «Demirgazyk amerikan mekdepleriniň içki gurluşy» diýen işinde oňat ýerine ýetirilen işi hiç wagt makullamaýan we onuň üçin minnetdarlyk bildirmeýän mugallymy çagalaryň erbet görýändiklerini, bu ýagdaýyň olaryň kämillige, üstünlige bolan hyjuwyny gaçyrýandygyny belleýär.

## Beýik rus pedagogy mugallym barada

K.D.Uşinskiý sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmekde mugallymyň ornuna uly baha berýär. Ol çagalara ahlak terbiýesini bermekde mugallymyň şahsy göreldesiniň iň gowy serişdelerden biridigini belläpdir. Ol özüniň **«Mugallymçylyk seminariýasynyň taslamasy»** işinde bu barada şeýle ýazýar: «Mugallymyň şahsy göreldesi – bu ýaş ýürek üçin hiç zat bilen çalşyp bolmajak Gün şöhlesiniň täsiridir» (История педагогики, 1982)

K.D.Uşinskiý mugallymyň çagalara oňyn görelde görkezmelidigini, onuň ýaş nesle ahlak terbiýesini bermekde okatmagyň ähli täsirini özüniň oňyn göreldeliligi bilen utgaşdyrmalydygyny aýdýar.

Mugallymyň öz işini talabalaýyk alyp barmagy, onuň diňe bir okadýan dersini gowy bilmegine bagly däldigini, onuň pedagogikany-da, psihologiýany-da mäkäm özleşdirmelidigini, özüniň okadýan we terbiýeleýän adamsyna täsir etmegiň tärlerini ýeterlik bilmelidigini nygtaýar. Sebäbi, onuň pikiriçe, adamy hemmetaraplaýyn terbiýelemek üçin, ony ymykly öwrenmek zerur.

Başlangyç mekdebi esasy pedagogiki merkezi edara öwürmek islän rus pedagogy özüniň **«Mugallymçylyk seminariýasynyň taslamasy»** (1861) makalasynda başlangyç mekdepler üçin mugallym kadrlaryny taýýarlamagyň anyk meýilnamasyny işläp düzýär. Şonda beýleki (rus dili we edebiýaty, arifmetika, geografiýa, taryh, tebigaty öwreniş ýaly) dersler bilen bir hatarda, pedagogika, psihologiýa, başlangyç okuwyň usulyna hem orun berilýär.

Beýik pedagogyň öwredişine görä, mugallym sapakda okuwçylaryň döredijilikli işlemegini gazanmalydyr. Mugallym tarapyndan berilýän soraglar logiki yzygiderlilikde, kem-kemden çylşyrymlaşdyrylýan görnüşde bolmalydyr. Mugallymyň okuwçynyň psihologik aýratynlygyny öwrenmegi mugallymyň okuw-terbiýeçilik işlerini has täsirli edip guramagyna, duşýan kyn hem çylşyrymly meseleleri çözmegine mümkinçilik berýär.

## L.N.Tolstoýyň pedagogik garaýyşlary barada umumy düşünje



L.N. Tolstoýyň pedagogiki işi 1849-njy ýylda başlanýar. Meşhur ýazyjy hem pedagog Krym urşundan gelenden soň, Ýasnaýa Polýanada we oňa golaý obalarda birnäçe **daýhan mekdeplerini** açýar. L.Tolstoý bilimli adamlaryň halk köpçüliginiň sowatly bolmaklary üçin, kömek bermeli döwrüniň ýetip gelenligini belläpdir.

1872-nji ýylda Tolstoýyň düzen **«Azbukasy»** (Harplyk), 1875-nji ýylda bolsa

täzeden işlenen **«Nowaýa azbuka»** («Täze harplyk») hem-de dört sany **«Knigi dlýa çteniýa»** («Okamak üçin kitap») diýen kitaplary neşir edilýär. Edil şol döwürde ol arifmetikadan okuw kitabyny düzýär we başlangyç bilimi bermegiň usuly hem-de halk mekdeplerine degişli meseleleriň birnäçesi bilen meşgullanýar.

70-nji ýyllarda Ýasnaýa Polýanada Tolstoý ýene-de çagalary okatmak bilen meşgullanyp başlaýar, daýhan mugallymlarynyň seminariýasynyň taslamasyny işläp düzýär. Ýazyjy bu seminariýany degişme äheňinde **«çokaýly uniwersitet»** diýip atlandyrypdyr.

1907–1908-nji ýyllarda Tolstoý daýhan çagalaryny okatmak işi bilen meşgullanýar. L.N. Tolstoý geçirilýän her bir sapagy okuwçylaryň güýçlerine laýyk edip alyp barmagy maslahat berýärdi. Ol eger sapak özüniň mazmuny boýunça örän kyn bolsa, onda okuwçyda berlen ýumşy ýerine ýetirmäge ynamsyzlyk dörär, okuwçy ony islemek üçin güýç sarp etjek bolup hem durmaýar, başga zatlar bilen meşgul bolýar, sapak has ýeňil bolsa-da şeýle bolýar, şoňa görä sapagy okuwçynyň bar ünsüni öwrenilýän materiala gönükdirer ýaly edip guramak gerek, şeýle edilse, okuwçy her gezek okuw geçilende öňe gidýändigini, özünde ösüşiň bolýandygyny duýar diýip öwredýär. Okuw-terbiýeçilik işinde mugallymyň uly orny barada söz açyp, **«Eger mugallym özünde işe hem okuwçylara bolan söýgini birleşdirse, onda ol kämil mugallym bolar»** diýip belleýär we halk mugallymynyň pedagogiki işe ussatlygyny onuň esasy sypaty hasaplaýar.

L.N.Tolstoý **maşgala terbiýesine-de** aýratyn üns berip, ol ata-eneler öz çagalaryna zähmete hormat goýmagy öwretmelidir, olary hemmetaraplaýyn terbiýelemek üçin alada etmelidir diýip talap edýär. Görnükli pedagog: **«Çaganyň özüni alyp barşyna ata-enäniň terbiýesi biçak uly täsir edýär. Çaga haýsydyr bir ýetmezçilikler, ýaramaz gylyk-häsiýetler bilen dünýä inmeýär, onuň ýaramaz sypatlary daşky gurşawyň täsiri, nädogry terbiýäniň netijesi bilen emele gelýär»** diýýär.

Belli rus ýazyjysy we pedagogy L.N.Tolstoý özüniň pedagogiki pikirlerini Ýasnaýa Polýanada açan mekdebinde durmuşa geçirýär,

tejribesini bolsa «Ýasnaýa Polýana» žurnalynda çap edýär. 1872-nji ýylda L.N.Tolstoýyň düzen harplygy çap edilýär.

1875-nji ýylda bu kitap täzeden işlenilen görnüşinde «Täze harplyk» ady bilen çapdan çykýar. «Okuw üçin kitaby» 1870-nji ýylda, «Halk bilimi barada» makalasy 1874-nji ýylda çap edilýär. 1860-njy ýylda L.N.Tolostoý Angliýada, Belgiýada, Germaniýada, Fransiýada, Şweýsariýada bolýar. Ol pedagogikanyň ölçegi erkinlik, bilimiň mazmunyny kesgitleýän ölçeg, çagalaryň gyzyklanmasydyr diýýär. Terbiýe we bilim bermek bitewi iş, okatmagyň usullarynyň arasynda esasysyny mugallymyň janly sözi hasaplaýar.

L.Tolstoý öwredilýän zatlary, hadysalary durmuş bilen baglanyşdyrylyp, tebigata esaslanyp öwredilmegi baradaky pikirini öňe sürýär. Çagalary tokaýa, meýdana äkidip syn etdirmegiň, okuwy söhbetdeşlik we gürrüň usulynda guramagyň ähmiýetini belleýär. Düzme ýazdyrmak arkaly okuwçylaryň döredijilik ukyplaryny ösdürmeli, zähmete söýgi döretmeli. Ol halk mekdepleriniň açylmagyna, onda işlejek mugallymlaryň usuly taýdan taýýarlygyna uly goşant goşupdyr.

L.N. Tolstoý «Terbiýe we bilim» diýen makalasynda: **«Ylymlaryň okadylyşynda, mugallymyň öz okadýan dersine bolan söýgüsine, şol ylmy söýgi bilen öwrenmeginde, onuň okuwça bolan gatnaşygynda terbiýeleýjilik elementi ýatyr. Okuwçyny ylym arkaly terbiýelemeli, isleseň, şol ylmy söý hem öwren, şeýtseň, okuwçylar seni-de, ylmy-da söýer, senem olary terbiýelärsiň»** diýip öwredipdir. Ömrüniň soňky ýyllarynda ýazan «Terbiýe hakynda» makalasynda bolsa «Terbiýe bilen bilim aýrylmazdyr. Bilim bermän terbiýeläp bolmaz, her bir bilim terbiýeleýändir» diýip ýazýar.

L.N.Tolstoý zähmetkeş halkyň, olaryň çagalarynyň sowatsyzlygyna ýüregi bilen gynanypdyr. Ol: «Men halkyň bilimli bolmagyny isleýänligimiň esasy sebäbi, olaryň içindäki Puşkinleri, Lomonosowlary halas edesimiň gelýänliginde. Olary bolsa her mekdepde näçe diýseň görmek bolýar» diýipdir.

L.N.Tolstoý inçe psiholog, çaga kalbyny gowy bilýän pedagog bolupdyr. Ol çagalary gyzykdyrmagy, döredijilige ymtyldyrmagy we

ony ösdürmegi başarypdyr, olara özbaşdak pikirlenip bilmäge kömek edipdir. Meşhur ýazyjy pedagogiki iş bilen içgin gyzyklanypdyr, ol her bir mekdebiň pedagogiki barlaghana bolmalydygyny talap edipdir. 1861-1862-nji ýyllarda Ýasnaýa Polýanada döredilen mekdep şeýle laboratoriýa, tejribe mekdebi bolup hyzmat edipdir.

L.N.Tolstoý bilimiň mazmunyny we okuw dersleriň göwrümini kesgitlemekde diňe okuwçylaryň gyzyklanmasyny göz öňünde tutmaly diýip hasaplapdyr. Ol mekdepde okamaly dersleriň sanyny 12-ä ýetiripdir.

L.Tolstoý okatmagy we terbiýe bermegi bitewülikde alyp barmaly diýen pikiri öňe sürüpdir. 1909-njy ýylda Tolstoý hatlarynyň birinde şeýle ýazýar: «Meniň öňki we soňky makalalarymda okatmak hem-de terbiýe bermek meselesine degişli biri-birine gapma-garşylykly, anyk däl pikirler bar. Pedagogiki makalalarymdaky okatmak bilen terbiýelemegi aýratyn bir zat hasaplan hem bolsam, olar ýalňyş. **Okatmak we terbiýelemek – bitewi zat.** Bilim bermän, terbiýelemek mümkin däl, her bir bilim bolsa terbiýeleýjilik ähmiýetlidir».

L.Tolstoý okatmagyň usulyna degişli birnäçe gymmatly pikirleri miras galdyrypdyr. Ol okatmagyň usuly saýlanylanda, okuwçynyň şol usula garaýşyndan ugur almaklygy maslahat beripdir. Ol **«Okuwçynyň göwnünden turan usul iň dogry usuldyr»** diýip ýazypdyr. Pedagogyň diňe bir usuldan däl-de, birnäçe usullardan peýdalanmagyny ündäpdir. Onuň pikiriçe, hiç bir usul uniwersal, ýagny, ähli ýagdaýda ulanylmaly däldir. Ol dürli usullardan peýdalanmagy, täze usullary oýlap tapmaklygy dogry hasap edipdir. Mekdebiň pedagogiki barlaghana bolmalydygyny, mugallymyň öz okuw-terbiýeçilik işinde özbaşdak döredijiligini görkezmelidigini talap edipdir.

l. Tolstoý okatmagyň köpdürli usullarynyň içinde mugallymyň **janly sözüne** aýratyn ähmiýet berip, özi-de şol usuldan ussatlyk bilen peýdalanmagy başarypdyr, şonuň netijesinde çagalarda gyzyklanmany oýarypdyr.

Meşhur pedagog, ýazyjy **çagalaryň döredijiligini** ösdürmekligiň örän ähmiýetlidigini belläpdir. Bu ugurda çagalara özbaşdak işleri

tabşyrmagy dogry hasaplap, olara dürli temalarda düzme ýazdyrmagy ündäpdir.

L.Tolstoý öwrenilýän maglumatlaryň aňly-düşünjeli özleşdirilmelidigini ündäpdir, kesgitlemelerden, düzgünlerden, kadalardan okuwçynyň degişli netijeleri çykarmagy başarmagyny gazanmagyň zerurlygyny aýdypdyr.

Okatmagyň çagany durmuşa taýýarlamakdaky ähmiýetiniň uludygyny ündemek bilen, Tolstoý okuwçylarda synçylygy ösdürmegi maslahat beripdir. Ol Ýasnaýa Polýanadaky mekdebinde gezelençleri (ekskursiýalary) gurapdyr, dürli tejribe işlerini geçiripdir, tablisalardan, suratlardan peýdalanypdyr, ýöne ol öwredende hakyky hadysalary, predmetleri, tebigy-natural görnüşindäki zatlary görkezmegi ýerlikli hasaplapdyr, görkezme esbaply okatmaklyga aýratyn ähmiýet beripdir.

## L.N.Tolstoýyň «Azbukasy» we okuw kitaplary

Ajaýyp pedagog başlangyç mekdepleriň okuwçylary üçin niýetlenip ýazylan ençeme okuw kitaplarynyň awtorydyr. Ol ilki «Azbukany» – harplygy ýazypdyr. Harplyk 1872-nji ýylda neşir edilýär. Tolstoý ony iki gezek işläp kämilleşdirýär hem-de **«Nowaýa azbuka»** («Täze harplyk») ady bilen 1875-nji ýylda täzeden neşir etdirýär.

L.N.Tolstoý özüniň didaktiki garaýyşlarynda başlangyç bilim üçin okuw kitaplarynyň nähili bolmalydygyna degişli birnäçe pikirleri öňe sürüpdir. Onuň pikiriçe, şol kitaplardaky maglumatlar çagalar üçin gyzykly we elýeterli, düşnükli bolmaly, kitaplar sada dilde, az söz bilen ýazylmaly. Başlangyç mekdeplere degişli okuw kitaplarynda çaganyň öz Watany baradaky maglumatlar ýerleşdirilen bolmaly hem-de şol maglumatlar okuwçylarda güýçli täsir galdyrmaly, gowy ýatda galarlykly bolmaly.

L.N.Tolstoýyň düzen kitaplary özüniň çeperligi, labyzlylygy, gysga mazmunlylygy, sadalygy, çagalara düşnükliligi, gyzyklylygy, diliniň çeperligi bilen tapawutlanypdyr. Kitapdaky ähli maglumatlar rus durmuşyndan, has-da oba durmuşyndan alnypdyr. Tebigaty öwrenişe, geografiýa, taryha degişli maglumatlar çeper hekaýa gör-

nüşinde ýazylypdyr. Ahlaklylyga degişli temalar köp bolup, olar bary-ýogy 3-4 setirden ybarat bolupdyr.

L.N.Tolstoýyň okuw kitaplary üçin ýazan hekaýalary mazmun taýdan örän baý we dürli-dürli bolmak bilen, çagalar edebiýatynyň gymmatly hazynasy hasaplanypdyr. Onuň ýazan şol hekaýalarynyň birnäçesi başlangyç mekdebiň okuw kitaplarynda ýerleşdirilipdir. Bu hekaýalara **«Atasy we ogullary», «It we onuň kölegesi», «Pil», «Ýolbars we itjagaz», «Bulka», «Syçanlar we pişik», «Möjek we it», «Pişijek», «Bürgüt», «Guşjagaz», «Goja we onuň agtyjagy», «Ýerganat», «Iki dost we aýy»** degişlidir.

## L.N.Tolstoýyň Ýasnaýa Polýanada döreden mekdebi

L.N.Tolstoý mekdep işini, onuň tejribeligini pedagogikanyň möhüm serişdesi hasap edipdir.

Ýazyjynyň Ýasnaýa Polýanada döreden mekdebi çagalara terbiýe bermegiň mazmunyny hem-de usulyny işläp düzýän, öňdebaryjy pedagogiki işi özünde jemleýän özboluşly pedagogiki barlaghana bolupdyr. Bu mekdep çaganyň şahsyýetine hormat goýmak, onuň işjeňligini we özbaşdaklygyny, ukyplylygyny ösdürmek ýaly esaslardan ugur alypdyr. Ýasnaýa Polýanadaky mekdepde okuw, ýazuw, grammatika, botanika, taryh, surat, aýdym ýaly dersler boýunça geçilipdir. Halkyň sowatly bolmagyny arzuw eden L.Tolstoýyň ýardam etmeginde Krapiwensk uýezdinde daýhan çagalary üçin 20-den gowrak mekdep açylypdyr.

Mekdep zähmet adamlarynyň isleglerini kanagatlandyrmalydyr diýen pikirden ugur alan L.N. Tolstoý öz terbiýeçilik işlerine **zähmet okuwlaryny-da** girizipdir hem onuň guralyşyna we geçirilişine ýolbaşçylyk edipdir. Geçirilýän zähmet okuwlaryny dürli **oýunlar** bilen baglanyşdyryp, sapagyň gyzykly hem täsirli bolmagyny gazanypdyr.

Ady agzalýan mekdepde guralýan okuwlar mugallym bilen okuwçynyň arasyndaky erkin söhbetdeşlikler görnüşinde geçirilipdir. Mekdepde okamak, ýazuw, arassa ýazuw, grammatika, dini bilim, rus taryhyndan gürrüňler, arifmetika, tebigat we geografiýa

barada ýönekeý düşünjeler, surat, aýdym ýaly dersler öwredilýärdi. L.N.Tolstoý tebigat, geografiýa we taryh baradaky maglumatlary rus dili sapagynda çeper gürrüň bermek arkaly beýan edipdir. Çagalar L.Tolstoýyň gürrüňini uly gyzyklanma bilen diňläpdirler.

Mekdepde kesgitli okuw meýilnama, maksatnama, talabalaýyk düzgün boýunça düzülen okuw tertibi-rejesi bolmandyr. Çagalara mekdebe her gün gelmek hökman bolmandyr, emma çagalar mekdebe gelenlerinde wagtlarynyň nähili geçýänligini duýmandyrlar, olara öýlerine gaýtmalydygyny ýatlatmaly bolupdyr. Bellemeli zatlaryň biri-de, bu mekdepde temmi bermek usuly ulanylmandyr.

Okuwçylar üç synpa bölünipdir: **kiçi, orta we ýokary,** olarda her ýylda 40–50 adam okapdyr. Reje boýunça her bir mugallym her gün 5–6 sapak beripdir. Okuw güni iki bölege bölünipdir, 12-den 15-e çenli arakesme bolupdyr, köp çagalar öýlerine gitmän, irden 9-dan agşam 6-a, 7-ä çenli mekdepde galypdyrlar. Öý işler berilmändir, hemme ýumuşlar mekdepde mugallymlar bilen pikir alyşmak äheňinde ýerine ýetirilipdir, kiçilere güýçli ýa-da uly ýaşly okuwçylar kömek beripdir.

Mekdebiň uly bolmadyk mugallymlar kollektiwi örän agzybir, düşünişip işläpdir. Mugallymlar ýörite gündelikleri, ýazgylary ýöredipdirler, hepdelik meýilnamalary işläp düzüpdirler, edilmeli işleri bilelikde ara alyp maslahatlaşypdyrlar. Mugallymlaryň, okuwçylaryň teklipleri okuw meýilnamasyna girizilipdir.

L.N.Tolstoýyň özi ýokary synplarda matematikany we taryhy okadypdyr. Onuň ýolbaşçylygynda okuwçylar düzmeleri köp ýazypdyrlar. Çagalar azat temalardan düzme ýazmagy gowy görüpdirler, gowy ýazylan düzmeler synpda diňlenilipdir, ara alnyp maslahatlaşylypdyr. L.Tolstoý mundan başga-da fizikadan sapak beripdir, sapakda dürli fiziki tejribeleri geçiripdir.

Döwürdeşleriniň bellemegine görä, Tolstoý hakykatdan-da pedagogiki barlaghanany döretmegi başarypdyr. Onuň döreden mekdebinde çagalara hoşniýetli bolmak, döredijilik atmosferasy ýaly gowy alamatlar höküm sürüpdir, mugallym bilen okuwçynyň arasynda açyk, hoşniýetli aragatnaşyklar bolupdyr, çagalaryň ukyplaryny, gyzyk-

lanmalyry ösdürmäge mümkinçilikleriň döredilenligi sebäpli, olar birnäçe bilimleri özleşdirmegi, özbaşdak pikirlenmegi we işlemegi başarypdyrlar. Mekdebiň ýeten sepgitleriniň ählisinde L.N.Tolstoýyň pedagogiki ussatlygy, çagalara, mugallymlara gatnaşyklarda onuň ynsanperwer pedagogikasy esasy ýörelgesi bolupdyr.

L.N.Tolstoýyň köptaraply pedagogiki pikirleriniň köpüsi oňyn häsiýetleri özünde jemläp, rus pedagogiki pikiriniň ösüşine uly goşant bolupdyr. Olaryň arasynda çagalara çuňňur söýgi, çaga şahsyýetine hormat goýmak, olaryň döredijilikli ukyplaryny oýarmagy we ösdürmägi başarmak, her bir okuwçynyň aýratynlyklary ýüze çykarylmaga çemeleşilende psihologik seljermeden inçelik bilen peýdalanmak ýaly oňyn pedagogiki pikirleri görkezmek bolar.

L.N.Tolstoý hemişe pedagogiki gözlegde bolup, pedagogiki iş bilen irginsiz meşgullanypdyr, döredijilikli işlemäge çagyrypdyr, mugallymçylykda, okuw kitaplaryny döretmekde özüni ussat pedagog hökmünde tanadypdyr.

# VIII BAP

## Türkmenistanda XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başynda mekdepleriň we pedagogiki pikiriň ösüşi

**Mekdep-medreseler.** Yslam dininiň ornaşmagy bilen Türkmenistanyň çäklerinde dini okuw jaýlary bolan mekdep-medreseler döräp başlapdyr. **Mekdep** başlangyç dini musulman okuw jaýy bolup, onda elipbiý, Gurhan, arap we pars dillerinde ýazylan kitaplar öwrenilipdir. Okuwlar metjitlerde, mollalaryň öýlerinde geçirilipdir. Mekdebe kabul etmegiň wagty, okuwçylaryň ýaşy babatda belli düzgün bolmandyr, mekdebe ýylyň çem gelen wagty çem gelen ýaşdakylar kabul edilip, okuwyň dowamlylygy, geçiriliş usuly mollanyň özüne bagly bolupdyr. Dogrusy, türkmen dessanlaryndan, «Görogly» eposyndan, Magtymguly akyldarymyzyň pähimlerinden we beýleki çeşmelerden çen tutsaň, türkmenlerde okuwa kabul et-

mek ýedi-sekiz ýaşda amala aşyrylypdyr, ýöne bu düzgün köplenç berjaý edilmändir. Okuw okalanda, molla, adatça, jaýyň töründe, okuwçylar bolsa onuň öňünde tegelenişip, çöke düşüp oturypdyrlar. Ata-ene çagasynyň bilim almagyny, hatly-sowatly bolup çykmagyny, edepli-ekramly bolup ýetişmegini arzuw edipdir. Çagasyny okuwa berende, «eti siziňki, süňki biziňki» diýip tabşyrmagy, olaryň ylym-bilime hemişe teşne bolup gelendikleriniň alamatydyr. Okuw indiwidual häsiýetli bolupdyr, ýagny her bir okuwçy molladan aýratynlykda sapak alyp, ony özleşdirenden soň, ýatdan aýdyp beripdir, soňra ýene täze sapak alyp, ony özbaşdak öwrenip başlapdyr. Oglanlar özbaşyna ýa-da gyzlar bilen bilelikde okadylypdyr.

Ilkinji okuw kitaby **«Elip agajy»** diýlip atlandyrylan, depderiň ornuna ulanylan, okuwçynyň boýnundan asylyp goýulýan tagtajyk bolupdyr. Molla oňa elipbiýi ýazyp öwredipdir. Elipbiý geçilip gutarylandan soň, keramatly Gurhanyň bölekleri ýatdan öwrenilipdir. Şonuň ýaly-da goşgy bilen ýazylan **«Çarkitap», «Hoja Hapyz», «Sopy Allaýar», «Fizuly», «Rownakyl Yslam»** ýaly kitaplar ýatdan öwrenilipdir. Elbetde, mollanyň hünär taýýarlygynyň bolmazlygy, okuw gollanmalarynyň-kitaplarynyň tas hemmesiniň diýen ýaly arap we pars dillerinde ýazylanlygy, türki dilde bolan kitaplaryň hem okuwçylaryň güýçlerine laýyk bolmanlygy, okuwyň ýat tutma esasynda guralanlygy – bu zatlaryň hemmesi okuwçylaryň köpüsiniň çalasowat bolup çykmagyna sebäp bolupdyr.

**Medrese** hem, alymlaryň tassyklamalaryna görä, irki wagtlarda (Gündogar renessansy döwründe) dörän okuw jaýy bolup, ilki Orta Aziýada ýüze çykyp, soňra Eýrana, Yraga, Siriýa, Kiçi Aziýa, Müsüre we beýleki musulman ýurtlaryna ýaýrapdyr. Ol din hadymlaryny, dürli gullukdaky **(kazy, müfti, mürze, dükanda hat-çot işlerini alyp baryjy we ş.m.)** adamlary hem-de **başlangyç musulman mekdepleriniň mugallymlaryny taýýarlapdyr.** Medresede ahunlar okadypdyr. Türkmenistanyň çäklerindäki medreseler beýleki ýerlerdäki medreselerden tapawutly bolupdyr. Olarda iki-üç ahun däl-de, diňe bir ahun sapak beripdir, talyplar hem kiçi, orta, uly ýaşlylar diýen aýry-aýry bölümlere bölünmän, diňe bir bölümde okadylypdyr. Mol-

la, ahunlyk derjesini almak üçin Hywa, Buhara medreselerine gidip okapdyr.

Medreselerde-de okatmagyň özboluşly (indiwidual) görnüşi agdyklyk edipdir, talyplar ahundan tabşyryk-ýumuş alyp, özbaşdak işläpdirler. Kitaplary dürs okap, ýat tutmak esasy wezipe bolupdyr. Talyplar ýüzleýrägem bolsa, pars we türk dillerini, geografiýany, arifmetikany, geometriýany öwrenipdirler. Ozal bellenilip geçilişi ýaly, aýry-aýry medreselerde dünýewi ylymlar bilen tanyşmaga, pikir alyşmaga, ylmy jedeller geçirmäge hem mümkinçilik bolupdyr.

Ençeme asyrlaryň dowamynda esasy okuw jaýy bolup hyzmat eden mekdep-medreseler özleriniň dini häsiýetde bolanlygyna garamazdan, diňe bir ylym-bilim ojagy bolman, edep-terbiýäniň amala aşyrylýan ýeri bolup hyzmat edipdir. Türkmen akyldarlary özleriniň pähim-paýhasyny nesilleriň aňyna ýetirmekde, öwüt-ündewlerdir pendi-nesihatlaryny beýan etmekde şol okuw jaýlarynyň mümkinçiliklerinden peýadalanypdyrlar.

**Rus-ýerli mekdepler.** Rus-ýerli mekdepleri XIX asyryň soňky onýyllyklarynda patyşa Russiýasynyň syýasatynyň esasynda dörän okuw mekdepleridir.

Rus-ýerli mekdepleri arkaly patyşa hökümeti zorluk bilen boýun egdirilen ülkäni özleşdirmegi, öz häkimligini ornaşdyrmagy, umuman, türkmen halkyny ruslaşdyrmagy niýet edipdir. Şu mekdeplerde bilim alan türkmen çagalaryndan geljekde hünärini öz halkynyň arasynda amal etjek işgärleri **(dilmaç – terjimeçileri, polisiýa, salgyt gullugynyň we beýleki dolandyryjy edaralaryň işgärlerini)** taýýarlamagy nazarda tutupdyr. Soňa görä-de 1881-nji 1917-nji ýyllar aralygynda bu mekdepleriň sany yzygider artdyrylypdyr. Özi-de bu mekdepler hut mekdebiň açylan ýerinde ýaşaýan halkdan ýygnalýan ýygymyň hasabyna maliýeleşdirilipdir. Mekdeplerde 1-nji we 2-nji ýyl okuw türkmen dilinde alnyp barylypdyr. Soňky synplarda diňe rus dilinde okadylypyr.

Türkmen dili mekdepleriň käbirinde goşmaça öwredilipdir. Şonuň üçin türkmen dili boýunça okuw kitaplary bolmandyr. Ilki-ilkiler şu mekdeplerde ulanar ýaly ýörite taýýarlanylan maksatna-

malardyr okuw kitaplary hem bolmandyr. Şoňa görä olarda rus mekdepleri üçin niýetlenilen maksatnamalar we beýleki serişdeler peýdalanylypdyr. Rus dilini öwretmeklik S.Grameniskiniň «Uçebnik russkogo ýazyka» («Rus dili okuw kitaby»), Alektorowyň «Hrestomatiýa» kitaplarynyň esasynda geçirilipdir. Soňabaka, has takygy, 1913-nji ýyldan **A.Alyýewiň** ilkinji türkmen harplygy rus-ýerli mekdeplerinde ulanylyp başlaýar. Ýene bir bellemeli zat, ol hem rus-ýerli mekdepleriniň öňdenem ylym-bilime teşne bolan türkmenleriň arasynda ençeme sowatly adamlaryň ösüp ýetişmegine oňyn täsir edenligidir. **Alyşbeg Alyýewiň taýýarlan ilkinji türkmen «Harplygy» 1913-nji ýylda ulanylyp başlanýar.** Ýerli rus mekdepleriniň mugallymlarynyň arasynda türkmen halkynyň wekilleri örän seýrek bolupdyr. Mekdeplerde türkmen çagalary beýleki milletleriň çagalary bilen bilelikde okapdyrlar.

Şeýle hem bu döwürde Zakaspi welaýatynyň çäklerinde mekdep-medreseler, rus-ýerli mekdepleri bilen bir hatarda rus patyşasynyň türkmen ülkesindäki dikmeleriniň çagalary üçin niýetlenen rus mekdepleri açylypdyr. Okuw mekdepleri ýörite bilim ministrliginiň garamagynda bolup, döwlet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Mekdepleriň sany güýçli depginde artdyrylýar, olaryň dürli görnüşleri açylýar. Meselem, diňe Zakaspiý welaýatynyň çäklerinde 1917-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda rus ilaty üçin 96 sany okuw mekdepleri – başlangyç mekdep, orta mekdep, progimnaziýa, ýokary başlangyç hünärmen mekdebi bolup, olarda 9875 okuwçy okapdyr.

XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Türkmenistanda emele gelen sosial-syýasy ýagdaýa garamazdan, okuw mekdepleriniň ähli görnüşlerinde maşgala we jemgyýetçilik terbiýesinde nesilleriň aňyna ata-babalarymyzyň terbiýeşynaslyk mirasy-ahlak düzgünleri, pähim-paýhaslary, edep-terbiýe kadalary, däp-dessurlary dürli ýollar arkaly siňdirilipdir. Şol bir wagtda sowat öwretmegi, bilim bermegiň döwrebap usullaryny ornaşdyrmak, okatmagyň usuly gollanmalaryny döretmek babatynda pikirler öňe sürlüpdir, amaly işler ýola goýlupdyr.

## Pedagogiki pikiriň ösüşi

**I. A.Belýaýew.** Öz döwrüniň abraýly magaryfçysy **I. A.Belýaýew** Moskwanyň Lazerew adyndaky institutynyň gündogar dilleri fakultetini tamamlaýar, türkmen we pars dillerini oňat bilipdir. Bu bolsa oňa türkmen halkynyň milli aýratynlyklaryny, medeni we edebi mirasyny gowy öwrenmäge ýardam edipdir. Zakaspi welaýatynyň halk orta hünärmentçilik okuw mekdebiniň gözegçisi bolmak bilen okuw–terbiýeçilik işinde türkmen halkynyň milli aýratynlyklaryny we terbiýeşynaslyk däplerini nazara almagyň zerurdygy baradaky pikirleri öňe sürýär. Ol ilkinjileriň biri bolup **türkmençe – rusça sözlügi (1913 ý.), «Türkmen diliniň grammatikasy»** okuw kitabyny taýýarlaýar. A. Alyýewiň taýýarlan, «Türkmen harplygy», «Türkmen dili» (1913 ý.) okuw kitaplaryna giriş ýazýar.

**«Zakaspi welaýatynyň mekdepleri»** diýen işinde ýörite taýýarlanan 24 sowalyň üsti bilen, Änew, Kaka, Bagyr, Garagan, Bamy, Durun, Nohur obalarynda bolmak we gaýry usullaryň üsti bilen Aşgabat, Krasnowodsk, Tejen, Mary sebitlerindäki mekdepleriň okuw usuly we terbiýeçilik işini seljeripdir, degişli maslahatlary hödürläpdir. Agzalan oçerk taryhy-pedagogiki nazaryýetden ünsi özüne çekýän işleriň biridir. Onda ençeme türkmen obalaryndaky mekdepleriň ýagdaýy sorag-jogap (anketa) usuly bilen öwrenilipdir, olarda berilýän dini sholastiki bilimiň mazmunyny üýtgedip guramagyň ýollary, okatmagyň netijeli usullarydyr tärlerini peýdalanmagyň zerurlygy baradaky pikirler öňe sürlüpdir.

Inspektor mekdebe medeni ojak hökmünde garapdyr, rus-ýerli mekdepleriniň işini gowulandyrmaga aýratyn ähmiýet beripdir, türkmen çagalaryny okatmakda we terbiýelemekde olaryň ene dilini gowy öwrenmekleriniň zerurlygyny belläpdir. Ol türkmen dilinde okuw kitaplaryny döretmegiň zerurdygyna gowy düşünipdir. Onuň aladasy bilen 1913-nji ýylda A. Alyýewiň harplygy peýda bolupdyr. Belýaýew kitaby redaktirläpdir, oňa giriş ýazypdyr. I.A.Belýaýewiň özi hem «Türkmen diliniň grammatikasy» okuw kitabyny neşir etdiripdir. Munuň özi geljekki Türkmenistanda pedagogiki pikirleriň ösme-

15. Sargyt № 986

ginde belli wakadyr. Dogrusy, inspektoryň kitabyndan ozal hem käbir gollanmalar döredilipdir. Meselem, 1899-njy ýylda P.Şimkewiçiň, 1904-nji ýylda S.Agabekowyň kitaplary neşir edilipdir, ýöne olar rus-ýerli mekdepleri üçin niýetlenilmändir.

I.A.Belýaýewiň okuw kitabydyr sözlüginde halk döredijiliginiň we ýazuw edebiýatynyň materiallaryndan ýerlikli peýdalanylypdyr, türkmen durmuşyndan, däp-dessurlaryndan alnan mysallar getirilipdir. Käbir kemçiliklerine garamazdan, I.A.Belýaýewiň okuw kitaby, türkmençe-rusça sözlügi, ylmy-barlagyň sorag-jogap (anketa) ýaly usullaryndan peýdalanmakda başlan işi özünden soňkulara nusga bolupdyr.

Rus dilinde ýazylan «Türkmen diliniň grammatikasy» (1915 ý.) kitabynyň awtory I.A.Belýaýew, redaktor hökmünde A.Alyýewiň harplygyna ýazan sözbaşysynda: «Her bir mugallym türkmen okuwçylaryna olaryň ene dilini öwredende, ilkinji okuw kitabyny saýlap almakda köp kynçylyklar çekýär. Türkmen dilinde şeýle kitap ýok, tatar dili we azerbaýjan gepleşikleri boýunça döredilen gollanmalar bolsa, Zakaspi oblastynyň türkmenleri üçin düýbünden ýaramsyz.

Tejeniň general-leýtenant Kuropatkin adyndaky rus-ýerli mekdebiniň mugallymy A.Alyýew tarapyndan düzülen şu kitap türkmenlere olaryň dilini okatmak işini ol ýa-da beýleki derejede ýeňilleşdirer» diýip belleýär.

**Muhammetguly Atabaýew** (1885 – 1916) arçynyň ogly bolup, oňat maşgala terbiýesini alýar, Nohurdaky rus-ýerli mekdebini, Daşkentdäki mugallymçylyk seminarisini, Peterburgdaky tomusky mugallymçylyk kursuny gutarýar. Maryda, Çelekende, Nohurda mugallymçylyk edýär. «Zakaspi ýerli gazetinde» işgär, Aşgabatda dilmaç bolup işleýär. Okatmak we terbiýe bermekde türkmen halkynyň baý tejribesini ulanmagy ündeýär. «Okuw we türkmen mekdepleri», «Türkmen aýallarynyň zehini», «Täze çykan türkmen okuwy» diýen makalalarynyň üsti bilen sowatlylygyň ähmiýetini wagyz edýär, öz doglan obasy bolan Nohurda öz serişdesiniň hasabyna açan mekdebinde täze usulyny durmuşa ornaşdyrýar. Muhammetguly Atabaýew dine bir mugallymçylyk etmek bilen çäklenmän,

1914-nji ýylyň dekabryndan 1916-njy ýylyň dekabry aralygynda çykan «Maweraýy-Bahry-hazar»gazetiniň üsti bilen özüniň pedagogiki garaýşyny wagyz edipdir. Gazeti I.A.Belýaýew redaktirläpdir. Ol mekdeplerde täze usul bilen okatmak we terbiýelemek ýörelgeleriniň artykmaçlyklaryny açyp görkezýär, gyzlaryňam oglanlar bilen deň derejede bilelikde okadylmagy baradaky teklibi orta atýar.

M.Atabaýew okatmakda ses usulynyň peýdalydygyny subut etmäge synanyşypdyr, A.Alyýewiň harplygynyň artykmaçlyklaryny düşündiripdir hem-de okuwçy şu okuw kitaby boýunça okasa, onda ol okamagy we ýazmagy iki aýyň dowamynda öwrener diýip aýdypdyr.



**Artykgül (Tatýana) Tekinskaýa** (1878–1924) belli Gökdepe söweşinde üç ýaşlyja gyzka ýesir alnyp, Russiýa äkidilýär. 12-nji ýanwaryň rus halkynyň arasynda «Tatýana güni» diýip atlandyrylýandygy üçin, oňa Tatýana adyny dakypdyrlar. Ol Peterburgda Asylly gyzlar institutyny, Moskwanyň Ýelizawetinsk institutyny tamamlaýar. Peterburgda, Harkow welaýatynda terbiýeşynaslyk tejribesini toplaýar. Özüniň türkmen gyzydygyna göz ýetirip, 25 ýaşynda ata Watanyna – Türkmenistana dolanýar. Aşgabatdaky aýallar gimnaziýasynda gözegçi, Saragtda rus ýerli mekdebinde mugallym bolup işleýär.

Milli duýga ýugrulan terbiýeşynaslyk pikirleri üçin ony mugallymçylyk işinden çetleşdirýärler we Artyk gümrükhanasyna dilmaç edip işe belleýärler. Tatýana Artykda mekdebiň açylmagyny gazanýar. Oba ilatynyň bilimli, sowatly bolmagyny, olaryň milli däp-dessurlaryny goldamak babatda birnäçe işleri amala aşyrýar. Artyk obasynyň adamlary oňa hormat we mähir bilen Artykgül, ýagny Artygyň güli diýen ady dakýarlar.

Artykgül Tekinskaýa: «Ýaşlarymyzyň ösüp ýetişjekligine we halkymyzy ahlak taýdan ýokary göterjekdikleri, ony azatlyga çykarjakdyklaryna men pugta umyt baglaýaryn» diýip ýazan, gury

ýaňramadan çetde durup, türkmen çagalaryna bilim-terbiýäni pederlerimiziň terbiýeşynaslyk mirasy bilen utgaşyklykda bermek bilen meşgullanan türkmen zenanydyr.

**Alyşbeg Alyýew (1886–1933).** A.Alyýew 1886-njy ýylda Mahaçgala şäherinde mugallymyň maşgalasynda dünýä inýär. Ol 1897–1901-nji ýylda Baku şäherinde gimnaziýanyň kursy boýunça ekstern (okuwyň doly möhletini okamazdan) synag tabşyryp, başlangyç mekdebiň mugallymy adyny alansoň, şol şäheriň etegindäki mekdepleriň birinde işläp başlaýar. A.S.Alyýew 1906-njy ýylda Türkmenistana – şol wagtky Zakaspi oblastyna göçüp gelýär hem-de 1912-nji ýyla çenli Tejendäki rus-ýerli mekdebinde mugallymçylyk edýär. Soňra Büzmeýin stansiýasyndaky mekdepde, 1915-nji ýyldan başlap bolsa Kakadaky rus-ýerli uçilişesinde zähmet çekýär.

A.Alyýew halk magaryfynyň Ginzburg (Kaka) wolost bölüminiň müdirligine bellenýär. (1917) we obalarda ilkinji sowet mekdeplerini açmak boýunça ýadawsyz iş alyp barýar. Şol bir wagtyň özünde ilkinji zähmet mekdebiniň direktory hem-de mugallymy hökmünde pedagogiki işini üstünlikli dowam etdirýär. 1924-njy ýylda ol halk magaryfynyň Kaka raýony boýunça wekili bolýar. 1926–1927-nji okuw ýylynyň başynda A.S.Alyýew Daşkent şäherindäki Türkmen magaryf institutynyň direktorlygyna bellenýär we ol şol ýerde ömrüniň ahyryna çenli (1933) zähmet çekýär.

Ol rus-ýerli mekdeplerinde işlän ussat pedagogdyr, her bir sapagy gyzykly hem täsirli edip geçmek bilen okuwçylaryň bilesigelijiligini oýarmagy başaran, ata-eneler bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, olaryň hormatyny gazanan mugallymdyr, ilkinji türkmen harplygynyň we beýleki okuw-usuly gollanmalaryň awtorydyr. A. Alyýew mekdepde türkmen dilini öwretmeklige aýratyn ähmiýet berýär. Onuň pikiriçe, ene dili mekdep biliminiň hökmany elementi bolup durýar, bu dersi öwretmek beýleki dersleri bilmek üçin giň mümkinçilikler açýar, ene diliniň üsti bilen durmuş, halk döredijiligi öwrenilýär.

A.Alyýew ene diliniň grammatikasyny özleşdirmek arkaly okuwçylaryň umumy ösüşini gazanmak bolar diýip, mugallymlara maslahat berýär, olara sapaklar geçip görkezýär.

Magaryf işiniň guramaçysy, mugallym, usulyýetçi hökmünde terbiýeşynaslyk ylmyna saldamly goşant goşýar. Rus – ýerli mekdeplerinde okuwyň rus dilinde okadylmagy bilen ylalaşman, arifmetika ýaly dersleri türkmen dilinde düşündirýär. Bu mekdepleriň okuwçylaryna gizlinlikde türkmen dilini öwredýär, olar bilen goşmaça sapaklary geçýär. Şeýle işleriň çagalary höweslendirýändigini, ösdürýändigini, okuw işiniň netijeliligini ýokarlandyrýandygyny nygtapdyr.

Ol çaganyň ene, türkmen diliniň terbiýeşynaslyk, ösdürjilik mümkinçiliklerine uly ähmiýet beripdir. Okuwçylaryň bilesigelijiligini oýarmagyň, ata-eneler bilen ýakyn aragatnaşykda bolmagyň zerurdygyny iş ýüzünde subut edipdir. Ilkinji türkmen harplygy hasaplanýan «Ýeni (täze) usul türkmen mekdebi. Türkmen dili» atly türkmen dili kitabyny Bakuwda (1913) we Aşgabatda (1914) neşir edýär.

Harplygyň öz döwri üçin iňňän şowly çykmagy A. Alyýewiň terbiýeşynaslyk ussatlygyna we usuly tejribeliligine güwä geçýär. Ol «Iň täze türkmen elipbiýi», «Azerbeýjan elipbiýi» ýaly okuw kitaplaryny, ene dilini we matematikany okatmagyň usullaryna degişli okuw usuly gollanmalary döredýär.

Kümüşaly Böriýew bilen «Rusça-türkmençe sözlügi» (1929) taýýarlaýar.

## Ilkinji türkmen harplygy

A.Alyýew «Ýeni usul türkmen mekdebi.Türkmen dili» diýen at bilen ilkinji türkmen harplygyny düzýär. Ol kitap 1913-nji ýylda Bakuda neşir edilýär. Bu harplygyň awtor tarapyndan täzeden işlenen we üsti ýetirilen ikinji neşiri 1914-nji ýylda Aşgabatda çapdan çykýar.

Iňňän köp zähmet siňdirilip, yhlas bilen ýazylan ilkinji türkmen harplygy mazmunynyň özüne çekijiligi, yzygiderliligi, suratlardyr beýleki serişdeleriň ýerlikli peýdalanylanlygy, dürli didaktiki tärleriň bilesigelijiligi artdyrýanlygy we gaýry artykmaçlyklary bilen mekdeplerde ulanylýan kitaplary täzeçe döretmegiň gözbaşynda durýanlygy üçinem gymmatlydyr. Onuň üsti bilen rus we beýleki

halklarda toplanan ylmy-pedagogiki tejribe rus-ýerli mekdepleriniň tejribesine ornaşyp başlaýar.

Harplyk iki bölümden ybarat bolup, birinjisinde harplary öwrenmek üçin materiallar, harplyk, ikinjisinde bolsa, okamak üçin tekstler, başlangyç hrestomatiýa ýerleşdirilipdir. Kitaba mekdep, maşgala, ülke, öý we ýabany haýwanlar, pasyllar we beýleki temalar boýunça ýazgylardan başga-da, Magtymgulynyň goşgulary, birnäçe ertekidir basnýalar, ençeme nakyllar we atalar sözi hem girizilipdir.

Awtor öz kitabynda rus we beýleki dillerde harplyk düzmek işinde toplanan oňyn tejribäni döredijilikli peýdalanypdyr. Awtor çagalar iki-üç harpy özleşdirenlerinden soň, sesleri, bogunlary we sözleri birikdirip bilmelidir diýen talapdan ugur alýar we şol talaby berjaý etmeklige esasy mesele hökmünde garapdyr (at, ata, aba, baba). A.Alyýewyň harplygy düzmekdäki garaýyşlaryna K.D.Uşinskiniň didaktiki pikirleri täsir edipdir.

Awtoryň pikiriçe, çagalar sesleri mehaniki ýagdaýda birikdirmän, akyl ýetirip birikdirmeli, kitapdaky maglumatlar çagalara düşnükli dilde beýan edilmeli, gyzyklanma döretmeli, iň bolmanda ýönekeý görnüşde halk döredijiligi bilen tanyşdyrmaly (aýdymlar, nakyllar, atalar sözi, ertekiler). Kitapda çagalaryň ýaş aýratynlyklary hem nazara alnypdyr. Harplyk ençeme ýyllar türkmen dilini okatmakda esasy gollanma bolup hyzmat edipdir.

1920-nji ýylda Alyşbeg Alyýewiň ilkinji türkmen harplygy 30 müň tiražda «Iň täze türkmen elipbiýi we ilki okuw» ady bilen Daşkent şäherinde çap edilip ýaýradylýar.

Kitap tekstlere degişli bir topar suratlar bilen bezelipdir. Ýazuwda türkmen diliniň ses aýratynlyklaryny görkezmek maksady bilen awtor arap elipbiýine ençeme goşmaça belgiler girizipdir. Netijede harplaryň sany 40-a ýetirilipdir we türkmen diliniň ähli sesleri, şol sanda çekimlileri hem ýazuwda doly şöhlelendirilipdir. Munuň özi türkmen ýazuwynyň taryhynda arap elipbiýine girizilen ilkinji reformady. Ol sowat öwretmek işinde ençeme ýeňillikler döretdi.

# IX BAP

# Türkmenistanda sowet düzgüni döwründe pedagogika ylmynyň ýagdaýy

## Türkmenistanda sowet düzgüni döwründe pedagogika ylmynyň ýagdaýy

Ýurtda sowet düzgüni berkarar bolandan soň, ilaty tutuşlygyna sowatly edip ýetişdirmek babatynda ençeme çäreler durmuşa geçirildi. 20-nji ýyllarda okuw-terbiýeçilik edaralarynyň dürli görnüşlerini döretmek babatynda-da, okuw meýilnamalarydyr maksatnamalaryny, okuw kitaplarydyr gollanmalaryny taýýarlamak, pedagogiki hünärmenleri (kadrlary) ösdürip ýetişdirmek babatynda birgiden guramaçylyk-pedagogiki çäreler, demokratik esaslarda durmuşa geçirilip başlandy. Muňa mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň, umumy bilim berýän mekdepleriň, **FZU-laryň** döredilmegi, sowatsyzlygy ýok etmek ugrundaky hereketiň başlanyp, **«Ýok bolsun sowatsyzlyk»** diýen jemgyýetiň guralmagy, **1919-njy** ýylda ilki Aşgabatda, soňra Maryda, Krasnowodskide (Türkmenbaşyda), Çärjewde (Türkmenabatda) **gysga möhletli mugallymçylyk kurslaryň açylmagy,** türkmen mekdepleri üçin elipbiý, arifmetika we geografiýa boýunça okuw kitaplarynyň taýýarlanylmagy, magaryfa degişli gaýry işleriň amala aşyrylmagy mysal bolup biler. Pedagogiki hünärmenleri taýýarlap ýetişdirýän dürli möhletli kurslar, pedtehnikumlar, magaryf, mugallymçylyk institutlary, peduçilişeler, pedinstitutlar, uniwersitet döredildi, pedagogiki hünärmenleriň hünärini kämilleşdirmäge niýetlenen ylmy-barlag hem kämilleşdiriş institutlary işläp başlady. Netijede, ylmy-pedagogiki hünärmenleriň bir tapgyry ösüp ýetişdi.

**1930-njy ýyllarda** – hökmany başlangyç bilim (1-4 synplar);

**1940-njy ýyllarda** ikinji jahan urşunyň öňüsyrasynda – ýediýyllyk;

**1958-nji ýylda** – sekizýyllyk bilim;

**1960-njy ýyllarda** bolsa ählumumy orta bilime geçilmek işi alnyp baryldy.

Türkmenistanda diňe bir mugallym kadrlaryny taýýarlap ýetişdirýän okuw jaýlary däl, eýsem halk hojalygynyň we medeniýetiň beýleki pudaklary üçin hem orta we ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlap ýetişdirmeklige aýratyn üns berildi. Otuzynjy ýyllaryň başynda Aşgabatda – gidrotehnikum, Maryda – ýüpekçilik tehnikumy, Baýramalyda – oba hojalyk tehnikumy, Kerkide (Atamyratda) – zootehnikum işläp başlady. Şol döwürde industrial, awtomobil-ýol, kommunal-gurluşyk, söwda-kooperatiw, halyçylyk, maliýe-hasabat tehnikumlary açylýar. Türkmenistanda oba-hojalyk instituty, lukmançylyk (medisina) instituty hem açyldy.

Ýurdumyzyň magaryfynda bitirilen işler, gazanylan üstünlikler sanardan kändir. Bu barada onlarça monografiýalar, oçerkler, kitaplar, ylmy makalalar ýazyldy, kandidatlyk we doktorlyk dissertasiýalary goraldy, olar, döwrüň ideologik talaplaryndan ugur alnyp ýazylandygyna garamazdan, magaryfyň, pedagogika ylmynyň dürli-dürli meselelerini aýdyňlaşdyrmaga ýardam edýän gymmatly mirasdyr.

## Okuw jaýlary we pedagogiki metbugat

1920–1980-nji ýyllarda, «Sowet döwri» diýip atlandyrylan bu aralykda **B. Annaýew, S.Garryýew, A.J.Poseluýewskiý, H.Baýlyýew, B.Garryýew, P.Azymow, M.Hydyrow, A.Kekilow, M.Kösäýew, M.Annagurdow, T.Berdiýew, O.Ýazymow, Ö.Abdyllaýew, A.Gurbanow, O.D.Kuzmin, G. Pirliýew** we başga-da birnäçe magaryfçylar we alymlar pedagogika ylmyny okatmagyň hususy usulyny kämilleşdirmäge, döwrüň döreden mümkinçilikleriniň çäginde saldamly goşantlaryny goşdular.

**1931-nji ýylyň** ýanwarynda **Türkmen döwlet ylmy-pedagogik instituty** döredilýär. 19–20-nji ýyllarda bolsa Moskwanyň eteginde **Türkmen magaryf** öýi işleýär. Institut okuw kitaplaryny, okuw usuly gollanmalary taýýarlamak, mugallymlaryň iş tejribesini öwrenmek we ýaýratmak bilen meşgullanýar.

**«Kommunistler magaryfy» (1934), «Mugallyma kömek» (1936 ý. soňra – «Türkmenistanyň halk magaryfy», «Halypa») žurnallary, 1952-nji ýylda «Mugallymlar gazeti»** ýaly pedagogiki

metbugat neşir edilip başlandy. Metbugat döwrüň ylmy-usuly we pedagogik pikirlerini wagyz etmek wezipesini ýerine ýetirýärdi.

1919-njy ýylda ilki Aşgabatda, soňra Maryda, Krasnowodskide (Türkmenbaşyda), Çärjewde (Türkmenabatda) gysga möhletli mugallymçylyk kurslary açylýar.

1921-nji ýylda Maryda **magaryf instituty** açylyp, bir ýyldan soň ol Daşkende göçürilýär.

1922-nji ýylda Aşgabatda **pedagogik tehnikum,** 1931-nji ýylda bolsa mugallymçylyk instituty açylýar. Institut 1950-nji ýylda A.M. Gorkiý (häzir Magtymguly) adyndaky **Türkmen döwlet uniwersitetine** öwrülýär. 1945-1946-njy okuw ýylynda II jahan urşy döwründe ýapylan Kerkidäki (Atamyratdaky), Aşgabatdaky, Krasnowodskidäki (Türkmenbaşydaky), Çärjewdäki (Türkmenabatdaky) mugallymçylyk orta okuw mekdepleri (peduçilişşeler) ýene-de işläp başlaýar.

**1950-nji** ýylda Çärjewde (Türkmenabatda), **1954-nji** ýylda Maryda we Daşoguzda **mugallymçylyk institutlary** döredilip, olar birikdirilip **1959-njy ýylda W. L. Lenin adyndaky (häzirki S.Seýdi adyndaky) Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyna** öwrülýär.

Aşgabatda we welaýat merkezlerinde kämilleşdiriş institutlary işleýär. Netijede, ylmy-pedagogiki ulgam üçin hünärmenleriň uly tapgyry ösüp ýetişdirildi.

Pedagogikanyň umumy ösüşini gazanmakda günbatar ylym akabasyndaky pedagoglar bilen bir hatarda türkmen pedagoglary özleriniň saldamly goşantlaryny goşýarlar.

**Berdimuhamet Annaýew** 1904-nji ýylda Gökdepe raýonynyň Yzgant obasynda dogulýar. Berdimuhamet Annaýewiň çagalygyndan örän zehinli bolmagy, bilesigelijiligi, bilime-ylma bolan höwesi onuň ilhalar mugallym bolup ýetişmegine oňaýly täsirini ýetirýär.

Berdimuhamet çagalygyndan başlap özgelere meňzemeýän aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Ol sekiz ýaşynda molla berilýär we dört ýyl sapak alyp, okap-ýazmagy öwrenýär. Şol döwürde onuň ilkinji gözüni açan, ylym-bilim ýoluna ataran halypasy türkmen magaryfçylaryň irki wekilleriniň biri Muhammetguly Atabaýew bolýar.

Ol ilki duşyşygynda oňa köp okamagy we bilmegi maslahat berýär, gazet makalasyny okadyp görýär we oglanyň zehinine, başarnygyna haýran galýar. Oňa ýakyndan goldaw berjekdigine ynandyrýar, edýän işlerini ikelläp goldaýar. Muhammetguly Atabaýew öňdebaryjy magaryfçylar barada gürrüň berýär. Bu duşuşyk Berdimuhametde uly täsir galdyrýar. Şondan soň uzak wagt geçmänkä, ol öýüniň garşysyndaky tamy arassalap, suwap, mekdep açyp, obanyň çagalaryny okatmaga girişýär. Munuň özi ilkinji ädim – mugallymçylyga başlanan ýol bolýar. Ýöne 1917-nji ýylda Russiýada turan rewolýusiýanyň bir ujy Türkmenistana-da gelip ýetip, bellibir derejede kynçylyklary döredendigi sebäpli, mekdebi 4-5 ýyllap ýapmaly bolýar. Gün-güzerany üçin daýhançylyk edýär. Kynçylyklara garaman, ol öz üstünde işlemegi bes etmeýär. Anna aganyň miras galdyran ýazgylaryny okaýar, täzeden göçürip çykýar, rus diline terjime edýär, enesindenem köp zatlary öwrenýär.

1926-njy ýylda ol çarwa raýonlarynyň başlangyç mekdepleri üçin mugallymlary taýýarlaýan üç aýlyk kursuň diňleýjisi bolýar. Onuň dünýägaraýşy ep-esli giňeýär.

Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk kärine höwesini artdyrmakda we geljege bolan uçguny döretmekde Alyşbeg Alyýewiň hem beren maslahatlarynyň hyzmaty uludyr.

Berdimuhamet söýgüli käri bolan mugallymçylyga täzeden girişýär we 1926-njy ýylyň 16-njy maýynda Gyzylarbadyň (häzirki Serdar etrabynyň) Paraw obasyndaky mekdepde ilkinji sapagyny geçýär. Ýöne onuň mugallymçylyk ýoly şol döwrüň kynçylyklary bilen utgaşyp gidýär.

Soňra dürli ýerlerde, her hili şertlerde öz söýgüli kärini dowam etdirýär, öz işine ýürekden berilýär. 1927-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Berdimuhamet Annaýew Yzgant obasynyň 14-nji ikiýyllyk başlangyç mekdebinde işleýär. Bu ýerde iki ýyl mugallym bolup işländen soň, 1929-njy ýylyň 1-nji sentýabryndan Gökdepe raýonynyň Birinji Birleşik obasyndaky 16-njy orta mekdepde işe başlaýar. Ýöne az wagtdan, ol Aşgabat oblastynyň Kirow raýonynyň «Gyzyl çarwa» kolhozyndaky 6-njy doly däl mekdebiň direktory wezipesine bellenil-

ýär. 1943-nji ýylyň aprelinde Berdimuhamet mugallymyň front ýollary başlanýar. Watançy esger agyr ýara sebäpli uruşdan gaýdyp gelenden soň, 1944-nji ýylyň 10-njy oktýabryndan öňki mugallymçylyk kärine başlaýar.

Berdimuhamet Annaýew 1945-nji ýylyň aprel aýynda dogduk mekany Yzgant obasyna göçüp gelýär. Bu ýerde ilki başlangyç synp mugallymy, dil we edebiýaty mugallymy, okuw bölüminiň müdiri, soňra bolsa raýon bilim bölüminiň usulyýet kabinetiniň müdiri wezipelerinde işleýär. Usulyýet kabinetinde işlän döwründe ol öz işini täzeçe guraýar. Raýondaky öňdebaryjy mugallymlaryň iş usullaryny öwrenip, ony başga mekdeplere ýaýradýar, hatda okuwçylaryň ýazan gowy diktantlarydyr düzmelerine çenli goňşy mekdeplere ýetirýär. Tapawutlanan mugallymlardyr okuwçylara mümkinçilige görä sylaglar gowşurýar. Munuň özi Berdimuhamet mugallymyň öz işine bolan söýgüsiniň, yhlasynyň netijesidir.

Berdimuhamet mugallym türkmen çagalarynyň zehinlidiklerine uly sarpa goýýardy. Onuň sebäbini hem bu halkyň gadymylygy, aňyrsynyň zehinli halk bolandygy bilen düşündirýärdi we oňa özüçe guwanýardy. Ol bu pikirine ömrüniň bütin dowamynda gulluk etdi. Berdimuhamet Annaýew diňe bir adaty mugallym bolman, eýsem ol mugallym-pelsepeçi. Onuň mugallymçylyk pelsepesi şu günki Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hem öwrenilmäge we ýaýradylmaga degişlidir.

## Berdimuhamet mugallymyň pedagogik maslahatlary:

– Dünýäde çagadan gymmatly zat ýokdur. Ony özüni hem, ýene müňlerçe adamlary hem bagtly edip biler ýaly terbiýelemeli («Älem içre at gezer» 166 sah.).

– Mugallym – özüne ynanylan gymmatly almazy ähli görki bilen şöhlelendirip biler ýaly täzeden işleýän jadygöýdür. Munuň özi örän zerurlykdyr. Güýç bilen, zor bilen okadyp bolmaz. Ol asla mümkin däldir («Älem içre at gezer» 166-167 sah.).

– Mugallymyň özi elmydama bilim äleminde uly, beýik zatlar, maksatlar ugrunda göreşmelidir («Älem içre at gezer» 212 sah.).

– Mugallym hemişe intizar, garaşylýan adam bolmalydyr («Älem içre at gezer» 212 sah.).

– Mugallym aýdýan zadyna özi ynanmaly hem-de ynandyrmagy başarmaly. bellibir mesele barada ders berende, ol keşbe girmeli, her sözi okuwçynyň maňzyna batmaly, her bir hereketi onuň ýadynda galmaly. Okuwçy öýünde sapagyna taýýarlanýan mahalam kitapdan okaýan sözleri onuň gulagyna seniň sesiň bolup eşidilmeli. Ol saňa ynanmaly, seniň aýdýan sözleriňi doly kabul etmeli, saňa görä hereket etmeli («Älem içre at gezer» 211 sah.).

– Öwrenýän, alýan täzeligiňize dört tarapyndan däl, dört ýüz tarapyndan hem dört ýüz gezek bakyň («Älem içre at gezer» 169 sah.).

– Çaga diýeniň pamyk ýaly ýumşak we öte duýgur bolýar. Olary kemsitmek, olara zyýan ýetirmek, olaryň göwnüni syndyrmak ýol berilmesiz edähetdir. Şuny bir pursat ýadyndan çykaran adam, şol bada mugallym diýen ady götermäge bolan hukugyny ýitirýändir («Älem içre at gezer» 209 sah.).

– Mugallymyň sapak geçende özüni alyp barşy çaga terbiýesine uly täsir edýär. Her gezek birmeňzeş usuly, ençe gezek gaýtalanýan äheňi seçip alýan mugallym öz geçýän sapagyndan lezzet almaz («Älem içre at gezer» 210 sah.).

– Bilim üznüksiz, dowamly, barha ýokarlygyna, belentlige ösýän bolmaly. Bilim ulgamy zynjyr ýaly biri-birine sepleşip gitmeli. Bir halkanyň üzülen ýerinde, onuň zynjyrlygy galmaýar. Bilimem şonuň ýaly, onuň öňi ýa soňy hakda gürrüň etmek mümkin däl. Çünki, ol bitewüligini ýitirýär, peýdasyz bolup galýar («Älem içre at gezer» 127 sah.).

– Özüň mugallymam bolsaň, bilmeli, öwrenmeli zatlaryňam köp. Mugallym bütin ömrüne okap, öwrenip ýörmeli, şondan soň özgelere öwretmeli eken («Älem içre at gezer» 105 sah.).

**Muhammet Geldiýew** (1889–1931). Pedagogika ylmynyň ösmegine saldamly goşant goşan ilkinji pedagoglaryň biri Muhammet Geldiýewdir. Ol 1889-njy ýylda Çeleken (häzirki Hazar) şäherinde doguľýar. Buharanyň, Ufanyň medreselerinde okaýar. Medresäni gutarandan soň, ol tatarlaryň, başgyrtlaryň arasynda mugallymçylyk edýär. Muhammet Geldiýew 1921-nji ýyldan başlap, Aşgabat partiýa mekde-

binde we mugallymçylyk tehnikumynda mugallym bolup işleýär. Daşkentde döredilen (1922) Türkmen bilim komissiýasynyň agzalygyna saýlanýar. Türkmen diliniň ýazuw kadalaryny kadalaşdyrmak, ýazuwyny reforma etmegiň taslamasyny taýýarlamak işi M.Geldiýewe tabşyrylýar. Türkmen bilim komissiýasy onuň taýýarlan taslamasy esasynda ýörite karar kabul edýär. M. Geldiýewiň taýýarlan taslamasy esasynda geçirilen reformanyň esasy aýratynlyklary: ýazuw dilini sözleýiş diline ýakynlaşdyrmak we şol esasda orfografik kadalary döretmek, her bir fonemany görkezmek üçin aýratyn harp almak ýa-da goşmaça belgi ulanmakdan ybaratdy. Bu reformalardan başga-da Türkmen bilim kommissiýasynyň agzalary ýaňy açylyp başlanan türkmen mekdepleri üçin okuw kitaplaryny döretmäge girişýärler. Bu işler Türkmenistan özbaşdak respublika bolup döredilenden soň has-da güýçlenýär. Şol ýyllarda ol likbezler üçin niýetläp, «Elipbiý», «Dil sapaklygy» ýaly kitaplaryny ýazýar. 1929-njy ýylda onuň G. Alparow bilen awtordaşlykda, «Türkmen diliniň grammatikasy» diýen okuw kitaby neşir edilýär. Awtorlaryň bu işi türkmen edebi diliniň grammatiki gurluşy, fonetik sistemasy boýunça özünden öňki döredilen okuw kitaplaryndan düýpgöter tapawutlanýar. Olar dil hadysalaryny ylmy esasda düşündirmegiň esasyny goýdular.



M. Geldiýew tatar pedagogy Abdyrahman Sagdynyň «Pedagogika boýunça gollanma» atly kitabyny türkmen diline terjime edip, ol 1923-nji ýylda Daşkentde neşir edilýär.

Soňky ýyllarda Muhammet Geldiýew Türkmenistan halk magaryf komissarlygynda, Türkmen medeniýeti institutynda işleýär. Şol ýyllarda ol okuw kitaplardan başga-da türkmen edebiýaty, umumy pedagogiki we okatmagyň usuly bilen baglanyşykly birnäçe işler ýazýar. Ýigriminji ýyllarda SSSR-de ýaşaýan türki halklaryň grafikasynda reforma geçirmek işi, ýagny arap grafikasyndan latyn grafikasyna geçmek işi amala aşyrylýardy. Bu çäreleri ylmy esasda alyp barmak

maksady bilen 1927-nji ýylda Täze türki elipbiýiň Bütinsoýuz Merkezi Komiteti döredilýär. Bu komitet SSSR-däki türki halklaryň dilleriniň fonetik sistemasyny, grammatik gurluşyny ylmy esasda öwrenmek, olaryň orfografik, adalga, grammatik normalaryny işläp düzmek we kämilleşdirmek işleri bilen meşgullanyp başlaýar. Bu maksatlar üçin Täze türki elipbiýiniň Bütinsoýuz Merkezi Komitetiniň ýanynda ýörite ylmy Sowet (Geňeş) döredilýär. Geldiýew şol Sowetiň agzalygyna saýlanýar. Sowetiň işine görnükli turkologlar A.N. Samoýlowiç, E.D.Poliwanow, B.Çobanzade we beýlekiler gatnaşýar. Onuň türkmen diliniň grafikasy, orfografiýasy boýunça orta atýan meseleleri, girizýän teklipleri alymlaryň ünsüni özüne çekýär we olar tarapyndan goldanylýar.

Muhammet Geldiýewiň döredijilik mirasy dilçi alymlar tarapyndan ylmy esasda öwrenilýär. Görnükli dilçi Muhammet Geldiýew 1931-nji ýylyň 3-nji ýanwarynda döredijilik işiniň gülläp ösen wagtynda aradan çykýar. Onuň ýylba-ýyldan sany artýan mekdepleri okuw kitaplary bilen üpjün etmekde bitiren hyzmatlary uludyr.

42 ýyl ýaşap, ömrüniň köpüsini mugallymçylyk bilen ötüren, milli pedagogiki işgärleri taýýarlap ýetişdirmekde bahasyna ýetip bolmajak hyzmatlary bitiren Muhammet Geldiýewe aradan çykanyndan soň hem birnäçe wagtlap stalinçilik diýdimzor düzgüni tarapyndan «buržuaz milletçisi» diýlip gezilýär. Ol türkmen mekdeplerinde okuwy rus dilinde alyp barmagy teklip eden käbir adamlaryň pikirini goldaman, okuwçylary öz ene dillerinde okatmagy teklip eden pedagogdyr.

Muhammet Geldiýew G. Alparow bilen awtordaşlykda mugallymlar hem okuwçylar üçin niýetlenen «Dil sapaklygy» atly gollanmany, türkmen dil biliminiň taryhynda ylmy grammatika hasaplanýan «Türkmen diliniň grammatikasy (sarf, nahuw)» atly 270 sahypalyk işi miras galdyran dilçidir.

Ýigriminji ýyllarda elipbiý meselesinde M. Geldiýewiň gatnaşmagynda gazanylan tejribäniň latyn belgilerine esaslanýan täze türkmen elipbiýini döretmekde-de ähmiýeti az bolmady. Häzir Çeleken şäherindäki 2-nji orta mekdep pedagogyň adyny göterýär.



Pedagogika ylmynyň ösmegine saldamly goşant goşanlaryň biri-de dilçi-alym, ussat pedagog **Hojamyrat Baýlyýewdir** (1905–1946). Ol ylmy grammatikanyň düýbüni tutmakda, kämil okuw kitaplaryny, gollanmalary döretmekde, okuw-terbiýeçilik işiniň hilini gowulandyrmakda aýratyn hyzmatlary bitiren, ylmy-barlag işlerini alyp barmagyň, pedagogiki tejribäni öwrenmegiň hem peýdalanmagyň ajaýyp nusgasyny görkezen alymdyr. Ol umumy bilim berýän we ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we mugallymlary üçin ençeme okuw kitaplaryny, ylmy-metodik işleri döretdi. 1931–1934-nji ýyllarda alymyň orta mekdebiň dürli synplary, beýleki okuw jaýlary üçin öz ýazan, beýleki dilçiler bilen awtordaşlykda döreden kitaplarynyň 8 sanysy çapdan çykýar. P.Azymow bilen türkmen diliniň sintaksisi boýunça taýýarlan kitaby 1939-njy ýyldan bäri yzygiderli neşir edilip, mekdeplerde esasy okuw gollanmasy hökmünde häzir hem ulanylyp ýör.

Zehinli alym-pedagog rus we beýleki halklaryň pedagogiki mirasyny, iş tejribesini öwrenip, öz işinde döredijilikli peýdalanýar; okuwçylaryň özbaşdak pikirlenme ukybyny ösdürmegiň, okuw-görkezme esbaplaryndan ýerlikli peýdalanmagyň ýollaryny salgy berýär; sapak geçmekde, leksiýa okamakda görelde görkezýär; mugallymyň öz kärine ussat bolmagynyň, okuwçylar bilen sazlaşykly aragatnaşygy ýola goýup, sapaga höweslendirip bilmeginiň hökmanylygy talabyny öňe sürýär.

H.Baýlyýewiň nesillere galdyryp giden pedagogiki mirasynda terbiýeçilik işiniň möhüm meselelerine ýörite bagyşlanan işlerem az däl. Olarda mekdep bilen ata-eneleriň arasyndaky arabaglanyşyk, geçirilýän duşuşyklar, diwar gazetiniň roly, mugallymyň terbiýeleýjilik hyzmaty barada peýdaly maslahatlar berilýär.

Ol okuw kitaplaryny döretmek işi bilen yzygiderli iş salyşýar. 1932-nji ýylda onuň E.Kallistowa bilen awtordaşlykda ýazan «Täze

ýol» ady bilen harplyk kitaby çykýar. Bu harplyk ondan öňki harplyklardan özüniň kämilligi bilen düýpgöter tapawutlanýar.

1933-nji ýylda Hojamyrat Baýlyýewiň 2-nji synp üçin «Okuw kitaby» çap bolup çykýar. Bu okuw kitaby okuwçylary ülkämiziň tebigaty, haýwanat dünýäsi, taryhy we geografiýasy bilen tanyşdyrýar. Şol ýyl onuň täze okuw kitaby «Ene dili, 4 okuw ýyly üçin grammatika» ady bilen çap edilýär.

1934-nji ýylda Hojamyrat Baýlyýewiň Gurban Sopyýew bilen bilelikde ýazan, «Türkmen diliniň grammatikasy» (5-6-njy synplar üçin okuw kitaby) neşir edilýär. Bu işiň neşir edilmegi türkmen diliniň mekdeplerde okadylyşynyň taryhynda uly ähmiýete eýedir. Olaryň bu kitaby 1934-nji ýyldan başlap, 1947-nji ýyla çenli 10 gezekden hem köpräk neşir edilýär. Bu kitap ondan soňky ýazylan grammatiki kitaplary üçin nusga bolup hyzmat etdi. 1939-njy ýylda Hojamyrat Baýlyýew Pygam Azymow bilen awtordaşlykda türkmen diliniň sintaksisi boýunça okuw kitabyny döretdiler. Olaryň bu okuw kitaby häzire çenli mekdeplerde okadylyp gelinýär.

Hojamyrat Baýlyýew täze elipbiýe geçmek işine-de işjeň gatnaşýar. H. Baýlyýew, M. Kösäýew, B.A Garryýew tarapyndan düzülen täze elipbiýiň taslamasy has şowly çykýar.

Hojamyrat Baýlyýewiň bize galdyryp giden ylmy mirasy türkmen dil biliminiň meselelerini öwrenmek işinde uly ähmiýete eýedir.

Ýigriminji ýyllarda ylmyň guramaçysy, terjimeçi we dilçi hökmünde giňden tanalan **Kümüşaly Böriýewiň** (1896-1942) awtordaşlykda ýazan «Latyn harpy esasynda düzülen türkmen elipbiýi», täk özüniň ýazan «Elipbiý (Balalar üçin)», «Daýhan elipbiý» ady bilen çap edilen kitaplary birnäçe ýyl üstünlikli peýdalanylýar.

Diýarymyzda mekdebiň ösüşi bilen bagly saldamly işi miras galdyran alymlaryň ýene biri, pedagogika ylmynyň ilkinji doktory **Tagan Berdiýewdir.** Onuň «Türkmenistan SSR-niň mekdepleriniň taryhy boýunça oçerkler» (1960) atly işinde mekdebiň ösüş ýoly, okuw-terbiýeçilik işiniň ýola goýluşy, okuwçylary ideýa-syýasy taýdan terbiýelemegiň ýollary, türkmen aýal-gyzlaryny sowatly edip ýetişdirmegiň tärleri ýaly meseleler barada durlup geçilýär.



Umumy orta bilim berýän mekdepleriň okuwçylary we mugallymlary üçin okuw kitaplaryny, okuw-usuly gollanmalary döretmekde, magaryfyň, pedagogiki pikiriň taryhyna degişli ylmy-barlaglary alyp barmakda, ylmy-pedagogiki işgärleri ösdürip ýetişdirmekde uly hyzmatlary bitiren alym-pedagoglaryň ýene biri **Abdylla Gurbanowdyr.** Ol türkmen diline degişli ençeme okuw kitaplarynyň, türkmen dilini okatmagyň usuly barada ýazylan birnäçe gollanmalaryň awtordaşydyr. O.D.Kuzmin bilen awtordaşlykda H.Baýlyýew, A.P.Poseluýewskiý hem olaryň ylmy-pedagogiki işi baradaky kitabyň, Türkmenistanda pedagogiki pikiriň ösüş taryhy baradaky oçerkleriň ikisiniň, halk magaryfynyň ösüşi dogrusyndaky beýleki işleriň awtordaşydyr. Şeýle-de, ol «Okatmak teoriýasynyň aktual meseleleri» (1979), «Pedagogikanyň taryhy boýunça gysgaça kurs» (1981) atly gollanmalaryň, başga-da ençeme okuw-metodik kitaplaryň ýazylmagyna gatnaşýar.

1936-njy ýylda «Mugallyma kömek» žurnalynda A. Gurbanowyň «Diktantlary geçirmegiň metodikasy» atly ilkinji makalasy, 1940-njy ýylda Penjeliýew bilen bilelikde ýazan «Klas ýolbaşçysyna kömek» işi çykýar.

1947-nji ýylda A. Gurbanowyň Ýa. Tekäýew bilen birlikde ýazan «Orta mekdepde ene dilini okatmagyň metodikasy» atly uly monografiýasy çykýar. Bu iş türkmen dilini orta mekdepde okatmagyň usulyna bagyşlanan ilkinji işdir. 1949-njy ýylda bolsa onuň H. Kürräýew bilen bilelikde ýazan «Başlangyç klaslarda ene dilini okatmagyň metodikasy» diýen işi neşir edilýär. Bu işleriň ikisi-de birnäçe gezek gaýtadan neşir edilýär.

1957-nji ýylda ol köp ýyllaryň tejribesini özünde jemleýän «Türkmen mekdeplerinde ene dilini okatmagyň metodikasy boýunça oçerkler» atly ylmy iş ýazýar. Alymyň bu işi türkmen mekdepleriniň taryhynyň köp materiallaryny öz içine alýar.

16. Sargyt № 986

Onuň P. Azymow bilen bilelikde ýazan «Harplyk» (1950) kitaby, N.Kürräýew bilen ýazan «Türkmen diliniň grammatikasy (V–VI klaslar üçin)» (1949) okuw kitaby we başga-da birnäçe kitaplary häzire çenli mekdeplerde ulanylýar. Onuň A.Annamämedow bilen awtordaşlykda ýazan «Magtymgulynyň pedagogik garaýyşlary» atly çaklaňja kitapçasy hem çap bolup çykýar. Onuň ýolbaşçylygynda birnäçeler doktorlyk we kandidatlyk dissertasiýalaryny goradylar.

Türkmenistanda pedagogika ylmynyň aýry-aýry meseleleri, Diýarymyzda metbugatyň, medeniýetiň, magaryfyň pedagogik pikiriň ösüşi barada iş ýazanlaryň biri-de **Mämmetdurdy Annagurdowdyr.** Ol talyplar hem mugallymlar üçin ençeme okuw gollanmalary-da taýýarlap neşir etdirdi.

Sowet düzgüni ýyllaryndaky pedagogikanyň ýagdaýy barada gürrüň edilende, bu ylmyň möhüm pudaklarynyň biri bolan hususy metodika bilen baglanyşykly ylmy-barlaglara aýratyn üns berlenligini, türkmen dilini, edebiýatyny, rus dilini, geografiýany, matematikany okatmagyň usullaryna degişli düýpli işleriň edilenligini aýratyn nygtamak bolar.

Ýene bir bellemeli zat, tä ýetmişinji ýyllara çenli, eger-de käbir terjimeleri, hususy metodika, okuw-terbiýeçilik işiniň aýry-aýry meselelerine bagyşlanan işleri nazara almasaň, pedagogikanyň nazaryýeti hem amalyýeti babatynda türkmen dilinde ýazylan ýekeje-de saldamly hem bitewi ylmy-usuly gollanma döredilmedi. Bu ýagdaýyň özboluşly sebäpleri bar.

Her hal, türkmen pedagoglarynyň öňdebaryjy wekilleri dil bilen, halk döredijiliginiň, okuw maglumatlarynyň, sungatyň, hatda öz şahsy göreldesi bilen milli ruhy, medeni gymmatlyklary nesilleriň aňyna siňdirdi. Öň bellenilişi ýaly, soňabaka, 70-nji ýyllardan başlap pedagogiki okuw mekdepleriniň talyplary, mugallymlary üçin niýetlenip türkmen dilinde ýazylan okuw gollanmalary peýda bolup başlady. Olardan G.Pirliýewiň «Mekdepde terbiýeçilik işiniň esasy meseleleri», «Türkmen halk pedagogikasy» işlerini, Ş.Haljanowyň «Pedagogika boýunça leksiýalar» okuw gollanmasyny bellemek bolar.

## Sowet döwrüniň meşhur pedagoglary

Bu meselede pedagogik okuw jaýlarynda ürç edilip öwrenilen, häzirem täzeçe nazaryýetden öwrenilýän pedagoglaryň ikisi – A.S.Makarenko we W.A.Suhomlinskiý hakynda gysgaça durup geçmek maksadalaýykdyr.



**Anton Semýonowiç Makarenko (1888–1939)** – belli pedagog hem ýazyjy, terbiýe pedagogikasynyň meşhur täzelikçisidir. Ol entek sowet düzgüni berkarar bolmanka, pedagogiki işiň on ýyldan hem gowrak tejribesini toplan mugallymdyr. Uçursyz ökde guramaçylyk ukyby, guýmagursak zehini hem-de tutanýerli zähmeti bilen tanalan, ynsan mertebesini, gadyr-gymmatyny ähli zatdan ileri tutýan pedagogdyr. Onuň pedagogik işleri Latyn Amerikasy ýurtlarynda, ösen kapitalistik ýurtlarda hem meşhurdyr. Makarenkonyň **«Pedagogik poemasy», «Otuzynjy ýylyň marşy», «Minaralaryň üstündäki baýdaklar», «Çagalary terbiýelemek hakyndaky leksiýalary», «Terbiýeçilik prosesini guramagyň metodikasy», «Ata-eneler üçin kitaby»** giň okyjylar köpçüliginiň, aýratyn-da terbiýeçileriň, mugallymlaryň, ata-eneleriň, terbiýeçilik işine dahylly her bir adamyň söýgüli kitaplaryna öwrüldi.

A.S.Makarenko işi örän kyn şertlerde başlamaly bolupdyr. Oňa täze mekdep hökmünde rewolýusiýadan öň koloniýa bolup hyzmat eden, ýykylyp-ýumrulan bir jaý berlipdir. Makarenkonyň iş salyşmaly adamlary-da jenaýatçylyk tejribesi ýetik bolan, düzgün-nyzamly zähmet çekmäge endigi hem islegi bolmadyk ýetginjeklerden we ýaşlardan ybarat bolupdyr. Ilkinji aýlar uly kynçylyklar döräpdir. Bu barada A.S.Makarenko şeýle ýazýar: «Biziň koloniýamyzyň ilkinji aýlary meniň özüm we ýoldaşlarym üçin diňe bir umydy puja çykarmaklyk, biderek güýç tijemeklik bolman, eýsem, ol aýlar hakykaty gözleýiş aýlary hem boldy. Men 1920-nji ýylyň gyşynda okanym ýaly pedagogiki kitaplary ömrümde-de okamandym». Anton Semenowiç özüniň meşhur **«Pedagogik poemasynda»** gaýtadan terbiýeleniş

işiniň nädip geçenligini, şol işiň dowamly we kyn bolanlygyny birin--birin gürrüň berýär.

A.S. Makarenko terbiýelenýänleriň toparyny guramaklyga aýratyn ähmiýet berýär. Otrýadlar döredýär. Her otrýadyň öz serkerdesi bolýar. Şol otrýad serkerdelerinden serkerdeleriň geňeşini döredýär. Ähli möhüm meseleler şol geňeşde ara alnyp maslahatlaşylýar. Makarenkonyň serkerdeleriň geňeşinden bimaslahat hiç bir meseläni çözmändir.

A.S.Makarenko koloniýada täze-täze däpleri girizýär. Ol **her bir terbiýelenýäne hormat goýmagy we ondan edilýän talaby güýçlendirmegi** esasy düzgün edip goýýar. Dogrudan hem, her koloniýaçynyň mertebesini belent tutmak, onuň şahsyýetine sarpa goýmak, geçmişi barada gürrüň etmezlik, kollektiwiň erkine tabyn bolmak terbiýeçilik işleriniň esasy düzgünleriniň hatarynda durýardy.

1935-nji ýylda A.S.Makarenko özüniň «Pedagogik poemasyny» ýazyp gutarýar. Bu kitap täze adamyny terbiýelemek, geçmişde öýsüz-öwzarsyz, ykmanda günäkärler bolan, soňundan päk ýürekli sowet raýatlaryna öwrülen ýaş adamlaryň psihologiýasy, aň-düşünjeleri, dünýägaraýyşlary baradaky eserdi.

A.S.Makarenko 1928-nji ýyldan F.E.Dzeržinskiý adyndaky kommuna ýolbaşçylyk edýär. Eýýäm otuzynjy ýylyň ahyryna çenli kommuna çekistleriň kömeginden el çekip, özüni öz girdejisiniň hasabyna dolandyrmaga girişýär. Kommunanyň ussahanalary girdeji getirip ugraýar. Ol ýurtda ilkinji bolup, el bilen işledilýän elektrik burawy, «FED-1» fotoapparatyny öndürip başlaýar.

A.S.Makarenko 1930-njy ýylda **«30-njy ýylyň marşy»** kitaby, «FD-1» powestini, birtopar pedagogiki makalalary, «Mažor» diýen pýessasyny ýazýar we olarda kommunalaryň işi, okuwy, baýramçylyklary, agzalarynyň gylyk-häsiýeti barada gürrüň berýär.

Sowet pedagogy 1937-nji ýylyň başynda Moskwa göçüp barýar we has öndümli işleýär. Gazet-žurnallaryň sahypalarynda onuň terbiýe meselesi bilen bagly makalalary ýygy-ýygydan peýda bolýar. Leningrad radiosy boýunça çagany maşgalada terbiýelemek baradaky leksiýalar, magaryf işgärleri üçin dokladlar bilen çykyş edýär.

Öz aýaly Galina Stahiýewna Makarenko bilen bilelikde **«Ata-eneler üçin kitap»** atly ajaýyp işini ýazýar. Şol kitabynyň başynda: «Häzirki ata-eneler çagalary terbiýelemek bilen biziň ýurdumyzyň geljekki taryhyny, diýmek, dünýä taryhyny hem terbiýeleýärler» («Ata-eneler üçin kitap», 1986) diýip ýazýar.

Terbiýeçilik işleriniň usullary hem-de tärleri beýik pedagogyň ähli eserleriniň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Olaryň mazmuny bolsa çagalara çemeleşmegiň dogry ýollaryny tapmagy başarmakdan, çagalar, adamlar bilen gepleşmegiň dogry usullaryny ulanmakdan ybaratdyr. Bu başarnyk adamyň içki ruhuna aralaşmak, okuwçynyň geljegini öňünden aňmaga ukyplylyk, onuň durmuşyny «proýektirlemegi» başarmakdyr.

Onuň dürli makalalarynda, usuly işlerinde, çeper eserlerinde çaga terbiýesi boýunça okan leksiýalarynda we eden dokladlarynda bize pedagogikanyň usulyýetiniň-metodologiýasynyň möhüm meselelerini, terbiýeçilik işleriniň usulyny öz içine alýan pedagogiki garaýyşlaryň kesgitli ulgamy bardyr. Bularda görnükli pedagogyň her bir adamyny bagtly, jemgyýetiň mynasyp raýaty etmek üçin alyp barmaly terbiýeçilik işleri baradaky oý-pikirleri aýdyň beýan edilýär. Ol terbiýelenmesi kyn hasap edilýän her bir adamda haýsy hem bolsa bir gowy tarapy, gylyk-häsiýetiň barlygyny, ony görüp hem ýüze çykaryp bilmegiň, edep-terbiýe berlende onuň şol gowy tarapyna daýanmagyň zerurlygyny maslahat berýär. Şeýle hem, adama näçe hormat goýuldygyça, oňa edilýän talabyň-da barha güýçlendirilmelidigini nygtaýar.

A.S.Makarenko terbiýeçilik işleriniň umumy ulgamynda mugallym bilen okuwçynyň emosional sazlaşygy baradaky meselä uly ähmiýet berýär. Onuň pikiriçe, mugallym öz terbiýeleýän çagalarynda zerur bolan emosiýalary döretmegi hemişe başarmalydyr we öz emosiýalaryny hem görkezip bilmelidir. Emosiýasyz adam hiç wagt terbiýeçi bolubam, okuwçylarda zerur bolan emosiýalary döredibem bilmez diýýär.

A.S.Makarenko ahlak-**etika** meselelerine hem aýratyn üns beripdir. Bu mesele onuň«Erklilik, edermenlik we maksatlylyk» eserin-

de giňden beýan edilýär. Onda jemgyýetde ahlak taýdan özüňi alyp barmagyň kadalary, ahlak sypatlarynyň hem-de täze endikleriň nähili ösýändigi hakynda gürrüň berilýär. Ýaş nesle **estetiki-gözelik terbiýesini** bermek meselelerine, çagalarda estetik duýgyny döretmek meselelerine Anton Semýonowiç hemişe ahlak-etiki meseleler bilen aýrylmaz bagly hadysa hökmünde garaýar. Estetiki terbiýe diňe bir gözellikleri duýmagy däl, eýsem, adamyň durmuş garaýşyny hem kemala getirýär. Beýik pedagog: «Ýaşlar dogry terbiýelenseler, dogry ýaşasalar, dogry işleseler, şatlyga dogry düşünseler, olar hemişe gözeldirler» diýip nygtaýar. Ol, eger-de biz, durmuşdaky gözelliklere düşünmek duýgusyny terbiýelemek barada gürrüň edýän bolsak, onda ozaly bilen öndüriji zähmetiň gözellikleri hakynda aýdýandyrys diýýär. **Zähmet terbiýesi** A.S.Makarenkonyň tebiýeçilik ulgamynda esasy orun tutýar. Ol: «Zähmet tagallasynda diňe bir işleýän adam däl, eýsem, hakyky ýoldaş taýýarlanýar, adamlara dogry gatnaşyk endikleri terbiýelenýär. Munuň özi ahlak terbiýesidir» (История педагогики, 1982) diýýär. Makarenkoda sungata hakyky söýgi bolup, ol öz okuwçylarynyň-da gözellige dogry düşünmekleri we onuň gadyryny bilmekleri barada köp işler alyp barýar. Aktýor hökmünde Gogolyň «Derňewçisinde» şäher häkiminiň roluny ussatlyk bilen ýerine ýetirýär. Ol skripka çalmaga-da ökde bolup, okuwçylarynyň berýän konsertlerine ýolbaşçylyk edýär.

Terbiýeçi bilen terbiýelenýänleriň arasyndaky gatnaşyklaryň has dogry ugurlaryny, ençeme gymmatly düzgünleri bellemek bilen, Makarenko bahasyna ýetip bolmajak iş etdi. Ol terbiýeçileriň çagalar babatda örän eserdeň bolmaklaryny talap edýärdi, kommunarlar bilen gatnaşyk edilişinde absolýut takyklygyň bolmagyny gazanmaga çalyşýar. Adamlarda talabedijiligi güýçlendirmegi, adama uly hormat goýmagy, terbiýeçiniň ähli işini çagalardan tükeniksiz talap etmek hem-de çäksiz ynam bildirmek esasda guramagy esasy düzgün hökmünde goýýar.

Terbiýeçiniň her bir sözüne çaga çuňňur duýgy bilen ynam etmelidir, terbiýeçini medeniýetli, erkli şahsyýet diýip tanamalydyr, onuň wezipesi kollektiwiň dogry ösmegine edeplilik hem-de parasatlylyk

bilen ýolbaşçylyk etmekden ybarat bolmalydyr diýip öwredýär. Ol terbiýeçiniň özüni alyp barşyndaky ýasamalygy çydamsyz hadysa hasaplapdyr. Terbiýeçi hemişe özüniň mertebesine mynasyp, şähdaçyk, dogumly, asylly, salykatly bolmalydyr diýýär.

Makarenkonyň terbiýelän çagalary özleriniň ýatlamalarynda: «Anton Semýonowiç bize hemişe söýgi duýgusy bilen garaýardy, bizi şatlandyrmaga we göwnümizi götermäge çalyşýardy». (Pedagogikanyň taryhy boýunça gysgaça kurs, 1981) diýip belleýärler.

Gumanist pedagog A.S.Makarenkonyň terbiýeläp ýetişdiren adamlarynyň, egindeşleriniň arasynda professorlardyr harby işgärler, inženerlerdir pedagoglar, alymlardyr halk hojalygynyň dürli pudaklarynda zähmet çekýän işgärler köpdür.

A.S.Makarenko pedagogikada täzelikçidir. Ol bu ylma hemişe ösüşde bolýan, iň çylşyrymly hem köptaraply ylym hökmünde baha berýär. Iň gowy diýlip hasap edilýän terbiýe serişdesi aýratynlykda alnanda peýdaly bolmaz, şoňa görä terbiýäniň usullaryny, serişdelerine biri-birleri bilen arabaglanyşykly terbiýeçilik ulgamy hökmünde garamaklygy maslahat berýär. Ol şeýle netijä 32 ýyllap mekdepde işläp, ýaş nesli terbiýelemek işine ýürekden berilmeklik esasynda gelýär. Ol **«Meniň pedagogik garaýyşlarym»** işinde: «Mekdepler bilen men häzir oňat tanyş, meniň mekdepde bolmaýan günüm ýok» diýip aýdýar. Bu onuň çagalaryň ykbaly bilen hemişe gyzyklanýandygyna güwä geçýär. (Pedagogikanyň taryhy boýunça gysgaça kurs, 1981)

Okuw-terbiýeçilik prosesinde **çagalaryň ýaş, özboluşly (indiwidual) aýratynlyklaryny** hasaba almagy Makarenko iňňän wajyp mesele hasaplaýar. Ol özüniň bar ukyp-başarnygyny, mylakatlylygyny täze adamyny kemala getirmek işine gönükdirýär.

Onuň **«Ata-eneler üçin kitaby»** hem giň okyjylar köplüginiň arasynda meşhurlyk gazandy. A.S.Makarenko **maşgala terbiýesine** aýratyn uly üns beripdir. Bu mesele barada onuň eserlerinde örän gymmatly we peýdaly pikirleri, ýörelgeleri görmek bolýar. Ata-eneleriň abraýy çagalary terbiýelemekde aýgytlaýjy faktordyr. Makarenko «Ýörite çagalar üçin niýetlenen abraý bolup bilmez. Şonuň ýaly abraý hemişe galp we biperwaý bolar. Abraýy emeli ýol bilen gazanyp

bolmaz, ony güýç, haýbat arkaly çagalara ykrar etdirip hem bolmaz sebäbi ata-enäniň abraýynyň köki hemişe bir ýerde – olaryň özlerini alyp barşynda bolup, bu atanyň ýa-da enäniň bütin ýaşaýşyny: onuň işini, pikirini, endigini, duýgusyny, maksadyny öz içine alýar» diýip belleýär.

A.S.Makarenkonyň pedagogiki ulgamyndaky gymmatly pikirleriniň hatarynda **kollektiwiň terbiýeleýjilik güýji; mugallym bilen okuwçylaryň, terbiýeçi bilen terbiýelenýänleriň arasyndaky sazlaşykly, hoşniýetli gatnaşyklar, özara ynam, sylanyşyk, hormat; çagalaryň ýaş we özboluşly (indiwidual) aýratynlyklaryny nazara almagyň zerurlygy baradaky pikirler, tälim-terbiýäniň usullary, pedagogyň ussatlygy, ýaş nesilde borçlulyk, wyždanlylyk duýgularyny, erkliligi, ygrarlylygy terbiýelemek meseleleri** esasy orun tutýar. Makarenko pedagogiki nazaryýeti pedagogiki tejribäniň, pedagogiki hadysalary öwrenmegiň we umumylaşdyrmagyň esasynda döredip bolar diýen pikirden ugur alýar.

Meşhur pedagogyň terbiýe meselesinde öňe süren ideýalarynyň köpüsi biziň günlerimizde-de öz gymmatyny saklaýar. Ol **«Adama bagtly bolmagy öwredip bolmaz, emma ony bagtly bolar ýaly edip terbiýeläp bolar»** diýen düzgünden ugur alýar. Ol ýaş nesliň okuwyny, bilimini, terbiýesini öndürijilikli zähmet bilen utgaşdyryp alyp barmagy maslahat berýär. Makarenko «hojalyk hasaplaşygy ajaýyp pedagogdyr, ol örän oňat terbiýeleýär» diýip öwredýär. Ol geljekki pedagoglaryň amaly endiklerini emele getirmegiň zerurlygyny aýratyn nygtap, ýokary okuw jaýlarynda tejribe okuwlaryň geçirilişine ünsi güýçlendirmegi maslahat berýär. Meselem, ol pedagogiki okuw mekdeplerinde talyplaryň birini mekdep müdiriniň, beýlekisini synp ýolbaşçysynyň, üçünjisini okuwçynyň ornunda çykyş etdirip, soňra olaryň hereketlerini ara alyp maslahatlaşmak ýaly oýunlary guramagy teklip edýär, maşgalada, mekdepde göreldäniň ornuna uly baha berýär.

A.S.Makarenkonyň eserleri 7 kitapda rus dilinde neşir edildi. «Çagalary terbiýelemek hakynda leksiýalary», «Ata-eneler üçin kitaby», «Pedagogiki poemasy» bolsa türkmen diline terjime edilip, okuwçylara ýetirildi.

## Wasiliý Aleksandrowiç Suhomlinskiý (1918-1970)

**W.A. Suhomlinskiý – meşhur pedagog,** üç ýüzden gowrak ylmy işiň awtorydyr. **Olardan «Ýüregimi çagalara bagyş edýärin», «Raýatyň dünýä inmegi», «Pawlyş orta mekdebi», «Ýaş mekdep direktory bilen gürrüňler», «Kollektiwiň parasatly güýji», «Maşgala pedagogikasy», «Ogluma ýazan hatlarym», «Hakyky adamy nähili terbiýelemeli», «Borç hakynda», «Söýgi hakynda»** diýen eserleri pedagogiki jemgyýetçilige giňden bellidir.



Onuň üçin her bir çaga özboluşly ruhy dünýäsi bilen tapawutlanýan täsin şahsyýet bolupdyr. Her bir çaga özüniň psihologik ýaş aýratynlygy, gylyk-häsiýeti, sypaty bilen tutuşlygyna beýleki bir çaga meňzemeýär. Şoňa görä, Suhomlinskiý dürli-dürli tärler bilen çaganyň ruhy dünýäsine aralaşmagy başaryp, öz başarnygyny beýlekilere sahylyk bilen öwredipdir. Onuň eserlerini okanyňda, kitaplaryndaky we makalalaryndaky pikirler terbiýäniň hem adamyň sazlaşykly ösüşini üpjün etmek üçin paýhaslylyk bilen seçilip alnan sazlaşykly serişdelerden has köp peýdalanmagyň möhümdigini tassyklaýar. Onuň pikiriçe, terbiýäniň hemme taraplary – ahlak, akyl, ideýa, fiziki, zähmet, estetik terbiýesi çaganyň ruhy dünýäsine täsir etmek, onuň ösen şahsyýetini kemala getirýär.

W. A. Suhomlinskiý 20 ýyldan hem köpräk wagtyň dowamynda ençeme gymmatly ylmy-pedagogiki işleri döretdi. Ol ilki-ilkiler pedagogiki metbugatda öňdebaryjy ideýa mazmunly makalalar bilen çykyş edýär. Soňra 1956-njy ýylda onuň **«Okuwçylarda kollektiwizm terbiýesi»** atly kitaby çapdan çykýar. Onuň yzysüre **«Orta mekdebiň pedagogiki kollektiwi»** diýen kitaby peýda bolýar. Bu işlerde diňe bir Pawlyş orta mekdebiniň iş tejribesi beýan edilmän, eýsem ondaky pedagogiki açyşlar hem häsiýetlendirilýär.

1961-nji ýylda Moskwada Suhomlinskiniň **«Mekdep okuwçysynyň ruhy dünýäsi»** kitaby neşir edilip, onda pedagogyň terbiýe meselesine bolan umumy garaýyşlary ilkinji gezek beýan edilýär. W. A. Suhomlinskiý ýadawsyz işleýär. Ol indi terbiýä bitewi bir ulgam hökmünde garaýar, analizden sinteze geçýär. Soňra **«Ýaş nesliň ahlaklylyk ideýasy» (1963) kitaby, «Narodnoýe obrazowaniýe» žurnalynda «Ýaş mekdep direktory bilen gürrüňler»** işi çap edilýär.

Onuň ençeme pedagogiki işlerini özünde jemleýän kitaby 1987-nji ýylda «Ogluma ýazan hatlarym» at bilen türkmen dilinde neşir edildi. Suhomlinskiniň **«Ogluma ýazan hatlarym»** atly eserini okanyňda, Gündogaryň orta asyr döwrüniň pedagogiki mirasy bolan, XX asyryň talaplary nazarlanylyp ýazylan, terbiýeçilik ähmiýeti iňňän uly bolan bu kitabyň «Kowusnamany» ýada salýandygyny aýtmak bolar.

## Meşhur pedagogyň ýaş nesle ahlak, akyl, zähmet terbiýelerini bermek baradaky pikirleri

W.A.Suhomlinskiniň **«Pawlyş orta mekdebi»** kitabynyň Moskwada neşir edilen ýyly (1969) Kiýewde onuň meşhur **«Ýüregimi çagalara bagyş edýärin»** eseri okyjylara hödürlenýär. Soňky ýyl (1970) onuň **«Raýatyň döremegi»** kitaby neşir edilýär. Wasiliý Aleksandrowiç «Raýatyň döremegi» işinde çagalary we ýetginjekleri ahlak taýdan terbiýelemegiň iki çeşmesi barada pikir ýöredýär. Olaryň birinjisi – deslapdan meýilleşdirilýän terbiýeçilik işidir. Muňa köptaraply ahlak, zähmet terbiýesi, döredijilik işi, kollektiwde terbiýeçilik işlerini geçirmek maksady bilen ýörite döredilýän syýasy gatnaşyklar, terbiýeçiniň sözi, uly nesil tarapyndan döredilen we gazanylan gymmatlyklaryň ýaş nesle geçirilişi degişlidir.

Bu ugurdaky ikinji çeşme bolsa, olary gurşaýan çylşyrymly gatnaşyklar (diňe bir adamlar däl-de, zatlara we hadysalara), ýagny, gurşawdyr. Şol gurşaw bolsa çagalaryň aňyna ahlak düşünjeleri ornaşdyrmak babatynda hemişe «açyk sapaklar gurap durýar». Ulular şol güýçli çeşme (gurşawyň roly) barada näçe az pikir etdikleriçe,

daşky gurşawyň berýän sapaklary çagalaryň ruhy dünýäsine şonça-da güýçli täsir edýär, olary öz täsiri bilen alyp gidýär.

Terbiýäniň ilkinji we ikinji çeşmeleriniň sazlaşygy terbiýeçilerden işjeň terbiýeçilik işlerini guramagy, çagalaryň ruhy dünýäsine täsir edýän gurşawy döretmegi maksadalaýyk durmuşa geçirmegi talap edýär.

Beýik pedagogyň terbiýeçilik täsirleriniň sazlaşygy baradaky maslahatlary her bir mekdep ýolbaşçysy, mugallym, terbiýeçi üçin gymmatly gollanmadyr. Ol terbiýeçilik işinde «... ýüzlerçe beýleki täsirler bolmasa, şahsyýete edilýän her hili täsir öz güýjüni ýitirýändir, ýüzlerçe beýleki kanunalaýyklyklar gury owaza öwrülýändir» diýip ýazýar. Şoňa görä, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmek işi oňa edilýän täsirleriň jemini, maksada gönükdirilip guralan, çuňňur oýlanylan, peýdaly terbiýeçilik işlerini durmuşa geçirmegi talap edýär.

Mälim bolşy ýaly, ýaşalýan döwürde akyl, intellektual terbiýe esasy meseleleriň biridir. W.A.Suhomlinskiý akyl terbiýesini – ylmy-bilimleri öwrenmek, ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek, akyl ýetiriş we döredijilik başarnyklary ösdürmek, akyl zähmetiniň medeniýetini özleşdirmek, aňy ylmy bilim-düşünjeler bilen baýlaşdyrmak we şol ylmy-bilimleri tejribede peýdalanmaga bolan islegi, gyzyklanmany terbiýelemekdir diýip kesgitleýär. Pedagogyň pikiriçe, akyl terbiýesiniň iň möhüm serişdesi okatmakdyr, akyl terbiýesiniň esasy maksady bolsa adamy akyl taýdan ösdürmekdir. Bu işde mugallymyň roly biçak uludyr. Akyl terbiýesi adam üçin zerurlykdyr, çünki ol adamyň ruhy dünýäsiniň joşgunlylygyny üpjün edýär.

Akyldar pedagog terbiýeçilik işine örän giň manyda düşünýär. Ol diňe bir okuw wagtynda terbiýeläp bolmaz, bu mümkin hem däldir, şoňa görä terbiýeçi okuwçylar bilen synpda geçirilýän terbiýeçilik işlerine-de giňden gatnaşmalydyr, ol öz okuwçylaryny ýörişlerde-de, agşamlarda-da, bilelikde bitirilýän beýleki işlerde-de görüp, olary öwrenip durmalydyr diýip belleýär.

## Alym-pedagogyň «Ýaş mekdep direktory bilen gürrüňler» işinde mugallymyň pedagogiki medeniýetliliginiň tutýan orny

Bu kitapdaky ýaş mekdep müdiri bilen gürrüňler 1965–1966-njy ýyllarda «Narodnoýe obrazowaniýe» diýen žurnalda çap edilýär. Kitap mekdep ýolbaşçylarynyň arasynda uly gyzyklanma döredýär. Meşhur pedagogyň kitabynda mekdep ýolbaşçylaryny gyzyklandyrýan soraglaryň barlygyny, hususan-da, **okatmak we terbiýelemek işine nädip ýolbaşçylyk etmeli? Mekdep durmuşynyň ähli taraplaryna wagtyň ýeter ýaly nädip öz iş gününi meýilleşdirmeli? Nädip ata-enelere öz çagalaryna terbiýe bermegi öwretmeli? Okuw meýilnamasynda berlen hemme dersleri direktoryň bilmegi zerurmy?** diýen ýaly soraglaryň ençemesi bardyr.

W. A. Suhomlinskiniň **«Ýaş mekdep direktory bilen gürrüňler»** diýen işinde mugallymyň pedagogiki taýdan medeniýetliligi hakda söz açylyp, munuň özi, ozaly bilen, mugallymyň öz okadýan dersini çuňňur bilmegidir, haçanda onuň bu babatdaky garaýşy, düşünjesi, bilimi mekdep meýilnamasynda göz öňünde tutulanlardan has giň bolsa, şonda ol pedagogiki prosesiň hakyky ussady, suratçysy, şahyry bolup biler diýilýär. Mugallymyň pedagogiki medeniýeti onuň diňe bir öz okadýan dersini gowy bilmegi bilen çäklenmeýär, pedagogiki taýdan medeniýetli bolmak üçin ol sapaga ykjam taýýarlanmalydyr, öz biliminiň üstüni ýetirip, ony birsyhly baýlaşdyryp durmak maksady bilen, yzygiderli okamalydyr, çagalaryň psihologiýasyny, has dogrusy, mugallymçylyk işiniň psihologiýasyny düýpli öwrenmelidir, mugallymyň sözleýşi emosional häsiýetde bolmalydyr, her bir çaga bolan garaýşy gumanistik duýgular bilen ýugrulmalydyr diýen pikir öňe sürülýär.

W.A.Suhomlinskiý **mugallymyň pedagogiki medeniýeti** barada şeýle belleýär:

1. Sapagyň netijeliligi mugallymyň bilimine, gözýetimine, maşgalanyň we mekdebiň intellektual ýagdaýyna, sapakdan daşary işlere, hususan-da, synpdan daşary okuwa, mugallymyň usuly taýýarlygyna baglydyr.

2. Okuw işinde okuwçylaryň akyl ýetiriş ukyplarynyň sazlaşykly ösüşiniň bolmagy.

3. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, okuwyň üstünlikli alnyp barylmagy köp babatda mekdep kollektiwiniň hem-de maşgalanyň intellektual (akyl ýetiriş) ýagdaýyna bagly. Munuň şeýledigine alym köp syn etmelerde göz ýetiripdir, köp-köp mysallary getiripdir.

4. Okatmagyň we terbiýelemegiň bir bitewi sazlaşygynyň zerurlygy, okatmagyň we ahlaklylygyň bitewüligi.

5. Okuwçylaryň ahlak taýdan ösüşiniň çeşmeleriniň baý hem-de köpdürli bolmagy. Ahlak terbiýesini bermek meselesine iň esasy mesele hökmünde garap, W.A.Suhomlinskiý, bu terbiýäni bermekde ýeke-täk usulyň ýeterlik däldigini belläp geçipdir. Munuň üçin ähli bar bolan serişdelerden peýdalanmagy ündäpdir.

Alymyň pikiriçe, gowy direktor bolmak üçin gowy, ökde pedagog bolmak gerek, ýagny, didaktikany we terbiýe meselelerini gowy bilmeli. Ol direktory mugallymlaryň mugallymy diýip atlandyrýar.

Meşhur pedagog okatmakda sözüň ähmiýetine hem uly baha berýär. Ol mugallymyň sözüne pedagogiki gural hökmünde garapdyr. Her bir başlangyç synp mugallymynyň okatmakda sözüsti beýan edip bilmegini has möhüm hasaplapdyr.

Suhomlinskiý okuwçylarda kitaby okamak meýillerini oýarmagyň, akyl zähmeti bilen meşgullanmaga gyzyklanma döretmegiň ýollaryny hem salgy beripdir. Bu işiň tutuş mekdep kollektiwine degişlidigini belläp, bu wezipeleri amala aşyrmakda mekdebiň oý-pikirleriň döredijilik barlaghanasyna öwrüljekdigini aýdypdyr.

W. A. Suhomlinskiý Pawlyş orta mekdebinde köp ýyllaryň dowamynda toplan okuw-terbiýeçilik işleriniň netijesini umumylaşdyrýar. Onda pedagogiki kollektiwiň birleşdirilen güýji arkaly hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemegiň ýollary bütin aýdyňlygy bilen görkezilýär. «Pawlyş orta mekdebi» (1969) monografiýasyna onuň 33 ýylyň dowamyndaky baý pedagogiki iş tejribesi, pedagogiki agtaryşlary, oýlanmalary siňdirilipdir. Pawlyşdaky mekdep ýaş tehnikleriň we ýaş naturalistleriň stansiýasy, çagalaryň sport mekdebi, sazçylyk mekdebidi, çagalar kitaphanasy, hem-de çagalar teatrydy.

Pedagogyň pikiriçe, başlangyç synplarda grammatiki (ýazuw) kadalary okuwçylar kem-kemden öwrenmeli, munuň üçin olarda ygtyýarly ýadyň ösdürmelidigininiň zerurdygyny belläpdir. Ol, eger-de, okuwçy kesgitlemeleri, netijeleri ýatda saklamakda kynçylyk çekse, oňa gaýta-gaýta gönükmeleri işletmekligi maslahat beripdir. Ol okuwyň akyl işine, zähmetine öwrülmegini predmetlere we hadysalara syn etmek arkaly pikirlenip bilmek ukybynyň ösmegi bilen bagly hasaplapdyr.

Pawlyş orta mekdebinde okuwçylaryň synçylygyny ösdürmek arkaly ýörite pikirlendiriji ýumuşlar berlipdir. Dürli pasyllarda baglarda bolup geçýän özgermeler, olaryň sebäpleri synlanylypdyr. Meselem, 2-nji synp okuwçylary ýapraklaryň saralýandygyny we ýere gaçýandygyny synlanlarynda birnäçe sowallar barada oýlanypdyrlar: näme üçin käbir agaçlaryň ýapraklary sentýabrda, käbirlerininiňki bolsa oktýabrda ýere gaçýar?

Şol mekdepde syn etmek işi üçin teklip edilýän ýumuşlar täze temanyň öwrenilmezinden has öň berlipdir. Meselem, 4-nji synpy tamamlan okuwçylara tomusky kanikulynda, dynç alyş günlerinde 5-nji synpda öwreniljek ösümlikler baradaky temalara degişli syn ediş ýumuşlar tabşyrylypdyr.

Ady agzalýan mekdepde okuwçylaryň gözellige aralaşmagyna, olarda gözellik duýgularynyň ösmegine degişli hem köp işler alnyp barlypdyr.

Çaganyň mekdebe gelen ilkinji gününden başlap, daş-töweregiň, tebigatyň gözelliklerini görmegi, duýmagy terbiýelenipdir. Bu işi amala aşyrmak üçin ýörite gezelençler, ýörişler, synlamalar guralypdyr. Munuň üçin pedagog okuwçylar bilen meýdanlara, düzlüklere, derýanyň kenarlaryna, miweli baglaryň ýanyna we başga-da birnäçe ýerlere gidipdir, bile gözellikleri synlapdyr. Gözellik duýgulary oýarmak maksady bilen agzalýan ýerlere okuwçylar ýylyň her paslynda äkidilipdir. Okuwçylara gözellik terbiýesini bermek maksady bilen çeper eserleri okamaklyga, şol sanda özünde tebigatyň gözelliklerini jemleýän eserleri okatmaklyga aýratyn ähmiýet berlipdir.

## Pedagog maşgala pedagogikasy hakynda

W. A. Suhomlinskiý okuw-terbiýeçilik işleriniň üstünlikli, netijeli bolmagy mekdebiň maşgala bilen bilelikdäki tagallasyna, jemgyýetçiligiň kömegine baglydygyna gowy düşünipdir. Ýeri gelende görnükli pedagogyň maşgala pedagogikasy bilen bagly, çuň manyly, nazary hem amaly ähmiýetli ençeme işleri miras galdyrandygyny bellemek gerek.

Olardan «Maşgala pedagogikasy», «Ogluma ýazan hatlarym», «Söýgi hakda hatlar» işleri hemişe öz ähmiýetini ýitirmejek wajyp meseleleri gozgaýar.

Pedagog maşgalanyň we mekdebiň bilelikdäki terbiýeçilik işine uly üns beripdir. Ol çaga mekdebe 7 ýaşynda gelýän hem bolsa, ony eýýäm 5 ýaşyndan mekdep durmuşyna taýýarlamaly hasaplapdyr.

W. A. Suhomlinskiý pedagogika ylmynyň diňe bir mekdep üçin däl, eýsem, maşgala üçin hem zerurdygyny belläpdir. Pawlyş orta mekdebinde ata-eneleriň pedagogiki bilim derejesini ösdürmek üçin ýörite ata-eneler mekdebi hereket edipdir. Ata-eneler bu mekdebe çagasy mekdebe barmazyndan 2 ýyl öň ýazylypdyrlar we çagalary mekdebi tamamlaýança şol ata-eneler mekdebine gatnapdyrlar. Bu mekdepde ata-enelere psihologiýadan we pedagogikadan 250 sagat möçberinde sapak öwredilipdir. Ata-eneler mekdebiniň diňleýjileri çagalarynyň ýaşyna görä 5 topara bölünipdir:1) mekdebe çenli (5–7 ýaş); 2) I–II synplar; 3) III–IV synplar; 4) V–VII synplar; 5) VIII–X synplar. Ata-eneler mekdebinde sapaklar direktoryň, onuň okuw işleri boýunça orunbasarynyň söhbetdeşlikleri, leksiýalary esasynda guralypdyr.

Üçünji bölüm

# OKATMAGYŇ NAZARYÝETI

## X BAP

## Didaktika – okatmagyň we bilim bermegiň nazaryýeti, okuw işi we onuň kanunalaýyklygy hökmünde

### Didaktikanyň predmeti we wezipeleri

Didaktika jemgyýetiň tejribe islegine, durmuşyň öňe süren talabyna görä döräpdir hem ösüpdir. Ýaş nesli jemgyýetçilik durmuşynyň talaplaryna laýyk kemala getirmek zerurlygy didaktika ylmynyň düýpli işlenilmegine sebäp bolupdyr. Şoňä görä pedagogika ylmynyň bu bölümi barada köp sanly garaýyşlar, ylmy-usuly işler peýda bolupdyr.

**Didaktika (grekçeden «didaktos») okadyjy, öwrediji we («didasko» – öwreniji»)** diýen manyny berýär.

Ilkinji bolup bu söz nemes pedagogy **Wolfang Ratke (Ratihiýa) (1571–1635ý)** tarapyndan okatmak sungatyny aňlatmak üçin ulanylýar.

Bu düşünje XVII asyrda **Ýan Amos Komenskiniň (1592–1670) «Beýik didaktika»** işinden soň bilim ulgamynda giň gerime eýe bolýar. Didaktika häzirki döwürde hem okatmak nazaryýeti hökmünde öz güýjüni saklap gelýär.

**Didaktika** – okatmagyň we bilim bermegiň nazaryýetidir. Eger onuň akyl hem ahlak terbiýesi bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny, ylmy dünýägaraýşy kemala getirmekde möhüm ornunyň bardygyny, mahlasy, edep-terbiýe işinden üzňe däldigini nazara alsaň, onda di-

daktika okatmagyň, bilim bermegiň hem terbiýelemegiň nazaryýetidir diýip kesgitleme bermäge-de esas döreýär.

**Okatmak, öwretmek, bilim bermek** işi didaktikanyň **esasy dersidir.** Bu möhüm iş okatmagyň degişli görnüşleriniň, usullarynyň, serişdeleriniň üsti bilen amala aşyrylýar. Şu ýerde «okuw işi», «okatmak işi», «pedagogik işi», «okuw terbiýeçilik işi» diýen düşünjeleriň didaktikanyň süňňüne ornaşyp gidenligi hem bellenilmelidir. **Okuw işi** umumy düşünje bolup, ol okatmagyň ähli taraplaryny öz içine alýar. **Okatmak işi** – ýörite gurnalan, dolandyrylýan gözegçilik edilýän, mugallym bilen okuwçylaryň bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almak boýunça ýerine ýetirilýän işdir.

Pedagogika ylmynda **okatmak** düşünjesine iki manyda – sözüň **dar** we **giň** manysynda seredilýär.

Sözüň dar manysynda okatmak – bu mugallymyň okuwçylar bilen, esasan hem başlangyç synplarda, alyp barýan işidir. Ýokary synplarda bolsa, okatmak düşünjesi has giňelýär. Şeýle bolansoň, okatmak düşünjesiniň giň manysy mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylaryň döwletimiziň, jemgyýetiň, mekdebiň öňünde häzirki günde goýýan talaplaryny bilelikde çözmegine düşünilýär.

Şu günki günde **okatmaklygyň baş wezipesi – okuwçylary ylym-bilimleriň esaslary bilen çuňňur taplamakdan, başarnyklary we endikleri kemala getirmekden ybaratdyr.**

Şeýlelikde okatmaklygyň **ilkinji baş** wezipeleriniň biri – **bilim berijilik** wezipesidir. Okatmaklygyň **ikinji** möhüm wezipesi **terbiýeleýjilik,** ýagny, okuwçylarda aňly-düşünjeli, ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek, onuň üçünji wezipesi bolsa **ösdürijilikdir**.

Okatmagyň bilim berijilik, terbiýeleýjilik we ösdürijilik wezipeleri okatmak prosesinde biri-biri bilen berk arabaglanyşyklydyr. Okatmak ýene-de bir esasy wezipeleriň birine eýedir. Ol okuwçylaryň akyl ukyplaryny, özbaşdak pikirlenmek endiklerini döredijilikli ösdürmekdir. **Pedagogiki iş** düşünjesi seýregräk ulanylyp, oňa derek okuw-terbiýeçilik işi düşünjesiniň ylmy-tejribedäki dolanyşygy ýörgünlidir.

17. Sargyt № 986

Adamyň ylmy – bilimleriň esaslaryny ele almagy, tejribe başarnyklara we endiklere eýe bolmagy, özünde ylmy dünýagaraýşy döretmegi, akyl ýetiriş güýçleri jemlemegi – bularyň ählisi onuň sowatlylygyny emele getirýär. Şeýle adama sözüň doly manysynda bilimli, düşünjeli adam diýip bolar. Bilimli, sowatly bolmagyň esasy ýoly okuwdyr. Okatmak, okuwçylaryň materialy neneňsi özleşdirýändiklerini barlap durmak, bahalandyrmak hem gözegçilik etmek arkaly ýaş nesliň bilimli hem sowatly adamlar bolup ýetişmegi gazanylýar. Şonuň üçin okatmagy üstünlikli alyp barmak, onuň has peýdaly täze-täze görnüşlerini we usullaryny oýlap tapmak hem-de tejribede ornaşdyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Okatmagy üstünlikli alyp barmagyň kanunalaýyklaryny açyp görkezmek **didaktikanyň esasy maksadyny düzýär.**

Okatmagyň has netijeli usullaryny agtaryp tapmak hem mekdep tejribesine ornaşdyrmak, okuw işini tutuşlygyna kemally şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmäge tabyn etmek **didaktikanyň esasy wezipeleriniň** biridir.

Bu wezipäni durmuşa geçirmek döredijilikli işleýän pedagogiki toparlaryň, mugallymlaryň, alym-pedagoglaryň boýnuna düşýär. Sowatly, ruhubelent, ylmy dünýägaraýyşly, tejribe başarnyklary ýeterlik bolan akylly-başly şahslary kemala getirmekligem didaktikanyň wezipeleriniň çäginde galýar. Türkmenistan döwletiniň ýöredýän dürs hem çeýe syýasaty, halkyň taryhy, dili, däp-dessurlary, ruhy gymmatlyklary baradaky düşünjeleri ýaş nesliň aňyna guýmak, dünýä ylmynyň we medeniýetiniň gazananlary bilen tanyşdyrmak zehini, yhlasly bilen başarjaň okuwçylary ýüze çykarmagam didaktikanyň möhüm wezipeleriniň hataryndadyr.

**Didaktikanyň mazmuny** giň hem köptaraplydyr. Bilimiň mazmuny hem onuň kämilleşdirilip durulmagy, akyl ýetiriş işi bilen okatmak işiniň häsiýetli aýratynlyklary, didaktikanyň okatmagyň usulyýetine bolan gatnaşygy, okatmagyň esaslarydyr düzgünleri, usullarydyr serişdeleri, okuw işlerini guramagyň görnüşleridir okuwçylaryň bilimleriniň barlanylyşy we bahalandyrylyşy bilen bagly meseleler didaktikanyň mazmunyna degişlidir.

Didaktika pedagogika ylmynda okatmagyň we bilim bermegiň nazaryýeti hökmünde aýratyn bir bölümi emele getirýär. Didaktika ähli okuw dersleri üçin häsiýetli bolup, umumy kanunalaýyklykda öwrenilýär.

Her bir dersi okatmagyň öz aýratynlygy, şol dersi okatmagyň usuly hususy didaktika tarapyndan öwrenilýär.

Pedagogikanyň bu bölüminde, okuw prosesiniň düýp mazmuny, okatmagyň esaslary, mekdepde bilimiň mazmuny, okatmak usullary, okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini barlamagyň hem-de bahalandyrmagyň ýollary we okuw işini guramagyň esasy görnüşleri diýen ýaly uly göwrümli temalar öwrenilýär.

## Meşhur pedagoglaryň didaktiki garaýyşlary

Geçen asyrlarda pedagogikada bilimiň wezipesini dürlüçe esaslandyrýan iki ugur ýüze çykýar. Oňa **formal** bilim we **material** bilim nazaryýeti degişlidir.

**Formal** bilim nazaryýetiniň tarapdarlaryna J.J.Russo, I.G.Pestalossi, A.Disterweg fransuz, şweýsar, nemes pedagoglary degişlidir. Olar mekdeplerde esasy ünsi okuwçylara bilimleriň köp mukdaryny bermeklige däl-de, eýsem olaryň ukybyny, pikirlenmesiniň görnüşlerini, göz öňüne getirmelerini, höwesini, ýadyny ösdürmeklige gönükdirilmelidir diýip belläpdirler.

Olar iň gymmatly zat hökmünde ylymlaryň esaslaryny öwrenmegiň adamyň akyl ukyplarynyň kämilleşmegine edýän täsirine düşünipdirler.

Şeýle-de, olar manysyna düşünmän, ýat bekledip okatmaklyga garşy çykyş edipdirler. Bu nazaryýet öz döwri üçin öňdebaryjy häsiýete eýe bolupdyr. Didaktika ylmynyň ösmegine hem kämilleşmegine goşant goşan pedagoglaryň hatarynda pedagogika ylmynyň didaktika bölümini düýpli işlemekde täzelikçi hökmünde tanalan meşhur çeh pedagogy Ýa.A.Komenskiý, çagalaryň ýakyn hossary hökmünde belli bolan şweýsariýaly I.G.Pestalossi, «nemes mugallymlarynyň

mugallymy» hasaplanylan A.Disterweg, «rus mugallymlarynyň mugallymy» K.D.Uşinskiý, ýene-de köp sanly pedagoglar bar. Olaryň didaktika baradaky işleriniň köpüsi biziň günlerimizde hem gymmatyny ýitirenok.

Ýokarda bellenilişi ýaly, belli çeh pedagogy **Ýan Amos Komenskiý (1592–1670)** pedagogikanyň taryhynda didaktikanyň esasy meselelerini ilkinji bolup derňän, okatmagyň esaslarynyň düýbüni tutan pedagogdyr. Ol didaktikanyň esasy wezipesini okatmakda üstünlik gazanmagy üpjün etmek hasaplapdyr. Beýik pedagog ençeme okuw kitaplaryny we okuw gollanmalaryny döredipdir, aýry-aýry dersleri okatmagyň usullaryny işläp düzüpdir. Ý.A. Komenskiý didaktika babatynda täzelikçi pedagogdyr. Onuň «Beýik didaktikasy» bilim bermegiň täze mazmunyny, okatmagyň täze usullaryny girizmek barada şol döwre çenli öňe sürlen derwaýys talaplara jogap beripdir.

Ol didaktikanyň «altyn düzgünlerini» jar edip, mümkin boldugyça ähli zady duýgy agzalarynyň üsti bilen kabul etmekligi ýola goýmagy ündäpdir. (Bu barada, onuň pedagogiki döredijiligi bilen tanşylanda aýdylypdy). Bu okuw-terbiýeçilik işinde görkezme esbaplaryndan giňden hem ýerlikli peýdalanmak talabyna sepleşýär. Ý.A. Komenskiniň bilim bermegiň mazmuny, esaslary we usullary baradaky işleri didaktikanyň ösmegine düýpli goşant goşdy.

**Ž.Ž. Russonyň, I. G. Pestalossiniň, A. Disterwegiň we K.D. Uşinskiniň** didaktika baradaky işleri ýokarda **«Günbatarda pedagogik pikiriň ösüşi»** bölümde seredilendigi üçin, olaryň didaktiki esaslandyrmalaryny bu ýerde olary gaýtalamagyň zerurlygy ýok hasaplaýarys.

Türkmen alymlary **H.Baýlyýew, A.Poseluýewskiý** XX asyryň 30-njy ýyllarynda, **A.Gurbanow, O.Kuzmin, Ş.Haljanow** we beýlekiler 60–70-nji ýyllarynda ýurdumyzda didaktika ylmynyň ösmegine hem kämilleşmegine bellibir goşant goşdular. Bu babatda awtordaşlykda ýazylan «Okatmak teoriýasynyň aktual meseleleri» atly gollanmanyň ähmiýeti uly boldy.

## Didaktikanyň esasy düşünjeleri

**Didaktikanyň esasy düşünjeleri: okatmak; okamak; bilim bermek; bilim; başarnyk; endik; maksat, mazmun; guramaçylyk; forma: daşky görnüş; usullar; serişdeler; netijeler.**

**Didaktika** – okatmak we bilim bermek, olaryň maksady, mazmuny, usullary, serişdeleri, guralyşy we netijeleri baradaky ylymdyr.

**Okatmak** – bu mugallymyň okuwçylara maglumatlary bermek, aňlatmak we durmuşda ulanmagy öwretmek maksady boýunça guralýan işdir.

**Okamak** – öwrenilen maglumatlaryň, ýumuşlaryň we ele alnan tejribäniň, özüňi alyp barşyň hem işiň özgermeginde olaryň ornuna täze görnüşleriniň ýüze çykmagydyr.

**Bilim bermek** – okatmak işinde ele alnan bilimleriň, başarnyklaryň, endikleriň, pikirlenme ukyplarynyň ulgamydyr.

**Bilim** – adamyň öwrenen dersi boýunça ele alan pikirleriniň şöhlelendirilişi.

**Başarnyk** – bilimleri tejribede ulanyp bilmek ukyplaryny ele almakdyr.

**Endik** – akyl we beýleki hereketleriniň aňyň otnositel (çendan) gatnaşmazlygynda, awtomatlaşdyrylan häsiýetde amala aşyrylmagydyr.

**Maksat** – bilimiň okatmakda özleşdiriljek mazmunynyň işden öň aňda döredilmegidir.

**Mazmun** – okatmakda okuwçylaryň ele almaly ylmy bilim-düşünjeler, amaly başarnyklar we endikler ulgamy, işiniň we pikirlenmesiniň usullarydyr.

**Guramaçylyk** – goýlan maksady talabalaýyk ýerine ýetirmek, oňa bellibir görnüş bermek üçin didaktiki işiň ýörite şert-kriteriler boýunça kadalaşdyrylmagydyr.

**Forma** – (latynçadan – daşky görnüş) okuw işiniň usullarynyň mazmunyny özüne tabyn edýän, ulgam dörediji tarapydyr. Oňa diňe haýsydyr bir zadyň daşky, göze ilýän tarapy diýmeklik, ony aňrybaş ýönekeýleşdirmekdir.

**Metod (usul)** – okatmagyň maksadyna ýetmek täri.

**Serişde** – okuw işini amala aşyrmak üçin zerur maddy we maddy däl zatlardyr. Serişdeler – mugallymyň sesi, sözi, giň manyda onuň ussatlygy, okuw kitaplary, tehniki abzallardyr.

Bilimleri ele almak bu aýrybaşga tutumdyr. Her bir okuwçy bilimleri özüniň psihiki aýratynlyklaryna, ösüş derejesine we taýýarlygyna laýyklykda ele alýar.

Okap bilmeklik zerur, ýöne ýeterlik däldir. Pikir ýöredip okamagy öwrenmelidir. Teksti diňe gürrüň bermekde çäklenýän okuwça tekste düşünipdir diýip bolmaz. Okuwçylar awtoryň nähili maglumat bermek isleýändigi barada pikirlenmeli we öz düşünişini awtoryň pikirleri bilen deňeşdirmelidir.

## Didaktikanyň ylmy-barlag usullary

Pedagogikanyň ylmy-barlag usullary didaktikada giňişleýin ulanylýar. Olara:

**Syn etmek, didaktiki eksperiment (tejribe), mekdep iş kagyzlary-resminamalary, okuwçylaryň işiniň netijesini seljermek, söhbetdeşlik we sowalnama, anketa usullary degişlidir.** Soňky döwürlerde matematiki, kibernetiki modelirleme usullary hem ulanylyp, didaktikanyň ylmy-barlag usullarynyň hataryny giňeltdi.

Ýokarda sanalan didaktikanyň ylmy-barlag usullarynyň her birini aýratynlykda häsiýetlendirmek ýerliklidir.

**1. Syn etme usuly.** Sapakda mugallymyň we okuwçynyň işiniň bellibir wagt dowamlylygynda alnyp barylýar. Syn etmäniň esasy maksady mugallymyň sapak prosesinde okuwçynyň okaýşyna, okaýan, öwrenýän zadyna düşünişini synlamak bilen, onuň üstünlikleridir kemçiliklerini anyklap, öwrenip pedagogiki netije çykarmakdyr. Syn etmede mugallym dürli usullardan peýdalanyp, okuwçylaryň bilimleriniň hilini, akyl ukyplarynyň ösüşini anyklaýar. Syn etmek tebigy şertlerde geçirilip, ýagny, sapakda synag geçiriji okuw prosesiniň gidişine gatyşmaýar, diňe synlaýjynyň ornunda bolýar.

Syn etme ýörite düzülen maksatnama esasynda, gündelik ýöretmek boýunça alnyp barylýar. Şol gündelige synag geçiriji özüniň gyzyklanýan meseleleri barasynda yzygider bellik edýär. Şeýle ýazgylar

esasynda synlaýjy öz toplan maglumatlaryny umumylaşdyryp, netijä gelýär. Ol sapagyň gidişini tehniki serişdeleriň kömegi bilen ýazyp alyp hem bilýär.

**2. Eksperiment-tejribe usuly** – okatmak ýa-da terbiýe prosesine haýsydyr bir garaşsyz ululyk girizip, onuň nähili özgermeler (garaşly ululyk) döredýändigini ýüze çykarmak (B. Basarow, 2015).

Okuwyň hilini gowulandyrmak, onuň netijeliligini ýokarlandyrmak we kämilleşdirmek maksady bilen synag usuly didaktikada giňden ulanylýar.

Didaktikanyň derňew işlerinde häzirki döwürde aýratyn görnüşli tebigy synag ulanylyp, ol kemala getiriji synag atlandyrylýar. Didaktikada kemala getiriji eksperiment esasan tejribe sapaklarydyr. Bu görnüşli didaktiki synag köpçülikleýin häsiýete eýe bolup biler. Meselem, täze okuw maksatnamalaryny, okuw kitaplaryny mekdeplere ornaşdyrmak we onuň bilen işlemek. Netije oňyn bolanda, ony ähli mekdeplere girizmek we onuň bilen işlemek.

**3. Mekdep iş kagyzlaryny-resminamalary we okuwçylaryň işiniň netijesini öwrenmek usuly.**

Mekdepde okuwçylara degişli iş kagyzlary (synp žurnaly, okuwçylaryň iş kagyzlary we ş.m.) öwrenmek bellibir maglumatlary toplamaga kömek edýär. Ähli okuwçylar ýa-da aýratyn bir okuwçy barada maglumat toplanylyp, ol bellibir maksat boýunça seljerilýär. Okuwçylaryň işiniň netijesini öwrenmekde düzmeler, dürli barlag işleri, suratlar, ýasalan esbaplar we ş.m. ulanylýar. Olaryň üsti bilen okuwçylaryň başarnyklary we endikleri, bilim derejesi, ukyplary anyklanylýar.

**4. Söhbetdeşlik usuly.** Barlag geçirýäniň öňden düzen sowallarynyň we okuwçylaryň goýlan soraglara berýän jogaplarynyň esasynda bellibir pedagogiki netijä gelinýär.

**5. Sorag-jogap (anketa) usuly.** Düzülen anketada barlag geçirijiniň goýan meselesine laýyklykda alnan jogaplar öwrenilip, umumylaşdyrylyp, bellibir netijä gelinýär. Sorag-jogabyň (anketanyň) a) açyk (erkin jogap bermegi nazarlaýan) we b) ýapyk (jogap berýän taýýar jogaplardan öz göwnüne laýygyny saýlaýar) görnüşleri ulanylýar.

Başlangyç synplarda, 3-nji synpdan başlap çylşyrymly bolmadyk sorag-jogaplary (anketalary) okuwçylara hödürlemek bolar.

## Bilim ulgamynda başlangyç okuwyň maksady we orny
## Başlangyç bilim (1-4 synplar)
## Okatmagyň möhleti – 4 ýyl

6–10 ýaşly çaganyň aňynyň ösüş aýratynlygyna laýyklykda umumy bilim almak endikleri we başarnyklary emele gelýär, özbaşdak bilim almak höwesi we ukyby yzygiderli ösýär, ol özüne erk edip başlaýar.

Okuwçynyň okuw işinde şahsy ukyplarynyň we başarnyklarynyň ösdürilmegine, şol sanda okamagy, ýazmagy, hasaplamagy, nazary pikirlenmäniň tärlerini, özüňe gözegçilik etmegiň ýönekeý endiklerini, özüňi alyp barmak hem-de sözleýiş medeniýetini, şahsy gigiýenanyň we sagdyn durmuş ýörelgeleriniň esaslaryny ele almagyny göz öňüne tutýan okuwa **başlangyç bilim** diýilýär. Bilimiň düýbi başlangyç synplarda tutulýandygy üçin şahsyýetiň doly manysynda kemala gelmeginde başlangyç bilimiň ähmiýeti örän uludyr.

**Başlangyç bilimiň wezipeleri:**

– okuwçynyň şahsy aýratynlygyny açmak we öz başarnygyny peýdalanyp bilmek mümkinçiligini döretmek;

– daşky dünýä baradaky bilimleri, okamak islegini we başarnygyny kemala getirmek; okamagyň nobatdaky basgançaklary üçin zerur bolan hakyky akyl ýetirişi döretmek, kiçi ýaşly okuwçylarda maksatlaýyn okuw işini kemala getirmek;

– çaganyň şahsyýetiniň kemala gelmegini üpjün etmek, onuň ukyplaryny maksatlaýyn ösdürmek. Başlangyç bilimde zerur bolan bilimleri we endikleri ele almaga ýardam berýän okuw işini guramak, okamak, ýazmak, hasaplamak endiklerini kemala getirmek, döredijilikli pikirlenmek endiklerini, şahsy arassaçylygyň we saglygy goraýşyň esaslaryny ele almak.

Başlangyç okuw çaganyň hemmetaraplaýyn ösüşiniň we çaganyň bilimleriň esaslaryny ele alşynyň başlangyjy hem-de esasydyr.

## Didaktika we hususy usul

Hususy usullar bellibir dersi okatmagyň wezipeleri, mazmuny, görnüşleri, tärleri hakyndaky ylymdyr. Onuň kanunlary, düzgünleri, usullary ähli okuw dersleri üçin umumydyr hem esasydyr. Aýry-aýry dersleri (taryhy, edebiýaty, dili, biologiýany we beýlekileri) okatmagyň usuly umumy didaktika bilen berk baglanyşyklydyr. Her bir okuw dersiniň usuly meseleleri derňelende, didaktika ylmynyň gazananlaryna daýanylýar.

Okuwçylar mekdepde okan her bir okuw ýylynyň dowamynda bir topar dersleri ugurdaşlykda öwrenýärler, okuw dersleriniň ulgamy boýunça ylmy bilimleri, tejribe başarnyklary, endikleri ele alýarlar. Okuw meýilnamasyna girizilen okuw dersleri didaktika ylmynyň görkezmelerinden ugur alyp, didaktikanyň öňde goýan wezipelerini amal etmek üçin özara birleşýärler. Munuň özi okuwçylaryň sowatlylyk derejesini ýokary götermek, ylmy garaýyşlaryny kemala getirmek, kimiň nämä ukyplydygyny ýüze çykarmak, her kesiň durmuşdaky mynasyp ornuny tapyp bilmegini gazanmak üçin hakyky zerurlykdyr. Dogry, didaktikanyň ösüş taryhynda bütin bir ýylyň ýa-da ondan hem köpräk wagtyň dowamynda diňe bir okuw dersini okap gutarmak, şondan soň beýleki bir dersi öwrenmäge girişmek ideýasynyň öňe sürlen döwri-de bolupdy. Muňa Ýa.A.Komenskiniň hödürlän okuw ulgamy-da, Türkmenistanyň çäklerinde döredilen dini mekdeplerdäki okuw ulgamy-da mysal bolup biler.

Ýaş nesle ylym-bilim, tälim-terbiýe bermegiň kanuny talaby üstün gelipdi, dünýäniň birnäçe ýurtlarynyň okuw mekdeplerinde XVIII asyryň ahyrlaryndan başlap, aýry-aýry okuw dersleri bir ugra utgaşdyrylyp öwrenilmäge başlanypdy. Hususy usula degişli gymmatly ylmy-barlag işleri geçirildi. Diňe bir gumanitar ugurlar boýunça däl, eýsem takyk ylymlaryň möhüm usuly meseleleri boýunça hem ylmy-usuly derňewler peýda boldy. Aýratyn hyjuw bilen zähmet çekýän tejribe işgärleriň, usulçylaryň hususy usullaryň anyk meseleleri barada «Mugallymlar gazetinde», «Türkmen dili» gazetinde, «Ylym we tehnika» žurnalynda, Türkmenistanyň milli teleradioýaýlymlarynda, pedagogiki okaýyşlarda, bäsleşiklerde edýän

çykyşlary şol ylmy-usuly derňewleriň üstüni ýetirýär. Üstesine-de, usuly täzeliklere, döredijilikli agtaryşlara bolan ymtylmalar, öňe tarap hereket etmäge, netijeli üstünlikler gazanmaga bolan tebigy talap, didaktika üçin häsiýetli aýratynlykdyr.

## Okuw işi we onuň kanunalaýyklyklary

**Okuw işiniň esasy maksady** ylymda açylan, ýaş nesle zerur ylmy maglumatlary oňa öwretmekden ybaratdyr. Şeýle bilim-düşünjeler ylmy – didaktiki düzgünleriň üsti bilen bilimiň mazmunyny kesgitleýän resminamalarda tertipleşdirilip berilýär.

**Okuw işi** – bu diňe okuwçylara bilim, başarnyk, endikleri bermek bilen çaklenýän iş bolman, olary ösdürýän we terbiýeleýän işdir.

Okuw işiniň **içki we daşky** taraplary bardyr. Mugallymyň sapagyň maglumatlaryny beýan edişi, onuň okuwçylar bilen sapagyň dowamynda söhbetdeşligi, ýumuşlary tabşyrmagy, özbaşdak işleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik edişi, okuwçylaryň mugallymyň aýdanlaryny diňleýşi, onuň sowallaryna jogap berşi, ýumuşlaryny ýerine ýetirişi – okuw işiniň **daşky** taraplarydyr. Okuwçylaryň bilim, başarnyk, endikleri ele alşy we olaryň netijesinde şahsyýetiň kämilleşmegi we ösüşi okuw işiniň **içki** tarapyny düzýär. Bu okuw işiniň gös-göni göze ilmeýän taraplarydyr.

Çaganyň mekdebe gelmegi möhüm waka bolup, onuň işini, durmuşyny düýpli özgerdýär. Ol mekdep okuwçysy bolmak bilen, mundan ozalky döwür bilen deňeşdirilende jemgyýetde täze orun eýeleýär. Onuň hukugy, borjy özgerýär. Okuw onuň üçin iň esasy iş bolýar. Okuw işleriniň üsti bilen çaganyň jemgyýet bilen gatnaşyklary, şeýle-de onuň käbir psihiki hadysalarynyň şahsyýet hökmünde kemala gelmegi başlanýar.

Okuw işleri beýlekilerden tapawutlylykda onuň üçin hökmany, jogapkärli iş bolup, okuwçydan guramaçylykly zähmeti talap edýär.

**Okuw** bellibir maksada gönükdirilen iş bolup, okuwçy mugallymyň gönüden-göni ýolbaşçylygynda ylmy-bilimleri ele alýar, onuň başarnykdyr endikleri ösüp başlaýar. **Mugallymyň okatmak**

**işi we okuwçynyň okamak işi** okuw prosesinde biri-biri bilen baglanyşykly häsiýetde amala aşyrylýar, mugallymyň işi öwretmek, okuwçynyň işi bolsa öwrenmek bolýar.

Geçmişiň öňde baryjy pedagoglary okuw prosesinde mugallymyň ornuna örän uly ähmiýet beripdirler. Meselem, nemes mugallymlarynyň mugallymy atlandyrylýan **A. Disterweg** mugallyma **«Älem üçin Gündür»** (История педагогики, 1982) diýmek bilen onuň işini maşynlary herekete getirýän güýje deňeýär.

Şunuň bilen birlikde çaganyň okuw işiniň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin okuwçynyň hem jogapkärçiliginiň ýokarydygy mälimdir. Okuwçynyň durnukly bilim almagynda mugallymyň orny uly bolsa-da, bu babatda okuwçynyň jogapkärçiligi-de pes däldir.

Okuw işiniň netijesinde okuwçy diňe bir bilim almak bilen çäklenmän, terbiýe-de alýar. Şeýle-de okuw işiniň üsti bilen olarda başçykaryjylyk, ylmy dünýägaraýyş, özbaşdak işläp bilmek endikleri kemala gelip başlaýar.

Görnükli psiholog D.B. Elkonin okuw işiniň çylşyrymly hadysadygyny belläp, onuň esasy düzüjileriniň biri okuw ýumuşlaryny çözmäge gönükdirilmelidir diýip nygtaýar.

**Okuw işiniň esasy düzüm bölegi** hökmünde **okuw hereketleri** çykyş edýär. Okuw hereketlerine sözüň dar manysynda **okuw operasiýasy** girýär. Operasiýalaryň üsti bilen okuwçylar bellibir meseläni çözýärler, okuwçy bellibir usullary ele almakda okuw ýumuşlaryny çözýär. Bu okuw operasiýalary dürli-dürlüdir. Okuw işiniň arasynda, okuwçy mugallymyň berýän tabşyryklaryny doly ýerine ýetirip, mugallymyň gönüden-göni ýolbaşçylygynda bellibir netijä gelýär. Okuw hereketleri ýerine ýetirilen ýumuşlaryň özleşdirilenligini bahalandyrmak hereketini-de öz içine alýar. Şeýlelikde, **okuw işiniň düzümine: akyl ýetiriş ukyby, okuw maksady, okuw operasiýasy, gözegçilik we bahalandyrmak** girýär.

**Okuw işiniň özüne mahsus bolan kanunalaýyklyklary bardyr.** Okuw-terbiýeçilik işleri şol kanunlara laýyk edilip alnyp barylýar. Şol kanunalaýyklaryň käbiri hökmünde:

1. Watan pedagogikasynda ýaş nesle bilim bermek işiniň türkmen halkynyň milli ruhuna, şol bir wagtyň özünde umumadamzat gymmatlyklaryna, häzirki zaman ylmy-tehniki ösüşiň talaplaryna laýyklykda ýola goýulmagyny zerurlyk hasaplaýar.

2. Okuw işi jemgyýetiň ykdysady ýagdaýlaryna, sosial derejesine laýyk edilip ýola goýulýar. Türkmen halkynyň ykdysady ösüşiniň ýokarlanmagy, onuň sosial-medeni derejesiniň ýokarlanmagynyň binýadydyr, okuw işini döwrüň talaplaryna görä, ýokary derejede guramagyň möhüm şertidir.

3. Okuw işi öz üniň diňe bir okuwçylaryň ýaş, psihologik aýratynlyklaryna laýyklanmagyny däl, eýsem olaryň zehinine, ukybyna, başarnygyna barabarlykda guralmagyny hem talap edýär. Aýry-aýry ugurlar boýunça işjeň hem düşbi, höwesli hem ukyply okuwçylaryň öz mümkinçiliklerini ýaýbaňlandyrmagyna degişli şert döretmek döwrüň möhüm zerurlygydyr.

4. Okatmak we terbiýe bitewi hadysa, bilelikde hereket edýän işdir. Türkmenler ylym-bilim öwretmek bilen tälim-terbiýe bermeklige geçmişde-de aýrybaş hadysalar hökmünde garamandyrlar. Halk mekdepleri diýlip atlandyrylan okuw jaýlaryna mugallymlar, halypalar, ussatlar özlerine gol beren okuwçylaryna, şägirtlerine ylym-bilimi, tälim-terbiýäni, edep-ekramy bir bitewilikde öwredipdirler. Başgaça aýdylanda, kemally adamlary terbiýeläp ýetişdirmäge töwerekleýin çemeleşilipdir. Oň bellenilişi ýaly, halypa sazanda öz şägirdine saz öwredýän pursatlarynda atly halypalar, yhlasly şägirtler, saz guraly, onuň ýasalyşy, jadylaýjy owazy, oňa bolan garaýyşlar barada jaýdar düşündirişler beripdir. Beýleki senetleriň öwredilişi hakynda-da şulary aýtmak bolar.

Häzirki zaman okuw işi ata-babalardan gelýän däpleri dowam etdirýär hem-de okatmak we terbiýe işini utgaşyklykda alyp barmakdan ugur alýar.

5. Okuw işi özüniň gurluşy hem guralyşy taýyndan täsirli hem manyly edilip ýola goýulmagyny talap edýär. Okatmak düzgünleriniň özeninde okuw işi durýar.

## Okatmagyň wezipeleri

**Okatmagyň wezipeleri**

| Bilim bermek | Terbiýelemek | Ösdürmek |
|---|---|---|
| – Bilim<br>– Başarnyk<br>– Endik | Bilimleriň esasynda dünýägaraýşy kemala getirmek:<br>– ahlak päkligini, lebzihalallygy, aň-düşünjeliligi, özüňi göreldeli alyp barmagy kemala getirmek.<br>– erkini, türkmen halkyna mahsus bolan gylyk-häsiýetleri terbiýelemek.<br>– okuw işiniň dowamynda hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmegi ýola goýmak | – Pikirlenmegi ösdürmek. (takyk, sowa-abstrakt pikirlenmek)<br>– Ýat<br>– Akyl ýetiriş<br>– Duýma<br>– Düşbülik<br>– Duýma üsti bilen akyl ýetirmek<br>– Üns<br>– Pikirlenmek ukybyny kämilleşdirmek. Hadysany bitewüliginde, bölekleriň arabaglanyşygynda öwrenmek, umumylaşdyrmak. |

**1. Bilim berijilik wezipesi** – bu okuwçyny täze düşünjeler bilen tanyşdyrmagy, olara çuň bilim bermegi göz öňünde tutýar. Bilim berijilik wezipesi okuwçylarda bilim, başarnyk, endikleriň kemala gelmegini üpjün edýär. Bu wezipe okuwçylarda ylmy dünýägaraýşy kemala getirmegi nazarlaýar.

**2. Terbiýeleýjilik wezipesi** – bilim berşiň iň bir ähmiýetli tarapy bolup her bir geçilýän materiallaryň mazmunynda terbiýeçilik düzüjisini üpjün etmek bilen baglydyr. Temanyň mazmuny okuwçylarda watansöýüjiligi, zähmetsöýüjiligi, ahlak duýgularydyr sypatlaryny, syýasy düşünjeliligi, tertipliligi, oňat edim-gylymlary, tebigata bolan söýgini terbiýelemäge gönükdirilen bolmalydyr. Mugallymyň öwredýän temasynyň, saýlaýan usulynyň, mysaldyr ýumşunyň terbiýeleýjilik ähmiýeti bolmalydyr.

**3. Ösdürijilik wezipesi** – bu okuwçylaryň akyl taýdan ösüşini ýokarlandyrmagy, dünýägaraýşyny we gözýetimini giňeltmegi göz öňünde tutýar. Okuw işinde mugallym okuwça diňe bilim bermek bilen çäklenmän, onuň bilimlerini has-da çuňlaşdyrmagy gazanmalydyr. Okuwçy öwrenen zatlaryny ylmy esasda subut etmegi we düşündirmegi başarmalydyr. Okuw işinde okuwça takyk, logiki, sowa-abstrakt pikirlenmäni öwretmeli, onuň ýatkeşligini, ünsüni, akyl ýetirişini, düşbiligini, duýgularydyr ukyplaryny, başarnyklaryny ösdürmeli. Öwrenen hadysalaryny seljermegi-analizlemegi we sintezlemegi öwretmeli.

Okuw işinde okatmagyň wezipelerini dogry peýdalanmak esasy meseledir. Okatmagyň wezipelerini berjaý etmek üçin mugallym okuwçylary hemmetaraplaýyn ösdürmek maksady bilen, olaryň aňyna, erkine, duýgularyna yzygider, tutanýerli täsir etmelidir. Meselem, mugallym sapakda «Alma agajy» temany geçýär. Munuň ösümlikdigi barada düşünje berýär, almanyň dürli görnüşleriniň bardygyny aýdýar. Bu ýerde mugallym bilim berijilik wezipesini ýerine ýetirýär. Şol bir wagtda mugallym alma agajynyň adama berýän peýdasy barada gürrüň bermek bilen onuň düzüminde demriň bardygyny, onuň adam bedeni üçin peýdalydygyny aýdýar. Okatmagyň ösdürjilik wezipesi ýerine ýetirilenden soňra mugallym baglary goramak, bag ýetişdirmek hakynda sargyt edýär. Bu okuwçylarda zähmete söýgini oýarýar we okatmagyň terbiýeleýjilik wezipesini üpjün edýär.

## Bilimleri ele almagyň esasy döwürleri

**Bilimleri ele almagyň esasy döwürleri**

| I | II | III | IV |
|---|---|---|---|
| Täsirli kabul ediş | Okuw maglumatlaryny ýada ornaşdyrmak, aňly özleşdirmek | Başarnyklary we endikleri kemala getirmek | Bilimi amaly işde, tejribede ulanmak |

**1. Netijeli kabul etmek.** Bilimleri ele almakda esasy döwür okuwçylaryň bilimleri netijeli kabul etmegidir. Psihologiýada aýdylyşy ýaly, kabul ediş bu okuwçynyň dersiň mazmunyny bitewülikde kabul edip, oňa akyl ýetirmegidir. Okuwçy okuw işinde özleşdirilmesi kyn maglumaty kabul edip bilse, bu oňa düşünmegiň deslapky şerti bolýar. Mugallymyň esasy borjy okuwçynyň okuw maglumatlaryny takyk kabul etmegini gazanmakdyr. Munuň üçin mugallym köp dürli usullary, görkezme esbaplary, tehniki serişdeleri, ýumuşlary, gönükmeleri, okuw oýunlaryny peýdalanýar.

**2. Okuw maglumatlaryny aňly özleşdirmek.** Munda okuw maglumatlarynyň nazaryýet bölegini özleşdirmek esasy orunda bolýar. Esasy pikiri tapmak, düşünjeleri ýüze çykarmak, birinji we ikinji derejeli pikirleri tapawutlandyrmak, mysallaryň baglanyşygyny we olary düşündirýän maglumatlary öwrenmek. Okuwçynyň biliminde bellibir ulgam bolmaly, ol bu ulgamda esasy, ikinji derejeli, goşmaça, düşündiriş böleklerini görmegi, öwrenen maglumatlaryny esaslandyrmagy, subut etmegi başarmaly.

**3. Başarnyklary we endikleri kemala getirmek.** Okatmak işiniň, bilimleri ele almagyň tutuş mazmuny başarnyklary we endikleri kemala getirmäge gönükdirilendir. Bu döwürde okuwçylar okuw maglumatlarynyň mazmunyna has çuň düşünmegi we hemmetaraplaýyn seljermegi başarýarlar. Olar maglumaty düýpli özleşdirýärler çözlüşiň, subut etmegiň, netije çykarmagyň düýpli ýollaryny we usullaryny öwrenýärler.

**4. Bilimi amaly işde, tejribede ulanmak.** Bilimleri özleşdirmekde okuwçylar alan bilimlerini amaly işde ulanyp bilmek ukyplaryny ele alýarlar. Meselem, kanunlar, düzgünler, teoremalar öwredilende olaryň mazmuny özleşdirilenden soňra olar tejribe işiniň ýerine ýetirilişiniň üsti bilen özleşdirilýär. Bilimleri ele almagyň döwürleri biri-biri bilen baglanyşyklydyr.

## Okuwçylaryň okamak motiwleri

Motiwler okuw işine ähmiýetli many berýär. Okuw işiniň maksady (nämä gönükdirilýändigi) we motiwi (nämäniň bähbidine

gönükdirilýändigi) gabatlaşanda, okuw beýleki maksatlara ýetmäge serişde däl-de, okuwçy üçin möhüm maksada öwrülýär (B. Basarow, 2014).

Bilermenleriň bir topary motiwe hereketiň meýillendirijisine öwrülýän psihiki hadysa hökmünde düşünýär. Beýlekileriň düşündirişinde motiw hereketi saýlamagyň esasynda durýan aňlanylan sebäpdir. Ýene-de bir düşündirilişde motiw – bu adamyň aňynda şöhlelenýän, işe meýillendirýän we bu işi bellibir islegi kanagatlandyrmaga gönükdirýän hadysadyr.

Garaýyşlaryň köplüginde, adaty iş kesgitlemede motiw – bellibir islegiň kanagatlandyrylmagy bilen bagly, şahsyýeti işjeňligiň ol ýa-da beýleki görnüşine (iş, aragatnaşyk, özüňi alyp baryş) içden meýillendirýän psihiki hadysadyr. Höwesler, ideallar, ynançlar, sosial gönükdirilmeler (*attidýutlar*), gymmatlyklar motiw hökmünde bolup bilýär.

Has umumy derejede motiwler içki we daşky motiwlere bölünip, daşky motiwleriň özi **oňyn** (üstünlik, ýokary derejä ýetmek motiwleri) we **oňyn däl** (gaça durmak, goranmak motiwleri).

**Üstünlik motiwasiýasy** oňyn häsiýetlidir. Şeýle motiwasiýada adamyň hereketleri döredijilikli, oňyn netijelere ýetmäge gönükdirilýär. Şahsyýetiň işjeňligi üstünlik gazanmak islegine bagly bolýar.

Şowsuzlykdan gorkmak motiwasiýasy oňyn däl ulgama degişlidir. Motiwasiýanyň bu görnüşinde adam käýinçden, temmi almakdan gaçmaga ymtylýar. Şeýle adamyň işini ýakymsyz netijelere garaşmaklyk kesgitleýär. Entek hiç zat etmänkä, adam eýýäm ähtimal şowsuzlykdan gorkýar we üstünlige ýetmek barada däl-de, şowsuzlykdan nähili gutulmak hakynda pikir edýär.

Bu meselä degişli geçirilen köp sanly derňewler motiwasiýanyň agzalan iki tipiniň jemleýji keşbini häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýär.

**Üstünlik motiwasiýasy.** Bu tipli şahsyýet, adatça, işjeň, başlangyçlara ymtylýar. Päsgelçilik duşsa, ony ýeňip geçmegiň usul-

laryny agtarýar. Işiň netijeliligi we onuň işjeňligi az derejede daşky gözegçilige bagly bolýar. Maksada ýetmekde erjel. Öz geljegini has alysdan meýilleşdirmäge ýykgyn edýär.

**Şowsuzlykdan çekinmek motiwasiýasy.** Başlangyçlara ýykgynlygy pes. Jogapkärçilikli ýumuşlardan gaçýar, ondan ýüz öwürmegiň sebäplerini agtarýar. Öz öňünde ýerliksiz ýokary maksatlary goýýar; mümkinçiliklerini nädogry bahalandyrýar. Başga bir ýagdaýlarda, tersine, örän ýeňil ýumuşlary saýlaýar.

Okuwçylary okuw işine ugrukdyrýan, hereketlendiriji güýji bolan isleg-meýillere okuwçylaryň okamak motiwleri diýilýär. Okamak işinde okuwçylaryň işjeň bolmagynda okuwçylaryň okamak motiwleriniň ähmiýeti örän uludyr. Oňyn motiwasiýa bolmasa, akyl ýetiriş işi okuwçy üçin manysyz görünýär. Okamagyň oňyn motiwleri öz-özünden döremeýär, şonuň üçin hem mugallymlar okuwçylaryň motiwasiýa ulgamynynyň maksada gönükdirilmeli ösüşini üpjün etmelidir.

**Üstünlige ymtylyş ugrukmaly motiwlere** okuwçynyň okuwa bolan höwesi, gowy baha almaga we ene-atadan, mugallymlardan minnetdarlyk gazanmaklyga ymtylyşy, öz deň-duşlarynyň arasynda hormata eýe bolmaga, zähmete, Watana peýdaly bolmaga, mugallymlardan görelde almaga hyjuwy degişlidir.




18. Sargyt № 986

# XI BAP

## Okatmagyň esaslary, ýörelgeleri (prinsipleri)

**Okatmagyň esaslary – okuw işiniň kanunalaýyklyklaryny peýdalanmagyň ýollaryny häsiýetlendirýän kategoriýalardyr.**

Bu kategoriýalar mugallymyň pedagogiki işi maksadalaýyk guramagynda esasy ýörelge bolup hyzmat edýär. Okatmagyň esaslary, käbir pedagogiki edebiýatlarda okatmagyň ýörelgeleri, düzgünleri diýip hem atlandyrylýar.

Her bir ylmyň içki hereketlendiriji düzgünleriniň bolşy ýaly, pedagogika ylmynyň içki hereketlendirijisi okuw işi bolup, onuň amala aşyrylyş esaslary bardyr.

Okatmagyň aňsatdan kyna, belliden näbellä, ýönekeýden çylşyrymla, täze materialy okuwçylaryň aňynda öňki düşünjeleri bilen baglanyşdyrmak, okuw materialyny böleklere bölüp, kem-kemleýin beýan etmek, özleşdirilen bilimleri yzygiderli berkidip durmak ýaly düzgünleri hem onuň esaslaryndan (prinsiplerinden) gelip çykýar.

Okatmagyň esaslaryny pedagoglar birnäçe ugurlar boýunça beýan edipdirler. Meselem, Ýa.A.Komenskiý özüniň «Beýik didaktika» işinde okatmagyň birnäçe esaslaryny beýan etdi. Olardan ýakyndan – uzaga, belliden – näbellä, ýönekeýden – çylşyrymla, umumydan – bölekleýinlige ýaly didaktiki esaslaryny görkezmek bolar.

«Nemes mugallymlarynyň mugallymy» adyna mynasyp bolan A.Disterwegiň özüniň pedagogika boýunça ýazan gollanmalarynda okatmagyň 33 sany düzgünini esaslandyrandygy barada aýdylypdy. Olaryň käbirleri bu günki günde hem giňden ulanylýar. Meselem, gujurly oka, düzgünleriň üstünde köpräk saklan we başgalar.

Okatmagyň düzgünleri mugallymy şol ýa-da başga bir ýagdaýda nähili alyp barmalydygy barada kesgitli hereket etmäge ugrukdyrýar, ony kesgitli talaplary ýerine ýetirmäge gönükdirýär, ýöne işiň nähili ýerine ýetiriljekdigi dolulygyna mugallymyň özüne baglydyr. Meselem, okuwçy jaň bolandan soň, sapaga gijä galyp gelýär. Okatmagyň düzgünleri bu ýagdaýda mugallymdan terbiýeçilik täsirli iş geçirmegi

talap edýär. Çünki her bir tertibi bozujy hereket bilinmän galmaly däl. Ýöne mugallymyň bu ýagdaýda nähili hereket etjekdigi dolulygyna takyk ýagdaýa, okuwçynyň şahsyýetine, nämä üçin gijä galanyna, aragatnaşyga we başga sebäplere baglydyr.

Okatmagyň esaslary okatmagyň düzgünlerinden gelip çykýarlar. Düzgünler okatmagyň esaslarynyň üsti bilen amala aşyrylýarlar, olar düzgünleriň amala aşyrylyşynyň serişdeleridir.

Käwagt umuman näçe düzgün barka diýen sowal hem döreýär. Bu babatda K.D. Uşinskiý şeýle diýýär: «Bu düzgünleriň serhedi ýokdur, olary bir sahypada-da ýerleşdirip bolar. Olardan birnäçe tom düzse-de bolar. Esasy zat iş düzgünlerini öwrenmegi däl-de, bu düzgünleriň gelip çykyşynyň ylmy esaslaryny öwrenmegi talap edýär». (К. Д. Ушинский. Избранные педагогические сочинения в 2-х томах. Т.1. М., 1953 – с.199)

**Okatmak döwrüniň kanunalaýyklygy netijesinde okuwçylara döwrebap bilim we terbiýe bermek maksady boýunça ulanylýan baş düzgünlere, başgaça, okatmagyň esaslary diýilýär.**



## Okatmagyň ylmylyk esasy

Okatmagyň ylmylyk esasy hakyky ylmy – bilimiň esaslaryny öwretmegi göz öňünde tutýar. Okatmagyň ylmy esaslarda alnyp barylmagy ýaş nesliň ylmy garaýyşlaryny, tebigat, jemgyýet, jemgyýetçilik aňy baradaky dogry düşünjelerini kemala getirýär.

Bu esasy mekdepde ýaş nesle häzirki zaman ylmyna, tehnikasyna we medeniýetine berk ornaşan, tejribede barlanylyp görlen hem durmuşda özüni ödän hakyky ylmy bilimleriň berilmegini aňladýar.

Okatmagyň ylmylyk esasy birbada bilim berijilik, terbiýeleýjilik hem ösdürijilik hyzmatyny ýerine ýetirýär.

**Okatmagyň ylmy esaslarda alnyp barylmagy ýaş nesliň:**

a) dünýägaraýşyny kemala getirmekde;

b) tebigat, jemgyýet, jemgyýetçilik aňy, önümçilik barada bitewi hem dogry garaýşy terbiýelemekde;

ç) hakykatyň ýoýulyp, nädogry beýan edilýän nazaryýete tankydy çemeleşmäni üpjün etmekde;

d) häzirki zaman ylmynyň üstünliklerine akyl ýetirip bilmegini gazanmakda – ähmiýetlidir.

Mekdep okuw dersiniň üsti bilen ylmy maglumatlary güýçýeterli, ýönekeýleşdirilen görnüşde, düşnükli görnüşde okuwçylaryň aňyna ýetirýär. Ylmy taýdan nädogry ýa-da entek doly anyklaşdyrylmadyk düşünjeler okuw dersiniň mazmunyna girizilmeýär. K.D.Uşinskiý: «Mekdep okuwçylara doly däl ýa-da ylmy bolmadyk ýalan maglumatlary hiç wagtda öwretmeli däldir.» (История педагогики, 1982) diýip nygtaýar.

Okatmagyň ylmylyk esasy düşünjesi, birinjiden, mekdepde öwrenilýän sebäp-netije häsiýetli maglumatlary öz içine alýar. Ikinjiden, öwrenilýän maglumatlaryň we hadysalaryň dogry düşündirilmegini, üçünjiden, ylmy-tehniki progresi, sosial we medeni özgerişleri özünde jemleýär. Belli bolşy ýaly, ylym bir ýerde durman, mydama ösýär, täze-täze açyşlar bilen öz mazmunyny baýlaşdyrýar.

Mekdeplerde geçilýän hökmany okuw materialy häzirki zaman ylmynyň talabyna laýyklykda bellibir maksatnama boýunça yzygi-

derlilikde düşündirilýär. Başlangyç synplarda kiçi mekdep okuwçylaryna jemgyýetiň we tebigatyň hadysalary, kanunalaýyklyklary barasynda umumy düşünjeler berilýär. Orta synplarada ylmy – bilimler bellibir ulgam esasynda, çuňrak häsiýetde berilýär. Bilimiň mazmuny beýan ediş häsiýete eýe bolýar. Ýokary synplarda bolsa, esasan nazaryýet kursy öwrenilip, okuwçylarda çuňňur ylmy düşünjeleri kemala getirmeklige, kanunalaýyklyklary öwrenmek bilen, olarda giň gözýetimi, dogry düşünjäni döretmeklige üns berilýär.

Mekdeplerde özleşdirýän ähli dersleri okuwçylaryň bellibir ulgamsyz öwrenmegi boýunça okatmagyň ylmylygyny amala aşyrmak bolmaz.

Okatmagyň ylmylyk häsiýeti mekdeplerde öwrenilýän okuw materiallarynyň okuwçylaryň ýaş we psihologik aýratynlyklaryny hasaba alynmagy netijesinde amala aşyrylýar. Meselem, başlangyç synplarda edebi eserler düşündirip okatmak esasynda öwrenilýär. Synplaryň ýokarlanmagy bilen ol çylşyrymlaşýar we temalaryň hem möçberi giňelýär.

Okatmagyň ylmylygy mugallymyň sapak döwründe öwrenilýän temanyň ylmy taýdan esasy ugurlaryny saýlap alyp, olary okuwçylara öwretmekden ybaratdyr. Onuň baş wezipesi öwrenilýän zatlaryň üsti bilen okuwçylarda özbaşdak pikirlenme endigini ösdürmek, olary umumylaşdyrmak, bellibir netijä gelmek arkaly okuwçylarda dogry dünýägaraýyşy kemala getirmekdir.

## Okatmagyň durmuş bilen arabaglanyşygy esasy

**Okatmagyň durmuş bilen arabaglanyşygy** – okuwçylaryň nazaryýetde alan bilimlerini durmuş we tejribe bilen, okatmagy önümçilik, öndürijilikli zähmet bilen baglanyşdyrmagy üpjün edýän düzgündir. Bu esasy amala aşyrmak mekdep biliminiň mazmunyny kesgitlemekden başlanýar. Tebigatyň we jemgyýetiň ösüşiniň has möhüm hadysalaryny hem kanunlaryny öwretmek, okuwçylary hakyky ylmy düşünjeler bilen ýaraglandyrmak, olary dürli jemgyýetçilik tejribesine taýýarlamak göz öňünde tutulýar. Şu maksat bilen laboratoriýa otaglarynda, mekdebiň okuw-tejribe meýdança-

synda, ussahanalarda tejribe işleri guralýar. Bu çäreler, bir tarapdan okuwçylaryň bilimleri mäkäm özleşdirilmegine, ikinji tarapdan, olarda başarnyklaryň hem endikleriň kemala gelmegine kömek edýär.

**Okatmagyň durmuş bilen baglanyşyk esasy aşakdaky düzgünde amala aşyrylýar:**

a) Mekdep okuwçylaryny bilimler, başarnyklar, endikler bilen ýaraglandyrmakda nazaryýeti durmuş tejribesi bilen baglanyşdyryp, ulgamlaýyn-sistematiklik, yzygiderlilik ugur alyş ýörelgelerine esaslandyrmak;

b) Mekdep okuwçylarynyň ýerine ýetirjek tejribe işlerini okuw maksatnamalarynyň easasynda meýilnamalaşdyrmak.

Başlangyç synplarda okuwçylar, esasan, synpda plastilinden, matadan, kartondan, kagyzdan dürli hili şekilleri ýasamak, tikmek, taýýarlamak ýaly işleri öwrense, mekdebiň ýanyndaky okuw-tejribelik ýerlerinde bolsa gol zähmetini öwrenýärler.

Ýokary synplarda bolsa okuwçylar zähmetiň çylşyrymly görnüşlerini öwrenýärler. Olar nazaryýetde alan bilimlerini durmuş we tejribe bilen baglanyşdyryp bilmese, onuň tersine, tejribede alan bilimlerini nazaryýetde düşündirip bilmeseler, onda ol alnan bilim peýdasyzdyr.

Okatmagy öndürijilikli zähmet bilen baglanyşdyrmak çylşyrymly hem köp taraply iş bolup, ol ylmy bilimleriň esaslaryny öwretmek işini zähmet bilen baglanyşdyrmagy maksat edinmän, eýsem, politehniki bilimi, hünär taýýarlygy, fiziki we akyl terbiýesini öndürijilikli zähmet bilen baglanyşdyrmagy hem göz öňünde tutýar.

Nazaryýeti bilimleri zähmet bilen baglanyşdyrmakda önümçilik ekskursiýalary uly orun eýeleýär. Zawod-fabriklerde, önümçiligiň dürli obýektlerinde çekilýän zähmet bilen gös-göni tanşyp, okuwçylar häzirki zaman önümçiligi we onuň mundan beýläk-de ösmegi üçin ylmyň nähili ähmiýetiniň bardygyna akyl ýetirýärler, olar senagat we oba hojalyk zähmetiniň ylmy esaslaryna düşünip başlaýarlar. Netijede, okuwçylaryň nazary bilimleri berkleşýär, ylmy dünýägaraýşy kemala gelýär, politehniki bilimi kämilleşýär.

**Okatmagyň durmuş bilen arabaglanyşyklylyk düzgüni ilkinji nobatda bilimiň mazmuny arkaly amala aşyrylýar. Bu arabaglanyşygyň ugurlary bolsa dürli-dürlüdir:**

1. Her bir okuw dersiň mazmuny kesgitlenende, onuň materialynyň ylmylyk tarapy bilen bir hatarda durmuş bilen berk arabaglanyşykda bolmagyna-da aýratyn ähmiýet berilýär. Okuwçylaryň nazaryýeti bilimleri olaryň tejribe işleri bilen utgaşdyrylýar.

Okuwçylaryň mekdep ussahanalarynda, okuw we laborator otaglarynda, mekdebiň okuw tejribe meýdançasynda alyp barýan tejribe işleri durmuş hem-de öndürijilikli zähmet bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

2. Synpdan we mekdepden daşary geçirilýän çäreleriň bir topar görnüşleri-de (ekskursiýalar, duşuşyklar, gurnaklar we başgalar) okatmagy durmuş bilen baglanyşdyrmak wezipesini ýerine ýetirýär.

**Okatmagyň bu esasyny berjaý etmek üçin berilýän bilimi durmuş bilen baglanyşdyrmaly,** okadýarkaň, durmuşdan bilimlere ýöremeli ýa-da bilimlerden durmuşa: bu ikitaraplaýyn arabaglanyşyk hökmandyr. Önümçiligiň täze tehnologiýalary barada, zähmetiň öňdebaryjy usullary barada, täze önümçilik gatnaşyklary barada gürrüň bermeli. Okuwçynyň alan biliminiň durmuşdaky ornuny düşündirmeli. Okuw işinde problemalaýyn-gözleg we barlag iş ýumuşlaryny peýdalanyp, nazaryýeti tejribe bilen baglanyşdyrmaly. Okuwçylarda öz netijelerini ýokarlandyrmaga bolan höwesi terbiýelemeli we ýaryşa bolan dogry garaýyşy kemala getirmeli.

## Okatmagyň terbiýeleýjilik esasy

Okatmagyň terbiýeleýjilik esasy okatmagyň bütin ulgamynda amala aşyrylýar. Okatmagyň terbiýeleýjilik häsiýetde bolmalydygyny Ý.A.Komenskiý hem belläpdi. Bu meselä K.D.Uşinskiý hem aýratyn ähmiýet beripdi. Ol: **«Terbiýe çaganyň ösüşiniň hemme tarapyny öz içine alýan örän giň prosesdir. Terbiýe adamyň diňe bir akylyny ösdürmän, oňa maglumatlaryň bellibir möçberini bermek bilen çäklenmän, eýsem onda zähmete bolan çynlakaý hyjuwy döretmelidir, şonsuz onuň durmuşy şatlykly bolmaz»** diýip belläpdi.

L.N.Tolstoý: **«Ylymlaryň okadylyşynda, mugallymyň öz okadýan dersine bolan söýgüsine, şol ylmy söýgi bilen öwrenmeginde, onuň okuwça bolan gatnaşygynda terbiýeleýjilik elementi ýatyr. Okuwçyny ylym arkaly terbiýelemek isleseň, şol ylmy söý hem öwren, şeýtseň, okuwçylar seni-de, ylmy-da söýer, senem olary terbiýelärsiň»** diýip ündeýärdi.

Ýaş nesli terbiýelemek wezipesi ozaly bilen mekdep biliminiň mazmuny, okatmak usullary arkaly durmuşa geçirilýär. Sebäbi bilimiň mazmuny ylmy bolmagyndan başga-da, ullakan terbiýeleýjilik hyzmatyny hem ýerine ýetirýär. Mugallym okuw materialynyň üsti bilen bilim berýär, tejribe başarnyklary hem endikleri öwredýär, şol bir wagtyň özünde-de ýaş nesli terbiýelemek wezipesini amala aşyrýar.

Okatmak işi dogry we maksada laýyk edilip guralan wagtynda şahsyýeti hemmetaraplaýyn terbiýelemek mümkinçilikleri has hem artýar. Mekdep ösüp barýan ýaş nesle ylmy bilimleriň esaslaryny öwretmek bilen bir hatarda, onuň giň dünýägaraýşyny kemala getirýär. Okatmak işinde diňe bir jemgyýetçilik durmuşynda özüni alyp barmagyň düzgünleri kemala gelmän, eýsem, okuwçylaryň beden we akyl güýçleri, başarnyklary, zehini hem ösdürilýär.

Häzirki döwürde ylmy-tehniki ösüş mekdepde okatmagyň mümkinçiliklerinden öňe geçýär. Bu ýagdaý okuwçylary häzirki zaman ylmy bilimleriniň esaslary bilen taplamagy, her bir ylmyň taryhy ösüşini, onuň esasy usullaryny öwretmegi, olaryň özbaşdak okap we öwrenip bilmek endiklerini pugtalandyrmagy talap edýär. Okatmagyň terbiýeleýjilik esasy (prinsipi) okuwçylaryň ýaş aýratynlyklarynyň umumy ösüş derejesini hem göz öňünde tutýar. Mysal üçin, başlangyç synp okuwçylary ylmy bilimleriň esaslaryny birneme ýönekeýräk görnüşde ele alýarlar, soňra berilýän ylmy bilimleriň mazmuny kem-kemden çylşyrymlaşdyrylýar hem baýlaşdyrylýar.

Sapakda mugallymyň her bir sözi, her bir hereketi terbiýeleýjilik hyzmatyny ýerine ýetirýär. Bu ýagdaý onuň eserdeň hem duýgur, ussat hem yhlasly bolmagyny talap edýär. Ol (haýsy dersi okadýandy-

gyna garamazdan) öz okadýan dersiniň üsti bilen okuwçylarda ylmy garaýyşlary emele getirýär hem-de berkidýär.

Okuw işiniň özi hem terbiýeleýjilik ähmiýetlidir. Çünki okuw işini didaktikanyň talaplaryna laýyk edip guramak şahsyýetiň intellektual hem fiziki zähmetini utgaşdyrmagy, okuwçylaryň guramaçylyk, düzgün-nyzamlylyk, durnuklylyk ýaly asylly sypatlaryny terbiýelemekligi talap edýär.

Okatmagyň terbiýeleýjilik tarapyna aýratyn ähmiýet bermek bilen her bir mugallym okuwçylaryň akyl ýetirijilik başarnyklaryny emele getirýär, özbaşdaklygyny ösdürýär.

**Okatmaklygyň terbiýeleýjilik düzgüni esasan dört sany ugur boýunça amala aşyrylýar:**

1.Ylmy dünýägaraýyş barada okuwçylara doly düşünje ýagny maglumat bermek.

2. Başlangyç synp okuwçylarynda jemgyýetiň we tebigatyň ählumumy, baş kanunalaýyklyklaryna dogry düşünmegi kemala getirmek;

3. Çagalarda ahlak sypatlary, gowy gylyk-häsiýetleri terbiýelemek;

4. Okuwçylarda ýokary duýgyny kemala getirmek, ösdürmek;

5. Mekdep okuwçylarynda başarjaňlygy, endigi terbiýelemek.

Surat, aýdym-saz we beýleki dürli sapaklar geçilende öwrenilýän temalaryň üsti bilen okuwçylary medeniýetiň, sungatyň, sportuň gazananlary bilen giňişleýin tanyşdyryp, olarda gowy gylyk-häsiýetleri terbiýelemeklige gönükdirilmelidir. Eger-de her bir geçilýän sapak okuwçylarda çuňňur duýgy galdyrsa, onda ol çagalarda ahlak sypatlaryň kemala gelmegine güýçli täsir eder.

## Okatmakda okuwçylara indiwidual çemeleşmekligiň esasy

Okuw-terbiýeçilik işlerini üstünlikli guramak üçin okuwçylaryň indiwidual ösüş aýratynlyklaryny öwrenmek uly ähmiýete eýedir. **Indiwidual ösüş** – bu diňe adamyň beden gurluşynyň ösüşi bolman, onuň aňly-düşünjeli şahsyýet hökmünde kemala gelmegidir. Bu bir bitewi ösüşdir, indiwidiň biologik, fiziologik, morfologik, psiho-

logik we sosial taraplaryndan ösüşiniň jemidir. (B.Basarow, 2010). Ata-enäniň mekdebe çenli, kiçi, orta, uly mekdep ýaşlarynda çagalaryndan edýän talaplarynyň üýtgemegi-de, mekdepdäki okuwyň, bilim-terbiýäniň, çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda dürli mazmunda, usullarda alnyp barylmagy-da şonuň bilen baglydyr.

Indiwidual çemeleşmek okuwçylaryň diňe gowşak, kömege mätäç taraplaryny ýüze çykarmak üçin zerur bolman, onuň güýçli taraplaryny-da ýüze çykarmak we ösdürmek üçin zerurdyr. Indiwidual çemeleşmek synpyň ähli okuwçylarynyň döredijilik ukyplaryny we zehinlerini ösdürmek üçin aýratyn ähmiýetlidir. Çagalaryň bilimleriniň, başarnyklarynyň we endikleriniň hemmetaraplaýyn ösmegine radio-telewideniýe uly täsir edýär. Çaganyň dürli maşgalalardaky ösüş şerti onuň bilimleriniň çuňňur ýa-da gowşak ösmegine getirýär. Ýöne çagalaryň akyl ýetiriş işi, başarnyklary deň derejede bolmaýar. Çagalaryň käbiri mekdepde öwrenilýän okuw derslerini aňsatlyk bilen özleşdirýän bolsa, käbiri aýry-aýry okuw dersleri boýunça kömege mätäç bolýar. Bir okuwçy mugallymyň sapakda berýän gürrüňini üns berip diňlese, başga biriniň erkliligi, ünslüligi gowşak bolýar, ol mugallymyň sapagy düşündirýän wagtynda, diňlän ýaly, göni mugallyma seredip oturan-da bolsa, onuň ünsi başga ýerlerde bolýar. Biri köpçülik işine işjeň gatnaşýan hem özüni göreldeli alyp barýan bolsa, beýlekisi kollektiwden çetde, öýde, mekdepde, jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň kadalaryny äsgermezlik edýär.

Şu ýagdaýlardan ugur alyp, mugallym okuwçylaryň ösüş döwürleriniň häsiýetli aýratynlyklary esasynda olaryň indiwidual aýratynlyklaryny-da öwrenýär. Sebäbi mugallym okuw-terbiýeçilik işiniň hilini ýokarlandyrmak üçin okuwçynyň materiala düşünişini, başdan geçirýän kynçylygyny bilmeli, toparda özüni alyp barşyny öwrenmelidir.

Okuwçynyň duýgulary, aň-düşünjesi, ynançlary, endikleri, ahlaklylyk sypatlary olaryň gep-sözünde, jemgyýetçilik hadysalaryna, wakalaryna berýän bahalarynda, maşgalada, mekdepde, okuwçylar toparynda, ulular bilen aragatnaşygynda, özlerini alyp baryşlarynda, dürli okuw, zähmet hem jemgyýetçilik işlerinde ýüze çykýar.

Görnükli pedagog **A.S.Makarenkonyň belleýşi ýaly: «Indiwidual çemeleşmeklige diňe bir sapaklaryna ýetişmeýän okuwçylar mätäç bolman, ähli okuwçylar hem mätäçlik çekýär».** (Pedagogikanyň taryhy boýunça gysgaça kurs, 1981) Indiwidual çemeleşmek synpyň ähli okuwçylarynyň döredijilik ukyp-zehinlerini ösdürmek üçin aýratyn ähmiýetlidir. Mugallym çagalaryň psihologik hem fiziologik aýratynlyklaryny bilýän bolsa, ol okuwçylar bilen alnyp barylýan indiwidual işi gowy guramagy başarar, olaryň käbir kemçiliklerini aradan aýyrmak boýunça takyk çäreleri belläp biler.

Okuwçylar bilen özbaşdak işler guralanda aýry-aýry okuwçylaryň bilim derejesini, olaryň özleşdiren nazary bilimlerini tejribede ulanyp, özbaşdak pikirlenmek we işlemek usullaryny ele alşyny, kynçylyklary ýeňmegi başaryp ýa-da başarmazlygyny hasaba almak has möhümdir. Şeýle edilende okuwçylaryň özbaşdak işlerini netijeli guramak mümkinçiligi artýar.

Okuwçylaryň bilesigelijiligini artdyrmak okuw prosesinde amala aşyrylýan hem mümkin bolan işdir. Iň bir gowşak hasap edilýän okuwçylarda-da bilesigelijiligi, sapaga bolan işjeňligi döretmek bolar.

Belli pedagog **W.A.Suhomlinskiý: «Eger sagdyn hem kadaly ösen çaga hiç bir dersde üstünlik gazanyp bilmese, onuň gowy görýän dersi ýa-da gyzyklanýan sapagy bolmasa, onda mekdebiň öz öňünde goýlan wezipä hötde gelip bilmeýänligidir. Her bir okuwçynyň gowy görýän bir zady ýa-da birnäçe dersi bolmalydyr. Şeýle hem, her bir ders okadýan mugallymyň synpda özüniň daýanýan birnäçe okuwçysy bolmalydyr. Mugallym goşmaça edebiýatlary hödürleýär, goşmaça ýumuşlary tabşyrýar. Şol okuwçylar synpyň intellektual ýerligini-fonuny döredýär, bilimlere bolan höwesini ýokarlandyrýar, zehinleri ösdürip ýetişdirýär»** diýýär. (Pedagogikanyň taryhy boýunça gysgaça kurs, 1981)

**K.D.Uşinskiý bolsa: «Eger pedagogika adamyny hemme tarapdan terbiýelemek isleýän bolsa, onda ony ilki hemme tarapdan öwrenmelidir»** diýip belleýär. (Pedagogikanyň taryhy boýunça gysgaça kurs, 1981) Mugallym okuwçylaryň maşgala ýagdaýyny, mekdepde özüni alyp barşyny, oňa daş-töwerekden täsir edýän faktorlary bilmelidir.

Okuwçynyň oňyn tarapyna daýanmak hökmandyr. Okuwçylaryň özbaşdak işleri guralanda, öýe iş tabşyrylanda, dilden soralanda her bir çaganyň indiwidual aýratynlygy göz öňünde tutulmalydyr. Şeýle edilende mekdepde durmuşa geçirilýän okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini hem netijeliligini ýokarlandyrmak mümkinçiligi artýar.

**Okuwçylara indiwidual çemeleşmek arkaly birnäçe okuw meselelerini çözüp bolar:**

1. Akyl hereketiniň kemala gelmegi we pikirlenmek işiniň amala aşmagy.
2. Aýratyn akyl ýetiriş işleriniň ösüşini, zähmetsöýüjiligi, şahsyýetiň, ahlak, gözellik duýgularyny gözegçilikli ösdürmek, gylyk-häsiýeti kemala getirmek.

## Okatmakda bilimleriň aňly-düşünjeli we berk özleşdirmek esasy

Okatmakda bilimleriň aňly-düşünjeli özleşdirmek – bu esas okuw-terbiýeleýjilik işini kämilleşdirmekligi, okatmagyň hilini ýokarlandyrmaklygy talap edýär.

Bilimleri aňly-düşünjeli özleşdirmek düzgüni diýen düşünjä okuwçylaryň okuw işindäki işeňňirligi hem özbaşdaklygy degişlidir. Eger-de okuwçylar materialyň mazmunyna gowy düşünen we materiala içgin çemeleşip, ol materialy dürli şertlerde, tejribede ulanyp bilýän bolsalar– bu eýýäm okuwçylarda işjeňligiň we özbaşdaklygyň terbiýelenendigini görkezýär.

Okuwçylar tarapyndan bilimleriň aňly-düşünjeli özleşdirilişi, aýratyn hem, olaryň özbaşdak işleri ýerine ýetirýän wagtlarynda ýüze çykýar. Meselem, okuw kitabynyň üstünde işlemek, düzmäniň meýilnamasyny düzmek, maglumatlary dilden we ýazuw üsti bilen beýan etmek, mysallardyr meseleleri çözmek, çyzgydyr ülňüleri döretmek ýaly işlerde, mekdebiň janly burçunda, okuw-tejribe ýerlerinde, önümçilikde, ussahanalarda, tejribehanalarda dürli ýumuşlar ýerine ýetirilende okuwçylaryň taglymy bilimleri düşünip ýa-da düşünmän özleşdirendikleri belli bolýar. Bu bolsa, mugallymyň öz işini geljekde nähili edip guramalydygyny anyklamak üçin ähmiýetlidir. Bilimleri çuňňur hem berk özleşdirmegiň, bilim başarnyk endiklerine ornaşdyrylmagy talap edilýär.

## Bilimleri berk özleşdirmek esasy

Bu esas ylmy bilimleriň esaslaryny çuňňur hem berk özleşdirmegi, tejribe başarnyklary endiklere öwürmegi talap edýär. Bu bolsa maksatnama materialyny mehaniki hem ýüzleý özleşdirmän, düşünip öwrenmek, ony mysallar arkaly berkitmek gerek diýildigidir. Sebäbi öwrenilýän materialyň mazmuny berk özleşdirilmese, basym ýatdan çykyp gidýär. Şoňa görä ony okuwçylaryň düýpli özleşdirmeklerini hem-de zerur hasaplanylsa, birnäçe gezek gaýtalap pugta öwrenmeklerini gazanmak gerek.

Ýa.A.Komenskiý: «Adamyň ýaşlyk ýyllarynda özleşdiren zatlary berk hem durnukly bolýar, şoňa görä öwrenilýän materialy düýpli esaslandyrmak hem oňa söýgi döretmek gerek, ana şonda bilimler çuňňur özleşdiriler. Daragt özüniň köklerini ýere näçe çuň ornaşdyrsa, onuň şonça-da mäkäm bolşy ýaly, bilim hem pugta bolar» diýip belläpdi.

Materialy berk özleşdirmek we ýatda saklamak – bu islendik wagtda (gerek bolanda) şol bilimleri, başarnyklary we endikleri durmuşda peýdalanyp bilmegi hem olary aýdyp bermegi başarmagy öz içine alýar. Öwrenilen bilimler tiz ýatdan çyksa, indiki geçiljek materiallary özleşdirmek ýeňil düşmez. Şonuň üçin hem bilimleri berk özleşdirmegiň didaktik ähmiýeti uludyr.

Bilimleriň berk bolmagy ýada ornaşdyrmak işi bilen şertlendirilýär. Ýatda saklamak çylşyrymly psihologik iş bolup, ol logiki we mehaniki ýatda saklamak diýen toparlara bölünýär. Okuw işiniň tejribesinde ýatda saklamagyň iki görnüşinden hem giňden peýdalanylýar. Käbir mekdep işgärleri mehaniki ýat tutmaklyga kembaha garaýarlar. Bu, elbetde, nädogrudyr. Çünki okuw işinde mehaniki ýat tutmaklygyň hem bellibir derejede roly bar. Mysal üçin, goşgyny ýat saklamak üçin onuň diňe bir mazmunyna, ideýasyna düşünmek ýeterlik däldir, eýsem, ony ençeme ýola okap hem-de birnäçe gezek gaýtalap ýat tutmak gerek bolýar. Ýa-da başga bir mysal. Fizikadan, matematikadan, himiýadan, ene dilinden möhüm kanunlaryň, düzgünleriň, teoremalaryň, kesgitlemeleriň diňe bir manysyna düşünmek bilimleriň berk bolmagyny üpjün edýär. Olaryň manysyna düşünmek bi-

len bir hatarda, birnäçe gezek, okap ýat tutmaklyk hem möhüm rol oýnaýar. Diýmek, okuw işinde mehaniki ýat tutmaklyk bilen logiki ýat tutmaklyk utgaşdyrylyp alnyp barylýar. K.D. Uşinskiý mekdebiň okuw işinde üstünlik gazanmak üçin ýatda saklamaklygyň bu iki görnüşini hem bilelikde peýdalanmagy maslahat berýärdi.

Bilimleri berk özleşdirmek geçilenleri gaýtalamaklygyň gurluşyna ep-esli derejede baglydyr. Şonuň üçin hem geçilenleri gaýtalamak işi mümkingadar her bir sapakda amala aşyrylmalydyr. Dogry guralan gaýtalamak okuwçylaryň bilimleri özleşdirmeginde olaryň işeňňirliginiň we aňly-düşünjeliliginiň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär.

Gaýtalamak diňe öňki ele alnan bilimleri täzeden göz öňüne getirmek we ýaňadan hasyl etmek bolman, eýsem şol meseleler boýunça okuwçylaryň pikirlenmesini çuňlaşdyrýar, olaryň uzak wagtlap ýatlarynda galmagyna ýardam edýär. Gaýtalamak işinde faktlaryň hakyky manysyna düşünýärler, düşünjeler anyklaşdyrylýar.

Geçilenleri gaýtalamagy täze tema beýan edilýärkä-de, tema umumylaşdyrylýan wagtynda-da, täze temanyň berkidilýän döwründe-de, okuwçylaryň özbaşdak işleriniň geçilýän pursadynda-da guramak bolar.

Gaýtalamagy öňki sapakda edilişi ýaly, ýene-de täzeden gaýtalaman, muňa näme-de bolsa bir täzelik girizip, materialy çuň sistemalaşdyryp, analizläp we umumylaşdyryp, şeýle hem, okuwçylaryň ýady bilen pikirlenmesini utgaşdyryp guramaklyk amatlydyr.

Häzirki wagtda mekdepde alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işiniň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmak, her bir okuwça berk bilim bermek, okuw materialyny çuňdan öwretmek, okuwçynyň aktiw pikirleniş işini ösdürmek mugallymyň esasy wezipesi bolup durýar. Bu, elbetde, çagalarda bilimlere bolan höwes, gyzyklanma döretmek bilen baglanyşyklydyr. Okuwçylaryň şunuň ýaly içki stimuly olaryň okuw işindäki işjeňligini artdyrýar: ylmy edebiýatlardan, degişli sözlüklerden, gollanmalardan peýdalanyp, sapakda ýa sapakdan beýleki wagtlarda ýüze çykan soraglara özbaşdak jogap bermeklerini üpjün edýär.

Okatmakda bilimleriň aňly-düşünjeli we berk özleşdirmek esasyny ýerine ýetirmegiň ýollary:

1. Ýerine ýetiriljek işiň maksadyny we wezipesini aýdyň düşündirmeli; olary okuwçylara görkezmeli;

2. Okuwçy okuw hereketlerini mehaniki ýerine ýetirmän, näme üçin we nähili etmeliligine düşünmeli;

3. Bilesigelijilik işiniň ähli görnüşlerini ulanmaly;

4. Okuwçylaryň biri-birini okatmak mümkinçiliklerini peýdalanmaly;

5. Okuwçylara belli bolmadyk maglumatlary olara belli bolan maglumatlar bilen logiki baglanyşdyrmaly;

6. Okuwçylar görýän faktlary bilen bar bilimleriniň arasyndaky aratapawudy tapyp, düşündirip bilmeli;

7. Her bir düzgün köp sanly mysallaryň üsti bilen düşündirilmeli;

8. Esasy we esasy däl maglumatlary aýyl-saýyl etmegi öwretmeli;

9. Okuwçylara okamagy öwretmeli;

10. Okuwçylara pikirlenmegi öwretmeli;

11. Okuwçy bilen zadyny tejribede ulanmagy başarmaly;

12. Alnan bilimler ynamlara we hereket etmäge ýol görkeziji bolmaly.

13. Okuw maglumatlary innowasion pedagogik tehnologiýalar arkaly öwredilmek.

14. Okuwça internet maglumatlaryndan peýdalanyp, özbaşdak bilimini baýlaşdyrmagy öwretmeli.

15. Okuwçylary ylmy taslamalary esaslandyrmak işine gönükdirmeli.

## Okatmagyň yzygiderlilik we ulgamlylyk esasy

Ýaş nesli mekdepde ylmy bilimleriň esaslary bilen taplamak, onuň tejribe başarnyklaryny hem endiklerini ösdürmek yzygiderli okatmak arkaly berjaý edilýär. Okuw materialyny yzygiderli özleşdirmek ony ulgamlaýynlyk esasda beýan etmekde amala aşyrylýar. Ol böleklere bölüp öwretmegi, materialyň esasy çäklerini ýüze çykarmagy, umumy pikiri we netijäni aýdyňlaşdyrmagy, okuwçylaryň logiki pi-

kirlenmesini yzygiderli ösdürmegi, öwrenilýän maglumatlary seljermegi hem-de umumylaşdyrmagy we ş.m. öz içine alýar.

Mekdep biliminiň mazmuny okuw derslerinde jemlenýär. Her bir ylmyň esaslary bolsa ulgamlaýyn beýan edilýär. Mugallymyň ulgamlaýyn beýan etmegi kem-kemden çylşyrymlaşýar. Diýmek, her bir okuw dersi okuwça şol ugurdan ylmy bilimleriň, tejribe başarnyklaryň we endikleriň netijesini berýär. Mekdepde öwrenilýän okuw dersleri bolsa okuwçylaryň her taraplaýyn bitewi düşünjesini, ylmy dünýägaraýşyny emele getirýär.

### Okatmagyň bu esasy aşakdaky 4 ugry emele getirýär:

1. Bilim adamyň daşky dünýädäki zatlardan, derslerden dogry baş çykarmagy üçin hökmanydyr. Sebäbi dünýäde ähli zat biri-biri bilen baglanyşykly, ösüş häsiýetine eýedir. Ösüş bolsa bellibir yzygiderlilikde amala aşýar. Şeýle bolansoň okuw maglumatlary hem mekdep okuwçylary tarapyndan bellibir yzygiderlilikde öwrenilýär. Okuwçylar dürli temalary, ol ýa-da beýleki dersden mugallymyň ýolbaşçylygynda özleşdirenlerinde bellibir ulgam esasynda, okuw materiallarynyň gitdigiçe çylşyrymlaşmagy görnüşinde öwrenmelidir.

2. Okuw materialy ýörite işlenip düzülen düzgünlerden, ylmyň bölümlerinden ybaratdyr. Okatmakda bilimleriň ulgamy ylmyň ulgamy bilen doly gabat gelmeýär. Ylym ol ýa-da beýleki zady çuňňur öwrense, okuwçylar ony ýüzleýräk öwrenýär.

3. Mekdep okuwçylarynyň okuw materialyny özleşdirmeginiň ulgamy mugallymyň öwrediş usulyna baglydyr. Mugallymyň taýýarlyk derejesi, onuň döredijiligi we ussatlygy okuwçylaryň bilimleri yzygider, çuňňur özleşdirmegini üpjün edýär.

4. Öwrenilýän bilimiň netijesinde okatmagyň ösüş funksiýasynyň amala aşyrylmagyny ýola goýmak, materialy öwretmek bilen mekdep okuwçylarynyň ýadynyň, pikirlenmesiniň, ünsüniň, göz öňüne getirmesiniň we ş.m. ösmegine täsir etmek, okuwçynyň şahsyýetiniň häsiýeti, işe ukyplylygy, zähmetsöýerligi (ýa-da iş ýakmazlygy), okuwa höwesi (ýa-da höwessizligi), tertipliligi (ýa-da tertipsizligi), guramaçylyk ukyby, ýadawlygynyň çalt ýa-da ýuwaş depgini ýüze çykýar.

Bu esasa pedagogikanyň taryhynda uly ähmiýet beripdi. Ý.A.Komenskiý okatmagy ulgamlaýyn usulda alyp barmagyň, okatmakda maglumatlardan netijelere, mysallardan kesgitlemelere, takyklykdan abstraktlyga, ýeňilden kyna gönükdirilmek düzgünleri berjaý etmegiň ähmiýetine aýratyn üns beripdi.

Ulgamlaýynlygyň düýp manysy okuwçylaryň özleşdiren bilimlerini bitewi sistemanyň, toplumyň elementi hökmünde seredilmegidir. Bölek-büçek, biri-biri bilen baglanyşyksyz bolan bilimler bitewi ulgamy döredip bilmeýär. Şonuň üçin ulgamlaýynlyk diňe bir okuw dersiniň çäginde, birnäçe okuw dersleriniň, bütin mekdep biliminiň möçberinde içki arabaglanyşygy saklamak we üpjün etmek diýmekdir. Özara baglanyşykly ulgamy döretmek üçin mekdepde öwrenilýän ähli okuw dersleriniň arasyndaky arabaglanyşygy ýola goýmak möhümdir. Meselem, politehniki bilim bermek işinde dersleriň arasynda has içgin arabaglanyşyk ýola goýulýar. Bu bolsa okuw dersleriniň içki logiki gurluşyna esaslanýar. Ene dili sapagy bilen beýleki ähli okuw dersleriniň arasynda örän ýakyn arabaglanyşyk üpjün edilýär. Çünki dil ähli dersler boýunça bilimleri beýan etmegiň möhüm serişdesi hasaplanylýar. Mekdepde öwrenilýän ähli okuw dersleri boýunça özara baglanyşykly bilimleriň toplumyny bermeklik – ulgamlaýyn okatmak düzgüniniň talabydyr.

Ulgamlaýyn düzgünine laýyklykda bilim, başarnyk we endikler bellibir logiki arabaglanyşykda emele getirilýär. Meselem, gul eýeçilik jemgyýetiniň ilkidurmuş obşinasynyň jümmüşinden döränligi sebäpli, ilki bilen ilkidurmuş obşina gurluşy öwrenilýär, soňra gul eýeçilik jemgyýetine geçilýär. Başga bir mysal. Türkmen dilinden «Çalyşmalar» diýen söz topary atlaryň, sypatlaryň we sanlaryň yzyndan öwrenilýär, sebäbi çalyşmalar şol söz toparlarynyň ýerine çalşyrylyp ulanylýar. Edebiýat dersiniň başlangyç synplarda düşündirilişi okuw ulgamynda öwrenilýär, 4-8-nji synplarda edebiýat dersi edebiýat taglymatynyň käbir meseleleri bilen birlikde berilýär. IX–X synplarda bolsa türkmen edebiýatynyň taryhy, käbir ýazyjylaryň aýry-aýry eserleri öwrenilýär.

19. Sargyt № 986

Bu ýerde her bir okuw dersiniň beýleki okuw dersleri bilen arabaglanyşykda öwrenilýändigi hem nazarlanylmalydyr. Ene dili mugallymynyň geografiýa bilen baglanyşykly ýumuşlary işletmegi, biologiýa mugallymynyň okuwçylaryň matematikadan we fizikadan alan bilimlerini peýdalanyp işlär ýaly ýumuşlar tabşyrmagy ýa-da taryh mugallymynyň öz sapagyny edebiýat bilen baglanyşdyrmagy hem şonuň üçindir.

Ählumumy orta bilime geçilmegi okuw dersini şeýle esasda düzmegiň zerurçylygyny aýyrýar. Her niçik-de bolsa, häzir aýry-aýry bölümleriň, temalaryň gaýtalanmasy tebigydyr.

**Tejribe işinde, okatmakda yzygiderlilik we ulgamlaýynlyk esasy şeýle talaplaryň berjaý edilmegini göz öňünde tutýar:**

– Çyzgylary, meýilnamalary ulanmak;

– Jemleýji we ulgamlaşdyryjy sapaklary geçmek;

– Okuwçylaryň ýazuw işinde, dil üsti jogaplarynda goýberen ýalňyşlaryny düzetmek;

– Syn etmegi öwretmek;

– Maksatnama boýunça berlen bilimler, başarnyklar, endikler ulgamyny doly özleşdirilmek;

– Özleşdirilen bilimleri gaýtalap durmak.

## Okatmagyň güýçýeterlilik esasy

Mekdep okuwy, ýaş nesle bilim bermek okuwçynyň ýaş aýratynlygyna, güýjüne, ukybyna laýyklykda guralýar. Okuw maksatnamalary, okuw kitaplary hem şol esasa daýanýar. Her bir täze çylşyrymly düşünje okuwçylaryň öňden bar bolan bilimleri, tejribeleri esasynda öwredilýär. Okuw materialyny okuwçylaryň ýaşyna we güýjüne laýyk edip kesgitlemeklik hem öwretmekde birnäçe didaktiki düzgünlerden ugur alýar. Okatmagyň güýçýeterlilik düzgüniniň belliden näbellä, ýönekeýden çylşyrymla, umumydan bölekleýinlige, hususydan umuma, ýakyndan daşa gönükdirilmeli didaktiki düzgünleri bar. Okatmagyň güýçýeterliligi synpda işlenilende, öý ýumşy tabşyrylanda hem okuwçylaryň indiwidual aýratynlygyny

nazarlamagyň zerurlygyny ýüze çykarýar. Okuw maglumatlary mazmun we möçber taýdan güýçýeterli bolmalydyr.

Geçilýän materialyň okuwçylar üçin elýeterli bolmagy hökmandyr. Okuwçylaryň umumy ösüşine laýyklykda, olaryň hususy tejribesi, çagalarda öňden bar bolan bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň netijesinde okatmaklyk ýola goýulmalydyr. Bu düzgün berjaý edilmese, okatmak okuwçy üçin elýeterli bolmaýar.

Ylmy-tehnikanyň ösmegi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň giňelmegi netijesinde, häzirki döwrüň çagalary geçen asyrlarda ýaşap geçen çagalardan has ösen hem bolsalar, olaryň akyl baş çykaryjylygy dürli ýaşa görä ösüşe ýykgynlyk edýär.

Elýeterlilik düzgüni okuwçylaryň öwrenýän materialynyň ýeňil bolmagyny aňlatmaýar. Bu düzgün öwrenilýän okuw meterialynyň okuwçylarynyň ýaş aýratynlygyna, psihiki ösüşine laýyk düzülenligini we temalaryň kem-kemleýin çylşyrymlaşmagyny aňladýar. Mugallymyň saýlap alan maglumatlary, okatmagyň usullary, serişdeleri, mysallary, gönükmeleri, meseleleri, sowallary, görkezme esbaplary güýçýeterli bolmalydyr.

## Okatmagyň görkezme esbaplylyk esasy

Görkezme esbaplaryň kömegi bilen okatmak – bu okuwçylar tarapyndan gönüden-göni kabul edilip alynýan takyk keşpleriň esasynda guralýan okuw işidir. Görkezme esbap okuwçylaryň pikirlenmesini ösdürýän serişdedir

Görkezme esbaply okatmak esasyny görnükli pedagog A.Disterweg ýokary aýgytlaýjy derejä göterýär. **K.D.Uşinskiý: «Çaga haýsy-da bolsa bir bilmeýän bäş sany sözüni öwredip görüň, ol şol sözleriň üstünde uzak wagtlap biderek ýere çytraşar, emma edil şonuň ýaly ýigrimi sany sözi suratlar bilen baglanyşdyryň, çaga olary derrew özleşdirer»** diýip maslahat berýär. (A.Gurbanow, O.D.Kuzmin, Ş.Haljanow, J.Rejebow.Okatmak teoriýasynyň aktual meseleleri, 1979)

Okatmak işinde peýdalanylýan okuw-görkezme esbaplary dürli-dürlüdir. Olaryň görnüşlerini aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolar:

**1. Natural görkezme esbaplar:** janly ösümlikler, dürli kolleksiýalar, minerallar, zatlaryň asyl nusgasy we ş.m.

**2. Göwrümleýin görkezme esbaplar:** mulýažlar, geometrik jisimler, maketler, modellar, globus we ş.m.

**3. Şekili görkezme esbaplar:** fotolar, suratlar, wideo we ş.m.

**4. Nyşany (simwoliki) görkezme esbaplar:** geografik, taryhy kartalar.

**5. Grafiki görkezme esbaplar:** çyzgylar, ýazgylar, tablisalar, diagrammalar we ş.m.

Predmetleriň natural görnüşini (suratlarda ýa-da modellerde) ulanmak, söz, ýazuw, dil üsti bilen berlen maglumatlardan çalt, oňat we aňsat ýada ornaşdyrylmagyna ýardam edýär. Çagalar esasan formalar, reňkler, sesler umuman duýmalar bilen pikirlenýär: şonuň üçin çaga sözüsti düşündirenden göni aýdyň kabul edilýän görkezme keşpleriň üsti bilen düşündirmek wajypdyr.

Okatmagyň bu esasyna pedagogikanyň taryhynda uly ähmiýet berlipdir. Munuň şeýledigine geçmişiň belli pedagoglary (çeh **Ý.A.Komenskiý,** rus **K.D.Uşinskiý,** türkmen pedagogy **A.Alyýew** we beýlekiler) gowy düşünipdirler, özleriniň döreden okuw kitaplarynda okuwçylaryň ünsüni çekip biläýjek suratlary, degişli serişdeleri ýerleşdiripdirler. Olar şeýle kömekçi serişdeleriň okuwçylaryň ünsüni öwrenilýän okuw materialyna çekýändigine, olaryň hem bilimleri höwesli özleşdirýändigine hem ýatda uzak wagtlap saklaýandygyna tejribede göz ýetiripdirler.

Okatmagyň bu esasyny, öň bellenilişi ýaly nazary we usuly taýdan esaslandyran Ý.A. Komenskidir. Beýik pedagog görkezme esbaply okadylanda öwrenilýän materialyň örän berk hem ýeňil özleşdirilýändigini iş ýüzünde subut edipdir. Ol didaktikanyň **«altyn düzgünlerini»** jar edip, eger mümkin bolsa, özleşdirilýän zatlary duýgy agzalarynyň üsti bilen kabul etmekligi ýola goýmagy ündäp, okuw-terbiýeçilik işinde görkezme esbaplaryndan giňden hem ýerlikli peýdalanmagyň zerurlygyny nygtapdyr. Görkezme esbaply okatmak esasy görnükli pedagoglar I.G.Pestalossi, A.Disterweg tarapyndan ösdürilipdir. I.G.Pestalossi görkezip okatmak esasyny absalýut derejä ýetiripdir.

Okatmakda we terbiýede düşünjeleriň we abstrakt düzgünleriň mazmuny takyk maglumatlaryň, mysallaryň we şekilleriň üsti bilen berkidilende çagalaryň aňyna aňsat ýetýär. Görkezme esbaplary diňe görkezmek üçin ulanman, aýratyn bilim beriji çeşme, pedagogiki problemalaýyn ýagdaýlary döretmek üçin serişde hökmünde ulanmak zerurdyr. Häzirki zaman görkezme esbaplary okuwçylara gözleg we barlag işlerini geçirmäge mümkinçilik berýär. Görkezme esbaplary taýýarlamakda internet ulgamyndan peýdalanmagyň ähmiýeti uludyr. Dünýä tejribesiniň innowasiýalaryny sapaga ornaşdyrmak, görkezme esbaplaryň hilini ýokarlandyrmak, internet maglumatlaryny döredijilikli peýdalanmak ýaly işler, mugallymyň ýokary kompýuter sowatlylygyny talap edýär.

Görkezme esbaplar ulanylanda ilki olary okuwçylar bilen umumylykda gözden geçirmeli, soňra esasylar we esasy däller toparyna bölüp, soň ýene-de umumylykda gözden geçirmeli. Görkezme esbaplar ulanylanda olaryň sanyny köpeltmekden ugur almaly däl, çünki olaryň çenden köplügi okuwçylaryň ünsüni esasy maglumaty kabul etmekden sowýar.

Görkezme esbaplary ulanmak arkaly okuwçylaryň duýgy tejribesini işjeňleşdirmek mümkindir. Paýhasda öňden bar bolan maglumatlara daýanyp, okuwçylar öwrenilýän düşünjeleri anyklaýar we täze maglumatlary özleşdirýär.

Mugallym görkezme esbaplary okuwçylar bilen bilelikde taýýarlamaga çalyşmaly, okuwçylar öz eli bilen ýasan görkezme esbaplaryny has höwesli ulanýar. Mugallym hiç wagt özüniň gowy bilmeýän görkezme esbaplaryny görkezmeli däl, görkezme esbaplary ulanmaga gowy taýýarlanmaly.

Häzirki zaman görkezme esbaplaryny okuw ýaýlymyny, wideoýazgylary ylmy esasda ulanmagy başarmaly, tehniki serişdeleri ulanmagyň usulyny oňat özleşdirmeli.Görkezme esbaplar ulanylanda okuwçylaryň ünsüni, syn edijiligini, pikirlenme medeniýetini, döredijiligini, okuwa höwesini terbiýelemeli. Görkezme esbaplar durmuş bilen baglylyk serişdesi hökmünde ulanylmaly.

Kabinet ulgamynda okatmakda görkezme esbaplary ulanmaga mümkinçilikler köp bolýar: bu öz gezeginde görkezme esbaplaryň ähmiýetine bolan dogry garaýşy, olary ulanmagy meýilleşdirmegi, san, möçberini dogry ulanmagy talap edýär. Okuwçylaryň ýaşy ulaldygyça görkezme esbaplaryň ulanylyşy kemeldilmeli, ondan soňra mugallymyň maglumatlary söz üsti düşündirmegi esasy orna geçýär. Görkezme esbaplaryň çendenaşa köp ulanylmagy bilimleriň çuň özleşdirilmegine, abstrakt pikirlenmäniň ösüşine, umumy we ählumumy kanunalaýyklyklaryň mazmunyna düşünmäge päsgel berýär.

Häzirki zaman didaktikasy okuw-görkezme esbaplarynyň dürli görnüşlerinden has netijeli peýdalanmagyň giň mümkinçiliklerini ýüze çykarýar. Bu kömekçi serişdeleri her bir synpda öwrenilýän okuw dersiniň aýratynlyklaryna laýyklykda, täze tema düşündirilende, berkidilende, programma materialy gaýtalananda, okuwçylaryň bilimleri barlananda, okuwçylar bilen özbaşdak işler guralanda hem üstünlikli peýdalanmak bolar.

Görkezme esbaply okatmakda häzirki zaman kompýuter we multimedia enjamlarynyň roly örän uludyr. Multimedia tehnologiýasynyň kömegi bilen mugallym sapakda dürli şekilleri, ýazgylary, animasiýalary, çyzgylary, suratlary, wideo ýazgylary, slaýdlary görkezip okatmaga mümkinçilik alýar. Ýöne olary sapagyň haýsy döwründe, nähili usulda ulanmalydygy barada mugallym öňünden pugta oýlanmaly, ony peýdalanmagyň netijeli ýollaryny bilmeli hem-de özüniň iş tejribesine ornaşdyrmalydyr. Şonda okuw-görkezme esbaplary okuw-terbiýeçilik işiniň hiliniň we netijeliliginiň ýokarlanmagyna ýardam eder.

Okatmagyň esaslary okuw işinde aýry-aýrylykda däl-de, bilelikde çykyş edýär. Meselem, okatmagyň ylmylyk düzgüni şol bir wagtyň özünde onuň durmuş bilen arabaglanyşykda bolmagyny üpjün edýär, terbiýeleýjilik hyzmatyny ýerine ýetirýär; ýa-da bolmasa, okatmakda bilimleri aňly-düşünjeli özleşdirmek düzgüni alnan ylmy bilimleriň berkligini üpjün edýär. Şeýle-de ol okatmagyň kesgitli ulgam boýunça yzygiderli hem-de okuwçylaryň güýjüne laýyklykda alyp barmagy, okuw-görkezme esbaplaryndan ýerlikli peýdalanmagy talap edýär. Bu ýagdaý okatmak işiniň kanunalaýyklygyndan gelip çykýar.

# XII BAP

# Mekdep biliminiň mazmuny

## 12. Mekdep biliminiň mazmuny we ony yzygider kämilleşdirmegiň zerurlygy

**Bilimiň mazmuny – öwrenilýän okuw dersleri boýunça özleşdirilen ylmy bilimleriň, tejribe endikleriň ulgamy göz öňünde tutulýar.** Ol ýaş nesle tebigy dünýä, jemgyýetçilik durmuşy, adamzadyň akyl-paýhasy baradaky ylmy bilimleri berýär, tejribe başarnyklary öwredýär, ony edepli-ekramly şahsyýet hökmünde kemala getirýär, dünýä ylmy-tehniki ösüşine aralaşyp bilmegine mümkinçilik döredýär. Bilimiň mazmunyny düzýän okuw dersleriniň arasynda berk arabaglanyşyk bolup, ol okuwçylaryň aňynda bitewi ylmy garaýyşlaryň döremegini üpjün edýär. Bilimiň mazmuny bellibir ulgam boýunça yzygiderli hem logiki arabaglanyşyklylykda beýan edilýär. Şonda nazaryýet bilen tejribe biri-birini şertlendirýär, delillendirýär. Bilimiň mazmuny iň netijeli hem döredijilikli usullaryň, okuw işini işjeň guramagyň görnüşleriniň, örän oýlanyşykly hem ýerlikli seçilip alnan serişdeleriň üsti bilen düşündirilýär.

Mekdep bilimiň mazmuny kesgitlenilende her bir ylmyň gazananlaryndan ugur alynýar. Ýöne mekdep biliminiň mazmunyna şol ylmyň gazananlary tutuşlygyna girizilmeýär (bu mümkin hem däl), oňa mätäçlik hem ýok. Mekdep biliminiň mazmunyna her bir ylmyň jemgyýetçilik durmuşy üçin has möhümleri, pedagogiki taýdan maksadalaýyk hem-de okuwçylar üçin elýeterli bolanlary girizilýär. Bu mazmunyň üsti bilen okuwçylara umumy bilim berilýär.

**Mekdepde bilimiň mazmuny** – okuwyň dowamynda okuwçylaryň ele alýan ylmy bilimleriniň, başarnyklarynyň we endikleriniň kesgitli ulgamydyr. Bilimleriň ele alynýan döwründe okuwçylaryň ylmy dünýägaraýşyny olaryň akyl, ahlak, zähmet, estetiki-gözellik we fiziki ukyplaryny hemmetaraplaýyn ösdürmek wezipeleri hem üstünlikli çözülmelidir.

Her bir döwrüň **talaplary** bilimiň mazmunyny kämilleşdirmäge ugrukdyrýar, ony dürli görnüşli we derejeli okuw mekdepleriniň

maksatnamalaryna goşýar. Bilimiň mazmunynyň kämilleşmegine täsir edýän faktorlar hökmünde: **1) ylym, tehnika; nazarlanylýan maksatlar; 2) sosial we ylmy üstünlikler; 3) jemgyýetiň talaby; 4) şahsy talaplar; 5) pedagogiki mümkinçilikler** we beýlekileri görkezmek bolar. Bilimiň mazmunynyň agzalan ulgamlar esasynda kemala gelşini şu çyzgyda aýdyňlaşdyrmak bolar.

**MEKDEP BILIMINIŇ MAZMUNY**

| | | |
|---|---|---|
| Başarnyk we endik | Bilim | Terbiýe |
| Aň-düşünje | Tebigat hakynda | Aň |
| Tejribe | Jemgyýet hakynda | Duýgy |
| Ýöriteleşdirilen | Adam hakynda | Özüňi alyp barmak |

Bilimiň mazmuny kesgitlemek – ösüp gelýän ýaş nesle näme öwretmeli diýen örän möhüm meseläni çözmekdir. Bu meseläni düýpli çözmek öz gezeginde okuwyň maksadynyň kesgitlenmegine düýpli täsir edýär. Mekdepde bilimiň mazmuny **umumy we hünäre ugrukdyryjy bilimi** öz içine alýar.

Mekdeplerde berilýän bilim okuwçylara tebigatyň, jemgyýetiň we adamyň pikirlenmesiniň ösüşiniň esasy kanunalaýyklyklaryna düşünmegine mümkinçilik berip, olarda ylmy dünýägaraýşy kemala getirýär. Şeýle-de olary okuwlaryny dowam etdirmegi üçin zerur bolan ylym-bilimler, başarnyklar, endikler bilen üpjün edýär. Mekdeplerde okuwçylara, olaryň akyl taýdan ösüşine ýardam edýän, olaryň geljekki işlerinde peýdaly boljak bilimler berilýär. Beýle diýildigi, ylma diňe adamyň ýaşaýyş-durmuşyna gös-göni peýdaly hadysa nukdaýnazardan çemeleşmeli diýildigi däldir. Biz mekdepde Türkmenistanyň taryhynyň gadymyýetini öwrenýäris. Onuň adamlaryň häzirki işiniň zähmet öndürijiligi üçin gös-göni haýry ýok. Ýöne ony öwrenmek, umuman, adamzat jemgyýetiniň taryhy

ösüşiniň barşyny aýdyňlaşdyrmaga kömek edýär we adamda özüniň geçmişine buýsanç döredýär. Öz taryhyna buýsanyp bilýän adam has gujurly we ynamly zähmet çekýär. Şonuň üçin onuň umumy bilimiň ulgamynda öwrenilmegi zerurdyr.

**Umumy bilim** tebigat, adamzat jemgyýeti we pikirlenme hakyndaky bilimleriň esaslaryny hem-de özüniň geljekki hünäriniň görnüşine garamazdan, her bir adam üçin zerur bolan degişli bilim, başarnyk we endikleri berýär. Umumy bilim düşünjeleriniň öwrenilmegi ylmy dünýägaraýşyň kemala getirilmeginiň esasy bolup hyzmat edýär. Şeýle hem ol akyl ýetiriş işjeňliginiň we ukyplarynyň ösmegine täsir etmek bilen birlikde, hünäre ugrukdyryjy bilimiň hem esasy bolup durýar. Umumy bilim beýleki bilimleriň binýadydyr. Onuň mazmuny döwrüň talabyna, ylmy-tehniki ösüşiň derejesine, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda edilip kesgitlenilýär. Umumy bilim hünär, orta hünär, ýokary bilimiň ylmy binýady bolup hyzmat edýär.

Häzirki zaman mekdepleriniň täze okuw maksatnamalarynda okuwyň durmuş, zähmet, tejribe bilen baglanyşygyny pugtalandyrmaga uly üns berlip, olarda bilimleri öwrenmegiň yzygiderlilik häsiýeti saklanyp, bilimleriň tejribä gönükdirilenligi has güýçlendirilýär. Täze maksatnamalaryň esasy aýratynlygy hem şondan ybaratdyr.

**Hünäre ugrukdyryjy bilim** – bu bellibir hünärdäki işgärler üçin, olara zerur bolan ýörite düşünjeleri we endikleri berýär. Hünäre ugrukdyryjy bilimiň üsti bilen hut şol düşünjeleriň we endikleriň zähmetiň degişli bolan öndürijiligini üpjün etmek üçin zerur bolan möçberinde berilýär. Hünäre ugrukdyryjy bilim alan adamlar bellibir käre, hünäre eýe bolýarlar.

Hünäre ugrukdyryjy bilim – jemgyýetçilik durmuşynyň, oba hojalygynyň, ylmyň, tehnikanyň, hyzmat ediş ulgamynyň, medeniýetiň dürli pudaklary üçin zerur bolan hünärmenleri terbiýeläp ýetişdirmegi göz öňünde tutýar. Okuwçylara kesp-kär bilen bagly düşünje bermek, zähmete, zähmet adamsyna bolan söýgi ilki bilen umumybilim berýän okuw dersleriniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Jemläp aýdylanda, umumy we hünäre ugrukdyryjy bilim biri-biri bilen özara arabaglanyşykda bolýar. Umumy bilim hünär biliminiň ylmy binýadydyr. Hünär biliminiň düýbi mekdepde tutulýar, okuwçy-

lar önümçilik prosesiniň esaslary, esasy hünärler bilen tanyşdyrylýar. 12 ýyllyk bilimiň 11–12 synplarynda okaýan okuwçylar ugurlara (takyk, tebigy, ynsanperwerlik durmuş bilimleri) bölünip, geljekde saýlajak hünärlerine ugrukma alýarlar.

Umumybilim berýän mekdep uçurymlaryň ukyp-zehinlerini seljerip, kimiň nirede okap, haýsy kärde işläp biljekdigini öňünden anyklaýar we şoňa laýyklykda degişli çäreleri durmuşa geçirýär, her kesiň isleg-başarnygyna görä ony kesp-käre gönükdirýär, durmuşda özleriniň hakyky orunlaryny tapyp bilmegine ýardam edýär. Bu ýagdaýda ösüp barýan nesle berilýän bilimiň mazmuny ylmy taýdan döwrüň talaplaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Başga bir tarapdan, mekdep biliminiň mazmuny birsyhly kämilleşýär, okuw meýilnamasyndan möwritini ötüren, zerur däl ýa-da az ähmiýetli okuw dersler aýrylyp, olaryň ýerine täze okuw dersleri girizilýär.

Bilimiň mazmuny barada gürrüň edilende, okuw meýilnamasyna girizilen dersleriň eýeleýän orny barada hem durup geçmek ýerliklidir. Üns berilse, ene dili, matematika ýaly okuw derslerini öwrenmek üçin berilýän sagatlar sany beýlekiler bilen deňeşdirilende ep-esli artyk, özi-de umumybilim berýän mekdebiň ähli synplarynda her gün diýen ýaly geçilýär. Beýleki käbir okuw dersleriň bolsa olardan tapawutlylykda, ähli synplarda öwrenilmän, olara berilýän sagatlaryň sanlary-da az. Bilimiň mazmunynyň şeýle esasda berilmegi okuw işiniň kanunalaýyklygy bilen baglydyr. Atlary agzalan okuw dersleri özleriniň mazmuny, içki logikasy hem häsiýeti boýunça yzygiderli öwrenilip durulmagyny talap edýär. Beýleki käbir okuw dersleri öwrenilende bolsa başgaça talaplardan ugur alynýar. Aýdaly, himiýanyň ulgamlaýyn kursyny öwrenmek üçin okuwçylar ilki biologiýa, fizika, geografiýa ýaly ylymlardan habarly bolmaly. Şonuň üçin hem bu okuw dersleri himiýadan öňürti öwrenilip başlanýar. Bu ýagdaý okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary we akyl ýetiriş ukyby bilen hem baglanyşyklydyr. Aýry-aýry synplarda öwrenilip başlaýan «Informatikanyň we informasiýa tehnologiýalarynyň esaslary», «Çyzuw», «Astranomiýa» ýaly okuw dersleri barada hem şu pikiri aýtmak bolar.

Şu ýerde käbir okuw dersleriniň integrirlenen (jemlenen) usulda berilýändigini hem ýatlamak zerurdyr. Integrirlenen okuw ders-

leri bu birnäçe ugurlar boýunça ylym-bilimleriň mazmunyny özünde jemleýän hem olaryň utgaşdyrylyp öwrenilmegini üpjün edýän okuw dersidir. Mekdepde öwrenilýän «Tebigaty öwreniş», «Umumy biologiýa» ýaly okuw dersleri munuň mysallarydyr. «Tebigaty öwreniş» öz mazmunynda biologiýadan, himiýadan, fizikadan, geografiýadan ilkinji maglumatlary, «Umumy biologiýa» bolsa botanikadan, zoologiýadan, fiziologiýadan maglumatlary özünde jemleýär.

Önümçiligiň ösdügiçe, tehniki üpjünçiligiň ýokarlandygyça ylymlaryň esaslaryny oňat bilýän, yzygider zähmete ukyply, hünärli, hemmetaraplaýyn bilimli adamlary taýýarlap ýetişdirmek baş wezipä öwrülýär. Mekdeplerde okuwyň mazmunyny kesgitlemekde, ösüp gelýän ýaş nesle bilimleriň esaslaryny bermekde umumy hem-de hünäre ugrukdyryjy bilimiň maksadalaýyk utgaşdyrylmagyndan ugur alynýar.

### Bilimiň mazmunyny kämilleşdirmegiň ýörelgeleri:

1. Ynsanperwerlik;
2. Ylmylyk;
3. Yzygiderlik;
4. Taryhylyk;
5. Ulgamlaýynlyk;
6. Durmuş bilen baglylyk;
7. Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklyk;
8. Elýeterlilik.

### Mekdepde biliminiň mazmunyny kesgitleýän döwlet resminamalary



Okuw meýilnamasy, maksatnamalary, kitaplary – bilimiň mazmunyny kesgitleýän esasy resminamalardyr.

## Okuw meýilnamasy

Mekdebiň **okuw meýilnamasy** mekdepde okuwyň mazmunyny kesgitleýän esasy döwlet resminamasydyr. Okuw meýilnamasy bilim ministrliginiň Düzgünnamasy esasynda düzülýär we onda umumy talaplar beýan edilýär. Okuw meýilnamasynda her bir synpda dersler boýunça hepdelik sagatlarynyň sany, döredijilik we fakultatiw boýunça geçirilýän okuwlar görkezilýär. Şeýle hem, onda okuw ýylynyň düzümi-gurluşy beýan edilip, okadylmaly dersleriň ady görkezilýär.

Mekdebiň okuw meýilnamasy Bilim ministrligi tarapyndan düzülýär we tassyklanylýar. Şondan soň oňa hiç kimiň üýtgeşme girişmäge haky ýokdur. Ol okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny hasaba almak bilen, okatmaly dersleriň ulgamy esasynda düzülýär.

Mekdebiň okuw meýilnamasynda tebigy we ynsanperwer-gumanitar bilimler anyk görkezilýär. Tebigy bilimleri öwrenmegiň ulgamynda okuwçylaryň akyl ukyplary, pikirlenmesi maksadalaýyk ösýän, şeýle-de tebigat hakyndaky bilimleriň esaslaryna eýe bolýan bolsalar, olar gumanitar bilimleri öwrenmek arkaly ideýa-akyl, ahlak taýdan kämilleşmek bilen birlikde jemgyýet hakyndaky kada – kanunlary özleşdirýärler.

Okuw meýilnamasynyň esasynda mugallymlaryň iş ýüki kesgitlenilýär, mekdebiň okuw rejesi (tertibi) düzülýär. Mekdebiň okuw rejesi mekdep müdiri tarapyndan tassyklanylyp, görnükli ýerde asylyp goýulýar.

Bu resminamanyň degişli **ugrukdyryjy görkezmelerinde** okuw ýylynyň başlanýan, tamamlanýan wagty, güýzki, gyşky, ýazky, tomusky, dynç alyş günleriniň möhletleri bellenilýär, mekdebiň özbaşdak çözmeli meseleleri barada maslahatlar berilýär.

## Türkmenistanyň döwlet umumybilim edaralarynyň 2016-2017-nji okuw ýyly üçin okuw meýilnamasy (12 ýyl)

| Bilimiň ylmy ugurlary | Okuw dersleri | Synplardaky hepdelik sagatlar | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | Jemi |
| Filologiýa | Ene dili | 6 | 4 | 4 | 4 | 5 | 5 | 4 | 3 | 2 | 2 | 39 |
| | Edebiýat | | 4 | 4 | 4 | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 | 30 |
| | Daşary ýurt dili: Iňlis dili<br>(nemes, fransuz) Rus dili | 2<br>2 | 3<br>2 | 3<br>2 | 3<br>2 | 3<br>3 | 3<br>3 | 3<br>3 | 3<br>3 | 3<br>3 | 3<br>2 | 29<br>25 |
| Takyk | Matematika | 4 | 4 | 4 | 4 | 5 | 5 | 4 | 4 | 4 | 4 | 42 |
| | Fizika | | | | | | | 2 | 2 | 3 | 4 | 11 |
| | Informatika | | | | | | | 1 | 1 | 1 | 1 | 4 |
| Tebigy | Biologiýa | | | | | | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 10 |
| | Himiýa | | | | | | | | 3 | 3 | 3 | 9 |
| | Tebigaty öwreniş | | | 1 | 1 | 1 | | | | | | 3 |
| Jemgyýetçilik bilimleri | Türkmenistanyň taryhy | | | | | 2 | | | 2 | 2 | 2 | 8 |
| | Ähli umumy taryh | | | | | | 2 | 2 | | 2 | 2 | 8 |
| | Jemgyýeti öwreniş | | | | | | | | | | 1 | 1 |
| | Türkmenistanyň döwlet we hukuk esaslary | | | | | | | | | 1 | | 1 |
| | Geografiýa. Türkmenistanyň geografiýasy | | | | | | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 10 |
| Sungat | Şekillendiriş sungaty | 1 | 1 | 1 | 1 | 2 | 2 | | | | | 8 |
| | Aýdym-saz | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | | | | | | 5 |
| Tehnologiýa | Zähmet | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | | | 8 |
| | Çyzuw | | | | | | | 1 | 1 | | | 2 |
| Saglyk | Bedenterbiýe | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 1 | 1 | 18 |
| | Ýaşaýyş durmuş esaslary | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 10 |
| Saýlama okuwlar | Jemi: | 20 | 23 | 24 | 24 | 29 | 31 | 31 | 33 | 33 | 33 | 281 |
| | Döredijilik işi we fakultatiw okuwlar | 1 | 1 | 1 | 1 | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 | 22 |
| | Jemi: | 21 | 24 | 25 | 25 | 32 | 34 | 34 | 36 | 36 | 36 | 303 |

**Bellik:** 1. Şu okuw meýilnama boýunça diňe 6 ýaşly 1-3-nji synplar okadylmaly.

2. Okuw gurnalanda Türkmenistanyň döwlet umumybilim edaralarynyň esasy okuw meýilnamasynyň ugrukdyryjy görkezmelerine salgylanmalydyr.

3. 1-3-nji synplarda döredijilik işi we fakultatiw okuwlar üçin berlen sagatlar informatika dersi üçin ulanylmaly.

## Türkmenistanyň döwlet umumybilim edaralarynyň 11-12-nji synplarynyň 2016-2017-nji okuw ýyly üçin ugurlar boýunça okuw meýilnamasy

| Bilimiň ylmy ugurlary | Okuw dersleri | Synplarda hepdelik sagatlar | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Takyk | | Tebigy | | Ynsanperwerlik-durmuş bilimleri | |
| | | 11 | 12 | 11 | 12 | 11 | 12 |
| Filologiýa | Ene dili | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 2 |
| | Edebiýat | 2 | 2 | 2 | 2 | 3 | 2 |
| | Daşary ýurt dili:<br>Iňlis dili (nemes, fransuz)<br>Rus dili | 3<br>2 | 3<br>2 | 3<br>2 | 3<br>2 | 5<br>3 | 5<br>3 |
| Takyk | Matematika | 6 | 6 | 4 | 4 | 4 | 4 |
| | Fizika | 4 | 4 | 2 | 2 | 2 | 2 |
| | Astronomiýa | 1 | | 1 | | 1 | |
| | Informatika | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 |
| Tebigy | Biologiýa | 1 | 1 | 3 | 3 | 1 | 1 |
| | Himiýa | 1 | 2 | 4 | 5 | 1 | 2 |
| | Ekologiýa | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| Jemgyýetçilik bilimleri | Türkmenistanyň taryhy | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 2 |
| | Ählumumy taryh | 1 | 1 | 1 | 2 | 2 | 1 |
| | Jemgyýeti öwreniş | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| | Geografiýa. Türkmenistanyň geografiýasy | | | | | | |
| | Ykdysadyýetiň esaslary | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| | Özüňi alyp barmagyň medeniýeti | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| Sungat | Türkmenistanyň medeni mirasy | 1 | | 1 | | 1 | |
| | Dünýä medeniýeti | | 1 | | 1 | | 1 |
| Tehnologiýa | Informasiýa-kommunikasiýa we innowasion tehnologiýalary | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| | Modelirleme we grafika | 1 | 1 | | | | |
| Saglyk | Bedenterbiýe | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 |
| Saýlama okuwlar | Jemi: | 34 | 34 | 34 | 34 | 34 | 34 |
| | Döredijilik we fakultatiw okuwlar | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 |
| | Jemi: | 36 | 36 | 36 | 36 | 36 | 36 |

**Bellik:** Okuw gurnalanda Türkmenistanyň döwlet umumybilim edaralarynyň esasy okuw meýilnamasynyň ugrukdyryjy görkezmelerine salgylanmalydyr.

## 2015-2016-njy okuw ýyly üçin okuw meýilnamalaryny peýdalanmak boýunça Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ugrukdyryjy görkezmeleri

1. Türkmenistanyň döwlet umumybilim edaralarynda okuw ýyly 2015-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-ine başlanýar we 2016-njy ýylyň maý aýynyň 25-ine tamamlanýar.

2. Okuw ýylynyň dowamynda mekdep okuwçylaryna:

2015-nji ýylyň oktýabr aýynyň 21–28-i aralygy güýz dynç alyş günleri (oktýabr aýynyň 29-yna okuw başlanýar);

2015-nji ýylyň dekabr aýynyň 31-inden 2016-njy ýylyň ýanwar aýynyň 12-si aralygynda 13 gün gyş dynç alyş günleri (ýanwar aýynyň 13-ine okuw başlanýar);

2016-njy ýylyň mart aýynyň 21–29-y aralygynda 9 gün ýaz dynç alyş günleri (mart aýynyň 30-na okuw başlanýar) berilýär.

3. 4–6-njy synplarda zähmet okuwy sapaklarynda gyzlar we oglanlar aýratynlykda okadylýar.

4. Ýeterlik synp otaglary bar bolan orta mekdeplerde:

1–11-nji synplaryň her birinde okuwçylaryň sany 20-den köp bolan ýagdaýynda daşary ýurt dilleri we başga dillerde okadylýan synplarda – türkmen dili sapaklarynda;

10–11-nji synplarda her synpda okuwçylaryň sany 20-den köp bolan ýagdaýnda informatika sapaklary okadylanda synpy 2 topara bölmeklige rugsat edilýär.

Synplary toparlara bölmeklik okuw ýylynyň başyndaky hasabatlar esasynda amala aşyrylýar.

5. Başga dillerde okadylýan synplarda türkmen edebiýaty dersi okadylanda synplardaky okuwçylar toparlara bölünmeýär.

6. Başlangyç synplarda okuwçynyň kompýuterde işlemeginiň dowamlylygy 15 minutdan köp bolmaly däldir.

7. Başlangyç synplarda döredijilik we fakultatiw okuwlaryň sagatlary okuwçylaryň döredijilik aýratynlyklaryny ösdürmäge

(şekillendiriş sungaty, el işi, saz we aýdym, tans we ritmika küşt, informatika );

4–11-nji synplarda döredijilik we fakultatiw okuwlarynyň sagatlary aýdym-saz, tans, şekillendiriş sungaty boýunça zehinlerini ösdürmäge, okuwçylary ders, ylmy bäsleşiklere taýýarlamaga, ylmy-gözleg işlerini alyp barmaga gönükdirilmelidir.

8.Döredijilik we fakultatiw okuwlar boýunça sapaklardaky toparlardaky okuwçylaryň sany 7 okuwçydan az bolmaly däldir.

9. 2–11-nji synplarda okaýan okuwçylara her çärýekde bahalar goýulýar. 6 ýaşly 1-nji synpda okaýan okuwçylaryň bilimi bahalandyrylmaýar, 7 ýaşly 1-nji synp okuwçylaryna bahalar 2-nji çärýekden başlap goýulýar.

10. 6 ýaşly 1-nji synplarda okuw sapaklarynyň dowamlylygy 35 minut bolmaly.

## Okuw maksatnamasy mugallymyň gündelik iş kagyzydyr

**Okuw maksatnamasy – bilimiň mazmunyny kesgitleýän resminamalaryň biri bolup, aýry-aýry okuw dersleri boýunça berilmeli bilimiň, tejribe başarnyklaryň we endikleriň mazmunyny, ulgamyny kesgitleýär, Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.** Okuw maksatnamasy her okuw dersi üçin aýry-aýrylykda düzülýär. Her bir okuw maksatnamasy, özüniň haýsy derse degişlidigine laýyklykda, okuw dersiniň maksadyny, wezipelerini, tertibini aýdyňlaşdyrýar. Okuw maksatnamasy **4 bölümden** ybaratdyr: **Düşündiriş haty, sagatlaryň bölünişi, mazmuny, hökmany edebiýatlar.** Onda okuw dersleri boýunça ylmy bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň möçberi kesgitlenilýär. Şeýle hem her bir synpda okuw dersleriniň temalaryň geçiliş yzygiderligi görkezilýär. Her bir tema berilýän sagatlaryň mysaly sany kesgitlenilýär. Okuw maksatnamasy her bir mugallymyň gündelik işinde esasy iş resminamasy bolup hyzmat edýär. Okuw maksatnamasy düzülende geljekki öwrenilmeli materialyň hem-de geçilen materialyň dowamy

bolup durmalydyr diýen talap berjaý edilmelidir. Bu resminamanyň başynda adatça **«Düşündiriş haty»** ýerleşdirilip, onda okuw dersiniň gurluş aýratynlygy, käbir usuly maslahatlar, mugallymdan edilýän talaplar görkezilýär. **«Sagatlaryň bölünişi»** bölüminde dersiň bölümleriniň, baplarynyň, temalarynyň mazmuny we olara berilýän sagat sany, amaly, tejribe okuwlaryň sany we jemi sagat sany görkezilýär. **«Mazmuny»** bölüminde ders boýunça temalarda öwredilmeli düşünjeleriň, bilimleriň, başarnyklaryň mazmuny görkezilýär. **«Hökmany edebiýatlarda»** okuw maksatnamasyndan peýdalanylanda ugur alynmaly edebiýatlar salgy berilýär.

**Okuw maksatnamasynyň esasynda okuw kitaby we mugallymyň kalendar-tematik meýilnamasy düzülýär.** Tema boýunça okuwçy näme öwrenmeli, näme başarmaly, haýsy bilimleri ele almaly? – ýaly sowal ýüze çykýar. Mugallym her bir sapaga taýýarlananda okuw maksatnamasyna esaslanyp, tema boýunça okuwça öwredilmeli bilimleriň, düşünjeleriň, başarnyklaryň, endikleriniň ulgamyny kesgitlemelidir.

## Okuw maksatnamasyndan edilýän pedagogiki talaplar:

1. Okuw maksatnamasy okuw meýilnamasyna laýyklykda düzülmelidir.

2. Okuw maksatnamasy ylmylyk esasyndan ugur alnyp düzülmelidir,

3. Okuw maksatnamalarynda berilýän maglumatlar çagalaryň ýaş aýratynlygyna we güýçýeterligine laýyk bolmalydyr.

4. Okuw maksatnamalarynda okatmagyň yzygiderliligi, ulgamlaýynlygy doly berjaý edilmelidir.

5.Okuw maksatnamasy millilik, taryhylyk esaslardan ugur alnyp düzülmelidir.

6. Maksatnama nazaryýet bilen tejribäniň utgaşyklygy, dersara baglanyşyk, döredijilikli çemeleşmek ýaly esaslardan ugur alnyp düzülmelidir.

20. Sargyt № 986

Bilimiň mazmunynyň giňelmegi, çuňlaşmagy dürli wariantly okuw maksatnamalarynyň düzülmegine getirdi. Islendik okuw mekdebinde şu günki gün şol bir ders boýunça dürli wariantly okuw maksatnamalary düzüp, dersleri çuňlaşdyryp öwredýän synplary açmak meselesini mekdebiň mugallymlar maslahaty çözüp biler.

**Okuw maksatnamalary tipli, işçi** görnüşlerde bolýar.

**Tipli okuw maksatnamalary** döwlet ülňüleriniň (standartynyň) talaby boýunça ýerine ýetirilýärler we Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

Tipli okuw maksatnamalarynyň esasynda **işçi maksatnamalar** düzülýärler we mekdebiň mugallymlar maslahatynda tassyklanylýar. Işçi maksatnamalarda tiplilerden aratapawutlylykda milli regional düzüjisi bolýar, okuwçylaryň bilim derejesi, sapagyň tehniki, usuly, habar beriş serişdeleri bilen üpjünçiligi öz beýanyny tapýar.

## Okuw kitaby – ylmy – bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň kesgitli ulgamyny özünde jemleýän resminama

Okuw kitaby – bilimiň mazmunyny kesgitleýän resminamalaryň biri bolup, okuw maksatnamasynyň esasynda döredilýär. **Okuw kitaby bäsleşik esasynda ýazylyp, Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýar we soňra üýtgeşiklik girizilmäge degişli bolmaýar.** Ol okuwçylar üçin esasy gollanma bolup hyzmat edýär. Okuw maksatnamasynyň we didaktikanyň talaplaryna laýyklykda, **okuw kitaby haýsy-da bolsa bir ders boýunça ylmy bilimleriň esaslaryny bellibir logiki yzygiderlikde we ulgamlaýyn (sistematik) beýan edýän döwlet iş kagyzy-resminamasy bolup, ol ylmy bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň kesgitli ulgamyny özünde jemleýär hem-de bilimleri ele almagyň möhüm çeşmesi hasaplanylýar.**

Okatmagyň differensirlenen usuly dürli nusgada döredilen okuw kitaplarynyň ýa-da bir okuw kitabynyň esasynda, ýöne aýry-aýry maksatnamalar boýunça guralyp hem durmuşa geçirilip bilner.

Jemgyýetçilik durmuşynyň täze-täze talaplary öňde goýmagy bilimiň mazmunyny kesgitleýän resminamalaryň hem döwrüň talaplaryna kybap edilip döredilmegini talap edýär. Muňa Türkmenistanyň mekdeplerinde we beýleki okuw jaýlarynda peýdalanylýan okuw meýilnamalarynyň döwrüň talaplaryna laýyklanylmagy mysal bolup biler.

Okuw kitabyna bildirilýän talaplar esasan okuw maksatnamasyndan edilýän umumy talaplar bilen çalymdaşdyr. Okuw maksatnamasynyň esasynda okuw kitaby ýazylýar. Okuw kitaby mümkin boldugyndan gysga, okuwçylar üçin gyzykly, elýeter, oňat illýustrasiýaly, estetiki taýdan owadan bolup, bilimiň mazmunyndan edilýän ähli talaplara jogap bermelidir. Okuw kitaby şol bir wagtyň özünde **durnukly** (stabil) we **çeýe** (mobil) bolmaly. Stabil diýmek okuw kitabynyň esaslydygyny häsiýetlendirýär. **Mobil** diýmek okuw kitabynyň esasyny üýtgetmän, täzelik girizilip bilinmek mümkinçiligini aňladýar. Okuw kitabyna bolan talaplaryň köplügi, olaryň dürli medeni-syýasy ugrukmaly döwletleri bolan dünýäniň köp künjeginde gowy kitaplaryň ýetmezçiligi bilen baglydyr. Bilimiň göwrüminiň ulalmagy okuw kitaplarynyň mazmunyna täze talaplar bildirýär. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde **alternatiw** – mazmuny biri-birinden otnositel aýrybaşga okuw kitaplary çap edilýär. Bu ýagdaý okuwçylara olaryň arasyndan gowusyny saýlamaga mümkinçilik berýär.

Okuw kitaby çagalara okuw prosesine işjeň, aňly aralaşmaga, okuw maglumatlaryny doly özleşdirmäge mümkinçilik döretmeli.

### Okuw kitabyndan edilýän pedagogiki talaplar:

– okuw kitaby okuw maksatnamasynyň talaplaryna doly laýyk gelip,
  mazmuny syýasy taýdan durnukly, usuly tarapdan esaslandyrylan bolmalydyr;
– ol häzirki zaman ylmy-tehniki ösüşiň derejesine laýyklykda ýazylmalydyr;

– okuw kitaby nazaryýet bilen tejribeliligi baglanyşdyrmalydyr; her bir kanun, düzgün, her bir kesgitleme, kada okuwçylaryň tejribe başarnyklary we endikleri bilen utgaşdyrylmalydyr;
– okuw kitabynda ylmy bilimler ýönekeýden çylşyrymla, takyklykdan abstraktlyga, belliden näbellä gönükdirilmeli didaktik düzgünler esasynda logiki yzygiderlikde berilmelidir;
– okuw kitabynyň gurluşy dogry, pedagogiki tarapdan esaslandyrylan bolmalydyr, ondaky maglumat gysga hem aýdyň, ynandyryjy hem düşnükli dilde ýazylmalydyr;
– okuw kitabynyň çeperçilik tehniki tarapdan bezelişi, onuň içindäki suratlar, tablisalar, çyzgylar, diagrammalar we beýleki serişdeler okuwçylaryň okuw maglumatlaryna aňsat, aňly-düşünjeli akyl ýetirmeklerini üpjün etmelidir.

Döwrüň talaplaryna laýyk döredilen durnukly okuw kitaby okuwçylar bilen mugallymyň arzyly esbabydyr, ýakyn kömekçisidir.

## Başlangyç synpyň okuw kitaplarynyň aýratynlyklary

1. Okuw kitaplary okuw maksatnamalaryň esasynda düzülmelidir.

2. Okuw kitaplary okuwçylar üçin sada dilde ýazylan bolup, ol özüniň diňe bir mazmuny boýunça däl, eýsem, temalaryň beýan edilişi boýunça hem özüne çekiji bolmalydyr.

3. Okuw kitaplarynyň çeperçilik, tehniki bezelişi pedagogiki, gigiýeniki we gözellik-estetiki talaplara jogap bermelidir

4. Okuw kitaplarynyň mazmuny nazaryýetiň tejribe bilen baglanyşygyny üpjün etmelidir.

5. Okuw kitaplarynda ýerleşdirilýän materiallarda içki logiki yzygiderlik berjaý edilmelidir.

6. Okuw kitabyndaky okuw temalary möçber taýdan gysga, mazmun taýdan örän giň bolmalydyr.

7. Başlangyç synplar üçin niýetlenen okuw kitaplary özüne çekiji, suratlar bilen bezelen, harplaryň ölçegi-de kiçi ýaşly çagalara niýetlenen ölçegde bolmalydyr.

8. Okuw kitaplary okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk bolmalydyr.

9. Onda ýerleşdirilýän düşünjeler häzirki döwrüň terbiýesine, mazmunyna gabat gelmelidir. Okuw kitabyndaky her bir bap we bölüm, soraglar, ýumuşlar bilen gutarmalydyr.

10. Has zerur düzgünler, formulalar iri, gara harplar bilen ýazylmaly. Oka, ýadyňda sakla! Okanyňy şerte görä depderiňe göçür! diýen ýazgylar berilmelidir.

## Okuw kitabynyň serişdeleri

**Okuw kitabynyň serişdeleri** – bu okuw kitabynda berilýän bilimiň mazmuny, nazary materiallar, tejribe ýumuşlar, soraglar, suratlar, çyzgylar, tablisalar, diagrammalar we beýlekilerdir. Olar bellibir derejede differensirlenen ýagdaýda ýerleşdirilýär. Meselem, ýumuşlaryň dürli nusgada, ýeňilräk ýa-da kynrak edilip berilmegi bilim berişde zehinlini ýüze çykarmagyň açarydyr, okuwçynyň akyl ýetiriş mümkinçiligini, höwesini, ymtylmasyny ösdürmegiň özboluşly ýoludyr. Elbetde, bu ýerde mugallymyň başarnygy, ussatlygy ýüze çykýar: ol haýsy okuwçynyň haýsy bölüme, mowzuga höwes bilen gyzyklanýanyny, bilmäge ymtylmasyny anyklamaly, okuwçylar bilen aýratynlykda işlemegiň usulyny agtarmaly bolýar. Okuwçylara şahsy çemeleşmek okatmagyň differensirlenen usuly bilen sepleşýär.

**Okuw kitabynyň kömekçi serişdeleri – hrestomatiýalar, gönükmeler, meseleler, diktantlar ýygyndylary, sözlükler.** Elbetde, okuwçylaryň hemmetaraplaýyn ösen bilesigeljiligini diňe okuw kitaplaryndaky materiallaryň üsti bilen amala aşyrmak, kanagatlandyrmak mümkin däl. Şonuň üçin okuwçylaryň hemmetaraplaýyn ösen isleglerini kanagatlandyrmakda okuw gollanmalaryna, okuw kitabynyň kömekçi serişdelerine uly orun degişlidir. Bulara hrestomatiýalar, gönükmeleriň ýygyndysy, sözlükler, atlaslar degişlidir. Okuw gollanmalary okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmesine, kitap bilen işlemek endikleriniň türgenleşmegine uly ýardam berýär.

## Okuw kitaplary bilen işlemegiň usuly we derejeleri

**Okuw kitaplary bilen işlemegiň usuly.** Okuw kitaby okuwçylaryň materialyň düýp manysyna akyl ýetirmegine ony nazary, hem tejribe tarapdan özleşdirmegine mümkinçilik döredýär. Okuw kitaby bilen işlemezden, häzirki zaman ylmynyň, tehnikasynyň we medeniýetiniň esaslaryny ele almak mümkin däldir.

Okuw kitaby bilen işlemeklik mekdebiň hemme synplarynda ähli okuw dersleri boýunça yzygiderli geçilýär. Okuw kitaplary okuwçylaryň bilim almagynyň iň möhüm çeşmesi hasaplanylýar. Onda yzygiderli bilimler beýan edilýär we okuwçylaryň özbaşdak işleri üçin zerur bolan temalar ýerleşdirilýär.

Mekdep okuwçylary okuw kitaby boýunça synpda okaýar, dürli tejribe işleri ýerine ýetirýär, geçilen temalary gaýtalaýar, öý işlerini berjaý edýär. Mugallym okuw kitaby bilen işlemek döwründe okuwçylara aýry-aýry edebi çeşmeleriň üstünde işlemegi öwredýär, olara kitap bilen işlemegiň özbaşdak endiklerini berýär. Şol endikleri kem-kemden ösdürýär. Ol okuwçylaryň ylym-bilimleriniň esaslarynyň has düýpli we berk özleşdirmekleri üçin, okuw kitaplarynyň temalaryny yzygider öwrenmegi, şol bir wagtyň özünde hem ylmy we çeper edebiýatlary özbaşdak okap, öz biliminiň üstüni dolduryp durmagy, düşünjesini giňeltmegi öwredip durýar. Mugallymyň esasy wezipeleriniň biri okuwçylara okuw kitabyndan dogry peýdalanyp bilmegi öwretmekdir. Şonuň üçin her bir mugallym ilkinji sapakda okuw kitabynyň gurluşy, aýratynlygy, bilim berijilik orny barada; onuň näçe wagtyň dowamynda öwreniljekdigi, okuw kitabyna degişli nähili ýygyndynyň bolmalylygy, haýsy goşmaça edebiýatdan peýdalanmaly boljakdygy barada düşündiriş berýär. Iň esasy zat okuwçylaryň okuw kitaplary we beýleki edebiýatlar bilen özbaşdak işläp bilmek endiklerini döretmekdir.

## Okuwçylar kitap bilen özbaşdak işlänlerinde:

a) okalan tekstden esasy pikirleri saýlamagy;

b) okalany gaýtadan gürrüň bermegi ýa-da şol tekst boýunça berlen soraglara jogap berip bilmegi;

ç) okalan kitap boýunça ýazgy-konspekt, meýilnama, annotasiýa düzmegi;

d) tekstiň maglumatlaryndaky öňe sürlen pikirleri biri-birinden parhlandyrmagy;

e) okan zadyna düşünip-düşünmändigiňi barlap bilmegi;

ä) berlen soraglara ýazuw üsti bilen jogap bermegi;

f) tekst boýunça çyzgylar, tablisalar, diagrammalar döretmegi ;

g) sözlük üstünde işläp bilmegi;

h) pikirlenme işiniň dürli operasiýalaryny (analiz, sintez, deňeşdirme, utgaşdyrma, ýerleşdirme, abstragirleme) ýerine ýetirmegi başarmalydyr.

## Okuw kitaplary bilen işlemegiň derejeleri

Kitap bilen işlemegiň esasy üç derejesini tapawutlandyrmak bolar:

**1. Kitap bilen işlemekligiň birinji derejesi** – kitaby okaýan adamyň tekstiň manysyna akyl ýetirmegi, düşünmegi, ondaky maglumatlary özüne kabul edip almagydyr. Şeýle ýagdaýda ol tekstiň manysyna, onda aýdyljak bolunýan zada düşünmek hem ony ýatda saklamak üçin dürli usullardan peýdalanmaly bolýar. Kitap bilen işlemegiň bu derejesini, şertli, onuň akyl ýetiriş derejesi diýip atlandyrmak bolar.

**2. Kitap bilen işlemegiň ikinji derejesi** – bu okalan teksti analiz etmegi, oňa tankydy nukdaýnazardan baha bermegi başarmakdyr. Bu kitap bilen işlemegiň analitik derejesidir.

**3. Kitap bilen işleşmegiň üçünji derejesi** – adamyň okan zatlarynyň esasynda, özbaşdak okap öwrenen materiallarynyň, alan düşünjeleriniň binýadynda haýsydyr bir täze pikiri orta atmagydyr. Kitap bilen işlemegiň bu derejesine onuň döredijilik derejesidir.

## Kitap bilen işlenilende döredilýän ýazgylar we olaryň görnüşleri

Okuwçylar kitap bilen işlänlerinde, ýazgylaryň dürli görnüşlerini döredýärler. Şol ýazgylaryň görnüşleri: **meýilnama, tezis, ýazgy (konspekt), göçürmeler, çykgyt-sitata, annotasiýa.**

**Meýilnama** – haýsydyr bir kitapda ýa-da onuň bellibir babynda beýan edilen esasy pikirleriň sözbaşylar görnüşindäki ýazgysydyr. Oňat düzülen meýilnama meýilnamany düzen adamyň kitabyň gurluşyny düýpli özleşdirenligine, mazmunyna gowy düşünenligine şaýatlyk edýär. Meýilnama materialy gaýtalamak üçin amatlydyr. Ýöne soraglaryň toplumyny meýilnama boýunça gaýtalamak kitap okalandan onçakly köp wagt geçmänkä mümkindir. Meýilnama düzmek sapaklar geçirilende, makalalar ýazylanda, nutuklara, çykyşlara we şuňa meňzeş işlere taýýarlanylanda möhümdir. Adatça, «Meýilnamasyz iş başa barmaz» diýilýär.

**Tezisler** – meýilnama bilen ýazgynyň (konspektiň) aralygyndaky ýazgydyr. Eger meýilnamada kitapda beýan edilen esasy meseleler baradaky soraglaryň toplumy bellibir yzygiderlikde berilýän bolsa, tezislerde kitabyň esasy mazmuny gysgaça beýan edilýär. Tezisleri düzmek işi okalan materialy çuň analiz etmegi, esasy pikirleri tapawutlandyrmagy, materialyň daýanç nokatlaryny parhlandyryp bilmegi talap edýär.

Tezisler ara alnyp maslahatlaşyljak dokladlar boýunça çykyş etmegiň iň bir amatly ýazgysydyr.

**Ýazgy (konspekt)** – okalýan kitabyň ýa-da diňlenilýän leksiýanyň esasy mazmunyny gysgaça yzygiderli beýan etmekdir. Onda ownuk-uşak pikirler, gaýtalamalar bolmaýar.Ýöne ýazgyda awtoryň esasy pikirlerinden başga-da şol esasy pikirleri, netijeleri berkidýän, olary subut edýän degerli faktlar, zerur bolan göçürmeler, çykgytlar-sitatalar bolmalydyr.

Eger-de bir bada birnäçe edebi çeşme öwrenilýän bolsa, onda esasy edebi çeşmäniň mazmuny ýazgylanýar, beýleki edebiýatlardan alnan käbir täze, üýtgeşik pikirler bolsa, esasy edebi çeşmä goşmaça hökmünde ulanylýar. Haýsydyr bir ulurak edebi çeşme ýazgylanjak bolanda, adatça ilki meýilnama düzülýär, soňra kitabyň her bölüminiň mazmuny aýry-aýrylykda ýazgylanýar. Ýazgy (meýilnama, tezisler, çykgytlar-sitatalar ýaly) beýleki ýazgylaryň hemmesiniň elementlerini özünde jemleýän uniwersal görnüşli ýazgydyr.

**Göçürmeler** – bu kitapdan sözme-söz, hiç hili üýtgedilmän göçürilýän ýazgydyr. Göçürmeler aýry-aýry kitaplardan, beýleki edebi çeşmelerden dürli materiallar toplamaly bolanda amatly çeşmede bolup hyzmat edýär.

**Çykgytlar – sitatalar –** haýsydyr bir ýygyndydan anyk hem-de ýerlikli pikirleriň sözme-söz göçürilip alynmasy görnüşdäki ýazgylardyr.

**Annotasiýa** – kitabyň, makalanyň esasy mazmunyny gysgaça beýan edýän, onuň ähmiýetidir peýdasyny birnäçe setirde häsiýetlendirýän ýazgydyr.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – A.: 2008.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. – A.: 2009.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. – A.: 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. – A.: 2011.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. – A.: 2012.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. – A.: 2013.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. – A.: 2014.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. – A.: 2015.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. Roman. – A.: 2011.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy. Roman. – A.: 2013.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A.: 2014.

12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ile döwlet geler bolsa... – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

14. Atdaýew E., A.Gapbarow. Mugallymçylyk ussatlygy. – A.: 2012.

15. Аннакурдов М.Д., Кузмин О.Д., Курбанов А. А.: Дореволюционное состояние народного образования в Туркменистане и первые шаги в его развитии после Октябрьской социалистической революции. – А: 1981.

16. Ataýew K. XVIII asyr türkmen edebiýaty. Magaryf, 1988.

17. Baýramsähedow N. Gündogaryň beýik danalary. Magaryf, 1992.

18. Баранов С.П., Болотина Л.Р., Волкова Т.В., Сластёнин В.А. Педагогика, – М.: 1981.

19. Basarow B. Umumy psihologiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: 2010.

20. Basarow B. Sosial psihologiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: 2010.

21. Basarow B. Psihologiýa we pedagogika. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. A.: 2011.

22. Basarow B. Şahsyýet, onuň strukturasy we formirlenişi. –A.: 1982.

23. Basarow B. Alty ýaşlylar bilen işlemegiň psihologik meseleleri. //«Bilim» ylmy-usuly žurnaly. – 2014.

24. Basarow B. Şahsyýetiň psihologiýasy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. –A.: 2015.

25. Basarow B. «Älem içre at gezer» romanynyň ynsanperwer psihologik sapaklary // «Türkmen ylmy galkynyş we halkara gatnaşyklar ýolunda». (Ylmy makalalar ýygyndysy). – A.: 2013.

26. Basarow B. «Älem içre at gezer» romanynyň ynsanperwer psihologik sapaklary // «Berkarar döwletiň batly gadamlary» (Ylmy makalalar ýygyndysy). – A.: 2014.

27. Döwletmämet Azady. Wagzy-Azat. – A.: 1962.

28. Durdyýew M. Nusaý – Parfiýa döwletiniň paýtagty. 1992.

29. Türkmen edebiýatynyň taryhy. 1–2-nji kitaplar. –A.:1975.

30. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I, II jilt. –A.: 2013.

31. История педагогики. Москва. Изд. Просвещение. 1982.

32. Kitaby dädem Gorkut. A.: 2015.

33. Коменский Я. А.. Избранные сочинения. –М. 1982.

34. Kowusnama. Türkmensitan, 1992.

35. Макаренко А.С. Педагогическая поэма. –М.: 1987.

36. Oguznama. A.: 1990.

37. Öräýew A. Geçmişden eşidilýän ýaň. Magaryf, 1992.

38. Paýhas çeşmesi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

39. Pirliýew G. Türkmen halk pedagogikasy. –A.: 1981.

40. Rejepow D. Mekdebe çenli pedagogika. –A.:2010.

41. Söýegow M.. Ilkinjiler: M. Geldiýew. H. Baýlyýew. «Türkmen dili hem edebiýaty», №6. 1992.

42. Suhomlinskiý W.A.. Ogluma ýazan hatlarym. –A.: 1986.

43. Шаталов А.Ф. За чертой привычного. Донецк, 1988.

44. Ýazberdiýew A. Arap grafikasynda neşir edilen türkmençe kitaplar. –A.:1981.

45. Ballyýew Ý. Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk mekdebi. // «Bilim» ylmy-usuly žurnaly. – 2012. №6.

# MAZMUNY

**Giriş** ............................................................ 7

**Birinji bölüm**
**PEDAGOGIKANYŇ UMUMY MESELELERI**

I bap. Pedagogikanyň predmeti, maksady, mazmuny we wezipeleri .... 10
II bap. Şahsyýeti kemala getirmegiň meseleleri .................................. 37
III bap. Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyň bilim ulgamy ............ 70
IV bap. Mugallymçylyk käri ............................................................. 88

**Ikinji bölüm**
**PEDAGOGIKI PIKIRIŇ ÖSÜŞ TARYHYNDAN**

V bap. Terbiýe, onuň döreýşi we ösüşi ............................................ 112
VI bap. Gündogaryň galkynyş (renessans) döwrüniň pedagogikasy ....... 138
VII bap. XIII–XIX asyrlarda pedagogiki pikiriň ösüşi ........................ 171
VIII bap. Türkmenistanda XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başynda mekdepleriň we pedagogiki pikiriň ösüşi ............................ 221
IX bap. Türkmenistanda sowet düzgüni döwründe pedagogika ylmynyň ýagdaýy ................................................ 231

**Üçünji bölüm**
**OKATMAGYŇ NAZARYÝETI**

X bap. Didaktika – okatmagyň we bilim bermegiň nazaryýeti, okuw işi we onuň kanunalaýyklygy hökmünde ...................................... 256
XI bap. Okatmagyň esaslary, ýörelgeleri (prinsipleri) .......................... 274
XII bap. Mekdep biliminiň mazmuny ................................................ 295
Peýdalanylan edebiýatlar ................................................................ 314

Baýram Basarow, Esen Atdaýew, Maral Annagulyýewa,
Güljennet Annameredowa, Güldäne Galandarowa,
Gözel Ýagşymyradowa

# PEDAGOGIKA
# I

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Jumaýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atabaýewa* |
| Kompýuter bezegi | *S. Aşyrmämmedowa* |
| Neşir üçin jogapkärler | *M. Orazbaýewa, G. Ylýasowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 13.12.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 20,0. Şertli-reňkli ottiski 58,25.
Hasap-neşir listi 18,75. Çap listi 20,0.
Sargyt № 986. Sany 4100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.